# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksini tassyklamak we güýje girizmek hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2009 ý., № 2, 29-njy madda)

**1-nji madda.** Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksini tassyklamaly.

**2-nji madda.** Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksini 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýje girizmeli.

**3-nji madda.** "Türkmenistan SSR Jenaýat-prosessual kodeksini tassyklamak hakynda" Türkmenistan SSR-niň Kanuny bilen 1961-nji ýylyň 22-nji dekabrynda tassyklanan Türkmenistan SSR Jenaýat-prosessual kodeksini, şeýle hem 1961-nji ýylyň 22-nji dekabryndan 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyna çenli döwürde Türkmenistan SSR Jenaýat-prosessual kodeksine üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli kanunlary 2009-njy ýylyň 1-nji iýulyndan güýjüni ýitiren hasap etmeli.

**4-nji madda.** Türkmenistanyň Adalat ministrligi Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksinden gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek boýunça teklipleri bir aý möhletde taýýarlamaly we bellenilen tertipde Türkmenistanyň Mejlisine hödürlemeli.

Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi güýje gireninden soň ýokarda görkezilen kanunlar we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary oňa laýyk getirilýänçä şol Kodekse garşy gelmeýän bölegi babatda ulanylýarlar.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri
2009-njy ýylyň 18-nji apreli
№ 28-IV

# TÜRKMENISTANYŇ JENAÝAT IŞ ÝÖREDIŞ KODEKSI

## UMUMY BÖLEK

### Birinji bölüm
### Esasy düzgünler

#### 1-nji bap. Türkmenistanyň jenaýat iş ýörediş kanunçylygy

**1-nji madda. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň tertibini kesgitleýän kanunçylyk**

1. Türkmenistanyň çäklerinde jenaýat işi boýunça önümçiligiň tertibi Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýan Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksi arkaly kesgitlenilýär. Jenaýat iş ýöredişi kesgitleýän aýry-aýry kanunlar şu Kodekse goşulmaga degişlidir.

2. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň şu Kodeks bilen bellenilen tertibi ýeke-täkdir we ähli jenaýat işleri boýunça hem-de jenaýat iş ýöredişe degişli ähli gatnaşyjylar üçin hökmanydyr.

3. Jenaýat iş ýöredişiň tertibini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň halkara şertnamalary we Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen halkara hukugynyň umumy ýörelgeleri we kadalary jenaýat iş ýörediş hukugynyň aýrylmaz bölegidir.

**2-nji madda. Halkara ylalaşyklary**

Eger Türkmenistanyň halkara ylalaşyklarynda şu Kodeksde beýan edilen düzgünlerden başga düzgünler bellenen bolsa, onda halkara ylalaşyklarynyň düzgünleri ulanylýar.

**3-nji madda. Jenaýat iş ýörediş kanunynyň wagt we giňişlik boýunça hereketi**

1. Jenaýat işi boýunça önümçilikde degişli tertipde anyklaýyş, deslapky derňew geçirilýän ýa-da kazyýetiň işe seredýän wagtynda hereket edýän jenaýat iş ýörediş kanuny ulanylýar.

2. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklaryny ýatyrýan ýa-da kemeldýän, olaryň ulanylmagyny goşmaça şertler bilen çäklendirýän jenaýat iş ýörediş kanunynyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur.

3. Türkmenistanyň çäklerinde jenaýat işleri boýunça önümçilik jenaýatyň edilen ýerine garamazdan şu Kodekse laýyklykda alnyp barylýar.

4. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda onuň jenaýat iş ýörediş kanuny Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda hereket edýän ýa-da onuň tanadyjy belliklerini göterýän we Türkmenistanyň duralgalaryna (meýdanlaryna) ýazylan deňiz, derýa ýa-da howa ulaglarynda hem ulanylýar.

**4-nji madda. Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt döwletiniň jenaýat iş ýörediş hukugyny ulanmak**

Eger Türkmenistan tarapyndan resmi tassyklanan halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt döwletiniň derňew edaralaryna we kazyýetine ýa-da olaryň tabşyrmagy boýunça jenaýat iş ýörediși alyp barýan edarasyna daşary ýurt döwletiniň jenaýat iş ýörediş hukugyny ulanmaga ýol berilýär.

**5-nji madda. Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar barada jenaýat iş ýörediş kanunyny ulanmak**

1. Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar barada jenaýat kazyýet önümçiligi şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda alnyp barylýar.

2. Diplomatik we beýleki ýeňilliklere hem-de ýörite goraglylyk hukugyna eýe bolan adamlar barada jenaýat kazyýet önümçiliginiň aýratynlyklary şu Kodeksiň 50-nji baby bilen kesgitlenilýär.

**6-njy madda. Şu Kodeksde bar bolan käbir atlaryň we adalgalaryň düşündirilişi**

Şu Kodeksde bar bolan atlaryň we adalgalaryň aşakdaky manysy bardyr:

1) *alibi* – jenaýat edilen wagtynda güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň başga ýerde bolmagy;

2) *anyklaýjy* – anyklaýyş edaralary tarapyndan bellenilen wezipeli adamdyr;

3) *anyklaýyş* – şu Kodeksde bellenilen ygtyýarlaryň çäklerinde işiň boluş ýagdaýyny ýüze çykarmak, anyklamak, berkitmek hem-de jenaýat eden adamlary jenaýat jogapkärçiligine çekmek boýunça anyklaýyş edaralarynyň kazyýete çenli iş ýöredişiniň görnüşidir;

4) *arz ediji* – jenaýat kazyýet önümçiligi tertibinde özüniň (kesekiniň) hakyky ýa-da çaklanylýan hukugyny goramak üçin kazyýete ýa-da jenaýat yzarlaýyş edaralaryna ýüzlenen adamdyr;

5) *aýyplaw tarapy* – döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, olaryň kanuny wekilleri we wekilleridir;

6) *aklaw tarapy* – kazyýetde işi seredilýän, onuň kanuny wekili, adwokaty, raýat jogap berijisi we onuň wekili;

7) *adwokat* – jenaýat işleri boýunça kazyýet önümçiligine gatnaşýan ýuridik maslahathanasynyň adwokatlary, fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini berýän hususy telekeçiler, ýuridik şahsyň hukuk kömegini berýän işgärleri we adwokat hökmünde gatnaşmaga rugsat edilen güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, iş kesileniň we aklananyň ýakyn garyndaşlary;

8) *başlyklyk ediji* – jenaýat işine seredilen mahalynda ýolbaşçylyk edýän kazydyr;

9) *birinji basgançakly kazyýet* – işi düýp manysy boýunça çözmäge hukukly kazyýetdir;

10) *dahylsyzlyk* – adamyň jenaýaty etmäge anyklanmadyk dahyllylygy ýa-da anyklanan dahylsyzlygydyr;

11) *derňew bölüminiň müdiri* – prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynyň derňew müdirlikleriniň, bölümleriniň, bölümçeleriniň, toparlarynyň ýolbaşçysydyr hem-de öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde hereket edýän onuň orunbasarlarydyr;

12) *derňewe degişlilik* – jenaýaty derňemegiň haýsy deslapky derňew ýa-da anyklaýyş edarasynyň ygtyýarlylygyna degişlidigini kesgitleýän şu Kodeksde

bellenilen alamatlaryň jemidir;

13) *deslapky derňew* – şu Kodeksde kesgitlenen ygtyýarlaryň çäklerinde işiň ýagdaýlarynyň jemini ýüze çykarmak, anyklamak we berkitmek hem-de jenaýat eden adamlary jenaýat jogapkärçiligine çekmek boýunça ygtyýarlandyrylan edaralaryň kazyýete çenli iş ýöredişiniň görnüşidir;

14) *döwlet aýyplaýjysy* – kazyýetde döwletiň adyndan jenaýat işi boýunça aýyplawy goldaýan ýa-da ony goldamakdan ýüz dönderýän prokuratura edarasynyň wezipeli adamydyr;

15) *gijeki wagt* – sagat ýigrimi ikiden alta çenli bolan wagtdyr;

16) *gözegçilik basgançakly kazyýet* – kanuny güýje giren hökümler, kesgitnamalar we kararlar barada getirilen şikaýatlar, teklipnamalar, netijenamalar, garşylyknamalar boýunça işlere gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetdir;

17) *gözegçilik tertibindäki garşylyknama* – kanun boýunça ygtyýarlandyrylan adamyň gözegçilik tertibindäki şikaýat, teklipnama ýa-da öz başlangyjy bilen kanuny güýje giren hökümi, kesgitnamany, karary sökmek ýa-da üýtgetmek hakyndaky garşylyknamasydyr;

18) *gözegçilik tertibindäki netijenama* – kanuny güýje giren hökümiň, kesgitnamanyň, kararyň üstünden welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň  başlyklarynyň getiren netijenamasydyr;

19) *gözegçilik tertibindäki şikaýat* – kanuny güýje giren hökümiň, kesgitnamanyň, kararyň üstünden getirilen şikaýatdyr;

20) *gözegçilik tertibindäki teklipnama* – prokuroryň kanuny güýje giren hökümiň, kesgitnamanyň, kararyň üstünden getiren teklipnamasydyr;

21) *haýyşnama* – tarapyň ýa-da arz edijiniň jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara haýyş bilen ýüz tutmasydyr;

22) *höküm* – kazyýetde işi seredilýäniň günälidigi ýa-da bigünädigi hakyndaky we ol barada jezany ulanmalydygy ýa-da ulanmaly däldigi hakyndaky mesele boýunça birinji basgançakly kazyýetiň çykarýan çözgüdidir;

23) *hususy kesgitnama (karar)* – iş boýunça anyklanan kanun bozulmalara, jenaýat edilmegine ýol açýan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere, şeýle-de raýatyň raýatlyk borjuny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly jenaýatyň üstüni açmakda we onuň öňüni almakda görkezen edermenligine kazynyň ýa-da kazyýetiň döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň hem-de wezipeli adamlaryň ünsüni çekýän kesgitnamasydyr (kararydyr);

24) *hususy şikaýat* – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik karary ýa-da kesgitnamasy baradaky şikaýatdyr;

25) *hususy teklipnama* – birinji basgançakly kazynyň ýa-da kazyýetiň kanuny güýje girmedik karary ýa-da kesgitnamasy barada prokuroryň teklipnamasydyr;

26) *sanksiýa* – anyklaýja, sülçä degişli derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerini etmek, şeýle-de olara iş ýörediş çözgütlerini kabul etmek barasynda prokuroryň berýän rugsadydyr (razylygydyr);

27) *ikinji basgançakly kazyýet* – birinji basgançakly kazyýetiň kanuny güýje girmedik hökümleri we kesgitnamalary hem-de kazylaryň kararlary baradaky şikaýatnamalar we teklipnamalar boýunça işlere nägilelik tertibinde seredýän

kazyýetdir;

28) *iş boýunça önümçilik* – anyk jenaýat işi boýunça ony gozgamagyň, kazyýete çenli taýýarlamagyň, kazyýetde seretmegiň we kazyýetiň hökümini, kararyny ýa-da kesgitnamasyny ýerine ýetirmegiň dowamynda amala aşyrylýan iş ýörediş hereketleriniň we çözgütleriniň jemidir;

29) *iş ýörediş çözgütleri* – şu Kodeksde bellenilen tertipde kazynyň, kazyýetiň, prokuroryň, sülçiniň we anyklaýjynyň kabul edýän çözgütleridir;

30) *iş ýörediş hereketleri* – jenaýat kazyýet önümçiliginiň dowamynda şu Kodekse laýyklykda geçirilýän hereketlerdir;

31) *iş ýöredişe gatnaşyjylar* – jenaýat yzarlaýşyny we aýyplawy kazyýetde goldamagy amala aşyrýan edaralar we adamlar, şeýle hem jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda özleriniň ýa-da olaryň wekilçilik edýän hukuklaryny we bähbitlerini goraýan adamlar: anyklaýyş edarasy, anyklaýjy, sülçi, derňew bölüminiň müdiri hem-de öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde hereket edýän onuň orunbasary, prokuror (döwlet aýyplaýjysy), güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, olaryň kanuny wekilleri, adwokaty, raýat jogap berijisi, onuň kanuny wekili we wekili, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, olaryň kanuny wekilleri we wekilleridir;

32) *işiň materiallary* – işiň aýrylmaz bölegi hasaplanylýan ýa-da oňa bellenilen tertipde goşulan, şeýle hem işiň ýagdaýlaryny anyklamakda ähmiýeti bolup biljek resminamalar, närseler hem-de habarlardyr;

33) *jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan beýleki adamlar* – kazyýet mejlisiniň kätibi, terjimeçi, şaýat, güwä, bilermen, hünärmen;

34) *jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaralar we adamlar* – kazyýet, kazy, şeýle hem jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilik alnyp barlanda jenaýat yzarlaýyş edaralary we jenaýat yzarlaýşyny amala aşyrýan adamlar;

35) *jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilik* – jenaýat işiniň gozgalan pursadyndan başlap, düýp manysy boýunça seretmek üçin kazyýete iberilýänçä jenaýat işi boýunça alnyp barylýan önümçilik (anyklaýyş we deslapky derňew), şeýle hem aklaw tarapyndan jenaýat işi boýunça materiallary taýýarlamakdyr;

36) *jenaýat işi* – amala aşyrylan diýlip çaklanylýan bir ýa-da birnäçe jenaýatlar babatda jenaýat yzarlaýyş edarasy we kazyýet tarapyndan alnyp barylýan aýrybaşgalanylan önümçilikdir;

37) *Häkimlikleriň ýanyndaky Jenaýat jezalaryny ýerine ýetirýän edaralaryň işinde kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçiligi güýçlendirmek hem-de jeza çäresini çekýänler we ondan boşap, gözegçilikde duranlar bilen iş geçirýän gözegçilik topary (mundan beýläk – jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän topar)* – jeza çäresini çekýänleri we ondan boşap, gözegçilikde duranlary jemgyýet üçin peýdaly zähmete çekmek, olaryň zähmetini, ýaşaýyş –durmuşyny talaba laýyk guramak, olary düzetmek we gaýtadan terbiýelemek işlerini alyp barýan topar;

38) *jenaýat kanuny* – Türkmenistanyň Jenaýat kodeksidir;

39) *jenaýat yzarlaýşyny amala aşyrýan edaralar we adamlar* – anyklaýyş, derňew edaralary, anyklaýjy, sülçi we prokuror;

40) *jenaýat yzarlaýyş* – hakykat ýüzünde edilen hereketlerde jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişli hereketleriň alamatlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny, eger bar bolsa, onda ony edendir diýip güman edilýän adamyň şol etmişleri etmekde

günälidigini ýa-da günäsizdigini tassyklaýan subutnamalary toplamak maksady bilen jenaýat yzarlaýyş edaralary tarapyndan amala aşyrylýan iş ýörediş hereketleridir;

41) *kanuny wekiller* – aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň ýa-da jebir çekeniň ata-enesi, perzentlige alyjylary, hossarlary, howandarlary, şeýle hem aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne ýa-da jebir çekene hossarlyk, howandarlyk edýän edaralaryň we guramalaryň wekilleridir;

42) *karar* – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň, Prezidiumynyň, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň prezidiumynyň, kazynyň kabul eden çözgüdidir; anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň anyklaýşy we deslapky derňewi geçirýän mahalynda kabul eden çözgüdidir;

43) *kazy* – kanunda bellenilen tertipde kazyýet häkimiýetini amala aşyrýan kazyýetiň başlygy, kazyýetiň başlygynyň orunbasary, kazy, kazyýetiň oturdaşydyr;

44) *kazyýet* – Türkmenistanyň kazyýet ulgamyna girýän we adyl kazyýetligi amala aşyrýan kazyýet häkimiýetiniň edarasydyr. Oňa Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri degişlidir;

45) *kazyýet seljerişi* – birinji, ikinji we gözegçilik basgançakly kazyýetleriň kazyýet mejlisidir;

46) *kazyýet önümçiligi* – jenaýat işleri boýunça kazyýete çenli we kazyýet önümçiligidir;

47) *kesgitnama* – jenaýat işi boýunça önümçilik ýöredilen mahalynda birinji basgançakly kazyýetiň hökümden başga çykaran her bir çözgüdidir; ikinji basgançakly kazyýetiň her bir çözgüdidir; kazyýetiň kanuny güýje giren hökümlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna gaýtadan seredilen mahalynda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kabul eden çözgüdidir; kazyýetiň hökümi ýerine ýetiriş tertibinde çykaran her bir çözgüdidir;

48) *nägilelik tertibindäki teklipnama* – kanuny güýje girmedik hökümi sökmek ýa-da üýtgetmek hakynda prokuroryň teklipnamasydyr;

49) *nägilelik tertibindäki şikaýat* – kanuny güýje girmedik höküm baradaky şikaýatdyr;

50) *öý dökmek* – jenaýatyň yzlaryny özünde saklaýan närseleri, jenaýat ediş gurallaryny, jenaýatly ýol bilen gazanylan zatlary we gymmatlyklary, jenaýat işi üçin möhüm subut edijilik ähmiýeti bolup biljek başga zatlary, resminamalary gözläp tapmak we almak, jenaýat yzarlaýşyndan gizlenýän adamlary tutup saklamak maksady bilen şu Kodeksde bellenilen tertipde geçirilýän derňew hereketleridir;

51) *prokuror* – Türkmenistanyň Baş prokurory we oňa tabyn prokurorlar, olaryň orunbasarlary, degişli ygtyýarlyklary bolan uly kömekçileri we kömekçileri, baş müdirlikleriň we müdirlikleriň müdirleri hem-de orunbasarlary, baş bölümleriň we bölümleriň müdirleri hem-de orunbasarlary, uly prokurorlar we prokurorlar, prokuror – kriminalistlerdir;

52) *prokuroryň netijenamasy* – prokuroryň täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi täzeden başlamak hakyndaky çözgüdidir;

53) *prokuroryň pikiri* – prokuroryň kanunda göz öňünde tutulan halatlarda kazyýetde aýdýan pikiridir;

54) *sülçi* – hakykat ýüzünde bolup geçen wakada jenaýatyň alamatlarynyň

bardygyny ýa-da ýokdugyny, şol hereketleri etmekde güman edilýän adamyň günälidigini tassyklaýan ýa-da tassyklamaýan subutnamalary toplamak işini amala aşyrýan prokuratura, içeri işler, milli howpsuzlyk edaralarynyň wezipeli adamydyr;

55) *taraplar* – kazyýet seljerişinde bäsleşik we deňhukuklylyk esasynda aýyplawy we aklawy amala aşyrýan edaralar we adamlardyr;

56) *teklipnama, şikaýat* – anyklaýyş, deslapky derňew edaralarynyň, prokuroryň, kazynyň ýa-da kazyýetiň hereketlerine ünsi çekmek üçin iş ýöredişe gatnaşyjylaryň şu Kodeksde bellenilen tertipde berýän resminamalarydyr;

57) *teswirnama* – geçirilen derňew we kazyýet hereketleri, onuň mazmuny we netijeleri takyk beýan edilen, şu Kodeksde bellenilen tertipde düzülen resminamadyr;

58) *wekil* – jenaýat işi boýunça önümçilikde jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň kanuny bähbitleriniň tarapyny tutmaga hukukly adamdyr;

59) *ýakyn garyndaşlar* – ata-ene, çagalar, perzentlige alyjylar, perzentlige alnanlar, süýtdeş doganlar we uýalar, ata-baba, ene-mama, agtyklar hem är-aýaldyr;

60) *ýaşaýyş jaýy* – bir ýa-da birnäçe adamyň wagtlaýyn ýa-da hemişelik ýaşamagy üçin niýetlenen jaý ýa-da bina, şol sanda: döwlete degişli jaýlar, gulluk, umumy ýaşaýyş jaýlary, hususy ýa-da kärendesine alnan jaý, öý, ýazlag öýi, olara gös-göni ýanaşyk duran eýwan, aşhana, ýerzemin, ýaşalýan binanyň üçegi (köp öýli jaýlardan başga), myhmanhana otagy, deňiz ýa-da derýa gämisiniň, otlynyň gulluk we ýaşalýan otaglarydyr.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky, 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky, 2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki we 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2012 ý., № 4, 110-nji madda; 2016 ý., № 1, 65-nji madda; 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2019 ý., № 1, 8-nji madda; 2020 ý., № 3, 35-nji madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 1, 4-nji madda, № 4, ___-nji madda).*

## 2-nji bap. Jenaýat iş ýöredişiň wezipeleri we ýörelgeleri

### 7-nji madda. Jenaýat iş ýöredişiň wezipeleri

1. Jenaýat iş ýöredişiň wezipeleri jenaýatlaryň üstüni tiz we doly açmakdyr, günäkärleri paş etmekdir hem-de jenaýat eden her bir adamyň adalatly jeza çäresine sezewar edilmegi, ýekeje-de bigünä adamyň jenaýat jogapkärçiligine çekilmezligi we oňa iş kesilmezligi üçin jenaýat kanunynyň dogry ulanylmagyny üpjün etmekdir.

2. Jenaýat işleri boýunça önümçiligiň şu Kodeksde bellenilen tertibi adamy esassyz günäli bilmekden we oňa iş kesmekden goramaga, onuň hukuklarynyň we azatlyklarynyň bikanun çäklendirilmeginiň öňüni almaga, şeýle hem kanunylygyň we hukuk tertibiniň pugtalandyrylmagyna, jenaýatlaryň öňüniň alynmagyna we olaryň ýok edilmegine, adamlary hukuk kadalaryny hormatlamak ruhunda terbiýelemäge ýardam etmelidir.

### 8-nji madda. Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleri we olaryň ähmiýeti

1. Kodeksiň şu babynda getirilen esas goýujy häsiýete eýe bolan we her bir iş boýunça önümçiligiň dogrudygyny hem esaslydygyny kesgitleýän düzgünler jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleridir.

2. Jenaýat iş ýöredişiň ýörelgeleriniň ähmiýeti olaryň bozulmagy onuň häsiýetine we wajyplygyna baglylykda iş boýunça geçirilen önümçiligiň hakyky däl diýlip ykrar edilmeginden, şeýle önümçiligiň dowamynda çykarylan çözgütleriň sökülmeginden ýa-da toplanan materiallaryň subutnamalar hökmünde güýji ýok diýlip ykrar edilmeginden ybaratdyr.

**9-njy madda. Kanunylyk**

1. Anyklaýyş edarasy, anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet jenaýat işleri boýunça önümçilikde şu Kodeksiň talaplaryny gyşarnyksyz berjaý etmäge borçludyrlar.

2. Jenaýat yzarlaýyş edaralary, kazyýet tarapyndan jenaýat işleri boýunça önümçilik ýöredilende kanunyň bozulmagy ýolberilmesizdir we ol kanunda bellenen tertipde jogapkärçilige, bikanun namalaryň hakyky däl diýlip ykrar edilmegine we olaryň sökülmegine getirýär.

**10-njy madda. Adyl kazyýetligiň diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylmagy**

1. Türkmenistanda jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik diňe kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar. Kazyýetiň ygtyýarlarynyň kimdir biri tarapyndan bikanun eýelenmegi kanunda bellenen tertipde jogapkärçilige eltýär.

2. Diňe kanuna laýyklykda we kazyýetiň hökümi bolmasa, hiç kim jenaýat etmekde günäkär hasap edilip, şeýle hem jenaýat jezasyna sezewar edilip bilinmez.

3. Kazyýetiň ygtyýarlylygy, onuň garamagynyň hukuk çäkleri, onuň jenaýat kazyýet önümçiligini alyp barmagynyň tertibi kanun arkaly kesgitlenilýär we ol özbaşdak üýtgedilip bilinmez. Jenaýat işlerine seretmek üçin nähilidir bir at bilen adatdan daşary kazyýetleriň we kazyýetiň ygtyýarlyklary berlen beýleki düzümleriň döredilmegine ýol berilmeýär.

4. Degişliligi boýunça özüne degişli bolmadyk jenaýat kazyýet önümçiligini amala aşyran, öz ygtyýarlarynyň çäginden çykan ýa-da başga ýol bilen şu Kodeksde göz öňünde tutulan jenaýat kazyýet önümçiliginiň ýörelgelerini bozan kazyýetiň hökümi ýa-da başga çözgütleri bikanundyr we olar sökülmäge degişlidir.

5. Jenaýat işi boýunça kazyýetiň hökümi we beýleki çözgütleri degişli kazyýetler tarapyndan diňe şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde barlanylyp we täzeden seredilip bilner.

**11-nji madda. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kazyýet arkaly goragy**

1. Her kimiň öz hukuklaryny we azatlyklaryny kazyýet arkaly goramaga haky bardyr.

2. Döwlet kanunda bellenilen halatlarda we tertipde jebir çekeniň adyl kazyýetlikden peýdalanmagyny, ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny üpjün edýär.

**12-nji madda. Şahsyýetiň ynsanlyk mertebesine we abraýyna hormat goýmak**

1. Jenaýat işi boýunça önümçilik amala aşyrylan mahaly jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan şahsyýetiň ynsanlyk mertebesini peseldýän ýa-da abraýyny gaçyrýan çözgütler we hereketler gadagan edilýär, şu Kodeksde göz öňünde tutulmadyk maksatlar üçin adamyň gizlin saklamagy zerur hasap edýän şahsy durmuşy hakyndaky maglumatlary, şeýle hem şahsy häsiýetli maglumatlary ýygnamaga, ulanmaga we ýaýratmaga ýol berilmeýär.

2. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaralaryň bikanun hereketleri netijesinde adama ýetirilen zyýanyň öwezi kanunda bellenilen tertipde dolunmaga degişlidir.

**13-nji madda. Şahsyýetiň eldegrilmesizligi**

1. Her kim erkinlige we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuga eýedir. Şu Kodeksde bellenen esaslardan we tertipden başga ýagdaýlarda hiç kim jenaýat etmekde güman edilip, tutulyp saklanylyp, tussag edilip ýa-da başga ýol bilen azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

2. Her bir tutulyp saklanylana, onuň tutulyp saklanylmagynyň esaslary, şeýle hem onuň güman edilýän ýa-da aýyplanýan jenaýatynyň maddalaşdyrylyşy haýal etmän habar berilýär.

3. Kazyýet, prokuror bikanun tutulyp saklanylan, tussag edilen ýa-da lukmançylyk edarasyna bikanun ýerleşdirilen, kanunda ýa-da hökümde bellenilen möhletden köp saklanylýan adamy haýal etmän boşatmaga borçludyr.

4. Jenaýat iş ýöredişe gatnaşýanlaryň hiç biriniň garşysyna zorluk ulanmak, ýowuz çemeleşmek ýa-da mertebesini kemsidýän derejede olara el gatmak bolmaz.

5. Hiç kim adamyň janyna we saglygyna howp salýan iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga zor bilen çekilip bilinmez. Şahsyýetiň eldegrilmesizligini bozýan iş ýörediş hereketleri adamyň ýa-da onuň kanuny wekiliniň erkiniň garşysyna diňe şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde ulanylyp bilner.

6. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan adamy, şeýle hem jenaýat etmekde güman edilip tutulyp saklanylan adamy onuň janyna we saglygyna howp salmagyň aradan aýrylmagy şertlerinde saklamak amala aşyrylmalydyr.

7. Adamyň azatlykdan bikanun mahrum edilmegi, onuň jany we saglygy üçin howply şertlerde saklanylmagy, oňa ýowuz çemeleşilmegi netijesinde ýetirilen zyýan şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde öwezi dolunmaga degişlidir.

**14-nji madda. Jenaýat işleri boýunça önümçilik ýöredilende adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak**

1. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan adamlaryň

hukuklaryny we azatlyklaryny goramaga, olaryň amala aşyrylmagy üçin şertleri döretmäge, jenaýat iş ýöredişe gatnaşyjylaryň kanuny talaplarynyň kanagatlandyrylmagy üçin haýal etmän degişli çäreleri görmäge borçludyr.

2. Jenaýat işi boýunça önümçilikde adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmagy netijesinde ýetirilen zyýan şu Kodeksde göz öňünde tutulan esaslarda we tertipde öwezi dolunmaga degişlidir.

3. Öldürmek, zorluk ulanmak, emlägini ýok etmek we zaýalamak ýa-da başga howply bikanun hereketleri ulanmak bilen jebir çekene, şaýada, jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan beýleki adamlara, şeýle hem olaryň maşgala agzalaryna, başga ýakyn garyndaşlaryna howp abanýandygy hakynda ýeterlik esas bolan mahalynda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bu adamlaryň janyny, saglygyny, namysyny, mertebesini we emlägini goramak boýunça kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyr.

**15-nji madda. Şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi. Hat alyşmagyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf, şeýle hem Internetiň üsti bilen berilýän beýleki habarlaryň syry**

Adamlaryň hususy durmuşy, şahsy we maşgala syry kanun arkaly goralýar. Her kimiň şahsy goýumlarynyň we süýşürintgileriniň, hat alyşmagynyň, telefon gepleşikleriniň, poçta, telegraf, şeýle hem Internetiň üsti bilen berilýän beýleki habarlaryň syryny, elektron poçta we beýleki habarlarynyň syryny saklamaga haky bardyr. Jenaýat iş ýöredişiň dowamynda bu hukuklary çäklendirmäge diňe kanunda göni göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde ýol berilýär.

**16-njy madda. Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi**

1. Ýaşaýyş jaýy eldegrilmesizdir. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda ýaşaýyş jaýyna eldegrilmesizlik düzgünini bozmaga hiç kimiň haky ýokdur. Kanunda göni görkezilen esaslar bolmasa, hiç kimi ýaşaýyş jaýyndan mahrum etmek bolmaz. Kanuna garşy gelýän hereketler bilen ýaşaýyş jaýyna hyýanatçylyk edilen halatynda adamyň ony goramaga haky bardyr.

2. Ýaşaýyş jaýyna girmek bilen baglanyşykly iş ýörediş hereketleri diňe şu Kodeksde göz öňünde tutulan esaslarda we tertipde geçirilip bilner.

**17-nji madda. Eýeçiligiň eldegrilmesizligi**

1. Eýeçiligiň eldegrilmesizligi kanun tarapyndan kepillendirilýär. Kazyýetiň çözgüdi bolmasa, hiç kim öz eýeçiliginden mahrum edilip bilinmez.

2. Diňe şu Kodeksde görkezilen halatlarda we tertipde iş ýörediş hereketleriniň dowamynda adamlaryň banklardaky goýumlary we beýleki emläkleri gozgamasyz edilip, şeýle hem alnyp bilner.

**18-nji madda. Bigünälik prezumpsiýasy**

1. Her bir adam onuň jenaýatly etmişi etmekde günälidigi şu Kodeksde bellenen tertipde subut edilýänçä we kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi bilen anyklanýança bigünä hasap edilýär.

2. Günäkärdigi barada dörän aradan aýryp bolmajak şübheler aýyplanýanyň peýdasyna çözülýär. Jenaýat we jenaýat iş ýörediş kanunlary ulanylan mahaly ýüze çykan şübheler hem aýyplanýanyň peýdasyna çözülmelidir.

3. Hiç kim özüniň bigünädigini subut etmäge borçly däldir. Başga subutnamalar bolmazdan, diňe günäni boýun alnyp berlen görkezme günäni tassyk edip bilmez.

4. Aýyplaw hökümi çaklamalara esaslandyrylyp bilinmez, ol anyk subutnamalaryň ýeterlik jemi bilen tassyklanan bolmalydyr.

5. Adyl kazyýetlik amala aşyrylanda bikanun usul bilen toplanan, gelip çykyşy näbelli bolan subutnamalar derňelmäge we ulanylmaga degişli däldir.

**19-njy madda. Gaýtadan jenaýat yzarlaýşyna we iş kesilmegine ýolberilmesizlik**

Hiç kim şu Kodeksde görkezilenlerden başga ýagdaýlarda şol bir jenaýat üçin gaýtadan jenaýat yzarlaýşyna sezewar edilip we iş kesilip bilinmez.

**20-nji madda. Adyl kazyýetligiň kanunyň we kazyýetiň öňünde raýatlaryň deňligi esasynda amala aşyrylmagy**

1. Adyl kazyýetlik hemmeleriň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňligi esasynda amala aşyrylýar. Jenaýat yzarlaýşyndan ýörite goraglylyk hukugyna eýe bolan adamlar baradaky jenaýat kazyýet önümçiliginiň şertleri Türkmenistanyň Konstitusiýasy, şu Kodeks, Türkmenistanyň kanunlary we Türkmenistanyň halkara şertnamalary arkaly kesgitlenilýär.

2. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň dowamynda hiç kim gelip çykyşy, durmuş, emläk we wezipe ýagdaýy, milleti, ten reňki, jynsy, bilimi, dili, dine garaýşy, syýasy ygtykady, ýaşaýan ýeri ýa-da başga islendik şertler bilen baglanyşykly hiç hili kemsidilmelere sezewar edilip bilinmez.

**21-nji madda. Kazylaryň garaşsyzlygy we olaryň diňe kanuna tabynlygy**

Jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik amala aşyrylan mahalynda kazylar we kazyýetiň oturdaşlary garaşsyzdyrlar, olar diňe kanuna tabyndyrlar we içki ynamygtykadyny goldanýarlar. Kazylaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär we ol kanun boýunça jogapkärçilige eltýär.

**22-nji madda. Adyl kazyýetligiň taraplaryň bäsleşigi we deňhukuklylygy esasynda amala aşyrylmagy**

1. Adyl kazyýetlik taraplaryň bäsleşigi we deňhukuklylygy ýörelgesi esasynda amala aşyrylýar.

2. Jenaýat yzarlaýşy, aklaw, işiň kazyýet tarapyndan çözülişi biri-birinden

aýrydyr, olar dürli edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan amala aşyrylýar.

3. Kazyýetde işi seredilýäne bildirilen aýyby subut etmek borjy döwlet aýyplaýjysyna ýüklenilýär.

4. Adwokat kazyýetde işi seredilýäni goramagyň kanunda göz öňünde tutulan ähli serişdelerini we usullaryny ulanmaga borçludyr.

5. Kazyýet jenaýat yzarlaýyş edarasy däldir, ol aýyplaýan ýa-da aklaýan tarapdan çykyş etmeýär we diňe hukugyň bähbitlerinden başga hiç hili bähbit arap bilmez.

6. Kazyýet dogruçyllygy we tarapgöýsüzligi saklamak bilen taraplaryň öz borçlaryny ýerine ýetirmegi we hukuklaryny amala aşyrmagy üçin zerur şertleri döredýär.

7. Jenaýat kazyýet önümçiligine gatnaşýan taraplar deňhukuklydyr. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we şu Kodeksde olaryň öz nukdaýnazaryny goramagy üçin deň mümkinçilikler bellenendir. Kazyýet iş ýörediş çözgütlerini diňe taraplaryň her birine subutnamalary barlamaga deň esaslarda gatnaşmagy üpjün edilen subutnamalara esaslandyrýar.

8. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň dowamynda taraplar öz nukdaýnazaryny, ony goramagyň usullaryny we serişdelerini kazyýetden, beýleki edaralardan we adamlardan garaşsyz saýlap alýarlar. Kazyýet taraplaryň haýyşy boýunça zerur bolan materiallary almakda şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde olara ýardam berýär.

**23-nji madda. Işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamak**

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet işiň ýagdaýlaryny hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamak üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge, güman edilýäni, aýyplanýany we kazyýetde işi seredilýäni paş edýän we aklaýan, şeýle hem olaryň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän we agyrlaşdyrýan ýagdaýlary ýüze çykarmaga borçludyrlar.

2. Anyklaýjynyň, sülçiniň we prokuroryň özleriniň subut etmek borjuny aýyplanýanyň üstüne ýüklemäge haky ýokdur.

3. Zorluk, haýbat atmak hem-de başga bikanun çäreler arkaly güman edilýänden, aýyplanýandan, kazyýetde işi seredilýänden we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylardan görkezme almak gadagandyr.

**24-nji madda. Özüni goramak hukugyny üpjün etmek**

1. Güman edilýäne, aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne, iş kesilene we aklanana özüni goramak hukugy üpjün edilýär. Bu hukugy olar şu Kodeksde bellenen tertipde adwokatyň, kanuny wekiliň kömegi arkaly ýa-da özleri amala aşyryp bilerler.

2. Anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, iş kesilen we aklanan üçin oňa bildirilen aýypdan kanun boýunça bellenen serişdeler we usullar arkaly özüni goramak mümkinçiligini hem-de onuň şahsy we emläk hukuklarynyň goralmagyny üpjün etmäge borçludyrlar.

**25-nji madda. Şaýatlyk görkezmesini bermek borjundan boşatmak**

1. Hiç bir adam özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň garşysyna görkezme bermäge borçly däldir. Adama ruhy taýdan täsir etmek ýa-da zorluk ulanmak, şeýle hem beýleki bikanun usullar arkaly alnan subutnamalaryň hukuk güýji ýokdur.
2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen halatlarda agzalan adamlar görkezme bermekden ýüz dönderip bilerler we onuň üçin hiç hili jogapkärçilige çekilip bilinmez.

**26-njy madda. Hukuk kömegini almak**

Jenaýat iş ýöredişiň dowamynda şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda her bir adamyň hukuk kömegini almaga haky bardyr.

**27-nji madda. Kazyýet seljerişiniň açyklygy**

1. Döwletiň gizlin syryny goramagyň bähbitlerine garşy gelmeýän halatlarynda ähli kazyýetlerde işleri seljermek açyk alnyp barylýar.
2. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň durmuşynyň pynhan taraplary hakyndaky maglumatlaryň aýan bolmagynyň öňüni almak maksady bilen, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça, zyna işi bilen baglanyşykly jenaýatlar hem-de başga işler boýunça kazyýetiň ýa-da kazynyň degişlilikde delillendirilen kesgitnamasy ýa-da karary bilen kazyýetiň ýapyk seljerişine ýol berilýär. Kazyýetiň ýapyk mejlisinde işleri diňlemek kazyýet seljerişiniň ähli kadalarynyň berjaý edilmegi bilen amala aşyrylýar.
3. Kazyýetiň hökümi we iş boýunça kabul eden çözgütleri ähli halatlarda aç-açan yglan edilýär.

**28-nji madda. Kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dili**

1. Türkmenistanda kazyýet önümçiligi döwlet dilinde alnyp barylýar.
2. Kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilini bilmeýän iş ýöredişe gatnaşyjylar üçin ene dilinde ýa-da başga bilýän dilinde beýannama aýtmak, düşündiriş we görkezme bermek, haýyşyny bildirmek, şikaýat etmek, işiň ähli materiallary bilen tanyşmak, kazyýet seljerişinde çykyp geplemek hem-de şu Kodeksde bellenen tertipde terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmak hukugy üpjün edilýär.
3. Şu Kodeksde bellenen tertibe laýyklykda derňew we kazyýet resminamalary aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne olaryň ene diline ýa-da onuň bilýän başga diline terjime edilen görnüşde gowşurylýar.

**29-njy madda. Iş ýörediş hereketleriniň we çözgütleriniň üstünden şikaýat etmek, haýyşnama bildirmek azatlygy**

1. Kazyýetiň we jenaýat yzarlaýyş edarasynyň hereketleriniň hem-de çözgütleriniň üstünden şu Kodeksde bellenen tertipde şikaýat edilip bilner.

2. Şikaýaty ony beren adamyň ýa-da bähbitleri goralýan adamyň zyýanyna peýdalanmaga ýol berilmeýär.

3. Her bir iş kesilen şu Kodeksde bellenen tertipde kazyýetiň hökümininiň gaýtadan seredilmegi, şeýle hem rehim edilmegi hakynda ýa-da jezasynyň ýeňilleşdirilmegi hakynda haýyşnama bildirmek hukugyna eýedir.

## 3-nji bap. Jenaýat yzarlaýyş, iş kesmek we aklamak

### 30-njy madda. Jenaýat yzarlaýşyny amala aşyrmagyň umumy şertleri

1. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen jenaýat yzarlaýyş edarasy öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde jenaýat alamatlarynyň ýüze çykarylan her bir halatynda jenaýatly wakany anyklamak, jenaýat eden adamlary paş etmek, olary jezalandyrmak, bigünä adamy aklamak üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyr.

2. Jenaýat yzarlaýyş edarasy jebir çekeniň adyl kazyýetlikden peýdalanmagyna mümkinçilik döretmäge, jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça çäreler görmäge borçludyr.

3. Jenaýat yzarlaýyş edarasy jenaýat iş ýöredişde öz ygtyýarlaryny hiç hili edaralara, wezipeli adamlara garaşsyz ýagdaýda we şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda amala aşyrýar. Onuň işine gatyşmak kanunda bellenen tertipde jogapkärçilige eltýär.

4. Jenaýat yzarlaýyş edarasynyň kanunalaýyk talaplarynyň döwlet edaralary, eýeçiligiň görnüşine garamazdan ähli edaralar, kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar we raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr. Ýokarda görkezilen talaplary ýerine ýetirmezlik kanunda bellenen jogapkärçilige eltýär.

### 31-nji madda. Jenaýat yzarlaýşyny aradan aýyrýan ýagdaýlar

1. Aşakdaky ýagdaýlarda jenaýat işi gozgalyp bilinmez, gozgalan iş bolsa ýatyrylmalydyr:

1) jenaýatyň wakasy ýok bolsa;

2) etmişde jenaýatyň düzümi ýok bolsa;

3) wagt möhleti geçen bolsa;

4) günä geçme namasy edilen etmiş üçin jezanyň ulanylmagyny aradan aýyrýan bolsa;

5) jemgyýet üçin howply etmişi eden pursadynda kanun boýunça jenaýat jogapkärçiligini çekmäge mümkinçilik berýän ýaşa ýetmedik adam barada;

6) şu Kodeksiň 213-nji maddasynyň ikinji, üçünji we dördünji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda diňe jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalýan işler boýunça aýyplanýan bilen jebir çeken ýaraşsa;

7) şu Kodeksiň 213-nji maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan we jebir çekeniň şikaýat etmedik ýagdaýynda hem prokurora iş gozgamaga hukuk berlen halatlaryndan başga halatlarda, eger iş diňe jebir çekeniň şikaýaty boýunça gozgalyp bilinjek bolup, jebir çekeniň şikaýaty ýok bolsa;

8) ölen adamyň bozulan hukuklaryny dikeltmek ýa-da täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça başga adamlar barada iş gozgamak üçin önümçiligi ýöretmegiň zerur bolan mahalyndaky halatlardan başga halatlarda, ölen adam barada;

9) bir adam barada şol bir aýyplaw boýunça kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi ýa-da hut şol esas boýunça işi ýatyrmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasy ýa-da karary bar bolsa, şol adam barada;

10) bir adam barada prokuroryň, sülçiniň, anyklaýyş edarasynyň hut şol bir aýyplaw boýunça işi ýatyrmak hakynda sökülmedik karary bar bolsa, şol adam barada; ýöne jenaýat işi öz önümçiliginde duran kazyýet tarapyndan işi gozgamak zerurlygynyň ykrar edilen halatlary muňa girmeýär.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginiň 1-3-nji we 4-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlar kazyýet seljerişiniň barşynda ýüze çykýan bolsa, onda kazyýet işi seljermegi ahyryna çenli ýetirýär-de, 1-nji we 2-nji bentlerde göz öňünde tutulan halatlarda aklaw hökümini ýa-da 3-nji we 4-nji bentlerde göz öňünde tutulan halatlarda iş kesileni jezadan boşatmak bilen aýyplaw hökümini çykarýar.

3. Eger aýyplaw hökümi kanuny güýjüne girýänçä onda görkezilen etmişleriň jenaýatçylygy we jezalandyrylyşy täze kanun tarapyndan aradan aýrylan bolsa, jenaýat işi şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendi esasynda ýatyrylmaga degişlidir.

4. Şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji we 4-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça işi ýatyrmaga aýyplanýan garşy çykýan bolsa, şol esaslarda işi ýatyrmaga ýol berilmeýär. Şunuň ýaly bolan halatynda iş boýunça önümçilik adatdaky tertipde dowam etdirilýär.

**32-nji madda. Jenaýat jogapkärçiligine çekmek we iş kesmek üçin esaslar**

Eger jenaýat etmekde şübhelenýän ýa-da kazyýetde işi seredilýän adamyň jenaýaty etmekde günäkärdigi anyklaýşyň, derňewiň we kazyýet mejlisiniň dowamynda subutnamalaryň jeminiň barlanylmagy esasynda gümansyz anyklanan bolsa we ruhy taýdan sagat bolan ýagdaýynda ol jenaýat jogapkärçiligine çekilip we iş kesilip bilner.

**33-nji madda. Jenaýat işini ýatyrmagyň esaslary**

1. Kazyýet, kazy, prokuror, şeýle-de prokuroryň rugsady bilen anyklaýjy, sülçi anyklaýşyň, deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerişiň dowamynda iş boýunça jenaýat yzarlaýşyny amala aşyrmak mundan beýläk mümkin bolmajak aşakdaky ýagdaýlary ýüze çykaryp, işi ýatyrmak hakynda degişlilikde kesgitnama ýa-da karar çykarýar:

1) uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça kazyýetde işi seredilýän barada döwlet aýyplaýjysy şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça, şeýle hem ýöňkelýän jenaýatly etmişi etmäge dahylsyzlygy sebäpli aýyplawdan ýüz dönderen halatynda, eger jebir çeken hem aýyplawdan ýüz dönderende, şeýle-de şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 6-njy bendinde görkezilen ýagdaýda jebir çeken bilen aýyplanýan ýaraşsa;

2) şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-10-njy bentlerinde göz

öňünde tutulan jenaýat yzarlaýşyny aradan aýyrýan ýagdaýlar ýüze çykanda.

2. Kazyýet, kazy, prokuror, şeýle-de prokuroryň rugsady bilen anyklaýjy, sülçi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-72-nji maddalarynda görkezilen esaslar boýunça jenaýat işi ýatyrmak hakynda degişlilikde kesgitnama ýa-da karar çykarmaga haklydyrlar.

3. Jenaýatlaryň beýleki görnüşleri boýunça jenaýat işiniň ýatyrylmagyna diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň Aýratyn böleginde görkezilen ýagdaýlarynda ýol berilýär.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**34-nji madda. Aklamak üçin esaslar**

1. Kazyýet seljerişiniň netijesinde birinji basgançakly kazyýet aklaw hökümini çykarýar. Kazyýet aklaw höküminde kazyýetde işi seredilýän oňa ýöňkelýän jenaýaty etmekde günäkär däl diýip ykrar edýär.

2. Aklaw hökümi aşakdaky ýagdaýlarda çykarylýar:

1) jenaýatyň wakasynyň bolmadyk halatynda;

2) kazyýetde işi seredilýäniň eden etmişinde jenaýatyň düzümi ýok bolan mahalynda;

3) kazyýetde işi seredilýäniň oňa ýöňkelýän etmişi etmäge dahylynyň bolmadyk halatynda.

## 4-nji bap. Bozulan hukuklary dikeltmek. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bikanun hereketleriniň ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak

**35-nji madda. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň bigünädigini ykrar etmek bilen onuň bozulan hukuklaryny dikeltmek**

1. Kazyýet seljerişiniň dowamynda ýöňkelýän etmişi etmäge dahyly bolmadyk kazyýetde işi seredilýän şol seljerişde kazyýetiň hökümi bilen aýanlykda we gaýragoýulmasyz bigünä diýlip yglan edilmelidir.

2. Kazyýetde işi seredilip aklanan, şeýle hem güman edilýän we aýyplanýan barada şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentleri esasynda, şeýle hem ýöňkelýän jenaýatly etmişi etmäge dahylsyzlygy sebäpli jenaýat yzarlaýşyny ýatyrmak hakynda kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy ýa-da jenaýat yzarlaýyş edarasynyň karary çykarylan bolsa, onda olar günäsiz diýlip hasap edilýär we ýaşaýyş jaý, emläk, zähmet hem-de başga hukuklary babatda çäklendirmelere sezewar edilip bilinmez.

3. Bigünädigi ykrar edilen adamyň bozulan hukuklaryny dikeltmek babatyndaky jedeller raýat kazyýet önümçiligi tertibinde çözülýär.

**36-njy madda. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bikanun hereketleri netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna hukugy bolan**

**adamlar**

1. Jenaýatyň wakasynyň ýokdugy, edilen etmişde jenaýatyň düzüminiň ýokdugy, adamyň jenaýat etmäge dahylsyzlygy sebäpli jenaýat işi ýatyrylanda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, şeýle hem aklaw hökümi çykarylanda kazy ýa-da kazyýet şol adama onuň bozulan hukuklarynyň dikeldilmeginiň tertibini düşündirmäge hem-de adama bikanun iş kesilmegi, jenaýat jogapkärçiligine bikanun çekilmegi, ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmegiň bikanun ulanylmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyrlar.

2. Bikanun tutup saklamak, tussag etmek, ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirmek, iş kesmek, lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak netijesinde adama ýetirilen zyýan kazyýetiň kesgitnamasy esasynda döwletiň hasabyna öwezi dolunmaga degişlidir. Jenaýat yzarlaýyş edarasynyň ýokarda görkezilen bikanun hereketleri netijesinde özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny jenaýat yzarlaýyş edarasynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda talap etmäge her bir adam haklydyr.

3. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bikanun hereketleri netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna şu aşakdakylar haklydyr:

1) şu Kodeksiň 35-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen adamlar;

2) özi barada jenaýat işi gozgalmasyz bolan, gozgalan iş hem ýatyrylmaga degişli adamlar;

3) özi barada gozgalan jenaýat işi şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça ýatyrylmaga degişli bolsa-da, jenaýat yzarlaýşyny aradan aýyrýan ýagdaýlar ýüze çykan pursadyndan ýatyrylman, şeýle adamlaryň jenaýat işiniň ýatyrylmagy bilen ylalaşylandygyna garamazdan jenaýat yzarlaýşy bikanun dowam etdirilen adamlar;

4) tussaglykda degişli möhletden artyk bikanun saklanylýanlar, şeýle hem jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda beýleki mejbur ediş çärelerine bikanun sezewar edilen adamlar.

4. Özüne ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaly adam ölen halatynda öwezi dolunmak hukugy bellenen tertipde onuň mirasdarlaryna geçýär, tölenmegi togtadylan pensiýasyny we hemaýat puluny almak baradaky bölegi bolsa ekleýjisini ýitirendigi sebäpli hemaýat puluny alýan adamlaryň hataryna girýän maşgala agzalaryna geçýär.

5. Eger anyklaýşyň, deslapky derňewiň we kazyýet seljerişiniň dowamynda öz-özüni meýletin nähak aýyplamagy bilen hakykaty anyklamaga päsgel berendigi we şeýlelikde şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen netijeleriň emele gelmegine ýardam edendigi subut edilen halatynda şol adama ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaýar.

**37-nji madda. Öwezi dolunmaga degişli ýetirilen zyýan**

1. Şu Kodeksiň 36-njy maddasynyň birinji we üçünji böleklerinde görkezilenler esasynda, hereketleri ýa-da çözgütleri bikanun diýlip bilnen jenaýat iş ýöredişi alyp

barýan edara bigünädigi ykrar edilen adam barada beden, ahlak we emläk taýdan oňa ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy, onuň zähmet, pensiýa, ýaşaýyş jaý we beýleki hukuklarynyň dikeldilmegi üçin çäre görmäge borçludyr.

2. Bigünädigi ykrar edilen halatynda, ozal kazyýetiň hökümi esasynda döwlet sylaglaryndan, harby, ýörite we beýleki atlardan, gulluk, diplomatik derejelerden mahrum edilen adamlaryň atlary, derejeleri dikeldilýär, döwlet sylaglary olara gaýtarylyp berilýär.

**38-nji madda. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hukugyny ykrar etmek**

Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara bozulan hukuklary doly ýa-da bölekleýin dikeltmek hakynda çözgüt çykaran mahaly, adamyň oňa ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna bolan hukugyny ykrar etmelidir. Aklaw höküminiň göçürilen nusgasy ýa-da jenaýat işini ýatyrmak hakyndaky, bikanun kabul edilen çözgütleri sökmek ýa-da üýtgetmek hakyndaky kesgitnamanyň, kararyň göçürilen nusgasy gyzyklanýan degişli adama gowşurylýar ýa-da poçta arkaly oňa iberilýär. Şol birwagtyň özünde oňa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagyň tertibi düşündirilen habar iberilýär.

**39-njy madda. Emläge ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

1. Şu Kodeksiň 36-njy maddasynyň birinji we üçünji böleklerinde görkezilenler esasynda jenaýat yzarlaýşy ýatyrylan ýa-da aklaw hökümi çykarylan adamlara zyýan ýetirilen emlägiň aşakdaky görnüşleri boýunça öwezi döwlet tarapyndan dolunmaga degişlidir:

1) mahrum bolan zähmet haky, pensiýasy, hemaýat puly we beýleki girdeji serişdeleri;

2) kazyýetiň hökümi ýa-da başga çözgüdi esasynda bikanun muzdsuz alnan ýa-da döwlet haýryna geçirilen emläk;

3) bigünä diýlip ykrar edilen adamlaryň olara berlen hukuk kömegi üçin tölän haklary;

4) kazyýetiň bikanun hökümini ýerine ýetirmek üçin töledilen jerimeler, iş ýörediş harajatlary we jenaýat yzarlaýyş edarasynyň bikanun hereketleri netijesinde şol adamlar tarapyndan tölenilen beýleki pul serişdeleri.

2. Kesgitnamanyň ýa-da kararyň tugraly möhür bilen tassyklanan nusgasy tölegi geçirmäge borçly edara bermek üçin şol adama gowşurylýar ýa-da iberilýär. Tölemegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenýär.

**40-njy madda. At-abraýa, mertebä esassyz we bikanun ýetirilen zyýanyň netijelerini düzetmek**

1. Adamyň bozulan hukuklaryny dikeltmek hakyndaky çözgüdi jenaýat iş ýöredişi alyp barýan haýsy edaranyň kabul edendigine garamazdan, şol adama zyýan ýetiren edara ýetirilen zyýan üçin ondan resmi ýagdaýda ötünç soramaga borçludyr.

2. At-abraýa, mertebä esassyz we bikanun ýetirilen zyýanyň öwezini pul görnüşinde dolmak hakynda hak islegleri raýat kazyýet önümçiligi tertibinde berilýär.

3. Eger adam bikanun jenaýat yzarlaýşyna sezewar edilip, ol barada jenaýat işiniň gozgalandygy, wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirilendigi, tutulyp saklanylandygy, tussag edilendigi, iş kesilendigi, lukmançylyk edarasyna mejbury ýerleşdirilendigi ýa-da ol barada ulanylan beýleki hereketler hakynda maglumatlar metbugatda çap edilen, radio, telewideniýe we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ýaýradylan bolsa, soňra ýokarda görkezilen hereketler bikanun diýlip ykrar edilen halatynda şol adamyň, eger ol ölen bolsa, onuň garyndaşlarynyň talap etmegi boýunça, bikanun hereketler bilen jenaýat iş ýöredişi alyp baran edara degişli köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen bir aýyň dowamynda bu baradaky zerur habary ilatyň dykgatyna ýetirmäge borçludyr.

4. Bigünädigi ykrar edilen adamyň talap etmegi boýunça jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara özüniň bikanun çözgüdiniň ýatyrylýandygy hakynda onuň işleýän, okaýan we ýaşaýan ýerine on bäş gije-gündiziň dowamynda ýazmaça habar bermäge borçludyr.

**41-nji madda. Talaplary bildirmegiň möhletleri**

Talaplary bildirmegiň möhletleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenilýär.

**42-nji madda. Ýuridik şahslara ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak**

Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bikanun hereketleri netijesinde ýuridik şahslara ýetirilen zyýanyň öwezi döwlet tarapyndan doly möçberde dolunýar.

*(2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**43-nji madda. Hak isleýiş tertibinde hukuklary dikeltmek**

Eger adamyň bozulan hukuklaryny dikeltmek ýa-da ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talap kanagatlandyrylmadyk bolsa ýa-da bu barada kabul edilen çözgüt bilen şol adam ylalaşmaýan bolsa, onda ol raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga haklydyr.

## 5-nji bap. Jenaýat işi boýunça önümçilik

**44-nji madda. Jenaýat işlerini birleşdirmek**

1. Birnäçe adamy bir ýa-da birnäçe jenaýaty şärikli etmekde ýa-da bir adamy birnäçe jenaýaty etmekde, şeýle hem hut şol jenaýatlary öňünden wada edilmän ýaşyrmakda we olar hakynda habar bermezlikde aýyplamak boýunça işler bir önümçilige birleşdirilip bilner.

2. Şu aşakdaky işler bir önümçilige birleşdirilip bilinmez:

1) eger aýyplanýanlaryň etmişleri biri-biri bilen baglanyşykly bolmasa;

2) eger bilelikde derňelen we seredilen halatynda işiň hakyky ýagdaýlaryny

aýdyňlaşdyrmaga päsgel berýän bolsa.

3. Işleri birleşdirmek jenaýat yzarlaýyş edarasynyň karary, kazyýetiň kesgitnamasy esasynda amala aşyrylýar. Jenaýat yzarlaýyş edarasy tarapyndan kabul edilen kararyň göçürilen nusgasy bir gije-gündiziň dowamynda prokurora iberilýär.

### 45-nji madda. Jenaýat işini bölüp aýyrmak

1. Kazyýet, jenaýat yzarlaýyş edarasy bir jenaýat işinden başga bir jenaýat işini aşakdaky adamlar barada aýry önümçilige bölüp aýyrmaga haklydyr:

1) şu Kodeksiň 46-njy maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça jenaýat işi togtadylmaga degişli bolanda aýry-aýry aýyplanýanlar barada;

2) döwlet syryny goramak bilen baglanyşykly kazyýetiň ýapyk seljerişi üçin esaslar aýry-aýry aýyplanýanlara degişli bolup, beýleki aýyplanýanlara degişli däl bolsa, aýry aýyplanýanlar barada;

3) kämillik ýaşyna ýetenler bilen bilelikde jenaýat jogapkärçiligine çekilen kämillik ýaşyna ýetmedik aýyplanýan barada;

4) jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli bolan anyklanmadyk aýry-aýry adamlar barada.

2. Derňewiň ýa-da tussaglykda saklamagyň möhletleri tamamlanyp barýan köp hadysaly jenaýat işi derňelende, sülçi onuň aýyplaw bölegi boýunça derňew doly, hemmetaraplaýyn geçirildi diýip hasaplap, eger onuň beýleki bölegini derňemäge we oňa seretmäge päsgelçilik döretmejek bolsa, onda işiň bir bölegini kazyýete ibermek üçin aýry önümçilige bölüp aýyrmaga haklydyr.

3. Eger jenaýat işi bilen bagly bolmadyk jenaýat alamatlaryny özünde saklaýan hereketler hakynda maglumatlar alynsa, onda şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde täze jenaýat işini gozgamak baradaky meseläni çözmek üçin toplanan resminamalary aýry önümçilige bölüp aýyrmaga ýol berilýär.

4. Eger jenaýat işlerini bölüp aýyrmak işiň hemmetaraplaýyn, doly, dogry barlanmagyna we işiň çözülmegine täsir etmejek bolsa, onda olary bölüp aýyrmaga ýol berilýär.

5. Işi bölüp aýyrmak jenaýat yzarlaýşyny alyp barýan edaranyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda amala aşyrylýar. Jenaýat yzarlaýyş edarasynyň çykaran kararynyň göçürilen nusgasy bir gije-gündiziň dowamynda prokurora iberilýär. Kararyň (kesgitnamanyň) ýanyna asyl nusgada ýa-da göçürilen nusgada bölünip aýrylan materiallaryň sanawy goşulmalydyr.

6. Bölünip aýrylan iş boýunça önümçiligiň möhleti täze jenaýat boýunça ýa-da täze adam barada işi bölüp aýyrmak hakyndaky kararyň ýa-da kesgitnamanyň çykarylan gününden hasaplanylýar.

### 46-njy madda. Jenaýat işi boýunça önümçiligi togtatmak

1. Jenaýat işi boýunça önümçilik anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen şu Kodeksiň 308-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda togtadylyp bilner.

2. Jenaýat işi boýunça önümçilik onuň togtadylmagy üçin esas bolan ýagdaýlar

aradan aýrylýança togtadylýar. Olar aradan aýrylandan soň anyklaýjynyň, sülçiniň, derňew bölüminiň müdiriniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen iş boýunça önümçilik dikeldilýär.

3. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň togtadylandygy ýa-da dikeldilendigi hakynda iş ýöredişe gatnaşyjylara habar berilýär. Jenaýat yzarlaýyş edarasynyň jenaýat işini togtatmak hakyndaky kararynyň göçürilen nusgasy bir gije-gündiziň dowamynda prokurora iberilýär.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

### 47-nji madda. Jenaýat işini ýatyrmak

1. Jenaýat işini şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginde we 33-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça ýatyrmak şol jenaýat işi boýunça kazyýet önümçiligini alyp barýan edaralar we wezipeli adamlar tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Jenaýat işini ýatyrmak hakyndaky karar sökülen halatynda jenaýat işi boýunça önümçilik jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhletleriniň çäklerinde täzeden başlanýar.

3. Jenaýat işiniň ýatyrylandygy we iş boýunça önümçiligiň täzeden başlanandygy hakynda güman edilýäne, aýyplanýana, adwokata, jebir çekene we onuň wekiline, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine ýa-da olaryň wekillerine, ýuridik şahsa ýa-da fiziki şahsa ýazmaça görnüşde habar berilýär. Jenaýat işini ýatyrmak we iş boýunça önümçiligi täzeden başlamak hakyndaky kararyň göçürilen nusgasy jenaýat yzarlaýyş edarasy tarapyndan bir gije-gündiziň dowamynda prokurora iberilýär.

*(2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

### 48-nji madda. Jenaýat işi boýunça önümçiligi tamamlamak

Jenaýat işi boýunça önümçilik aşakdaky ýagdaýlarda tamamlanýar:

1) jenaýat işi boýunça önümçiligiň doly ýatyrylandygy hakyndaky kararyň güýje girmegi bilen;

2) eger ýerine ýetirilmegi üçin ýörite çäreleriň görülmegini talap etmeýän bolsa, onda iş boýunça hökümiň ýa-da beýleki jemleýji çözgüdiň güýje girmegi bilen;

3) eger ýerine ýetirilmegi üçin ýörite çäreleriň görülmegini talap edýän bolsa, onda iş boýunça hökümi ýa-da degişli jemleýji çözgüdi ýerine ýetirmek üçin tassyknama alynmagy bilen.

### 49-njy madda. Ýaşyrynlygy saklamak

1. Jenaýat kazyýet önümçiliginiň dowamynda döwlet syryny (döwlet, harby we gulluk syryny, anyklaýyş we deslapky derňew syryny) we beýleki syrlary (täjirçilik syryny, lukmançylyk, şahsy syrlaryny we syrlaryň başga islendik görnüşlerini)

düzýän, alynýan maglumatlary goramak boýunça şu Kodeksde we beýleki kanunlarda göz öňünde tutulan çäreler görülýär.

2. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara adamlara döwlet syryny we beýleki syrlary düzýän maglumatlary habar bermegi ýa-da bermegi teklip etse, şol adamlar degişli syrlary saklamak zerurlygyna salgylanmak bilen görkezilen talaby ýerine ýetirmekden ýüz dönderip bilmezler, ýöne olar degişli iş ýörediş hereketiniň teswirnamasyna girizilmäge degişli, jenaýat işi boýunça önümçilik üçin görkezilen maglumatlary almak zerurlygyny tassyklaýan düşündirişi ondan deslapdan almaga haklydyr.

3. Iş ýöredişe gatnaşyjylara döwlet syryny saklaýan maglumatlar bilen işlemäge ygtyýar berilmeginiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

4. Döwlet syrlaryny öz içine alýan maglumatlary saklaýan subutnamalar kazyýetiň ýapyk mejlisinde barlanylýar.

5. Beýleki syrlary öz içine alýan, şeýle hem şahsy durmuşyň pynhanlyk taraplaryny aýan edýän maglumatlary saklaýan subutnamalar kazyýetiň ýapyk mejlisinde barlanyp bilner.

6. Hususy durmuşyň eldegrilmesizligini bozmagyň, şahsy ýa-da maşgala syryny aýan etmegiň netijesinde adama ýetirilen zyýan Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde öwezi dolunmaga degişlidir.

7. Anyklaýşyň we deslapky derňewiň materiallary aýan edilmäge degişli däldir. Eger derňewiň bähbitlerine garşy gelmese, beýleki adamlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozmak bilen baglanyşykly bolmasa, onda olar diňe jenaýat yzarlaýyş edarasynyň rugsady bilen, mümkin diýip onuň kesgitlän möçberinde aýan edilip bilner.

8. Jenaýat yzarlaýyş edarasy işde bar bolan materiallary öz rugsady bolmazdan aýan etmäge ýolbermezlik hakynda adwokata, şaýatlara, jebir çekene, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine ýa-da olaryň wekillerine, bilermene, hünärmene, terjimeçä, güwälere we anyklaýyş hem-de derňew hereketiniň önümçiligi mahalynda gatnaşýan beýleki adamlara duýdurmaga haklydyr. Görkezilen adamlardan jogapkärçiligi duýdurmak arkaly dilhaty alynýar.

## 6-njy bap. Iş ýörediş möhletleri

### 50-nji madda. Iş ýörediş möhletlerini hasaplamak

1. Şu Kodeksde bellenen möhletler sagatlar, gije-gündizler, aýlar we ýyllar bilen hasaplanylýar.

2. Möhletler hasaplanylanda, möhletleriň başlanýan sagady we gije-gündizi hasaba alynmaýar. Bu düzgün tutup saklamak amala aşyrylanda möhletleri hasaplamaga degişli däldir.

3. Möhletler gije-gündizler bilen hasaplanylanda, möhlet iň soňky gije-gündizde sagat ýigrimi dörtde gutarýar.

4. Möhletler aýlar bilen hasaplanylanda, möhlet iň soňky aýyň degişli gününde gutarýar, eger şol aýyň oňa degişli güni ýok bolsa, möhlet şol aýyň iň soňky gije-gündizinde gutarýar.

5. Eger möhletiň gutarmagy iş gününden başga güne düşýän bolsa, onda tutup saklamagyň, tussaglykda saklamagyň we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagyň möhletlerini hasaplamakdan beýleki ýagdaýlarda möhletiň iň soňky güni diýlip, şonuň yzyndan gelýän birinji iş güni hasaplanylýar.

6. Adam jenaýat etmekde güman edilip tutulyp saklananda, möhlet bu çäräniň ulanylyp başlanan pursadyndan hasaplanylýar.

7. Eger şikaýatnama ýa-da başga resminama möhlet geçmänkä aragatnaşyk edarasyna tabşyrylan bolsa, tussaglykda saklanylýan adamlar barada - eger şikaýatnama ýa-da başga resminama möhlet geçmänkä tussaghananyň ýolbaşçylygyna tabşyrylan bolsa, lukmançylyk häsiýetindäki mejbury çäreler ulanylýan adamlar barada bolsa - eger şikaýatnama ýa-da başga resminama möhlet geçmänkä degişli lukmançylyk edarasynyň ýolbaşçylygyna tabşyrylan bolsa, möhlet geçmedik diýlip hasap edilýär.

### 51-nji madda. Möhleti geçirmegiň netijeleri we ony dikeltmegiň tertibi

1. Möhleti geçenden soň amala aşyrylan iş ýörediş hereketleri hakyky däl diýlip hasap edilýär.

2. Esasly sebäplere görä geçirilen möhlet gyzyklanýan degişli adamyň haýyşy boýunça anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen dikeldilmelidir. Şunda möhlet ony geçiren adam üçin dikeldilýär, eger jenaýat işini alyp barýan edaranyň degişli kararynda ýa-da kazyýetiň kesgitnamasynda göz öňünde tutulmadyk bolsa, ol başga adamlar üçin dikeldilmeýär.

3. Bellenilen möhleti geçirmek bilen şikaýat edilen çözgüdiň ýerine ýetirilmegi gyzyklanýan degişli adamyň haýyşy boýunça geçirilen möhleti dikeltmek hakyndaky mesele çözülýänçä togtadylyp bilner.

4. Möhleti dikeltmekden ýüz döndermek barada şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde şikaýat edilip ýa-da oňa teklipnama getirilip bilner.

## Ikinji bölüm
## Jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan edaralar we adamlar

## 7-nji bap. Kazyýet we kazyýete degişlilik

### 52-nji madda. Kazyýet

1. Kazyýet - kazyýet häkimiýetiniň edarasy bolup, ol jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetligi amala aşyrýar.

2. Her bir jenaýat işi kazyýetiň diňe kanuny, garaşsyz, ygtyýarly, tarapgöýsüz düzümi tarapyndan şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda seredilip bilner.

3. Türkmenistanda jenaýat işleri boýunça adyl kazyýetlik Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, welaýat kazyýetleri, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri, etrap we etrap hukukly şäher kazyýetleri tarapyndan amala aşyrylýar.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**53-nji madda. Kazyýetiň düzümi**

1. Jenaýat işlerine ähli kazyýetlerde kanun boýunça bellenilen kazylar we degişli tertipde saýlanan ýa-da bellenen kazyýetiň oturdaşlary tarapyndan seredilýär.
2. Birinji basgançakly kazyýetlerde jenaýat işleriň seredilmegi uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça ( kämillik ýaşyna ýetmedikleriň eden jenaýatlaryndan başgasy) kazynyň ýekeliginde, galanlary bolsa kazydan we kazyýetiň iki oturdaşyndan ybarat düzümde amala aşyrylýar.
3. Adyl kazyýetlik amala aşyrylan mahalynda kazyýetiň oturdaşlary kazynyň hukuklaryndan deň derejede peýdalanýarlar. Kazyýetiň oturdaşlary kazyýet mejlisinde jenaýat işine seredilende we höküm çykarylanda ýüze çykýan ähli meseleleri çözmekde geňeşli seretmek ýörelgelerine esaslanyp, kazyýet mejlisinde başlyklyk ediji bilen deň hukuklardan peýdalanýarlar.
4. Işe nägilelik tertibinde, gözegçilik tertibinde we täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütlerine gaýtadan seretmek azyndan üç kazydan ybarat düzümde amala aşyrylýar.
5. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy işlere onuň düzüminiň azyndan üçden iki bölegi gatnaşan mahalynda seredýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**54-nji madda. Kazyýetiň düzüminiň üýtgewsizligi**

1. Her bir işe kazylaryň hut şol bir düzümi seretmelidir. Eger kazylaryň haýsydyr biriniň mejlise gatnaşmagyny dowam etmegi mümkin bolmasa, ol başga kazy bilen çalşyrylýar we şu Kodeksiň 55-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda işi seljermek başdan başlanmalydyr.
2. Başlyklyk ediji kazyýetiň düzüminden çykyp giden halatynda işi seljermek gaýra goýulýar.

**55-nji madda. Kazyýetiň ätiýaçdaky oturdaşy**

1. Kazyýetde seljerilmegi uzak wagty talap edýän jenaýat işi boýunça kazyýetiň kesgitnamasy bilen kazyýet mejlisine kazyýetiň ätiýaçdaky oturdaşy çagyrylyp bilner. Kazyýetiň ätiýaçdaky oturdaşy şol işiň seljerilmeginiň başyndan başlap kazyýet mejlishanasynda bolýar we kazyýetiň düzüminden kazyýetiň oturdaşy çykyp giden mahalynda onuň ornuny tutýar.
2. Eger kazyýetiň çykyp giden oturdaşynyň ýerine gelen ätiýaçdaky oturdaş özüniň gatnaşmazlygynda geçirilen kazyýet hereketleriniň täzeden gaýtalanmagyny talap etmese, onda ol şol hereketler barasynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýazgysy bilen tanyşdyrmak bilen işi seljermek dowam edilýär.

**56-njy madda. Kazyýetiň ygtyýarlary**

1. Kazyýet häkimiýetini ýörediji hökmünde kazyýetiň ygtyýarlary kanun tarapyndan kesgitlenýär.

2. Şu aşakdakylara diňe kazyýet haklydyr:

1) adamy jenaýaty etmekde günäkär diýip bilmäge we oňa jeza bellemäge;

2) adamy bigünä diýip bilmäge we ol barasynda aklaw hökümini çykarmaga;

3) adama lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ýa-da terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmaga;

4) kazyýet çözgüdini sökmäge ýa-da üýtgetmäge.

3. Eger işe seredilende jenaýatyň amala aşyrylmagyna, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň bozulmagyna ýol açan sebäpler we şertler, şeýle hem anyklaýyş, deslapky derňew döwründe ýa-da aşaky kazyýet tarapyndan işe seredilende goýberilen kanun bozulmalar ýüze çykarylan bolsa, kazyýet hususy kesgitnama çykarýar. Hususy kesgitnamada kazyýet, zerur çäreleriň görülmegini talap edýän görkezilen ýagdaýlara we kanun bozulmalara degişli guramalaryň, wezipeli adamlaryň ýa-da dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýän adamlaryň ünsüni çekýär. Eger ýüze çykarylan hukuk bozulmalary kanun boýunça administratiw jogapkärçiligine eltýän bolsa, onda kazyýet jenaýat işi boýunça çykarylan çözgüt bilen birlikde Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyna laýyklykda, şol hukuk bozulmalary üçin günäkär bolan, ýöne şol bir iş boýunça aýyplaw hökümi çykarylanlardan başga fiziki şahsa ýa-da ýuridik şahsyň ýolbaşçylaryna administratiw temmisini bermäge ýa-da şol temmini ulanmak barada degişli edaralaryň öňünde mesele goýmaga haklydyr.

4. Kazyýet zerur hasap eden mahalynda başga halatlarda-da hususy kesgitnama çykarmaga, şeýle hem şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda administratiw temmisini bermäge haklydyr.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

### 57-nji madda. Kazy

1. Kazy öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde, bellenilen tertipde bir özi ýa-da kazyýet oturdaşlary bilen bilelikde işe seredýär, kazyýet mejlisini taýýarlamakda ýa-da onuň hökümininiň we beýleki çözgütleriniň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekde görkezme beriji hereketleri amala aşyrýar we şunda kazyýetiň ygtyýarlaryndan peýdalanýar.

2. Kazyýet kollegiýasynyň düzüminde işe seredýän kazy seredilýän iş bilen baglylykda ýüze çykýan meseleler çözülende başlyklyk ediji we beýleki kazylar bilen deň hukuklardan peýdalanýar.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda).*

### 58-nji madda. Iş boýunça başlyklyk ediji

1. Jenaýat işine kazyýet kollegiýasynyň düzüminde seredilende kazyýetiň başlygy, kazyýet kollegiýasynyň başlygy ýa-da kanunda göz öňünde tutulan tertipde ygtyýarlandyrylan kazylaryň biri başlyklyk edýär. Işe iki oturdaş bilen bilelikde seredýän kazy başlyklyk ediji hasaplanylýar. Kazynyň ýekelikde seredýän işleri boýunça ol başlyklyk ediji hasaplanýar.

2. Başlyklyk ediji kazyýet mejlisiniň gidişine ýolbaşçylyk edýär, jenaýat işiniň adalatly seredilmegini we şu Kodeksde göz öňünde tutulan beýleki talaplaryň berjaý edilmegini üpjün edýär.

3. Kazyýet mejlisinde başlyklyk edijiniň buýruklary iş ýöredişe gatnaşyjylaryň we kazyýet mejlishanasyndaky beýleki adamlaryň ählisi üçin hökmanydyr.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda).*

**59-njy madda. Kazyýet mejlisiniň kätibi**

1. Kazyýet mejlisiniň kätibi kazyýet mejlisiniň we serenjam mejlisiniň teswirnamasyny ýöredýär hem-de teswirnamada ýazylanlaryň hemmesiniň kazyýet seljerişi wagtynda bolup geçýän ýagdaýlara takyk laýyk gelmegine jogapkärdir.

2. Kazyýet mejlisiniň kätibi şu Kodeksiň 103-nji maddasynda görkezilen esaslar boýunça we tertipde ynanmazlyk bildirilmäge degişlidir. Emma kätip hökmünde onuň ozal hem şol işe gatnaşmagy ynanmazlyk bildirmek üçin esas bolup bilmez.

3. Kazyýet mejlisiniň kätibine ynanmazlyk bildirilen mahalynda kazyýet onuň düşündirişini we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň pikirini diňleýär, şondan soň ynanmazlyk bildirmek hakyndaky mesele kazyýet tarapyndan maslahat otagynda çözülýär. Kazyýet mejlisiniň kätibine bildirilen ynanmazlyk kanagatlandyrylan halatynda kazyýet mejlisi täzeden başlanmaga degişlidir.

**60-njy madda. Işleriň etrap, etrap hukukly şäher kazyýetinde seredilmäge degişliligi**

1. Etrap, etrap hukukly şäher kazyýeti birinji basgançakly kazyýet hökmünde hereket edýär.

2. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň seretmegine degişli işlerden başga jenaýat işleriniň hemmesi etrap, etrap hukukly şäher kazyýetinde seredilmäge degişlidir.

Etrap, etrap hukukly şäher kazyýetinde seredilmäge degişli bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen bagly we maşgala gatnaşyklaryndan gelip çykýan jenaýat işlerine maşgala işleri boýunça kazy tarapyndan seredilýär.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**61-nji madda. Işleriň welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetinde seredilmäge degişliligi**

1. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýeti birinji, ikinji

we gözegçilik basgançakly kazyýet hökmünde hereket edýärler.

2. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101-nji maddasynyň ikinji böleginde, 124-nji, 128-nji we 129-njy maddalarynda, 132-nji maddasynyň üçünji böleginde, 133-nji maddasynyň dördünji böleginde, 165-172-nji, 174-nji, 176-njy, 179-195-nji maddalarynda, 197-nji maddasynyň ikinji böleginde, 203-nji maddasynyň üçünji böleginde, 208-211-nji maddalarynda, 231-nji, 234-nji, 274-nji maddalarynda, 276-njy maddasynyň üçünji we dördünji bölekleriinde, 293-nji, 294-nji, 301-nji, 304-nji, 306-308-nji maddalarynda, 327-nji maddasynyň üçünji böleginde, 329-njy maddasynyň dördünji böleginde, 363-nji maddasynyň ikinji, üçünji we dördünji böleklerinde, 367-nji, 371-nji maddalarynda, 391-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan jenaýat işleri, şeýle hem döwlet wezipeli adamlary we kazyýetiň oturdaşlary tarapyndan edilen jenaýatlar baradaky jenaýat işleri welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň birinji basgançakly kazyýet hökmünde seretmegine degişlidir.

*(2011-nji ýylyň 4-nji awgustyndaky, 2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky, 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 3, 56-njy madda; 2014 ý., № 1, 41-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**62-nji madda. Işleriň Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde seredilmäge degişliligi**

1. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti birinji, ikinji we gözegçilik basgançakly kazyýet hökmünde hereket edýär.

2. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň seretmegine onuň hut öz başlangyjy boýunça önümçiligine kabul eden aýratyn çylşyrymly ýa-da jemgyýetçilik taýdan aýratyn ähmiýetli jenaýat işleri, şeýle hem kazylar tarapyndan edilen jenaýatlar hakyndaky, şonuň ýaly-da kanunda görkezilen beýleki işler degişlidir.

*(2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 1, 41-nji madda).*

**63-nji madda. Aşaky kazyýetde seredilmäge degişli jenaýat işini ýokarky kazyýetiň öz önümçiligine almak hukugy**

Ýokarky kazyýet aşaky kazyýetiň seretmegine degişli her bir jenaýat işini birinji basgançakly kazyýet hökmünde öz önümçiligine almaga haklydyr.

**64-nji madda. Jenaýat işiniň çäkler boýunça seredilmäge degişliligi**

1. Jenaýat haýsy kazyýetiň iş çäginde edilen bolsa, şol kazyýetiň seretmegine degişlidir. Eger jenaýatyň edilen ýerini kesgitlemek mümkin bolmasa, iş boýunça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew haýsy kazyýetiň iş çäginde tamamlanylan bolsa, iş şol kazyýetde seredilmäge degişlidir.

2. Arasy üzülmeýän we dowam edýän jenaýatlar wagtynda, haýsy kazyýetiň iş

çäginde jenaýat gutaran ýa-da öňi alnan bolsa, iş şol kazyýetde seredilmäge degişlidir.

**65-nji madda. Deň derejeli kazyýetleriň seretmegine degişli işler birleşdirilende işiň kazyýetde seredilmäge degişliligi**

Haýsydyr bir esaslara görä birwagtyň özünde deň derejeli kazyýetleriň birnäçesiniň seretmegine degişli bolan işe anyklaýyş ýa-da deslapky derňew haýsy kazyýetiň iş çäginde tamamlanylan bolsa, iş şol kazyýetde seredilmäge degişlidir.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**66-njy madda. Ady başga kazyýetleriň seretmegine degişli işler birleşdirilende işiň kazyýetde seredilmäge degişliligi**

Bir adam ýa-da adamlaryň topary birnäçe jenaýatlary etmekde aýyplanyp, bular hakyndaky işler ady başga kazyýetleriň seretmegine degişli bolan mahalynda, ähli jenaýatlar hakyndaky işe şol kazyýetleriň ýokarkysy tarapyndan seredilýär.

**67-nji madda. Işi degişli kazyýetinden alyp başga kazyýete bermek**

1. Aýry-aýry halatlarda jenaýat işine has doly, çalt we dogry seretmek maksady bilen ol özüniň degişli bolan kazyýetinden başga kazyýete, ýagny jenaýatyň ýüze çykarylan ýa-da onuň netijeleriniň emele gelen, şeýle hem aýyplanýanyň ýa-da şaýatlaryň köpüsiniň bolýan ýerindäki kazyýete berlip bilner. Işiň şol esaslar boýunça başga kazyýete berilmegine diňe kazyýet mejlisinde oňa seretmäge başlanmazyndan öň ýol berilýär.

2. Işi başga kazyýete bermek meselesi ýokarky kazyýetiň başlygy tarapyndan, işi bir welaýatyň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäheriň, etrap, etrap hukukly şäher kazyýetinden beýleki welaýatyň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäheriň, etrap, etrap hukukly şäher kazyýetine bermek meselesi bolsa Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy tarapyndan çözülýär.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**68-nji madda. Jenaýat işini degişli kazyýetine bermek**

1. Kazyýet gowşan jenaýat işiniň şol kazyýetiň seretmegine degişli däldigini serenjam mejlisinde anyklandan soň, ony degişliligi boýunça iberýär.

2. Kazyýet öz önümçiligindäki işiň edil özi ýaly başga kazyýetiň seretmegine degişlidigini anyklan mahalynda, eger ol öz kazyýet mejlisinde şol işe seretmäge girişen bolsa, diňe şonda ony özüniň önümçiliginde galdyrmaga haklydyr. Ýöne, eger iş ýokarky kazyýetde seredilmäge degişli bolsa, onda ol iş ähli halatlarda öz degişliligi boýunça iberilmelidir.

3. Ýokarky kazyýetiň mejlisinde seredilip başlanan işiň aşaky kazyýete

berilmegine ýol berilmeýär.

**69-njy madda. Işiň haýsy kazyýete degişliligi hakyndaky jedellere ýolberilmesizligi**

1. Işiň haýsy kazyýete degişliligi hakynda kazyýetleriň arasynda jedellere ýol berilmeýär. Şeýle jedeller ýüze çykan halatynda işiň haýsy kazyýete degişliligi baradaky mesele ýokarky kazyýet tarapyndan çözülýär. Onuň çözgüdi gutarnyklydyr we şikaýat edilmäge degişli däldir.

2. Şu Kodeksiň 67-nji we 68-nji maddalarynda bellenen tertipde bir kazyýetden başga kazyýete iberilen her bir iş onuň iberilen kazyýeti tarapyndan önümçilige gürrüňsiz kabul edilmelidir.

**70-nji madda. Kazyýetleriň işine Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň gözegçiligi**

Türkmenistanyň çäklerinde hereket edýän ähli kazyýetleriň işine kazyýet gözegçiligini şu Kodeksde bellenen tertipde Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti amala aşyrýar.

## 8-nji bap. Jenaýat yzarlaýyş wezipesini amala aşyrýan edaralar we wezipeli adamlar

**71-nji madda. Prokuror**

Prokuror öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde jenaýat işleriniň kanuna laýyk gozgalmagyny üpjün edýär hem-de dessin-agtaryş, anyklaýyş we deslapky derňew edaralary tarapyndan iş ýörediş hereketleri geçirilen mahalynda kanunlaryň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrýan wezipeli adamdyr.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

**72-nji madda. Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilikde prokuror gözegçiligi**

1. Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilikde kanunlaryň takyk hem birmeňzeş ýerine ýetirilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Baş prokurory hem-de oňa tabyn prokurorlar amala aşyrýarlar.

2. Prokuror jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçiligiň dowamynda kanunyň kim tarapyndan bozulýandygyna garamazdan, kanunyň her hili bozulmalaryny ýok etmek üçin kanunda göz öňünde tutulan çäreleri öz wagtynda görmäge borçludyr.

3. Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilikde prokuror öz ygtyýarlaryny hiç hili edaralara hem-de wezipeli adamlara garaşsyzlykda, diňe kanuna tabyn bolmak bilen amala aşyrýar.

4. Prokuroryň kanunalaýyk çykaran çözgütlerini ýerine ýetirmek ähli edaralar,

kärhanalar, guramalar, wezipeli adamlar, raýatlar üçin hökmanydyr.

**73-nji madda. Sülçi**

Sülçi jenaýat işleri boýunça deslapky derňewi öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde geçirmäge we şu Kodeksde göz öňünde tutulan beýleki ygtyýarlary amala aşyrmaga ygtyýarlandyrylan wezipeli adamdyr.

**74-nji madda. Sülçiniň ygtyýarlary**

1. Sülçi degişli dolandyryş çäklerinde jenaýat işini gozgamaga, ol boýunça deslapky derňewi geçirmäge we şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde ähli derňew hereketlerini ýerine ýetirmäge haklydyr.

2. Prokuroryň sanksiýasyny almak kanunda göz öňünde tutulan halatlardan başga wagtda sülçi deslapky derňew geçirilende, derňewiň ugry hakynda we derňew hereketlerini geçirmek hakynda hemme çözgütleri özbaşdak kabul edýär we olaryň kanunalaýyk hem-de öz wagtynda ýerine ýetirilmegine doly jogapkärçilik çekýär.

3. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky, edilen jenaýatly etmişi maddalaşdyrmak we ýüklenýän aýybyň möçberi hakyndaky, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek üçin işi kazyýete ibermek ýa-da işi şu Kodeksde bellenen tertipde ýatyrmak hakyndaky prokuroryň görkezmeleri bilen sülçi razylaşmadyk halatynda, ol öz närazylyklaryny ýazmaça beýan edip, işi ýokarky prokurora bermäge haklydyr. Şunuň ýaly bolanda ýokarky prokuror aşaky prokuroryň görkezmelerini ýatyrýar ýa-da şol iş boýunça derňew geçirmegi başga sülçä tabşyrýar.

4. Deslapky derňew geçirmek hökman bolan işler boýunça sülçi, anyklaýyş edaralarynyň şu Kodeksiň 235-nji maddasynda göz öňünde tutulan hereketleri ýerine ýetirmegine garaşmazdan, deslapky derňewi geçirmäge islendik pursatda girişmäge haklydyr.

5. Sülçi jenaýat etmekde güman edilýäni şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde we esaslarda tutup saklamaga hem-de ondan sorag etmäge haklydyr.

6. Sülçi özüniň derňeýän işleri boýunça gözleg hem-de derňew hereketlerini geçirmek hakynda anyklaýyş edaralaryna tabşyryk we görkezme bermäge hem-de aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmegi anyklaýyş edaralaryndan talap etmäge haklydyr. Sülçiniň şeýle tabşyryklary we görkezmeleri anyklaýyş edaralary üçin hökmanydyr.

7. Sülçiniň öz önümçiligindäki derňeýän jenaýat işi boýunça kanuna laýyklykda çykaran kararlaryny ähli edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň, wezipeli adamlaryň we raýatlaryň ýerine ýetirmegi hökmanydyr.

**75-nji madda. Derňew bölüminiň müdiriniň ygtyýarlary**

1. Derňew bölüminiň müdiri derňewi geçirmegi sülçä tabşyrýar, jenaýatlaryň üstüni açmak we öňüni almak boýunça derňew hereketlerini sülçüleriň öz wagtynda geçirmegine gözegçilik edýär, jenaýat işleri boýunça deslapky derňewiň has doly,

hemmetaraplaýyn we dogry geçirilmegi üçin çäreler görýär.

2. Derňew bölüminiň müdiri jenaýat işlerini barlamaga, deslapky derňew geçirmek hakynda, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek, edilen jenaýatly etmişi maddalaşdyrmak we ýüklenýän aýybyň möçberi hakynda, işi ibermek hakynda, şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde işi ýatyrmak hakynda, aýry-aýry derňew hereketlerini geçirmek hakynda sülçä görkezmeler bermäge, işi bir sülçüden alyp başga sülçä bermäge, işi derňemegi birnäçe sülçä tabşyrmaga, şeýle hem deslapky derňew geçirilende oňa gatnaşmaga we sülçiniň ygtyýarlyklaryndan peýdalanyp, hut özi deslapky derňew geçirmäge haklydyr.

3. Jenaýat işi boýunça derňew bölüminiň müdiriniň görkezmeleri sülçä ýazmaça görnüşde berilýär we olar hökman ýerine ýetirilmelidir.

4. Şu Kodeksiň 74-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda, alnan görkezmeler barada prokurora şikaýat edilmegi şol görkezmeleriň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

5. Prokuroryň şu Kodeksde bellenen düzgünlere laýyklykda jenaýat işleri boýunça beren görkezmeleri derňew bölüminiň müdiri üçin hökmanydyr. Şol görkezmeler barada ýokarky prokurora şikaýat edilmegi olaryň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda*).

### 76-njy madda. Anyklaýyş edaralary

Anyklaýyş edaralary şu aşakdakylardyr:

1) içeri işler edaralary – kanun arkaly özleriniň ygtyýarlyklaryna degişli edilen işler boýunça;

2) harby bölümleriň, birikmeleriň serkerdeleri we harby edaralaryň ýolbaşçylary - özlerine tabyn harby gullukçylaryň eden ähli jenaýatlary hem-de harby borçlularyň ýygnanyşyklar geçýän wagtlarynda eden ähli jenaýatlary hakyndaky işler boýunça, harby edaralarda we harby bölümlerde işleýän harby gullukçy däl adamlaryň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglylykda eden ýa-da harby bölümleriň, birikmeleriň we edaralaryň ýerleşýän ýerinde eden jenaýatlary hakyndaky işler boýunça;

3) milli howpsuzlyk edaralary - kanun arkaly özleriniň ygtyýarlygyna degişli edilen işler boýunça;

4) Döwlet serhet gullugynyň bölümleriniň we birikmeleriniň serkerdeleri - Türkmenistanyň Döwlet serhedi hakyndaky kanunçylygynyň bozulmagy bilen baglanyşykly işler boýunça;

5) Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hereket edýän deňiz, derýa ýa-da howa ulaglarynyň ýolbaşçylary - şol ulaglarda edilen jenaýatlar hakyndaky işler boýunça;

6) gümrük edaralary – kontrabanda we gümrük töleglerini tölemekden boýun gaçyrmak hakyndaky işler boýunça;

7) Türkmenistanyň Migrasiýa gullugy - daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmeginiň, ondan gitmeginiň we onda bolmagynyň düzgünleriniň bozulmagy hakyndaky işler boýunça;

8) Türkmenistanyň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we beýleki resmi wekilhanalarynyň ýolbaşçylary - görkezilen wekilhanalaryň we edaralaryň ýerleşýän ýerinde edilen jenaýatlar hakyndaky işler boýunça.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky, 2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2016 ý., № 1, 65-nji madda; 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2019 ý., № 1, 8-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 77-nji madda. Anyklaýyş edaralarynyň ygtyýarlary

1. Jenaýatlaryň üstüni açmak we olary eden adamlary ýüze çykarmak maksady bilen, anyklaýyş edaralarynyň üstüne zerur bolan dessin-agtaryş çärelerini görmek, şol sanda wideoýazgylary, kinofotosuratlary, ses ýazgylaryny ulanmak şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda anyklaýjy, sülçi ýa-da kazyýet tarapyndan gözden geçirilenden we barlanandan soň jenaýat işi boýunça subutnama hökmünde ulanyp boljak hakykat ýüzündäki maglumatlary aýdyňlaşdyrmak wezipesi ýüklenilýär.

2. Anyklaýyş edaralarynyň üstüne jenaýatlaryň öňüni almak we olary ätiýaçlandyrmak üçin zerur çäreleriň hemmesini görmek wezipesi hem ýüklenilýär.

3. Anyklaýyş edaralarynyň işi olaryň deslapky derňew geçirilmegi hökman bolan işler boýunça ýa-da deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça hereket edýändikleri bilen baglylykda tapawutlandyrylýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

### 78-nji madda. Anyklaýjy

Anyklaýjy şu Kodeksiň 76-njy maddasynda görkezilen anyklaýyş edaralary tarapyndan jenaýat işleri boýunça kazyýete çenli önümçiligi öz ygtyýarlylygynyň çäginde amala aşyrmaga ygtyýarlandyrylan wezipeli adamdyr.

## 9-njy bap. Özüniň ýa-da wekilçilik edýänleriniň hukuklaryny we bähbitlerini goraýan iş ýöredişe gatnaşyjylar

### 79-njy madda. Güman edilýän, onuň hukuklary we borçlary

1. Şu Kodeksde bellenilen esaslarda we tertipde jenaýat etmekde güman edilip, ol barada jenaýat işi gozgalan, ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan ýa-da tutulyp saklanylan adam güman edilýän diýlip bilinýär.

2. Jenaýat yzarlaýyş edarasy güman edilýän hökmünde tutulyp saklanylan adamy 72 sagatdan artyk, tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan güman edilýän adamy bolsa – tutulyp saklanan pursadyndan beýläk on gije-gündizden artyk saklap bilmez.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde bellenen möhletleriň geçmeli pursadyna çenli jenaýat yzarlaýyş edarasy güman edilýäni tussaglykdan boşatmalydyr we ol barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmalydyr ýa-da onuň aýyplanýan hökmünde

jenaýat jogapkärçiligine çekilýändigi hakynda karar çykarmalydyr.

4. Güman etmek ýeterlik derejede esaslandyrylmadyk diýip tapan halatynda jenaýat yzarlaýyş edarasy güman edilýäni şu maddanyň ikinji böleginde bellenen möhletler geçmezden öň tussaglykdan boşatmalydyr we ol barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmalydyr.

5. Güman edilýäniň şu aşakdaky hukuklary bardyr:

1) özüniň nämede güman edilýändigini bilmäge we öz garşysyna jenaýat işiniň gozgalandygy hakyndaky karar ýa-da tutup saklamagyň teswirnamasy ýa ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap almak hakyndaky karar bilen tanyşmaga;

2) ýüze çykan güman etmäniň düýp manysy, şeýle hem iş boýunça beýleki ýagdaýlar barada görkezme bermäge ýa-da görkezme bermekden ýüz döndermäge;

3) subutnamalary getirmäge;

4) haýyşlaryny bildirmäge;

5) ene dilinde ýa-da özüniň bilýän dilinde görkezme bermäge we terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmaga;

6) görkezmelerini öz eli bilen ýazyp beýan etmäge;

7) sorag edilende ses we wideoýazgysynyň ulanylmagyny haýyş etmäge;

8) adwokat tutunmaga, kanunda göz öňünde tutulan halatynda mugt hukuk kömegini almaga ýa-da adwokatdan ýüz döndermäge;

9) maşgala agzalaryna, ýakyn garyndaşlaryna ýa-da işleýän ýerine özüniň tussaglykda saklanylýan ýeri hakynda habar berilmegine;

10) özüniň, adwokatyň ýa-da kanuny wekiliniň haýyşy boýunça geçirilýän derňew hereketlerine gatnaşmaga;

11) öz gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga we olara bellikler bermäge;

12) ynanmazlyk bildirmäge;

13) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň hereketleri (hereketsizligi) we çözgütleri barada şikaýat etmäge;

14) adwokatyň işe gatnaşmaga goýberilen pursadyndan başlap, onuň bilen sany we dowamlylygy çäklendirilmedik, ikiçäk we ýaşyrynlygy saklamak şertlerinde duşuşmaga;

15) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bilermenler seljermesini bellemek hakyndaky karary (kesgitnamasy) we bilermenleriň netijenamasy bilen tanyşmaga.

6. Güman edilýän şu aşakdakylara borçludyr:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň kanuny talaplaryna tabyn bolmaga;

3) jenaýat yzarlaýyş edarasy zerur diýip tapan halatynda derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga.

7. Güman edilýän şonuň ýaly-da şu Kodeksde göz öňünde tutulan beýleki hukuklara eýedir we beýleki borçlary ýerine ýetirmäge jogapkärdir.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**80-nji madda. Aýyplanýan, onuň hukuklary we borçlary**

1. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda şu Kodeksde bellenen tertipde özi barada karar çykarylan adam aýyplanýan diýlip hasap edilýär. Kazyýet mejlisinde seretmek üçin iberilen iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda meselesi çözülen aýyplanýan işi kazyýete berlen diýlip, işi kazyýet seljerişinde seredilýän aýyplanýan bolsa kazyýetde işi seredilýän diýlip atlandyrylýar. Aýyplanýandygy barada aýyplaw hökümi çykarylan adam iş kesilen diýlip, özi barada aklaw hökümi çykarylan aýyplanýan adam bolsa, aklanan diýlip atlandyrylýar.

2. Aýyplanýan şu aşakdaky hukuklara eýedir:

1) nämede aýyplanýandygyny bilmäge we aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilendigi hakyndaky karar bilen tanyşmaga;

2) maşgala agzalaryna, ýakyn garyndaşlaryna ýa-da işleýän ýerine tussaglykda saklanylýan ýeri hakynda habar berilmegine;

3) özüniň ýa-da adwokatynyň ýa-da kanuny wekiliniň haýyşy boýunça geçirilýän derňew hereketlerine gatnaşmaga;

4) özüniň ýa-da adwokatynyň ýa-da kanuny wekiliniň gatnaşmagynda geçirilen derňew we beýleki iş ýörediş hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga we olara bellikler etmäge;

5) bildirilen aýyp boýunça, şeýle hem işiň beýleki ýagdaýlary we işde bar bolan subutnamalar boýunça görkezme bermäge ýa-da görkezme bermekden ýüz döndermäge;

6) subutnamalary getirmäge;

7) haýyşlary bildirmäge;

8) ene dilinde ýa-da özüniň bilýän dilinde görkezme bermäge we terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmaga;

9) görkezmelerini öz eli bilen ýazyp beýan etmäge;

10) sorag edilende ses we wideoýazgysynyň ulanylmagyny haýyş etmäge;

11) adwokat tutunmaga, kanunda göz öňünde tutulan halatynda mugt hukuk kömegini almaga ýa-da adwokatdan ýüz döndermäge, özüni özbaşdak aklamaga;

12) adwokatyň işe gatnaşmaga goýberilen pursadyndan başlap, onuň bilen sany we dowamlylygy çäklendirilmedik, ikiçäk we ýaşyrynlygy saklamak şertlerinde duşuşyklarda bolmaga;

13) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bilermenler seljermesini bellemek hakyndaky karary (kesgitnamasy) we bilermenleriň netijenamasy bilen tanyşmaga;

14) anyklaýyş ýa-da deslapky derňew tamamlanandan soň işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga;

15) ynanmazlyk bildirmäge;

16) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň hereketiniň (hereketsizliginiň) we kabul eden çözgüdiniň üstünden şikaýat etmäge.

3. Aýyplanýan şu aşakdakylara borçludyr:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň kanuny talaplaryna tabyn bolmaga;

3) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň zerur diýip tapan halatynda derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga.

4. Kämillik ýaşyna ýetmedik ýa-da akyly ýerinde dällik ýagdaýynda jenaýat

etmekde aýyplanýanyň hukuklaryny şu Kodeksde bellenen tertipde onuň kanuny wekili amala aşyrýar. Ýöne adwokatyň ýa-da kanuny wekiliň işe gatnaşmagy aýyplanýanyň haýsy-da bolsa bir hukugyny çäklendirmäge ýa-da ondan mahrum etmäge esas bolup bilmez.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 81-nji madda. Jenaýat kazyýet önümçiligine adwokatyň gatnaşmagy

1. Adamyň güman edilýän hökmünde sorag edilen, jenaýat etmekde güman edilip tutulyp saklanylan, aýyp bildirilen pursadyndan ýa-da aýyp bildirilýänçä ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan halatynda bolsa, tutulyp saklanylan ýa-da tussag edilen pursadyndan başlap ýigrimi dört sagatdan gijä goýman şol adama tutup saklamagyň teswirnamasynyň ýa-da şol ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylandygy hakyndaky kararyň yglan edilen pursadyndan başlap adwokat işe gatnaşmaga goýberilýär.

2. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň ýa-da jebir çekeniň kanuny bähbitlerini goraýan hökmünde adwokatlar, şeýle hem jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri - şu birleşikleriň agzalarynyň işleri boýunça çykyş edip bilerler. Adwokat hökmünde kanuny bähbitleri goralýanyň ýakyn garyndaşlary we beýleki wekilleri hem işe gatnaşdyrylyp bilner.

3. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň birini aklamagyň bähbitleri beýlekileri aklamagyň bähbitlerine çapraz gelýän halatynda bir adwokat şol birwagtyň özünde olaryň ikisiniň ýa-da birnäçesiniň kanuny bähbitlerini gorap çykyş edip bilmez.

4. Adwokat işe gatnaşmak üçin güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tarapyndan, olaryň kanuny wekilleri, şeýle hem güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň tabşyrygy boýunça ýa-da olaryň razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylýar. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň haýyşy boýunça adwokatyň işe gatnaşmagy anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet tarapyndan üpjün edilýär.

5. Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tarapyndan saýlanyp alnan adwokatyň şu Kodeksde bellenen möhletde işe gatnaşmagy mümkin bolmadyk halatlarynda anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazyýet güman edilýäne, aýyplanýana ýa-da kazyýetde işi seredilýäne işe seretmek üçin başga adwokat teklip etmäge, ýa-da ýuridik maslahathanasynyň üsti bilen adwokat bellemäge haklydyr.

6. Ýuridik maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň kanuny bähbitlerini goramagy amala aşyrmak üçin adwokat ibermäge borçludyr. Adwokatyň hukuk kömeginiň tölegi şu Kodeksiň 200-nji maddasynda göz öňünde tutulýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

### 82-nji madda. Adwokatyň gatnaşmagynyň hökmanylygy

1. Anyklaýyş, deslapky derňew geçirilende we kazyýet seljerişinde şu aşakdaky işler boýunça adwokatyň gatnaşmagy hökmanydyr:

1) güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän bu barada haýyş eden mahalynda;

2) kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça;

3) lallaryň, kerleriň, körleriň we beden ýa-da akyl taýdan ýetmezçilikleri zerarly özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän adamlaryň işleri boýunça;

4) aýyplanýany ýatymlaýyn psihiatriýa bilermenler seljermesine ugratmak hakyndaky meselä seredilen mahalynda;

5) kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilini bilmeýänleriň we sowatsyzlaryň işleri boýunça;

6) goralýan bähbitleri biri-birine çapraz gelýän adamlaryň işleri boýunça, eger olaryň haýsydyr biriniň adwokaty bar bolsa;

7) anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet ýa-da kazy, jenaýat eden mahaly kämillik ýaşyna ýetmedik, ýöne anyklaýşyň, deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň işleri boýunça we şu bölegiň 3-nji bendinde görkezilen sebäplerden beýleki sebäplere görä özlerini goramak hukugyny özbaşdak amala aşyryp bilmeýän ýa-da amala aşyrmakda kynçylyk çekýän adamlaryň işleri boýunça adwokatyň işe gatnaşmagyny zerur hasap edende;

8) aýratyn agyr jenaýatlary etmekde güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän adamlaryň işleri boýunça;

9) aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan mahalynda;

10) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky işler boýunça;

11) işiň kazyýetde seljerilmegine döwlet aýyplaýjysy gatnaşanda.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-5-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda şu Kodeksiň 81-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen pursadyndan we şu maddanyň birinji böleginiň 6-8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda aýyp bildirilen pursadyndan, 10-njy bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýynda akyl taýdan näsaglygynyň ýüze çykarylan pursadyndan başlap adwokatyň işe gatnaşmagy hökmanydyr.

3. Adwokatyň işe hökmany gatnaşmaly ýagdaýlarynda adwokat güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň özi tarapyndan ýa-da onuň razylygy bilen başga adamlar tarapyndan çagyrylmadyk bolsa, onda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet ýa-da kazy işe adwokatyň gatnaşmagyny üpjün etmäge borçludyr.

4. Şu maddanyň birinji böleginiň 6, 8, 9, 11-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlarda adwokatdan ýüz dönderilmegi kabul edilip bilner.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**83-nji madda. Adwokatdan ýüz döndermek**

1. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän iş boýunça önümçiligiň islendik pursadynda adwokatdan ýüz döndermäge haklydyr. Şunuň ýaly ýüz

döndermäge güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň diňe öz başlangyjy boýunça ýol berilýär we munuň özi döwlet aýyplaýjysynyň, şonuň ýalyda beýleki güman edilýänleriň, aýyplanýanlaryň, kazyýetde işi seredilýänleriň adwokatlarynyň işe gatnaşmagyny dowam etmegi üçin päsgelçilik bolup bilmez.

2. Adwokatdan ýüz dönderilen halatynda anyklaýjy, sülçi we prokuror bu barada teswirnama düzýär, kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

3. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň maddy ýagdaýy sebäpli adwokatdan ýüz döndermegi kabul edilmeýär. Şu Kodeksiň 82-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-5, 7-nji we 10-njy bentlerinde görkezilen halatlarda olaryň adwokatyň kömeginden ýüz döndermegini kabul etmek anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet üçin hökman däldir.

4. Ozal bildirilen adwokatdan ýüz döndermek güman edilýäni, aýyplanýany, kazyýetde işi seredilýäni mundan beýläk adwokatyň gatnaşmagynda özüni aklamak hukugyndan mahrum etmeýär.

**84-nji madda. Adwokatyň hukuklary we borçlary**

1. Adwokat güman edilýäni, aýyplanýany ýa-da kazyýetde işi seredilýäni aklaýan ýa-da onuň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýagdaýlary ýüze çykarmak maksady bilen aklamagyň kanunda göz öňünde tutulan ähli serişdelerinden we usullaryndan peýdalanmaga hem-de olara zerur bolan hukuk kömegini bermäge borçludyr.

2. Işe gatnaşmaga goýberilen pursadyndan başlap, adwokatyň şu aşakdaky hukuklary bardyr:

1) güman edilýän, aýyplanýan sorag edilende, aýyp bildirilende, şeýle hem olaryň gatnaşmagynda geçirilýän beýleki derňew hereketlerine gatnaşmaga;

2) tutup saklamagyň teswirnamasy, ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak hakyndaky karar bilen tanyşmaga;

3) kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

4) subutnamalary getirmäge;

5) haýyşlary bildirmäge;

6) ynanmazlyk bildirmäge;

7) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri hem-de çözgütleri barada şikaýat etmäge.

3. Adwokat işe gatnaşmaga goýberilen pursadyndan başlap, tutulyp saklanylan ýa-da tussaglykda saklanylýan güman edilýän ýa-da aýyplanýan bilen sany we dowamlylygy çäklendirilmedik, ikiçäk we ýaşyryn duşuşyklara haklydyr.

4. Adwokat şu aşakdaky işler boýunça ähli materiallar bilen tanyşmaga we zerur bolan maglumatlary göçürip almaga haklydyr:

1) şu Kodeksiň 82-nji maddasynyň birinji böleginiň 2-3, 5 we 7-nji bentlerinde görkezilen aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilýänleriň işleri boýunça - aýyp bildirilen pursadyndan başlap;

2) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagy hakyndaky işler boýunça - şol adamyň akyl taýdan näsaglygy anyklanylan pursadyndan başlap;

3) beýleki işler boýunça - anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň razylygy

bilen, aýyp bildirilen pursadyndan başlap;

4) ähli işler boýunça - işiň hemme materiallary bilen aýyplanýanyň tanşan pursadyndan başlap.

5. Derňew hereketleri geçirilende işe gatnaşýan adwokatyň sorag edilýäne sowal bermäge, derňew hereketiniň teswirnamasynyň nädogrudygy ýa-da doly däldigi barada ýazmaça bellik etmäge haky bardyr.

6. Adwokatyň güman edilýäni, aýyplanýany, kazyýetde işi seredilýäni aklamak barada öz üstüne alan borjundan ýüz döndermäge haky ýokdur.

7. Adwokat öz aklaýan adamynyň bähbitleriniň garşysyna hiç hili hereket edip bilmez we onuň öz hukuklaryny amal etmegine päsgelçilik döredip bilmez.

8. Adwokatyň öz aklaýan adamynyň tabşyrygy bolmasa, aşakdaky iş ýörediş hereketlerini etmäge haky ýokdur:

1) öz aklaýan adamynyň jenaýaty etmekde günäkärdigi hakynda beýannama etmäge;

2) öz aklaýan adamynyň jebir çeken bilen ýaraşandygy hakynda beýannama etmäge;

3) raýat hak islegini ykrar etmäge;

4) öz aklaýan adamynyň beren şikaýatyny yzyna almaga;

5) öz aklaýan adamynyň kazyýetiň aýyplaw hökümi barada beren şikaýatyny yzyna almaga.

9. Adwokat şu aşakdakylara borçludyr:

1) güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak hem-de olara hukuk kömegini bermek üçin jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň kanuny buýrugy boýunça gelmäge;

3) hukuk kömegini bermek bilen baglylykda özüne mälim bolan maglumatlary, şonuň ýaly-da deslapky derňewiň we kazyýetiň ýapyk mejlisiniň maglumatlaryny aýan etmezlige.

**85-nji madda. Adwokatyň, jemgyýetçilik birleşiginiň wekiliniň işe jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň wekili hökmünde gatnaşmagyny aradan aýyrýan ýagdaýlar**

1. Eger işi alyp barmagy haýyş eden adamyň bähbidi öz bähbidine garşy gelýän adama adwokat, jemgyýetçilik birleşiginiň wekili şol iş boýunça hukuk kömegini berýän ýa-da ozal şeýle kömek beren bolsalar, ýa-da olar ozal anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, bilermen, hünärmen, terjimeçi, şaýat ýa-da güwä hökmünde gatnaşan bolsalar, şeýle hem eger işi derňemäge ýa-da oňa seretmäge adwokat bilen, jemgyýetçilik birleşiginiň wekili bilen garyndaşlyk gatnaşygy bolan wezipeli adam gatnaşýan bolsa, onda şol adwokatyň we wekiliň işe jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň wekili hökmünde gatnaşmaga haky ýokdur.

2. Adwokata, jemgyýetçilik birleşiginiň wekiline ynanmazlyk bildirmek hakyndaky mesele şu Kodeksiň 105-nji we 106-njy maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde çözülýär.

**86-njy madda. Jebir çeken**

1. Jenaýat netijesinde at-abraýyna, mertebesine esassyz we bikanun zyýan ýetirilen, şeýle hem beden ýa-da emläk taýdan zyýan ýetirilen adam jenaýat iş ýöredişde jebir çeken diýlip hasap edilýär.

2. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 113-nji maddasynda, 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça jebir çeken prokurora ýa-da içeri işler edaralaryna ýüz tutup biler. Görkezilen jenaýatlar hakyndaky işler boýunça kazyýet seljerişinde jebir çekeniň özi ýa-da öz wekiliniň üsti bilen aýyplawy goldamaga haky bardyr.

3. Jebir çeken diýip hasap etmek ýa-da şeýle hasap etmekden ýüz döndermek hakynda anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

4. Jenaýat zerarly jebir çeken diýlip bilnen adam şu aşakdakylara haklydyr:

1) iş boýunça ene dilinde ýa-da öz bilýän dilinde görkezmeler bermäge we terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmaga;

2) aýyplanýana bildirilen aýyp hakynda bilmäge;

3) özüniň gatnaşmagynda geçirilen derňew we beýleki iş ýörediş hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga, olar barada bellikleri getirmäge;

4) subutnamalar getirmäge;

5) haýyşyny aýtmaga;

6) deslapky derňewiň tamamlanan pursadyndan başlap işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga;

7) kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

8) ynanmazlyk bildirmäge;

9) özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge;

10) wekil tutunmaga we onuň ygtyýarlaryny ýatyrmaga;

11) kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikler getirmäge;

12) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň we kazyýetiň hereketleri we çözgütleri barada şikaýat etmäge;

13) kazynyň ýa-da kazyýetiň hökümi ýa-da kesgitnamasy (karary) barada şikaýat etmäge.

5. Jebir çekeniň ölmegine getiren jenaýatlar hakyndaky işler boýunça şu maddada göz öňünde tutulan hukuklara onuň ýakyn garyndaşlary eýe bolýarlar.

6. Jebir çeken şu aşakdakylara borçludyr:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) iş boýunça özüne mälim bolan ähli ýagdaýlary dogruçyl habar bermäge, berlen sowallara jogap bermäge;

3) iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlary aýan etmezlige;

4) derňew hereketleri geçirilende we kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenilen tertibi berjaý etmäge.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 87-nji madda. Raýat hak isleýjisi

1. Jenaýat zerarly maddy zyýan çeken fiziki şahs ýa-da ýuridik şahs jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda aýyplanýana ýa-da aýyplanýanyň hereketleri üçin maddy jogapkärçilik çekýän adamlara raýat hak islegini bildirmäge haklydyr, kazyýet bolsa oňa jenaýat işi bilen bilelikde seredýär.

2. Raýat hak isleýjisi diýip ykrar etmek ýa-da şeýle ykrar etmekden ýüz döndermek hakynda anyklaýjy, sülçi, prokuror ýa-da kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

3. Raýat hak isleýjisiniň ýa-da onuň wekiliniň şu aşakdakylara haky bardyr:

1) subutnamalary getirmäge;

2) haýyşyny aýtmaga;

3) kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

4) öz bildiren hak islegini üpjün ediş çäreleriniň görülmegi hakynda anyklaýyş edarasyndan, sülçiden we kazyýetden haýyş etmäge;

5) bildiren raýat hak islegini goldamaga;

6) deslapky derňew tamamlanan pursadyndan başlap işiň materiallary bilen tanyşmaga we olardan göçürmeler etmäge;

7) ynanmazlyk bildirmäge;

8) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge hem-de kazyýetiň hökümininiň ýa-da kesgitnamasynyň raýat hak islegine degişli bölegi barada şikaýat etmäge;

9) bildiren hak islegi boýunça ene dilinde ýa-da özüniň bilýän dilinde görkezmeler bermäge;

10) jenaýat işine goşmak üçin materiallar bermäge;

11) özüne ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge;

12) kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikler getirmäge.

4. Raýat hak isleýjisi şu Kodeksiň 86-njy maddasynyň altynjy böleginde göz öňünde tutulan borçlary ýerine ýetirmelidir.

5. Raýat hak isleýjisi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki hukuklara eýedir hem-de borçlary ýerine ýetirmelidir.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky we 2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda; 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

### 88-nji madda. Raýat jogap berijisi

1. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda bildirilen hak isleg bilen baglylykda jenaýatyň edilmegi netijesinde ýa-da akyly düzüw däl adamyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi tarapyndan gadagan edilen etmişi etmegi netijesinde ýetirilen zyýan üçin kanun esasynda maddy jogapkärçilik çekýän fiziki şahs ýa-da ýuridik şahs raýat jogap berijisi diýlip hasap edilýär.

2. Raýat jogap berijisi hökmünde işe gatnaşmaga çekmek hakynda anyklaýjy,

sülçi, prokuror ýa-da kazy delillendirilen karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

3. Raýat jogap berijisiniň ýa-da onuň wekiliniň şu aşakdakylara haky bardyr:

1) aýyplawyň we raýat hak isleginiň düýp manysyny bilmäge;

2) bildirilen hak islege närazylyk bildirmäge;

3) bildirilen hak islegiň düýp manysy boýunça görkezmeler bermäge;

4) subutnamalary getirmäge;

5) haýyşlaryny aýtmaga;

6) jenaýat işine goşmak üçin materiallar bermäge;

7) deslapky derňew tamamlanandan soň raýat hak islegine degişli materiallar bilen tanyşmaga we olardan göçürmeler etmäge;

8) öz bähbitlerine täsir edýän çözgütler hakynda bilmäge, bildirilen raýat hak islegine degişli iş ýörediş çözgütleriniň göçürilen nusgalaryny almaga;

9) kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikler getirmäge;

10) islendik basgançakly kazyýetde işiň kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

11) ynanmazlyk bildirmäge;

12) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge hem-de kazyýetiň höküminiň we kesgitnamasynyň raýat hak islegine degişli bölegi barada şikaýat etmäge.

4. Raýat jogap berijisi şu aşakdakylara borçludyr:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň kanuny talaplaryna tabyn bolmaga;

3) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň zerur diýip tapan halatynda derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmaga;

4) derňew hereketleri geçirilende we kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenilen tertibi berjaý etmäge.

5. Raýat jogap berijisi Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki hukuklara eýedir we borçlary ýerine ýetirmelidir.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky we 2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda; 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**89-njy madda. Jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň wekilleri**

Jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň wekilleri hökmünde olaryň ýakyn garyndaşlary, kanuny wekilleri, adwokatlar, jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri ýa-da kazynyň karary, ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy boýunça, şeýle-de anyklaýjynyň ýa-da sülçiniň karary boýunça işe gatnaşmaga goýberlen beýleki adamlar işe gatnaşyp bilerler.

**90-njy madda. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklaryny düşündirmek we üpjün etmek borjy**

Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylaryň

hukuklaryny düşündirmäge we şol hukuklary amala aşyrmak mümkinçiligini üpjün etmäge borçludyrlar.

## 10-njy bap. Jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan beýleki adamlar

### 91-nji madda. Şaýat

Şu Kodeksiň 93-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilenlerden başga iş üçin ähmiýeti bar bolan haýsydyr bir ýagdaýlardan habarly bolmagy mümkin bolan islendik adam şaýat hökmünde görkezme bermäge çagyrylyp we sorag edilip bilner.

### 92-nji madda. Şaýadyň hukuklary we borçlary

1. Iş boýunça şaýat hökmünde gatnaşýan adam aşakdaky hukuklara eýedir:
1) haýsy jenaýat işi boýunça çagyrylandygyny bilmäge;
2) ene dilinde ýa-da öz bilýän dilinde görkezme bermäge;
3) özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň garşysyna görkezme bermekden ýüz döndermäge;
4) özüniň sorag edilmegine gatnaşýan terjimeçä ynanmazlyk bildirmäge;
5) iş derňelen mahalynda özünden edilen soragyň teswirnamasy bilen tanyşmaga;
6) teswirnamanyň üstüniň ýetirilmegini we oňa düzedişleriň girizilmegini talap etmäge;
7) haýyş etmäge hem-de anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň we kazyýetiň hereketleri barada şikaýat etmäge;
8) özüniň çeken çykdajylarynyň şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde öweziniň dolunmagyna.
2. Şaýat şu aşakdakylara borçludyr:
1) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň hem-de kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmäge;
2) iş boýunça özüne mälim bolan zatlaryň hemmesini dogry habar bermäge;
3) dogry görkezmeleri we şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda öz öňünde goýlan sowallara dogry jogap bermäge;
4) derňew hereketleri geçirilende we kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenilen tertibi berjaý etmäge.
3. Şaýadyň öz borçlaryny ýerine ýetirmezligi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.
4. Işe şaýat hökmünde gatnaşýan adam hut şol işde adwokat, döwlet aýyplaýjysy, şeýle hem jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň wekili bolup bilmez.

### 93-nji madda. Şaýat hökmünde sorag edilip bilinmejek adamlar

1. Şu aşakdakylar şaýat hökmünde sorag edilip bilinmez:
1) güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň adwokaty, jebir

çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň wekili jenaýat işi boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglylykda özlerine mälim bolan ýagdaýlar hakynda;

2) beden ýa-da akyl taýdan ýetmezçilikleri zerarly iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlara dogry düşünip bilmejek we şolar hakynda dogry görkezmeler berip bilmejek adamlar;

3) anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet mejlisiniň kätibi jenaýat işi boýunça özleriniň iş ýörediş borçlaryny ýerine ýetirmekleri bilen baglylykda. Muňa derňelen ýa-da seredilen mahalynda kanunçylygyň bozulmalary, hyýanatçylyklar we betnebisli bähbitler eýerilen diýip çaklamaga esas bolan jenaýat işleri, şeýle hem täze ýüze çykan ýagdaýlar girmeýär.

2. Jebir çekeniň, güman edilýäniň, aýyplanýanyň kanuny wekilleriniň işe gatnaşmagy şol adamlardan şaýat hökmünde sorag etmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

### 94-nji madda. Şaýadyň jogapkärçiligi

1. Anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmekden boýun gaçyrýandygy üçin şaýat degişlilikde Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 419-njy we 420-nji maddalary esasynda we şu Kodeksiň 205-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner.

2. Görnetin ýalan görkezme berendigi üçin şaýat Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 220-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýär. Görnetin ýalan görkezme berendigi üçin şaýat özüniň görkezme beren işi boýunça kazyýetiň hökümi kanuny güýje girenden soň ýa-da şol iş ýatyrylandan soň jogapkärçilige çekilýär.

3. Şaýat görkezme bermekden ýüz dönderendigi üçin, ol Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 221-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilip bilner.

4. Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror we kazyýet öz çagyrmagy boýunça esassyz sebäplere görä gelmedik şaýady içeri işler edarasy tarapyndan mejbury getirmäge haklydyr.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 95-nji madda. Bilermen

Iş boýunça öz bähbidi bolmadyk, bilermenler seljermesini geçirmek we netijenama çykarmak üçin zerur bolan ýörite ylmy - bilimi bolan adam bilermen hökmünde çagyrylyp bilner.

### 96-njy madda. Bilermeniň hukuklary we borçlary

1. Bilermen şu aşakdaky işleri etmäge haklydyr:

1) netijenama çykarmak üçin zerur bolan işe degişli materiallar bilen we iş boýunça toplanan subutnamalar bilen tanyşmaga;

2) tanyşmak üçin özüne berlen derňewiň ýa-da barlag materiallarynyň üstüniň doldurylmagy hakynda haýyşlaryny aýtmaga;

3) aýyplanýandan, jebir çekenden, şaýatlardan sorag edilýän mahalynda we başga derňew hereketleri geçirilýän wagtda şol ýerde sülçiniň ygtyýar bermegi bilen bolmaga hem-de sorag edilýänlere sülçiniň üsti bilen sowallar bermäge;

4) iş kazyýetde seljerilende gatnaşmaga, kazyýet mejlisinde sorag edilýän adamlara sowallar bermäge, işe täze subutnamalaryň goşulmagy hakynda kazyýete haýyşlaryny aýtmaga;

5) öz gatnaşan derňew we beýleki iş ýörediş hereketleriniň teswirnamasy bilen tanyşmaga;

6) bilermenler seljermesi geçirilende jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bilermeniň hukuklaryny çäklendirýän hereketleri barada şikaýat etmäge;

7) eger bilermenler seljermesini geçirmek onuň wezipesine girmeýän bolsa, seljerme geçirende çeken çykdajylarynyň öweziniň dolunmagyna we ýerine ýetiren işi üçin hak-heşdek almaga.

2. Bilermeniň şu aşakdakylara haky ýokdur:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaradan özbaşdak ýagdaýda iş ýöredişe gatnaşyjylar bilen seljermäni geçirmek bilen baglanyşykly meseleler boýunça gepleşikler geçirmäge;

2) barlamak üçin materiallary özbaşdak toplamaga;

3) seljermäni geçirmegi bellän edaranyň ýörite rugsady bolmasa, maddy subutnamalaryň doly ýa-da bölekleýin ýok edilmegine, şeýle hem olaryň daşky görnüşiniň ýa-da esasy alamatlarynyň üýtgemegine getirýän barlaglar geçirmäge;

4) işe gatnaşmagy bilen baglylykda özüne mälim bolan işiň ýagdaýlary baradaky we beýleki materiallary aýan etmäge.

3. Bilermen anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmelidir we öz öňünde goýlan meseleler boýunça dogry we esasly netijenama bermelidir.

4. Eger bilermene berlen materiallar iş boýunça netijenama bermek üçin ýeterlik däl bolsa ýa-da öňünde goýlan mesele onuň ýörite bilimleriniň çäklerinden çykýan bolsa, onda bilermen iş boýunça netijenama bermekden ýüz dönderip biler.

5. Kazyýete, deslapky derňew ýa-da anyklaýyş edarasyna gelmekden boýun gaçyrandygy üçin bilermen Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige, iş boýunça görnetin ýalan netijenama çykarandygy üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 220-nji maddasy boýunça jogapkärçilige  çekilip biler.

6. Seljerme edaralarynyň işgäri bolup durýan bilermen öz käri boýunça hukuklary we borçlary bilen tanyşdyrylan, görnetin ýalan netijenama çykarmagy üçin jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurylan diýlip hasap edilýär.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**97-nji madda. Hünärmen**

1. Iş boýunça öz bähbidi bolmadyk, subutnamalary toplamaga, barlamaga we olary berkitmäge, şeýle hem tehniki serişdeleri ulanmaga ýardam bermek üçin zerur ýörite bilimi bolan adam derňew we kazyýet hereketlerine gatnaşmak üçin hünärmen hökmünde çagyrylyp bilner. Hünärmen hökmünde lukman, mugallym we degişli bilimi, hünäri hem-de tejribesi bolan başga adamlar hem çagyrylyp bilner.

2. Hünärmeni çagyrmak hakyndaky talap hünärmeniň işleýän edarasynyň, kärhanasynyň ýa-da guramasynyň ýolbaşçysy üçin hökmanydyr.

3. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan wezipeli adam çagyrylan hünärmeniň şahsyýetine we ygtyýarlylygyna göz ýetirýär, onuň şol işe gatnaşyjylara bolan gatnaşygyny aýdyňlaşdyrýar, hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär hem-de öz borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderen ýa-da boýun gaçyran halatynda jogapkärçilige çekilýändigini oňa duýdurýar, bular bolsa degişli teswirnamada bellenilýär hem-de hünärmeniň goly bilen tassyklanylýar.

**98-nji madda. Hünärmeniň hukuklary we borçlary**

1. Hünärmeniň şu aşakdakylara haky bardyr:

1) özüniň näme maksat bilen çagyrylýandygyny bilmäge;

2) eger degişli ýörite bilimleri we tejribesi ýok bolsa, iş boýunça önümçilige gatnaşmakdan ýüz döndermäge;

3) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň ygtyýar bermegi bilen derňew hereketlerine we kazyýet mejlisine gatnaşyjylara sowallar bermäge;

4) subutnamalary ýüze çykarmak, berkitmek we almak bilen baglanyşykly ýagdaýlara derňew hereketlerine ýa-da kazyýet mejlisine gatnaşyjylaryň ünsüni çekmäge;

5) subutnamalary ýüze çykarmak, berkitmek we almak bilen baglanyşykly we teswirnama girizmäge degişli bolan beýanatlary aýtmaga;

6) öz gatnaşmagynda geçirilen derňew hereketiniň teswirnamasy, şeýle hem kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň degişli bölegi bilen tanyşmaga we şol hereketleriň netijeleriniň we alnyp barlyşynyň doly we dogry beýan edilişi barada teswirnama degişli bellikleri bermäge;

7) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň hereketleri barada şikaýat etmäge;

8) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň bikanun hereketleri netijesinde jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda özüne ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge;

9) iş boýunça önümçilige gatnaşmagy onuň wezipe borçlaryna girmeýän bolsa höweslendiriş hakyny almaga.

2. Hünärmen şu aşakdakylara borçludyr:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) subutnamalary ýüze çykarmak, berkitmek we almak üçin ýörite bilimlerini, tejribesini we ylmy-tehniki serişdeleri ulanmak bilen derňew hereketleriniň geçirilmegine we kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

3) özüniň ýerine ýetirýän hereketleri barada düşündirişler bermäge;

4) işe gatnaşmagy bilen baglylykda özüne mälim bolan işiň ýagdaýlary baradaky we beýleki maglumatlary aýan etmezlige;

5) derňew hereketleri geçirilende we kazyýet mejlisiniň dowamynda bellenilen tertibi berjaý etmäge.

3. Hünärmeniň öz borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderendigi ýa-da boýun gaçyrandygy üçin oňa jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri ulanylyp bilner ýa-da ol administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**99-njy madda. Terjimeçi**

1. Terjimeçi jenaýat işi boýunça bähbidi bolmadyk, terjime etmek üçin zerur bolan dilleri bilýän we güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, olaryň adwokaty ýa-da jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri, şeýle hem şaýatlar we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylar işiň alnyp barylýan dilini bilmeýän mahalynda derňew ýa-da kazyýet hereketlerine gatnaşmak üçin, şonuň ýaly-da ýazmaça resminamalary terjime etmek üçin we şu Kodeksiň 28-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda anyklaýyş edarasy, sülçi we kazyýet tarapyndan çagyrylan adamdyr. Şu Kodekse laýyklykda lalyň ýa-da keriň yşaratlaryna düşünýän we olar bilen gepleşip bilýän, iş boýunça önümçilige gatnaşmak üçin çagyrylan adam hem terjimeçi hasap edilýär.

2. Terjimeçi hökmünde gatnaşdyrmak hakynda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara karar (kesgitnama) çykarýar.

**100-nji madda. Terjimeçiniň hukuklary we borçlary**

1. Terjimeçiniň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) terjimäni takyklamak üçin iş ýöredişe gatnaşyjylara sowallar bermäge;

2) öz gatnaşmagynda geçirilen derňew we beýleki iş ýörediş hereketiniň teswirnamasy, şeýle hem kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň degişli bölegi bilen tanyşmaga we oňa girizilmäge degişli bolan bellikleri etmäge;

3) terjime etmek üçin zerur bolan bilimi bolmadyk halatynda iş boýunça önümçilige gatnaşmakdan ýüz döndermäge;

4) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň we kazyýetiň özi babatyndaky hereketleri barada şikaýat etmäge;

5) derňew we beýleki iş ýörediş hereketlerine gatnaşmagy bilen baglanyşykly çykaran harajatlarynyň öweziniň dolunmagyny talap etmäge;

6) iş boýunça önümçilige gatnaşmagy onuň wezipe borçlaryna girmeýän bolsa höweslendiriş hakyny almaga.

2. Terjimeçi aşakdakylara borçludyr:

1) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) özüne tabşyrylan terjimäni doly we takyk ýerine ýetirmäge;

3) özüniň terjimeçi hökmünde gatnaşan derňew hereketiniň we kazyýet

mejlisiniň teswirnamasynda terjimäniň dogry we takyk edilendigini öz goly bilen tassyklamaga;

4) terjimeçi hökmünde gatnaşmagy bilen baglylykda özüne mälim bolan işiň ýagdaýlary baradaky maglumatlary ýa-da beýleki maglumatlary aýan etmezlige;

5) derňew hereketleri geçirilende we kazyýet mejlisi wagtynda tertip-düzgüni berjaý etmäge.

3. Görnetin nädogry terjime eden halatynda terjimeçi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 220-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilýär.

4. Şu maddanyň düzgünleri lalyň ýa-da keriň yşaratlaryna düşünýän, olar bilen gepleşip bilýän we iş ýöredişe gatnaşmak üçin çagyrylan adam barada hem ulanylýar.

5. Terjimeçiniň öz borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz dönderen ýa-da boýun gaçyran halatynda, ol barada jemgyýetçilik täsir ediş çäreleri ulanylyp bilner ýa-da ol administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 101-nji madda. Güwäler

1. Güwäler şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda derňew hereketlerini geçirmegi, onuň alnyp barlyşyny we netijelerini tassyklamak üçin jenaýat yzarlaýyş edarasy tarapyndan çagyrylan adamlardyr. Derňew hereketleri geçirilende çagyrylýan güwäler iki adamdan az bolmaly däldir.

2. Güwäler hökmünde işde bähbidi bolmadyk, özleriniň gatnaşmagynda geçirilýän hereketlere doly we dogry akyl ýetirmäge ukyply, jenaýat yzarlaýyş edaralaryna garaşly bolmadyk kämillik ýaşyna ýeten raýatlar çagyrylýar. Aýyplanýan we onuň adwokaty, güman edilýän hem-de jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri, şol adamlaryň garyndaşlary, şaýatlar güwä bolup bilmezler.

3. Sülçiniň geçiren hereketleri we şolaryň netijeleri barada güwäleriň bellikleri teswirnama hökman girizilmäge degişlidir.

### 102-nji madda. Güwäleriň hukuklary we borçlary

1. Güwäleriň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) derňew hereketlerine gatnaşmaga;

2) derňew hereketleri boýunça teswirnama girizilmäge degişli bellikleri etmäge;

3) öz gatnaşan derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga;

4) degişli derňew hereketiniň teswirnamasyna gol çekmäge we eger derňew hereketiniň geçirilmegine degişli öz bellikleri teswirnama girizilmedik bolsa, onda teswirnama gol çekmekden ýüz döndermäge;

5) jenaýat yzarlaýyş edaralarynyň hereketleri barada şikaýat etmäge.

2. Güwäler şu aşakdakylara borçludyr:

1) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň çagyrmagy boýunça gelmäge;

2) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň geçiren hereketlerine we şol hereketleriň

alnyp barlyşyna we netijelerine teswirnamanyň laýyk gelýändigini öz goly bilen tassyklamaga;

3) anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň rugsady bolmasa, deslapky derňewe degişli materiallary aýan etmezlige;

4) derňew hereketleri geçirilende tertip-düzgüni berjaý etmäge.

3. Derňew hereketleri geçirilende oňa gelmekden ýa-da borçlaryny ýerine ýetirmekden esassyz sebäplere görä ýüz dönderendigi ýa-da boýun gaçyrandygy üçin güwä administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

## 11-nji bap. Jenaýat işi boýunça önümçilige gatnaşmak mümkinçiligini aradan aýyrýan ýagdaýlar. Ynanmazlyk bildirmek

### 103-nji madda. Anyklaýja, sülçä, prokurora, kaza, kazyýetiň oturdaşlaryna we kazyýet mejlisiniň kätibine ynanmazlyk bildirmek

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror (döwlet aýyplaýjysy), kazy, kazyýetiň oturdaşlary, kazyýet mejlisiniň kätibi aşakdaky ýagdaýlarda jenaýat işi boýunça önümçilige gatnaşyp bilmezler we olara ynanmazlyk bildirilmäge degişlidir:

1) işde şahsy, gös-göni ýa-da gytaklaýyn bähbidi bar bolsa;

2) şol bir iş boýunça ozal jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi, bilermen, hünärmen, terjimeçi, güwä, şaýat, adwokat, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň kanuny wekili, jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň bähbitleriniň tarapyny tutujy wekili bolan halatynda;

3) eger şu iş boýunça önümçilige jogapkär wezipeli adam bilen ýa-da şu maddanyň 2-nji bendinde görkezilen adamlar bilen garyndaşlyk gatnaşygy bar bolsa;

4) eger onuň dogruçyllygyna we tarapgöýsüzligine şübhe döredýän başga ýagdaýlar bar bolsa.

2. Eger kazy iş boýunça önümçilikde ozal anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet mejlisiniň kätibi hökmünde gatnaşan bolsa, onda şol işe seredilende gatnaşyp bilmez.

3. Birinji basgançakly kazyýetde jenaýat işine seredilende gatnaşan kazy bu işe nägilelik tertibinde ýa-da gözegçilik tertibinde seredilende, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň mejlisinden başga, oňa gatnaşyp bilmez, şeýle hem kazynyň gatnaşmagynda çykarylan höküm ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky kesgitnama sökülip, işe täzeden birinji basgançakly kazyýetde seredilende hem kazy ol işe gatnaşyp bilmez.

4. Nägilelik tertibinde jenaýat işine seredilende gatnaşan kazy bu işe birinji basgançakly kazyýetde ýa-da gözegçilik tertibinde seredilende oňa gatnaşyp bilmez, şeýle hem kazynyň gatnaşmagynda çykarylan kesgitnama sökülip, işe täzeden nägilelik tertibinde seredilende hem kazy ol işe gatnaşyp bilmez.

5. Gözegçilik tertibinde işe seredilende gatnaşan kazy şol işe birinji ýa-da ikinji basgançakly kazyýetde seredilende gatnaşyp bilmez.

6. Eger prokuror anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilende gatnaşan bolsa

ýa-da döwlet aýyplaýjysy hökmünde çykyş eden ýa-da şu iş boýunça garşylyknama, teklipnama getiren, şonuň ýaly-da netijenama beren bolsa, munuň özi ynanmazlyk bildirmäge esas bolup bilmez. Prokuror barada ynanmazlyk bildirmek meselesi anyklaýyş we deslapky derňew geçirilýän wagtda ýokarky prokuror tarapyndan, kazyýetde bolsa işe seredýän kazyýet tarapyndan çözülýär.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**104-nji madda. Bilermen, hünärmen, terjimeçi we güwäler barada ynanmazlyk bildirmek**

Bilermen, hünärmen, terjimeçi we güwäler şu aşakdaky halatlarda jenaýat işi boýunça önümçilige gatnaşyp bilmezler we ynanmazlyk bildirilmäge degişlidir:

1) şu Kodeksiň 103-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda;

2) bilermeniň, hünärmeniň, terjimeçiniň şol ugurdan ygtyýarsyzlygy ýüze çykarylan ýagdaýynda, güwäleriň bolsa içeri işler edaralarynyň, milli howpsuzlyk edaralarynyň, prokuraturanyň we adyl kazyýetlik ulgamynyň işgäri bolan halatynda;

3) bilermen şu iş boýunça hünärmen bolup gatnaşan bolsa, barlag geçiren bolsa we şu iş boýunça zerur bolan maglumatlary ýygnan ýa-da tabşyran bolsa;

4) iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýsydyr birine gulluk ýa-da başga tarapdan ozal garaşly bolan ýa-da garaşly bolup durýan bolsa.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2016 ý., № 1, 65-nji madda; 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2019 ý., № 1, 8-nji madda).*

**105-nji madda. Adwokatyň, jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň wekiliniň işe gatnaşyp bilmezligi**

Adwokat, jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň wekili şu aşakdaky ýagdaýlarda jenaýat işi boýunça önümçilige gatnaşyp bilmezler:

1) şol bir işe ozal anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýetiň oturdaşy, kazyýet mejlisiniň kätibi, şaýat, bilermen, hünärmen, terjimeçi ýa-da güwä hökmünde gatnaşan bolsa;

2) şol işiň derňelmegine ýa-da kazyýetde seredilmegine gatnaşan ýa-da gatnaşýan wezipeli adam bilen garyndaşlyk gatnaşygy bar bolsa;

3) eger ol kanuny bähbitleri goralýan ýa-da ynanyjy adamyňka öz bähbitleri garşy gelýän adama hukuk kömegini ozal beren ýa-da berýän bolsa, şeýle hem şol adamlar bilen garyndaşlyk gatnaşygy bar bolsa.

**106-njy madda. Ynanmazlyk bildirmegi çözmegiň tertibi**

1. Ynanmazlyk kazyýet derňewine başlanmazdan öň delillendirilmelidir we bildirilmelidir. Ynanmazlyk üçin esas ony bildirene diňe kazyýet derňewi başlanandan soň mälim bolan halatynda ynanmazlygy soňra bildirmäge ýol berilýär.

2. Kazynyň ýa-da kazyýetiň oturdaşynyň öz-özüne ynanmazlyk bildirmegi ýa-da olara ynanmazlyk bildirilmegi hakyndaky mesele ynanmazlyk bildirilýäniň bolmazlygynda beýleki kazylar tarapyndan çözülýär. Sesler bölünen mahalynda kaza ýa-da kazyýetiň oturdaşyna ynanmazlyk bildirildi diýlip hasap edilýär.

3. Kazylaryň ikisi ýa-da kazyýetiň bütin düzümi barada bildirilen ynanmazlyk şol kazyýetiň doly düzüminde şol kazyýet tarapyndan sesleriň ýönekeý köplügi bilen çözülýär. Kazynyň ýekelikde seredýän işleri boýunça kaza bidirilen ynamsyzlyk kazy tarapyndan çözülýär.

4. Kazyýet mejlisinde öz-özüňe ynanmazlyk bildirmek ýa-da ynanmazlyk bildirilmegi hakyndaky mesele maslahat otagynda çözülýär.

5. Kazyýetiň bütin düzümi ýa-da başlyklyk ediji baradaky bildirilen ynanmazlygy kazyýet kabul eden halatynda iş seretmek üçin başga düzümdäki hut şol kazyýete ýa-da ýokarky kazyýetiň görkezmegi boýunça başga kazyýete berilýär.

6. Anyklaýjy ýa-da sülçi baradaky ynanmazlyk bildirmek meselesini anyklaýyş we deslapky derňew geçirilende gözegçilik edýän prokuror çözýär.

7. Güwä baradaky ynanmazlyk bildirmegi anyklaýjy ýa-da sülçi çözýär.

8. Bilermen, hünärmen, terjimeçi, adwokat, jebir çekeniň wekili, raýat hak isleýjiniň wekili we raýat jogap berijiniň wekili barada ynanmazlyk bildirmek meselesi iş derňelýän wagtynda anyklaýjy ýa-da sülçi, kazyýet mejlisinde bolsa işe seredýän kazyýet tarapyndan çözülýär. Kazyýet mejlisiniň kätibi baradaky ynanmazlyk bildirmek meselesini jenaýat işine seredýän kazyýet çözýär.

9. Derňew geçirilýän mahalynda ynanmazlyk bildirmek meselesi ýigrimi dört sagadyň dowamynda çözülmelidir. Eger ynanmazlyk bildirmek kazyýet mejlisinde beýan edilen bolsa, onda mesele şol mejlisde gaýra goýulman çözülýär.

10. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy beýan edilen ynanmazlyk bildirmegiň kanagatlandyrylandygy ýa-da kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilendigi hakynda karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

11. Ynanmazlyk bildirmegiň kanagatlandyrylandygy ýa-da ony kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilendigi hakyndaky karar (kesgitnama) şikaýat edilmäge ýa-da teklipnama getirilmäge degişli däldir. Karar (kesgitnama) baradaky närazylygyň delilleri nägilelik tertibindäki şikaýatnama (teklipnama) ýa-da gözegçilik tertibindäki şikaýatnama (teklipnama) goşulyp bilner.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda)*.

## 12-nji bap. Jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek

### 107-nji madda. Anyklaýjylaryň, sülçileriň, prokurorlaryň, kazylaryň, adwokatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, adwokat we olaryň ýakyn garyndaşlary döwlet tarapyndan goralýar.

2. Şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen adamlara, jenaýat işlerine ýa-da işiň materiallaryna kazyýetde seretmek, anyklaýşy, deslapky derňewi geçirmek

bilen baglylykda olaryň janyna kast etmekden ýa-da başga zorlukdan howpsuzlyk çärelerini görmek döwlet tarapyndan kanunda göz öňünde tutulan tertipde üpjün edilýär.

**108-nji madda. Jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan jebir çekenleriň, güman edilýänleriň, aýyplanýanlaryň, kazyýetde işi seredilýäniň, şaýatlaryň, bilermenleriň, hünärmenleriň we başga adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek**

1. Jebir çekenlere, güman edilýänlere, aýyplanýanlara, kazyýetde işi seredilýäne, şaýatlara, bilermenlere, hünärmenlere ýa-da işe gatnaşýan başga adamlara, şeýle hem olaryň ýakyn garyndaşlaryna jenaýat işi boýunça önümçilik bilen baglylykda ölüm howpy, zorluk ulanmak, ýowuz çemeleşmek, emlägini ýok etmek ýa-da oňa zyýan ýetirmek barada, ýa-da kada-düzgüne garşy gelýän beýleki hereketler arkaly haýbat atmak, jenaýat kanuny tarapyndan gadagan edilen beýleki etmişleri etmek howpy barada özlerinde ýeterlik maglumatlar bar bolan mahalynda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazyýet olaryň jan saglygyny, abraýyny, mertebesini we emlägini goramak, howpsuzlygyny üpjün edýän çäreleri görmek, günäkärleri anyklamak we olary jogapkärçilige çekmek barada Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyr.

2. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara öz başlangyjy boýunça, şeýle hem şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlaryň dilden ýa-da ýazmaça beren arzalary esasynda olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek hakynda degişli karar çykarýar. Zerur bolan halatynda sülçi, prokuror, kazy öz delillendirilen karary bilen, kazyýet bolsa kesgitnamasy bilen şol adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek, olaryň emlägini goramak hakynda içeri işler edaralaryna görkezme bermäge haklydyr.

3. Jenaýat kazyýet önümçiligine gatnaşýan adamyň we onuň ýakyn garyndaşlarynyň howpsuzlygynyň üpjün edilmegini sorap ýazan arzasy jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara tarapyndan onuň gelen pursadyndan başlap ýigrimi dört sagadyň dowamynda seredilmelidir. Kabul edilen çözgüt barada arz edijä haýal etmän habar berilmelidir we oňa degişli kararyň (kesgitnamanyň) göçürilen nusgasy iberilmelidir.

**109-njy madda. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreler**

1. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň we olaryň ýakyn garyndaşlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen başlyklyk ediji kazyýetiň ýapyk mejlisini geçirip biler.

2. Şaýadyň, aýyplaw tarapynyň haýyşy, şeýle hem öz başlangyjy boýunça kazy ýa-da kazyýet şaýadyň we onuň ýakyn garyndaşlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen şaýady sorag etmek barada şu aşakdaky ýaly karar ýa-da kesgitnama kabul etmäge haklydyr:

1) şaýadyň şahsyýeti baradaky maglumatlary aýan etmezden lakam ulanmak bilen;

2) şaýadyň tanalmazlygyny üpjün edýän şertlerde;

3) kazyýet seljerişine gatnaşýan beýleki adamlaryň şaýady gös-göni görmezligini üpjün edýän şertlerde.

3. Kazyýetde işi seredilýäniň, aklaw tarapynyň wekilleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, başlyklyk ediji ses we wideoýazgylaryny hem-de sorag etmegi berkitmegiň beýleki usullaryny ulanmagy gadagan etmäge, şeýle hem görkezilen adamlary kazyýet mejlisinden çykarmaga haklydyr.

4. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýsydyr biriniň ýoklugynda ýa-da olaryň gös-göni görünmezligi üpjün edilen şertlerde sorag edilen şaýadyň görkezmeleri başlyklyk ediji tarapyndan işe gatnaşyjylaryň ählisiniň bolmagynda, şol şaýat hakyndaky maglumatlar aýan edilmezden kazyýetde yglan edilýär.

5. Kazyýet zerur halatlarda iş ýöredişe gatnaşyjylaryň we beýleki adamlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça kanunda göz öňünde tutulan başga çäreleri hem görýär.

6. Kazyýet seljerişine gatnaşýanlaryň, olaryň ýakyn garyndaşlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek hakynda kazynyň kararyny ýa-da kazyýetiň kesgitnamasyny ýerine ýetirmek jenaýat yzarlaýyş edaralarynyň üstüne ýüklenilýär.

## 13-nji bap. Haýyşlar. Jenaýat işi boýunça önümçiligi amala aşyrýan edaralaryň, wezipeli adamlaryň hereketleri we çözgütleri barada şikaýat etmek

### 110-njy madda. Jenaýat iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşlaryna seretmegiň hökmanylygy

1. Jenaýat iş ýöredişe gatnaşyjylar anyklaýja, sülçä, prokurora, kazyýete iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlary anyklamak üçin haýyş bilen ýüzlenen adamyň ýa-da onuň wekilçilik edýän adamynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün etmek üçin iş ýörediş hereketleriniň geçirilmegi ýa-da iş ýörediş çözgütleriniň kabul edilmegi barada haýyşlar bilen ýüzlenmäge haklydyrlar.

2. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, onuň adwokatynyň hem-de jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň haýyşlaryna üç gije-gündiziň dowamynda, kazy we kazyýet bolsa kazyýetde işi seredilýäniň haýyşlaryna kazyýet mejlisinde gaýragoýulmasyz seretmäge borçludyrlar.

3. Eger haýyş iş ýöredişe gatnaşyjylaryň we başga adamlaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň üpjün edilmegine, işiň ýagdaýlarynyň hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanylmagyna ýardam edýän bolsa, onda ol kanagatlandyrylmaga degişlidir. Başga halatlarda haýyşy kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilip bilner.

4. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, onuň adwokatynyň günäkäriň jenaýaty edip bilmejekdigi hakyndaky ýagdaý hökmünde getiren alibisi barlanylmaga degişlidir.

5. Haýyş kanagatlandyrylan mahalynda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara haýyş bilen ýüzlenen adama bu hakda habar berýär. Haýyşy kanagatlandyrmakdan doly ýa-da bölekleýin ýüz dönderilen halatynda iş ýöredişi alyp barýan edara ýüz döndermegiň delillerini görkezmek bilen karar (kesgitnama) çykarýar we şol karary (kesgitnamany) haýyş bilen ýüzlenen adama yglan edýär.

6. Iş üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlar şu Kodeksiň 23, 126, 242 we 508-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlardyr, şeýle hem aýdyňlaşdyrylmagynyň işi dogry derňemek üçin ähmiýeti bolup biljek başga ähli ýagdaýlardyr.

**111-nji madda. Anyklaýyş edarasynyň ýa-da sülçiniň hereketleri barada şikaýat etmegiň tertibi**

1. Anyklaýyş edarasynyň ýa-da sülçiniň hereketleri baradaky şikaýatlar gös-göni prokurora berilýär. Şikaýatlar ýazmaça, şeýle hem dilden beýan edilip bilner.

2. Dilden aýdylan şikaýatlar teswirnama geçirilýär, oňa arz ediji we şikaýaty kabul eden wezipeli adam gol çekýär.

3. Anyklaýyş edarasy ýa-da sülçi prokurora gelip gowşan şikaýat boýunça özüniň düşündirişini prokuroryň talaby bilen bir gije-gündiziň dowamynda oňa ibermäge borçludyr.

4. Şikaýat edilmegi şikaýat edilýän hereketiň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar. Ýöne eger anyklaýyş edarasy, sülçi ýa-da prokuror zerur hasap etseler, onda olar şikaýat edilýän hereketiň ýerine ýetirilmegini togtadyp bilerler.

**112-nji madda. Şikaýatlary prokuroryň çözmegi**

Anyklaýyş edarasynyň ýa-da sülçiniň hereketleri baradaky şikaýat gowşandan soň prokuror üç gije-gündiziň dowamynda şol şikaýaty çözmäge we onuň netijeleri hakynda arz edijä habar bermäge borçludyr. Şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen mahalynda, prokuror şikaýaty esassyz hasap eden delillerini beýan etmelidir.

**113-nji madda. Prokuroryň hereketleri we çözgütleri barada şikaýat etmek**

Prokuroryň hereketleri we çözgütleri baradaky şikaýat ýokarky prokurora edilýär.

**114-nji madda. Kazyýete iberilen işler boýunça şikaýatlar**

Iş kazyýete geçirilenden soň iş boýunça şikaýatlar we haýyşlar gös-göni kazyýete iberilýär.

**115-nji madda. Şikaýata seretmegiň tertibi**

1. Hereketleriniň we çözgütleriniň üstünden şikaýat edilýän anyklaýja, sülçä, prokurora, kaza, şonuň bilen birlikde şikaýat edilýän çözgüdi tassyklaýan wezipeli adama şol şikaýata seretmegi tabşyrmak gadagandyr.

2. Şikaýata seredýän prokuror ýa-da kazy öz ygtyýarlarynyň çäklerinde jenaýat iş ýöredişe gatnaşyjylaryň, şeýle hem beýleki raýatlaryň we guramalaryň bozulan hukuklaryny we kanuny bähbitlerini dikeltmek boýunça çäre görmäge borçludyr.

## 14-nji bap. Teswirnamalar

### 116-njy madda. Teswirnama ýöretmegiň hökmanylygy

1. Derňew hereketleri geçirilende, kazyýet mejlislerinde, zerur bolan halatlarynda birinji basgançakly kazyýetleriň serenjam mejlislerinde, şu Kodeksiň 450-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen halatlarda ikinji basgançakly kazyýetiň kazyýet mejlislerinde, şeýle hem Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň mejlislerinde hökman teswirnamalar ýöredilýär.

2. Teswirnama elde ýazylyp ýa-da hat ýazýan enjamlar we kompýuter arkaly ýazylyp bilner. Teswirnamanyň has dolulygyny üpjün etmek üçin tiztakykýazgy, ses we wideoýazgylary hem ulanylyp bilner. Tiztakykýazgy işiň ýanyna goşulmaýar.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

### 117-nji madda. Derňew hereketiniň teswirnamasy

1. Derňew hereketiniň geçirilmegi hakyndaky teswirnama derňew hereketiniň alnyp barylýan wagtynda ýa-da derňew hereketi tamamlanan dessine düzülýär.

2. Derňew hereketiniň teswirnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) derňew hereketiniň geçirilen ýeri we senesi, başlanan we tamamlanan takyk wagty, derňew hereketini geçirýän adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady, işleýän ýeri we wezipesi, derňew hereketine gatnaşyjylaryň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady we ýaşaýan ýeriniň salgysy;

2) iş ýörediş hereketleri nähili tertipde geçirilen bolsa, şol tertipde, olar geçirilen mahalynda ýüze çykarylan şu jenaýat işi üçin düýpli ýagdaýlar görkezilýär, şeýle hem derňew hereketine gatnaşyjylaryň arzalary we şikaýatlary beýan edilýär;

3) derňew hereketine gatnaşyjylara olaryň şu Kodekse laýyklykdaky hukuklarynyň, borçlarynyň, jogapkärçiliginiň we derňew hereketini geçirmegiň tertibiniň düşündirilendigi hakyndaky ýazgy.

3. Eger derňew hereketi geçirilende surata düşürmek, ses we wideoýazgysy ulanylan bolsa ýa-da galdyrylan yzlaryň nusgalary alnan bolsa, çyzgy, meýilnama düzülen bolsa, şonda ulanylan ylmy-tehniki serişdeler, olary ulanmagyň tertibi we şertleri, alnan netijeler teswirnamada görkezilmelidir. Bulardan başga-da, derňew hereketi geçirilende gatnaşýan adamlara ylmy-tehniki serişdeleriň ulanyljakdygy hakynda öňünden mälim edilendigi teswirnamada görkezilmelidir.

4. Teswirnama bilen derňew hereketine gatnaşyjylaryň hemmesi tanyşdyrylmalydyr. Olara derňew hereketiniň geçirilişi hakynda teswirnama girizilmäge degişli bolan bellikleri etmek baradaky hukuklary düşündirilmelidir. Teswirnama girizilen bellikler, goşmaçalar, düzedişler şol adamlaryň öz gollary bilen tassyklanylmalydyr.

5. Teswirnama sülçi we derňew hereketine gatnaşan beýleki adamlar tarapyndan gol çekilmelidir. Teswirnama gol çekmekden ýüz dönderilendigi ýa-da gol çekmegiň mümkin däldigini tassyklamak şu Kodeksiň 119-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

6. Derňew hereketi geçirilende ýerine ýetirilen surata alyş we suratlar, diapozitiwler, ses we wideoýazgylary, çyzgylar, meýilnamalar, ýelimlenilip ýasalan nusgalar we galdyrylan yzlaryň şekilleri teswirnamanyň ýanyna goşulýar.

7. Eger derňew hereketi geçirilende hünärmeniň barlagy esasynda ol tarapyndan ýörite resminamalar düzülen bolsa, onda ol resminamalar teswirnamanyň ýanyna goşulýar we bu barada teswirnamada degişli bellik edilýär.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda*).

### 118-nji madda. Sorag edilende ses we wideoýazgysyny ulanmak

1. Güman edilýänden, aýyplanýandan, şaýatdan ýa-da jebir çekenden sorag edilen mahalynda anyklaýjynyň ýa-da sülçiniň çözgüdi boýunça hem-de sorag edilýänleriň haýyşy boýunça ses we wideoýazgysy ulanylyp bilner.

2. Sülçi ses we wideoýazgysyny ulanmak hakynda çözgüt kabul edýär we muny sorag başlanmazyndan ozal sorag edilýäne mälim edýär.

3. Ses we wideoýazgysy üznüksiz alnyp barylmalydyr, sorag etmegiň tutuş barşy beýan edilmelidir we ol sorag edilýän adamlaryň görkezmelerini doly öz içine almalydyr. Eger ýazgy duýdansyz duran halatynda ýa-da togtadylan beýleki halatlarynda sülçi onuň sebäbini we arasynyň kesilmeginiň dowamlylygyny sorag etmegiň teswirnamasynda görkezmelidir. Sorag etmegiň belli bir bölegini ses we wideoýazgysyna geçirmäge, şeýle hem şol bir sorag etmegiň dowamynda berlen görkezmeleri ses we wideoýazgysy üçin ýörite gaýtalamaga ýol berilmeýär.

4. Sorag etmek tamamlanandan soň ses ýazgysy sorag edilýäne doly diňledilýär, wideoýazgysy bolsa doly görkezilýär. Sorag edilýän tarapyndan goşmaça girizilen görkezmeler ses we wideoýazgysyna geçirilýär. Ses we wideoýazgysy sorag edilýäniň şol ýazgylaryň dogrudygyny tassyklaýandygyny aýtmagy bilen tamamlanylýar.

5. Sorag etmegiň dowamynda ses we wideoýazgysyny ulanmak bilen alnan görkezmeler şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda sorag etmegiň teswirnamasyna ýazylýar.

6. Sorag etmegiň teswirnamasynda şu aşakdakylar hem görkezilmelidir:

1) ses we wideoýazgysynyň ulanylandygy hakynda hem-de ol barada sorag edilýäne mälim edilendigi hakynda bellik;

2) tehniki serişdeler, ses we wideoýazgysynyň şertleri hakyndaky maglumatlar, ýazgynyň geçirilen senesi we wagty;

3) ses we wideoýazgysynyň ulanylmagy barada sorag edilýäniň aýdan beýanatlary;

4) sorag edilýäne ses we wideoýazgysynyň diňledilendigi we görkezilendigi barada bellik;

5) sorag etmegiň teswirnamasynyň hem-de ses we wideoýazgysynyň dogrudygyny sorag edilýäniň we sülçiniň tassyklamagy. Ses we wideoýazgysy işiň ýanynda saklanylýar hem-de deslapky derňew gutarandan soň möhürlenilýär.

7. Başga bir derňew hereketi geçirilende görkezmeleriň ses we wideoýazgysy diňledilen we görkezilen halatynda sülçi degişli derňew hereketiniň teswirnamasynda

bu barada bellik etmäge borçludyr.

**119-njy madda. Derňew hereketiniň teswirnamasyna gol çekmekden ýüz dönderilendigini ýa-da gol çekmegiň mümkin däldigini tassyklamak**

1. Eger güman edilýän, aýyplanýan, jebir çeken, şaýat ýa-da iş ýöredişe gatnaşýan beýleki adamlar derňew hereketiniň teswirnamasyna gol çekmekden ýüz dönderseler, bu barada şol teswirnamada bellik edilip, derňew hereketini geçiren adamyň goly bilen tassyklanylýar.

2. Teswirnama gol çekmekden ýüz dönderen adama ýüz döndermeginiň sebäpleri hakynda düşündiriş bermäge mümkinçilik berilmelidir, onuň netijesi bolsa teswirnamada beýan edilmelidir.

3. Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlaryň biri özüniň beden ýa-da akyl taýdan ýetmezçilikleri zerarly derňew hereketiniň teswirnamasyny okamak we oňa gol çekmek mümkinçiliginden mahrum bolsa, onda teswirnama onuň adwokaty, wekili ýa-da başga bir ynanan adamy tarapyndan sesli okalyp we oňa gol çekilip bilner, bu barada teswirnamada bellik edilýär. Agzalan bellik sülçiniň we güwäleriň gol çekmegi bilen tassyklanýar.

4. Eger güman edilýän, aýyplanýan, jebir çeken we şaýat şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen sebäplere görä sorag etmegiň teswirnamasyna gol çekip bilmese, onda sülçi keseki adamy çagyrýar, şol adam sorag edilen adamyň beren görkezmeleriniň dogry ýazylandygyny, onuň razylygy bilen, öz goluny çekip tassyklaýar. Şol teswirnama sorag eden sülçi hem gol çekýär.

**120-nji madda. Serenjam mejlisiniň teswirnamasy**

1. Serenjam mejlisiniň teswirnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:
1) mejlisiň geçirilen ýeri we wagty;
2) kazyýetiň ady we düzümi, kätip, prokuror, adwokat;
3) seredilýän iş, kazynyň çykyşynyň gysgaça mazmuny;
4) adwokatyň çykyşy;
5) prokuroryň çykyşy;
6) kazyýetiň ähli hereketleri alnyp barlyşy ýaly tertipde;
7) serenjam mejlisine gatnaşan adamlaryň aýdan beýanatlary we haýyşlary;
8) maslahat otagyna gidilmän çykarylan kesgitnamalar;
9) maslahat otagynda çykarylan kesgitnamalar.

2. Serenjam mejlisiniň teswirnamasynda kazyýetiň maslahat otagyna gidendigi, kesgitnamany yglan edendigi we kesgitnamanyň üstünden şikaýat etmegiň tertibiniň hem-de möhletiniň düşündirilendigi görkezilmelidir.

3. Teswirnama başlyklyk ediji we kätip gol çekýär.

**121-nji madda. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy**

1. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:
1) mejlisiň başlanan we tamamlanan wagtyny bellemek bilen mejlisiň geçirilen

ýeri we senesi;

2) haýsy işiň seredilýändigi;

3) kazyýetiň ady we düzümi;

4) döwlet aýyplaýjysy, adwokat, kazyýet mejlisiniň kätibi, terjimeçi, kazyýetde işi seredilýän, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri, kazyýet tarapyndan çagyrylan başga adamlar;

5) gelen şaýatlaryň anyklanmagy we sorag edilýänçä olaryň kazyýet mejlisinden çykarylmagy;

6) kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýeti hakyndaky, onuň aýyplaw netijenamasynyň nusgasyny alan senesi hakyndaky we ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresi hakyndaky maglumatlar;

7) kazyýetiň düzüminiň we oňa beýleki gatnaşyjylaryň yglan edilmegi we iş ýöredişe gatnaşyjylara ynanmazlyk bildirmek hukuklarynyň düşündirilendigi;

8) kazyýetde işi seredilýäne we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylara olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň düşündirilendigi;

9) aýyplaw netijenamasynyň yglan edilmegi;

10) başlyklyk edijiniň beren buýruklary we kazyýetiň hereketleri edil bolşy ýaly tertipde;

11) döwlet aýyplaýjysynyň, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň we bilermenleriň aýdanlary hem-de haýyşlary;

12) maslahat otagyna gitmän kazyýetiň çykaran kesgitnamalary;

13) kazyýetiň maslahat otagynda çykaran kesgitnamalary;

14) jebir çekeniň, şaýatlaryň we kazyýetde işi seredilýäniň beren görkezmeleriniň doly we jikme-jik mazmuny;

15) bilermeniň netijenamasy we berlen sowallara onuň jogaplary;

16) kazyýet mejlisinde amala aşyrylan gözden geçirişleriň we başga hereketleriň netijeleri;

17) kazyýetdäki çykyp geplemeleriň yzygiderliligi we esasy mazmuny;

18) kazyýetde işi seredilýäniň ahyrky sözüniň mazmuny.

2. Teswirnamada kazyýetiň maslahat otagyna gidendigi, çykarylan hökümiň ýa-da kesgitnamanyň yglan edilendigi we olar barada şikaýat etmegiň tertibiniň hem-de möhletiniň düşündirilendigi, kazyýetde işi seredileniň kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanşyp, oňa öz belliklerini getirmäge hukugynyň bardygynyň düşündirilendigi görkezilmelidir.

3. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy kazyýet mejlisinde ýöredilýär we ol kazyýet mejlisi tamamlanandan soň bäş gije-gündizden, aýratyn çylşyrymly işler boýunça bolsa on gije-gündizden gijä goýulman taýýarlanylyp, oňa gol çekilmelidir. Teswirnama kazyýet mejlisinde başlyklyk ediji we kazyýet mejlisiniň kätibi gol çekýär.

4. Kazyýet seljerişinde sorag etmegiň ses we wideoýazgysy ulanylyp bilner. Şeýle halatda ses we wideoýazgysy kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşulyp, onda şol ýazgylaryň ulanylyşy hakynda bellik edilýär.

Teswirnamada kazyýet mejlisinde sanly wideoaragatnaşyk ulgamynyň peýdalanylandygy görkezilýär.

*(2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda).*

**122-nji madda. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy baradaky bellikler**

1. Döwlet aýyplaýjysy, adwokat, kazyýetde işi seredilýän hem-de jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri teswirnama gol çekilenden soň bäş gije-gündiziň dowamynda teswirnama bilen tanyşmaga we onuň nädogrudygyny ýa-da doly däldigini görkezip, teswirnama barada özleriniň belliklerini bermäge haklydyrlar.

2. Berlen belliklere başlyklyk ediji tarapyndan seredilýär we ol bellikler bilen razylaşan mahalynda olaryň dogrudygyny tassyklaýar hem-de olary kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşýar.

3. Başlyklyk ediji berlen bellikler bilen razylaşmadyk mahalynda şol bellikler kazyýetiň işe seredilen wagtyndaky düzüminde onuň serenjam mejlisiniň seretmegine berilýär, bellikleri beren adamlar hem şol mejlise gatnaşýarlar, emma olaryň sebäpsiz gelmezligi, serenjam mejlisiniň geçirilmegini gaýra goýmaklyga esas bolup bilmez. Kazyýetiň hut şol düzümini üpjün etmek mümkin bolmadyk mahalynda, başlyklyk ediji we kazyýetiň oturdaşlarynyň iň bolmanda biri işe seretmäge gatnaşan kazylardan bolmalydyr. Eger başlyklyk edijiniň gatnaşdyrylmagyna mümkinçilik bolmadyk halatynda bolsa kazyýetiň iki oturdaşy gatnaşmalydyr.

Kazynyň ýekeliginde seredilýän işler boýunça başlyklyk ediji bellikler bilen razy bolmadyk halatynda, berlen belliklere işe gatnaşýan adamlara habar bermek bilen serenjam mejlisinde seredilýär, emma olaryň sebäpsiz gelmezligi, serenjam mejlisiniň geçirilmegini gaýra goýmaklyga esas bolup bilmez.

4. Kazyýet berlen bellikleri ara alyp maslahatlaşmaga we olar boýunça öz kesgitnamasyny çykarmaga borçludyr. Berlen bellikler işe goşulmalydyr.

5. Teswirnama berlen bellikler olaryň berlen gününden başlap, bäş günüň dowamynda seredilmelidir.

6. Kazynyň ýekeliginde seredilýän işler boýunça başlyklyk edijiniň haýsydyr bir obýektiw sebäpler boýunça teswirnama berlen belliklere seretmäge mümkinçiligi bolmasa, onda bellikler işe goşulýar.

*(2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**123-nji madda. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň mejlisiniň teswirnamasy**

1. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň teswirnamasynda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) mejlisiň geçirilen senesi;

2) mejlise gatnaşyjylar;

3) mejlisiň gün tertibi;

4) mejlise gatnaşanlaryň çykyşlarynyň gysgaça mazmuny;

5) prokuroryň çykyşy;

6) iş boýunça kabul edilen çözgüt.

2. Teswirnama Plenumyň başlygy we kätibi gol çekýär.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

## Üçünji bölüm
## Subutnamalar we subut etmek

### 15-nji bap. Subutnamalar

#### 124-nji madda. Subutnamalar hakynda düşünje

1. Kanuny ýol bilen alnan hakykat ýüzündäki islendik maglumatlar jenaýat işi boýunça subutnamalar bolup durýar. Şol maglumatlar esasynda şu Kodeksde kesgitlenen tertipde anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan etmişiň bardygyny ýa-da ýokdugyny, şol etmişi aýyplanýanyň edendigini ýa-da etmändigini we onuň günälidigini ýa-da bigünädigini, şeýle hem işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bar bolan beýleki ýagdaýlary anyklaýar.

2. Işiň dogry çözülmegi üçin ähmiýeti bolan hakykat ýüzündäki maglumatlar şu aşakdakylar bilen anyklanylýar:

1) güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýadyň beren görkezmeleri;

2) bilermeniň netijenamasy;

3) maddy subutnamalar;

4) iş ýörediş hereketleriniň teswirnamalary;

5) beýleki resminamalar.

#### 125-nji madda. Subutnama hökmünde ulanylmaga ýol berilmeýän hakykat ýüzündäki maglumatlar

1. Şu Kodeksiň talaplarynyň bozulmagy bilen iş ýöredişe gatnaşyjylaryň kanun tarapyndan kepillendirilen hukuklaryndan mahrum etmek ýa-da gysmak, derňew we kazyýet seljerişiniň dowamynda jenaýat iş ýöredişiň düzgünleriniň bozulmagy bilen, şeýle hem şu aşakdaky ýollar bilen alnan hakykat ýüzündäki maglumatlaryň subutnama hökmünde ulanylmagyna ýolberilmesiz diýlip ykrar edilmelidir:

1) zorlugy, haýbat atmagy, aldamagy, şeýle hem beýleki bikanun hereketleri ulanmak bilen;

2) jenaýat iş ýöredişe gatnaşýan adama onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmezligiň, doly ýa-da dogry düşündirmezligiň netijesinde onuň ýalňyşmagyndan peýdalanmak arkaly;

3) iş ýörediş hereketiniň şu jenaýat işi boýunça önümçiligi amala aşyrmaga hukugy bolmadyk adam tarapyndan geçirilendigi bilen baglylykda;

4) ynanmazlyk bildirilmäge degişli adamyň iş ýörediş hereketine gatnaşmagy bilen baglylykda;

5) iş ýörediş hereketini geçirmegiň tertibiniň düýpli bozulmagy bilen;

6) näbelli çeşmeden alnan ýa-da haýsy çeşmeden alnandygyny kazyýet mejlisinde anyklap bolmajak maglumatlar;

7) subut etmegiň dowamynda häzirki zaman ylmy düşünjelerine garşy gelýän usullaryň ulanylmagy bilen.

2. Hakykat ýüzündäki maglumatlary subutnamalar hökmünde ulanmaga ýolberilmezlik, şeýle hem jenaýat işi boýunça önümçilik mahaly olardan çäkli peýdalanmak mümkinçiligi iş ýöredişi alyp barýan edaranyň hut öz başlangyjy ýa-da taraplaryň haýyşy boýunça kesgitlenilýär.

3. Jenaýat işiniň materiallarynyň sanawyna girizilmedik, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň we şaýadyň beren görkezmeleri, bilermeniň netijenamasy, maddy subutnamalar, derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary, beýleki resminamalar aýyplawyň esasy hökmünde alnyp bilinmez.

4. Kanun bozulyp alnan subutnamalar hukuk taýdan güýçsüz diýlip ykrar edilýär we olar aýyplawyň esasy hökmünde, şeýle hem şu Kodeksiň 126-njy maddasynda görkezilen islendik ýagdaý subut edilende peýdalanylyp bilinmez.

5. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen kanun bozulmalary bilen alnan hakykat ýüzündäki maglumatlar degişli kanun bozulmalary we olara ýol beren adamlaryň günälidigi babatda anyk subutnamalar hökmünde peýdalanylyp bilner.

## 126-njy madda. Jenaýat işi boýunça subut edilmäge degişli ýagdaýlar

1. Anyklaýyş, deslapky derňew geçirilýän we kazyýetde jenaýat işi seljerilýän mahalynda şu aşakdakylar subut edilmäge degişlidir:

1) jenaýatyň wakasy (bolup geçen wagty we ýeri, jenaýaty etmegiň usuly we beýleki ýagdaýlary) we jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan jenaýatyň düzümi;

2) jenaýat kanuny tarapyndan gadagan edilen etmişi kimiň edendigi;

3) jenaýaty etmekde şol adamyň günälidigi, onuň günäsiniň görnüşi, edilen etmişiň delilleri;

4) aýyplanýanyň jogapkärçiliginiň derejesine we häsiýetine täsir edýän ýagdaýlar;

5) aýyplanýanyň şahsyýetini häsiýetlendirýän ýagdaýlar;

6) edilen jenaýatyň netijeleri;

7) jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi;

8) etmişiň jenaýatdygyny aradan aýyrýan ýagdaýlar;

9) jenaýat jogapkärçiliginden we jeza çäresinden boşatmaga eltýän ýagdaýlar;

10) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 50-nji maddasyna laýyklykda muzdsuz alynmaga degişli emlägiň jenaýaty amala aşyrmagyň netijesinde alnan ýa-da şol emläkden gazanylan girdeji bolup durýan ýa-da jenaýaty amala aşyrmakda närse, enjam ýa-da beýleki serişde hökmünde ýa-da terrorçylygyň, ekstremistik işiň (ekstremizmiň), guramaçylykly toparyň, bikanun ýaragly we harbylaşdyrylan düzümleriň, jenaýatçylykly birleşmäniň (jenaýatçylykly guramanyň) maliýeleşdirilmegi üçin ulanylan ýa-da ulanylmagy üçin niýetlenendigini tassyklaýan ýagdaýlar.

2. Jenaýat etmäge ýol açan ýagdaýlar, sebäpler we şertler hem jenaýat işi

boýunça ýüze çykarylmaga degişlidir.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**127-nji madda. Subutnamasyz anyklanýan ýagdaýlar**

Eger degişli hukuk kadasynyň çygrynda tersine subut edilip bilinmese, onda şu aşakdaky ýagdaýlar subutnamasyz subut edilen diýlip hasap edilýär:

1) umumy mälim bolan ýagdaýlar;

2) häzirki zaman ylmynda, tehnikasynda, sungatynda, senedinde umumy kabul edilen barlag usullarynyň dogrudygy;

3) kazyýetiň kanuny güýje giren çözgüdi bilen anyklanan ýagdaýlar;

4) adamyň kanuny bilýändigi;

5) adamyň öz gulluk we käri boýunça borçlaryny bilýändigi.

**128-nji madda. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýadyň görkezmeleri**

1. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň, şaýadyň şu Kodeksiň 27-nji babynda bellenen tertipde anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň dowamynda sorag edilende ýazmaça ýa-da dilden beren maglumatlary olaryň görkezmeleridir. Kazyýetde işi seredilýäniň kazyýet seljerişiniň dowamynda sorag edilende beren maglumatlary onuň görkezmeleridir.

2. Güman edilýän öz garşysyna bar bolan güman babatda, şeýle hem özüne mälim bolan iş üçin ähmiýetli beýleki ýagdaýlar we subutnamalar barada görkezme bermäge haklydyr.

3. Aýyplanýan özüne bildirilen aýyp boýunça özüne mälim bolan, şeýle hem iş üçin ähmiýetli beýleki ýagdaýlar we subutnamalar babatda, kazyýetde işi seredilýän bolsa işiň islendik ýagdaýlary barlanan mahalynda görkezme bermäge haklydyr.

4. Aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmekde öz günäsini boýun almagy iş boýunça bar bolan subutnamalaryň jemi bilen onuň günäkärdigi diňe tassyk bolan mahalynda aýyplawyň esasy bolup biler.

5. Jebir çeken iş boýunça subut edilmäge degişli islendik ýagdaýlar barada, şeýle hem onuň güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, beýleki jebir çekenler, şaýatlar bilen özara gatnaşyklary hakynda sorag edilip bilner. Eger jebir çeken özüniň habarly bolmagynyň düýp çeşmesini görkezip bilmese, onuň habar beren maglumatlary subutnama bolup hyzmat edip bilmez.

6. Şaýat işe dahylly islendik ýagdaýlar barada, şol sanda aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň şahsyýetleri we olar hem-de beýleki şaýatlar bilen onuň özara gatnaşyklary hakynda sorag edilip bilner. Eger şaýat özüniň habarly bolmagynyň düýp çeşmesini görkezip bilmese, onuň habar beren maglumatlary subutnama bolup bilmez. Şaýat hökmünde sorag edilmäge degişli däl adamyň habar beren maglumatlary subutnama däldir.

7. Aýyplanýanyň şahsyýetini häsiýetlendirýän maglumatlar hakyndaky görkezmeler aýyplawyň esasy bolup bilmez, olar subutnama hökmünde diňe jezany

bellemek ýa-da jezadan boşatmak bilen baglanyşykly meseleleri çözmek üçin ulanylýar.

8. Sorag edilen pursadynda jenaýat işi üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlara doly akyl ýetirmäge ýa-da ony gaýtalamaga ukypsyz diýlip şu Kodeks tarapyndan bellenilen tertipde ykrar edilen adamyň beren görkezmesi subutnama bolup bilmez.

**129-njy madda. Bilermeniň netijenamasy**

1. Ýörite ylmy bilimleri peýdalanmak bilen şu Kodeksiň 295-nji maddasynda görkezilen obýektler babatynda geçirilen barlagyň jemlerine esaslanan hem-de jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň ýa-da taraplaryň bilermeniň öňünde goýan meseleleri boýunça şu Kodeksde göz öňünde tutulan ýazmaça görnüşde getirilen netijeler bilermeniň netijenamasydyr. Netijenamada barlag geçirilende bilermen tarapyndan ulanylan usullar, goýlan sowallara berlen jogaplaryň delillendirmesi, şeýle hem iş üçin ähmiýetli we bilermeniň hut özüniň başlangyjy boýunça anyklanan ýagdaýlar görkezilýär.

2. Bilermeniň dilden düşündirmeleri onuň diňe öňki beren netijenamasyny aýdyňlaşdyrmakda subutnama bolup bilýär.

3. Bilermeniň netijenamasy jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara üçin hökmany bolup bilmez, emma netijenama bilen şol edaranyň razylaşmazlygy delillendirilmelidir.

**130-njy madda. Maddy subutnamalar**

1. Maddy subutnamalar jenaýat etmegiň guraly bolup hyzmat eden ýa-da jenaýatyň yzlaryny özünde saklap galan ýa-da jenaýatçylykly hereketleriň obýektleri bolan zatlardyr, şeýle hem jenaýatly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatlyklardyr hem-de jenaýatyň üstüni açmak, işiň hakyky ýagdaýlaryny anyklamak, günäkärleri ýüze çykarmak üçin ýa-da ýüklenýän aýyby ýalana çykarmak üçin, ýa-da günäni ýeňilleşdirmek üçin serişde bolup hyzmat edip biljek beýleki zatlardyr we resminamalardyr.

2. Maddy subutnamalar jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çözgüdi bilen işe goşulýar we höküm kanuny güýje girýänçä ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky karar ýa kesgitnama barada şikaýat etmek möhleti geçýänçä işiň ýanynda saklanylýar. Maddy subutnamalary gözden geçirmegiň we saklamagyň tertibi şu Kodeksiň 261-nji maddasy bilen kesgitlenilýär.

3. Hökümde, kesgitnamada, kararda ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky kararda maddy subutnamalar we başga alnan zatlar hakyndaky mesele çözülmelidir, şunda:

1) aýyplanýana, kazyýetde işi seredilýäne degişli jenaýat gurallary şol zatlaryň gymmatyna garalyp ýok edilýär ýa-da muzdsuz alynýar;

2) jenaýatly ýol bilen gazanylan pullar we beýleki gymmatly zatlar döwletiň haýryna berilýär;

3) ulanylmagy gadagan edilen zatlar degişli edaralara berilýär ýa-da ýok edilýär;

4) hiç hili gymmaty bolmadyk we peýdalanylyp bilinmejek zatlar ýok edilýär, gyzyklanýan adamlar ýa-da edaralar haýyş eden halatynda bolsa şolara berilýär;

5) beýleki zatlar eýelerine gaýtarylyp berilýär, olaryň eýeleri takyklanmadyk wagtynda bolsa döwletiň eýeçiligine geçirilýär;

6) maddy subutnamalar bolup durýan resminamalar işiň saklanylmaly bütin möhletiniň dowamynda işiň ýanynda galdyrylýar ýa-da şu Kodeksiň 131-nji maddasynyň dördünji böleginde göz öňünde tutulan tertipde gyzyklanýan edara ýa-da adama berilýär.

4. Maddy subutnamalary gaýtaryp bermek zerur bolan mahalynda olary alan guramalar olaryň deregine edil şolar ýaly zatlary gaýtaryp berýärler ýa-da şol zatlar gaýtarylyp berilýän pursadynda ulanylýan ýerli bazar bahalary hakynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň ýa-da onuň ýerlerdäki edaralarynyň berýän güwänamasy boýunça gymmatyny töleýärler.

5. Gaýtaryp berilmeli zatlaryň kime degişlidigi jenaýat işi kazyýetde seredilende anyklanyp bilinmedik halatynda ol baradaky dörän jedel raýat kazyýet önümçiligi tertibinde çözülýär.

6. Kazyýet, prokuratura, derňew, anyklaýyş we kazyýet bilermenler seljermesi edaralary tarapyndan maddy subutnamalary almagyň, hasabyny ýöretmegiň, saklamagyň, ibermegiň we ýok etmegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

### 131-nji madda. Derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalary hem-de başga resminamalar

1. Iş üçin ähmiýeti bar bolan hakykat ýüzündäki maglumatlar gözden geçirişiň, synany gözden geçirişiň we beýleki derňew hem-de kazyýet hereketleriniň şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda düzülen we resmileşdirilen teswirnamalary bilen anyklanylyp we subutnamalar hökmünde ulanylyp bilner.

2. Eger edaralar, wezipeli adamlar we raýatlar tarapyndan resminamalarda beýan edilen ýa-da tassyklanan maglumatlaryň jenaýat işi üçin ähmiýeti bar bolsa, şol resminamalar subutnamalar diýlip hasap edilýär.

3. Resminamalarda ýazmaça, şonuň ýaly-da başga görnüşdäki maglumatlar bolup biler. Şu Kodeksiň 133-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde alnan, talap edilip alnan ýa-da getirilen şu aşakdakylar resminamalara degişlidir:

1) derňewe çenli barlagyň materiallary (düşündirişler, emläk tükelleýişleriniň we barlaglaryň namalary, güwänamalar);

2) kompýuter habaryny öz içine alýan materiallar, suratlar, ses we wideoýazgylary.

4. Resminamalar işe goşulýar we onuň saklanylmaly bütin möhletiniň dowamynda işiň içinde saklanylýar. Alnan we işe goşulan resminamalar gündelik hasap we hasabatlylyk işlerine hem-de beýleki kanuny maksatlar üçin zerur bolan halatynda, eger şeýle edilmegi işe zyýan ýetirmeýän bolsa, onda olar kanuny eýelerine gaýtarylyp, wagtlaýyn peýdalanmaga berlip ýa-da olaryň göçürilen nusgalary berlip bilner.

5. Resminamalar şu Kodeksiň 130-njy maddasynda görkezilen alamatlara eýe

bolan halatlarynda, olar maddy subutnamalar diýlip bilinýär.

## 16-njy bap. Subut etmek

### 132-nji madda. Subut etmek

1. Subut etmek işiň kanunalaýyk, esaslandyrylyp we adalatly çözülmegi üçin ähmiýeti bar bolan ýagdaýlary anyklamak maksady bilen subutnamalary toplamakdan, barlamakdan, olara baha bermekden we peýdalanmakdan ybaratdyr.

2. Jenaýat jogapkärçiliginiň esaslarynyň we kazyýetde işi seredilýäniň günäsiniň bardygyny subut etmek borjy döwlet aýyplaýjysynyň üstüne ýüklenilýär.

### 133-nji madda. Subutnamalary toplamak

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet öz önümçiligindäki işler boýunça sorag etmek üçin ýa-da bilermen hökmünde netijenama almak üçin öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde şu Kodeksde bellenen tertipde islendik adamy çagyrmaga; gözden geçirişi we şu Kodeksde göz öňünde tutulan başga iş ýörediş hereketlerini geçirmäge; iş boýunça zerur bolan hakykat ýüzündäki maglumatlary anyklap biljek zatlaryň we resminamalaryň getirilip berilmegini edaralardan, kärhanalardan, guramalardan, wezipeli adamlardan we raýatlardan talap etmäge hem-de barlag geçirilmegini talap etmäge haklydyr. Şol talaplary ýerine ýetirmek ähli raýatlar, edaralar, kärhanalar, guramalar we wezipeli adamlar üçin hökmanydyr.

2. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde işe gatnaşmak üçin goýberilen adwokat subutnamalary getirmäge we hukuk kömegini bermek üçin zerur bolan maglumatlary toplamaga, şeýle hem häsiýetnamalary, güwänamalary, resminamalary we olaryň göçürilen nusgalaryny kanunda bellenilen tertipde bermäge borçly edilen guramalardan sorap almaga, kanuny bähbitlerini goraýan adamynyň razylygy bilen, eger hukuk kömegini bermek bilen baglylykda ýüze çykýan meseleleri çözmek ýörite bilimden peýdalanmagy talap edýän bolsa, şol meseleler boýunça ýörite bilimli adamyň pikirini sorap almaga haklydyr.

3. Subutnama bolup biljek dilden aýdylan we ýazmaça görnüşdäki maglumatlary, zatlary we resminamalary güman edilýän, aýyplanýan, işi kazyýetde seredilýän, adwokat, döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri, şeýle hem islendik raýatlar we guramalar getirmäge haklydyr.

4. Iş boýunça toplanan ähli subutnamalar anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet tarapyndan dykgatly, hemmetaraplaýyn we dogry barlanmalydyr.

### 134-nji madda. Subutnamalary berkitmek

1. Hakykat ýüzündäki maglumatlar diňe iş ýörediş hereketleriniň teswirnamalarynda ýazylyp bellenilenden soň subutnamalar hökmünde peýdalanylyp bilner.

2. Anyklaýşyň we deslapky derňewiň dowamynda teswirnamalary ýöretmek

üçin jogapkärçilik degişlilikde anyklaýjynyň we sülçiniň üstüne, kazyýetde bolsa başlyklyk edijiniň we kazyýet mejlisiniň kätibiniň üstüne ýüklenilýär.

3. Derňew we kazyýet hereketlerine gatnaşyjylara, şeýle hem kazyýet seljerişinde taraplara şol hereketleriň barşy we netijeleri ýazylyp bellenilen teswirnamalar bilen tanyşmaga, teswirnamalaryň üstüni ýetirmäge we olara düzedişleri girizmäge, hut şol hereketleriň geçirilişiniň tertibi we şertleri babatda belliklerini we närazylyklaryny aýtmaga, teswirnamadaky ýazgylary öz pikiriçe beýan etmegi teklip etmäge, iş üçin ähmiýeti bolup biljek ýagdaýlara anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da kazyýetiň ünsüni çekmäge bolan hukuklary üpjün edilmelidir. Derňew we kazyýet hereketlerine gatnaşyjylara olaryň hukuklarynyň düşündirilendigi hakynda teswirnamada bellik edilýär.

4. Dilden aýdylan goşmaçalar, düzedişler, bellikler, närazylyklar, haýyşlar we şikaýatlar teswirnama girizilýär, olaryň ýazmaça görnüşde beýan edilenleri bolsa teswirnamanyň ýanyna goşulýar. Üsti çyzylan ýa-da soň ýazylan sözler ýa-da beýleki düzedişler hakynda teswirnamanyň ahyrynda gol çekilmeli ýeriniň öňünde bellik edilýär.

5. Derňew hereketiniň teswirnamasy bilen tanyşdyrylan adamlar her sahypada ýazgynyň soňky setiriniň aşagyna we teswirnamanyň ahyryna gol çekýär. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň bir bölegi bilen tanşylan mahalynda her sahypanyň ahyryna we şol bölegiň ahyryna gol çekilýär.

6. Bellikler ýa-da närazylyklar bilen ylalaşmadyk halatynda, anyklaýjy, sülçi ýa-da kazy bu hakda karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

7. Iş ýöredişe gatnaşyjylardan kimdir biriniň ýa-da başga adamlaryň kanunda göz öňünde tutulan halatlarda derňew hereketiniň teswirnamasyna gol çekmekden ýüz dönderen mahalynda, anyklaýjy ýa-da sülçi bu hakda teswirnamada bellik edýär we muny öz goly bilen tassyklaýar.

8. Teswirnama gol çekmekden ýüz dönderen adam özüniň ýüz döndermeginiň sebäbini düşündirmäge haklydyr we bu düşündiriş teswirnama girizilmelidir.

9. Iş ýörediş hereketine gatnaşyjy, eger özüniň beden kemçilikleri ýa-da sowatsyzlygy zerarly teswirnamany özi okap ýa-da oňa gol çekip bilmeýän bolsa, onda onuň razylygy bilen teswirnamany onuň adwokaty, wekili ýa-da şol adamyň ynanan başga raýaty sesli okap berýär we oňa gol çekýär, bu hakda teswirnamada bellik edilýär.

10. Subutnamalary berkitmek üçin teswirnamalary düzmek bilen bir hatarda ses we wideoýazgylary, surata düşürmeler ulanylyp, ýelimlenilip ýasalan nusgalary, galdyrylan yzlaryň şekillerini, meýilnamalary, çyzgylary taýýarlamak we maglumatlary şekillendirýän beýleki usullar ulanylyp bilner. Subutnamalary berkitmegiň görkezilen usullarynyň derňew hereketine ýa-da kazyýet seljerişine gatnaşyjy tarapyndan ulanylandygy hakynda, ulanylan şol ylmy-tehniki serişdelere tehniki häsiýetnama bermek bilen, degişlilikde derňew hereketiniň ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilýär.

11. Ses we wideoýazgylary, suratlar, ýelimlenilip ýasalan nusgalar, galdyrylan yzlaryň şekilleri, çyzgylar, meýilnamalar, derňew ýa-da kazyýet hereketiniň barşyny we netijelerini görkezýän beýleki şekiller teswirnamanyň ýanyna goşulýar. Her bir goşundyda, onuň dahylly bolan derňew ýa-da kazyýet hereketiniň adyny, geçirilen

ýerini we senesini görkezýän düşündiriji ýazgy bolmalydyr. Iş boýunça kazyýete çenli önümçiligiň dowamynda anyklaýjy ýa-da sülçi, zerur bolan halatlarda güwäler, kazyýetde bolsa başlyklyk ediji we kazyýet mejlisiniň kätibi şol ýazgyny öz gollary bilen tassyklaýarlar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**135-nji madda. Subutnamalary barlamak**

Iş boýunça toplanan subutnamalar hemmetaraplaýyn we dogry barlanylmaga degişlidir. Subutnamalary barlamak alnan subutnamany jikme-jik seljermegi, ony beýleki subutnamalar bilen deňeşdirmegi, goşmaça subutnamalary toplamagy, subutnamalaryň alnan çeşmelerini barlamagy öz içine alýar.

**136-njy madda. Subutnamalara baha bermek**

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet subutnamalara işiň ähli ýagdaýlaryna we subutnamalaryň jemine hemmetaraplaýyn, doly we dogry seretmäge esaslanan öz içki ynam-ygtykady boýunça, kanuna, subutnamalaryň degişliligine, ýolbererliklidigine we olaryň jenaýat işiniň çözülmegi üçin ýeterlikdigine goldanyp baha berýär.

2. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet üçin hiç hili subutnamalaryň öňünden bellenen güýji ýokdur.

**137-nji madda. Subut etmegiň dowamynda ylmy-tehniki serişdeler**

1. Subutnamalary toplamak, barlamak we olara baha bermek maksady bilen jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň ylmy-tehniki serişdeleri peýdalanmaga haky bardyr.

2. Ylmy-tehniki serişdelerden peýdalanylan mahalynda ýardam bermek üçin jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara tarapyndan hünärmen çagyrylyp bilner.

3. Şu aşakdaky ýagdaýlarda ylmy-tehniki serişdeleri ulanmak ýolbererlikli diýlip bilinýär:

1) eger olar kanunda göni göz öňünde tutulan ýa-da onuň kadalaryna we ýörelgelerine garşy gelmeýän bolsa;

2) ylmy taýdan ulanylmaga degerli bolsa;

3) jenaýat işi boýunça önümçiligiň netijeliligini üpjün edýän bolsa;

4) howpsuz bolsa.

4. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň ylmy-tehniki serişdelerden peýdalanmagy, şol serişdeler babatdaky maglumatlar, olary ulanmagyň şertleri we tertibi, olaryň haýsy zatlar barada ulanylandygy we olardan peýdalanmagyň netijeleri görkezilip, degişli iş ýörediş hereketleriniň teswirnamalarynda bellenilýär.

**138-nji madda. Jenaýat işi boýunça subut etmekde dessin-agtaryş işleriniň**

**netijelerinden peýdalanmak**

Dessin-agtaryş işleriniň kanunyň talaplary berjaý edilip alnan netijelerinden şu Kodeksiň subutnamalary toplamagy, barlamagy we olara baha bermegi kadalaşdyrýan düzgünlerine laýyklykda jenaýat işi boýunça subut etmekde peýdalanylyp bilner.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

## Dördünji bölüm
## Iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleri

### 17-nji bap. Tutup saklamak

#### 139-njy madda. Tutup saklamak barada düşünje

1. Tutup saklamak jenaýat etmekde güman edilýän, jenaýat edendigi üçin aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän adamy jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara eltmek hem-de kanunda göz öňünde tutulan ýerlerde we şertlerde gysga wagtlaýyn gabaw astynda saklamak maksady bilen ulanylýan iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäresidir. Tutup saklamak iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleriniň bir görnüşi bolmak bilen, ol güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň jenaýatly hereketleriniň, jenaýat yzarlaýyş edaralaryndan ýa-da kazyýetden gaçmak we gizlenmek, subutnamalary gizlemek ýa-da ýok etmek, jenaýat işi baradaky hakykaty anyklamaga päsgel bermek mümkinçilikleriniň öňüni almak, şeýle hem hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr.

2. Tutup saklamak diňe aşakdaky ýagdaýlarda ulanylyp bilner:

1) jenaýat etmekde güman edilýän, jenaýat edendigi üçin aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän adama, eger onuň eden jenaýaty üçin azatlykdan mahrum etmek çäresi göz öňünde tutulan bolsa;

2) ulanylan iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäresiniň şertlerini bozan aýyplanýan barada.

#### 140-njy madda. Güman edilýäni tutup saklamak

1. Jenaýat yzarlaýyş edarasy azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza çäresiniň bellenilmegine sebäp bolup biljek jenaýaty etmekde güman edilýän adamy diňe şu aşakdaky esaslaryň biriniň bar bolan mahalynda tutup saklamaga haklydyr:

1) şol adamyň jenaýat edip durka ýa-da jenaýat eden dessine üstünden barlan halatynda;

2) jenaýatyň wakasyny gözi bilen gören adamlar, şol sanda jebir çekenler hem şol adamy jenaýat eden hökmünde gös-göni görkezen halatynda;

3) güman edilýäniň bedeninde, geýiminde, ulanýan zatlarynda, ýanynda ýa-da ýaşaýan ýerinde, ulag serişdesinde jenaýatyň mese-mälim yzlary tapylan mahalynda;

4) adamy jenaýat etmekde güman etmäge esas berýän beýleki maglumatlar bar

bolsa, güman edilýän diňe gaçmaga synanyşan halatynda ýa-da onuň belli bir ýaşaýan ýeri ýok bolsa ýa-da onuň şahsyýeti anyklanylmadyk halatynda.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamy tutup saklamak diňe aýratyn halatlarda, ýagny edilen jenaýatyň agyrlygy şony talap edýän bolsa, şu maddada görkezilen esaslar bar bolan mahalynda ulanylyp bilner.

3. Güman edilýäniň tutulup saklanylan halaty hakynda jenaýat yzarlaýyş edarasy onuň tutulyp saklanylmagynyň esaslaryny, delillerini, gününi, sagadyny we minudyny, ýylyny we aýyny, ýerini, tutulyp saklanylan adamyň beren düşündirişlerini hem-de teswirnamanyň düzülen wagtyny görkezmek bilen teswirnama düzmäge borçludyr. Tutup saklamak hakyndaky teswirnama ony düzen adam we tutulyp saklanylan adam gol çekýärler. Tutulyp saklanylan adam teswirnama gol çekmekden ýüz dönderen mahalynda, bu hakda teswirnamada degişli bellik edilýär.

### 141-nji madda. Tutup saklamak hakynda habarly etmek

1. Jenaýat etmekde güman edilýän adamyň tutulyp saklanandygy, onuň nirede tutup saklanylýandygy hakynda jenaýat yzarlaýyş edarasy onuň maşgalasyna ýa-da ýakyn garyndaşlaryna haýal etmän, ýöne ýigrimi dört sagatdan gijä goýmazdan habar bermelidir.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň tutulyp saklanylandygy hakynda onuň ata-enesi ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlar ýa-da howandarlary haýal etmän habarly edilmelidir.

3. Daşary ýurt döwletiniň raýatynyň tutulyp saklanylandygy hakynda jenaýat yzarlaýyş edarasy degişli döwletiň ilçihanasyny, konsullyk gullugyny ýa-da beýleki wekilhanasyny haýal etmän habarly etmek üçin Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine habar berýär.

4. Tutup saklamagyň teswirnamasynyň göçürilen nusgasy tutulyp saklananlaryň gabawda saklanylýan ýerine iberilýär.

### 142-nji madda. Güman edilýän adamlary gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi

Jenaýat etmekde güman edilýän adamlary gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama arkaly jenaýat etmekde güman edilýän adamlary gysga wagtlyk tutup saklamagyň tertibi kesgitlenilýär.

### 143-nji madda. Güman edilýäni çagyrmak we sorag etmek

1. Güman edilýäni çagyrmak we ondan sorag etmek şu Kodeksiň 246, 250, 252, 255 we 257-nji maddalarynda bellenen düzgünleri berjaý etmek bilen geçirilýär.

2. Güman edilýänden sorag etmezden öň oňa şu Kodeksiň 79-njy maddasynda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirilmelidir. Onuň nähili jenaýaty etmekde güman edilýändigi oňa yglan edilmelidir, bu barada ondan sorag etmegiň teswirnamasynda bellik edilýär.

3. Eger güman edilýän adam tutulyp saklanylan bolsa ýa-da ol barada tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa, ondan haýal etmän sorag edilýär. Emma haýal etmän sorag etmek mümkin bolmasa, güman edilýänden onuň tutulyp saklanylan pursadyndan başlap ýigrimi dört sagatdan gijä goýulman sorag edilmelidir.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**144-nji madda. Güman edilýäni tutup saklamagyň möhleti**

1. Güman edilýäniň tutulyp saklanylan pursadyndan başlap ýigrimi dört sagadyň dowamynda jenaýat yzarlaýyş edarasy bu barada prokurora habar bermelidir.

2. Adamyň tutulyp saklanylandygy hakyndaky habaryň gowşan pursadyndan başlap kyrk sekiz sagadyň dowamynda prokuror tussag etmek üçin sanksiýa bermelidir ýa-da tutulyp saklanylany boşatmalydyr.

3. Güman edilýäni tutup saklamagyň umumy möhleti ähli halatlarda, tutulyp saklanylan pursadyndan başlap ýetmiş iki sagatdan artyk bolup bilmez. Eger güman edilýäni tutup saklamagyň esaslary tussag etmek üçin prokuroryň sanksiýasy alynmazyndan öň aradan aýrylan bolsa, onda jenaýat yzarlaýyş edarasy tutulyp saklanylan adamy haýal etmän boşatmalydyr we bu barada prokurora habar bermelidir.

**145-nji madda. Anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy boýunça tutup saklamak**

1. Güman edilýäni tutup saklamak hakynda anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda jenaýat yzarlaýyş edarasynyň işgäri şu Kodeksiň 140-njy maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen ony iň golaýda ýerleşen içeri işler ýa-da başga jenaýat yzarlaýyş edarasyna haýal etmän getirmäge borçludyr. Güman edilýäniň tutulyp saklanylandygy we getirilendigi barada tutup saklamak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykaran ygtyýarly adama ýa-da kazyýete şobada habar berilýär.

2. Ozal gözleg yglan edilen aýyplanýan tutulyp saklanylan halatynda, eger ol barada tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak hakynda karar ýok bolsa, aýyplanýanyň tutulyp saklanylan ýerindäki etrap, etrap hukukly şäher prokurory ol barada derňew önümçiliginiň alnyp barylýan ýerine ony alyp barmak üçin zerur bolan möhlete çenli aýyplanýany tutup saklamak hakynda şu Kodeksiň 140-njy maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen karar çykarmaga haklydyr, ýöne bu möhlet on gije-gündizden köp bolmaly däldir.

3. Güman edilýäniň tutulyp saklanylan wagtyndan başlap ol möhlet aýyplanýany tussaglykda saklamagyň müddetine girýär we kazyýet tarapyndan jeza çäresi bellenilende Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 65-nji maddasynda göz öňünde tutulan düzgünler esasynda jeza çäresiniň umumy möhletleri hasaplanylýar.

4. Eger tutulyp saklamagyň kanunda bellenilen möhletlerinde tutulyp saklanylan adamy boşatmak ýa-da oňa ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmegi

ulanmak hakynda anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy onuň tutulyp saklanylýan ýerine gelip gowuşmasa, onda tutulyp saklananlaryň saklanylýan ýeriniň ýolbaşçysy ony boşadýar we bu barada anyklaýja, sülçä, prokurora, kazyýete habarnama iberýär.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

## 18-nji bap. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleri

### 146-njy madda. Ätiýaçsyzlandyryş çärelerini ulanmaga esaslar

Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän azatlykda gezip ýörse, derňewden we kazyýetden gizlener ýa-da jenaýat işi boýunça hakykatyň anyklanmagyna päsgel berer ýa-da jenaýatly işler bilen meşgullanar diýip çak etmäge ýeterlik esaslar bar mahalynda jenaýatlaryň agyrlygyny we howplulygyny nazara alyp, şeýle hem hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän barada şu Kodeksde bellenen tertipde, onuň 147-nji maddasynda göz öňünde tutulan ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň birini ulanmaga haklydyr.

### 147-nji madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň görnüşleri

1. Ätiýaçsyzlandyryş çäreleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:
1) hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty;
2) şahsy zamunlyk;
3) guramanyň zamunlygy;
4) girew;
5) tussag etmek.
2. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde olary ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýa-da howandarlarynyň seretmegine bermek, çagalar edaralarynda terbiýelenýän kämillik ýaşyna ýetmedikler barada bolsa, şol edaralaryň ýolbaşçylygynyň gözegçiligine bermek hem ulanylyp bilner.
3. Harby gullukçylar barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde olaryň gulluk edýän harby bölümleriniň serkerdeleriniň olara gözegçilik etmegi ulanylyp bilner.

### 148-nji madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylanda nazarda tutulýan ýagdaýlar

Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmagyň zerurdygy hakyndaky hem-de şol çäreleriň haýsydyr birini saýlap almak hakyndaky mesele çözülýän mahalynda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet şu Kodeksiň 146-njy maddasynda görkezilen ýagdaýlardan başga-da, edilen jenaýatyň agyrlygyny, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýetini, onuň kärini, ýaşyny, saglyk, maşgala ýagdaýlaryny we başga ýagdaýlary nazarda tutýar.

**149-njy madda. Güman edilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çärelerini ulanmak**

Aýratyn halatlarda, şu Kodeksiň 146-njy maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolsa hem-de 148-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlar nazara alnyp, ätiýaçsyzlandyryş çäresi jenaýaty etmekde güman edilýän adam barada oňa aýyp bildirilmänkä hem ulanylyp bilner. Şunuň ýaly ýagdaýda aýyp ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan pursadyndan başlap, eger güman edilýän tutulyp saklanylan bolsa, soň hem tussag edilen bolsa, onda tutulyp saklanylan pursadyndan başlap on gije-gündizden gijä goýulman bildirilmelidir. Eger şol möhletde aýyp bildirilmese, onda ätiýaçsyzlandyryş çäresi haýal etmän ýatyrylýar.

**150-nji madda. Hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty**

1. Hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň ýaşaýan ýerinden ýa-da wagtlaýyn bolýan ýerinden hiç ýere anyklaýjydan, sülçiden, prokurordan, kazyýetden birugsat gitmejekdigi, işiň derňelmegine we kazyýetde seljerilmegine päsgel bermejekdigi, jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy boýunça bellenen möhletde geljekdigi barada ondan ýazmaça borçnama almakdan ybaratdyr.

2. Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän hiç ýere gitmejekdigi hakynda beren dil hatyny bozan halatynda ol barada has berk ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylyp bilner, dil haty alnan wagtynda bu hakda oňa duýdurylýar.

**151-nji madda. Şahsy zamunlyk**

1. Şahsy zamunlyk ynamdar adamlaryň güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň özüni oňat alyp barjakdygyna we anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň çagyrmagy boýunça geljekdigine özleriniň zamun bolýandyklaryna ýazmaça borçnama almaklaryndan ybaratdyr. Zamun bolýanlar iki adamdan az bolup bilmez.

2. Zamun bolýanlaryň diňe ýazmaça haýyşy boýunça hem-de zamunlyga alynýanyň razylygy bilen şahsy zamunlygy ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde saýlap almaga ýol berilýär.

3. Şahsy zamunlyk hakynda dil haty alnan mahalynda, şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna sebäp bolan işiň düýp manysy we güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän derňewden we kazyýetden boýun gaçyran halatynda çekilmeli jogapkärçilik zamun bolýan adama mälim edilmelidir.

4. Zamun bolýan adam jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda islendik pursatda zamunlykdan ýüz döndermäge haklydyr.

5. Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän derňewden we kazyýetden boýun gaçyran halatynda zamun bolanlar administratiw jogapkärçiligine çekilip bilnerler.

6. Administratiw jogapkärçiligine şu Kodeksiň 205-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde çekilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**152-nji madda. Guramanyň zamunlygy**

1. Guramanyň zamunlygy güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň özüni oňat alyp barjakdygyna we anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň çagyrmagy boýunça geljekdigine guramanyň zamun bolýandygy hakynda ýazmaça borçnama bermekden ybaratdyr.

2. Şol ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna sebäp bolan işiň düýp mazmuny zamun bolýan gurama mälim edilmelidir. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän derňewden we kazyýetden boýun gaçyran halatynda zamun bolan gurama şu Kodeksiň 205-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde we Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksi esasynda administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**153-nji madda. Girew**

1. Girew goýmak, munuň özi güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň jenaýat işi boýunça önümçiligi alyp barýan wezipeli adamyň çagyrmagy boýunça gelmegini üpjün etmek üçin degişli derňew edarasynyň ýa-da kazyýetiň eldegrilmesiz hasabyna wagtlaýyn goýulýan pul ýa-da başga gymmatlyklary almak arkaly ulanylýan ätiýaçsyzlandyryş çäresidir. Girew goýmak ulanylan mahalynda onuň ulanylýan adamynyň şahsyýeti, edilen jenaýatyň agyrlygy we häsiýeti nazara alynýar.

2. Anyklaýjy, sülçi ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde girewi prokuroryň razylygy bilen saýlap alyp biler.

3. Girew güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň özi ýa-da başga adamlar, şeýle hem döwlet eýeçiligindäkilerden başga ýuridik şahslar tarapyndan goýulyp bilner. Girewiň kabul edilendigi hakynda teswirnama düzülýär we onuň göçürilen nusgasy girew goýuja gowşurylýar.

4. Girewiň möçberi girew goýmak ulanylýan adamyň we edilen jenaýatyň ýagdaýlary nazara alnyp, ýöne iň pes zähmet hakynyň elli essesinden az bolmadyk mukdarda kesgitlenilýär.

5. Girew goýujy girew goýmak ulanylýan adamyň etmişiniň düýp manysyny bilmäge haklydyr.

6. Kazy ýa-da kazyýet aklaw hökümini ýa-da jenaýat işini ýatyrmak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykaranda goýulan girewi girew goýuja gaýdyp bermek baradaky meseläni çözýär. Jenaýat işi deslapky derňewiň dowamynda ýatyrlan halatynda sülçiniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň karary bilen girew goýuja goýulan girew gaýtarylyp berilýär.

7. Girew goýmak ulanylan adam barada aýyplaw hökümi çykarylan halatynda goýulan girewiň ýigrimiden bir bölegi döwletiň haýryna geçirilýär, galany girew goýuja gaýtarylyp berilýär.

8. Girew goýmak ulanylan adam şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň şertlerini bozan mahalynda, ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylýar. Girew goýmagyň şertleri bozulan mahalynda, goýulan girew kazyýetiň kesgitnamasy bilen tutuşlygyna döwlet haýryna geçirilip bilner.

*(2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**154-nji madda. Tussag etmek**

1. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek kanun boýunça iki ýyldan köp bolan möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellemek göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça prokuroryň sanksiýa bermegi bilen ulanylýar. Aýratyn halatlarda bu ätiýaçsyzlandyryş çäresi kanun boýunça iki ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezany bellemek göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça hem ulanylyp bilner, ýagny:

1) güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň Türkmenistanyň çäklerinde belli bir ýaşaýan ýeri ýok bolsa;

2) eger onuň şahsyýeti anyklanmadyk bolsa;

3) ozal özi barada saýlanylyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini bozan mahalynda;

4) eger jenaýat yzarlaýyş edaralaryndan ýa-da kazyýetden gizlenýän bolsa ýa-da gizlenmäge meýliniň bardygy hakynda anyk maglumatlar bar bolsa.

2. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginde göz öňünde tutulan ortaça agyr, agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmekde aýyplanýan adam barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek diňe edilen jenaýatyň agyrlygy we howplulygy esasynda ulanylyp bilner.

3. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek kämillik ýaşyna ýetmedikler barada ulanylmaly bolsa, diňe aýratyn halatlarda, edilen jenaýatyň agyrlygy sebäpli, şu Kodeksiň 146-njy maddasynda görkezilen esaslar bar bolan mahalynda we 148-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar nazara alnyp ulanylyp bilner.

4. Tussag etmäge sanksiýa bermek hakyndaky meseläni çözende prokuror tussag etmek üçin esas bar bolan ähli materiallar bilen kemsiz tanyşmaga we tussag edilýäni görmäge, zerur halatlarda bolsa güman edilýänden ýa-da aýyplanýandan, ähli halatlarda bolsa kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýänden ýa-da aýyplanýandan hut özi sorag etmäge borçludyr.

5. Tussag etmäge sanksiýa bermek hukugy Türkmenistanyň Baş prokuroryna, welaýat prokuroryna, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokuroryna, etrap, şäher prokurorlaryna, harby, ýöriteleşdirilen prokuraturalaryň prokurorlaryna we olaryň orunbasarlaryna degişlidir.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**155-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamy seretmäge bermek**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäni, aýyplanýany ýa-da işi kazyýetde seredilýäni ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň ýa-da howandarlarynyň, çagalar edaralarynyň ýolbaşçylygynyň seretmegine bermek sülçiniň we kazyýetiň çagyrmagy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedigiň gelmegini hem-de onuň özüni oňat alyp barmagyny üpjün etmek hakynda şol görkezilen adamlaryň haýsydyr biriniň öz üstüne ýazmaça görnüşde borçnama almagyndan ybaratdyr.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedigi ata-enesiniň ýa-da başga adamlaryň seretmegine bermek olaryň diňe ýazmaça haýyşy esasynda mümkindir.

3. Seretmäge kabul edilendigi hakynda dil haty alynýan wagtynda, borçnama alýan adam şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň saýlanylyp alynmagyna sebäp bolan işiň düýp manysyny bilmäge haklydyr. Borçnama alýan adam öz üstüne alan borçlaryny bozan mahalynda, administratiw jogapkärçiligine çekilip bilner, bu hakda seretmäge kabul edilendigi hakynda dil haty alynýan wagtynda oňa duýdurylýar.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**156-njy madda. Harby bölümiň serkerdeleriniň gözegçiligi**

1. Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän harby gullukça harby bölümiň serkerdeleriniň gözegçiligi güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň özüni oňat alyp barmagyny we anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazyýetiň çagyrmagy boýunça gelmegini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň tertipnamalarynda göz öňünde tutulan çäreleri görmekden ybaratdyr.

2. Şu ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna sebäp bolan işiň düýp manysy harby bölümiň serkerdelerine habar berilýär. Harby bölümiň serkerdesi gözegçiligiň bellenendigi hakynda şol ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap alan anyklaýjyny, sülçini, prokurory ýa-da kazyýeti ýazmaça görnüşde gaýragoýmazdan habarly edýär.

**157-nji madda. Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tussag edilen mahalynda ordenlerini we medallaryny almak**

Güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän tussag edilen mahalynda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet onuň ýanyndaky ordenlerini, medallaryny we bularyň resminamalaryny almaga hem-de olary iş çözülýänçä işiň ýanynda saklamaga haklydyr.

**158-nji madda. Tussaglykda saklamagyň möhletleri**

1. Jenaýat işleri boýunça jenaýatlar derňelýän mahalynda tussaglykda saklamak iki aýdan artyk dowam edip bilmez.

2. Ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmäge ýa-da ýatyrmaga esaslar ýok bolsa görkezilen möhlet welaýat prokurory, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory ýa-da olaryň orunbasarlary tarapyndan - tussag edilen gününden başlap alty aýa çenli uzaldylyp bilner. Jenaýat işiniň diňe iňňän çylşyrymly bolmagy sebäpli Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň orunbasarlary tarapyndan - tussag edilen gününden başlap bir ýyla çenli uzaldylyp bilner.

3. Tussaglykda saklamagyň möhletini bir ýyldan artyk müddete uzaltmaga iňňän aýratyn halatlarda, diňe agyr we aýratyn agyr jenaýaty etmekde aýyplanýan adamlar barada ýol berilýär. Şeýle uzaltmak Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan bir ýyl alty aýa çenli möhlete amala aşyrylyp bilner.

4. Möhleti mundan artyk uzaltmaga ýol berilmeýär we tussaglykda saklanýan aýyplanýan haýal etmän boşadylmaga degişlidir. Tussaglykda saklamagyň şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan ahyrky möhleti geçmezinden bir aý öňünden gijä goýulman derňewi tamamlanan jenaýat işiniň materiallary tanyşmak üçin aýyplanýana we onuň adwokatyna berilmelidir.

5. Iş boýunça aýyplanýany tussaglykda saklamagyň möhleti geçen bolsa, kazyýetiň hem şol işi täzeden derňemek üçin gaýtaran mahalynda, işiň ýagdaýlary boýunça tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi üýtgedilip bilinmejek bolsa, tussaglykda saklamagyň möhletini uzaltmak derňew babatynda gözegçiligi amala aşyrýan prokuror tarapyndan işiň özüne gowşan pursadyndan başlap bir aý çäklerinde amala aşyrylýar. Görkezilen möhleti mundan beýläk uzaltmak, işiň kazyýete iberilmeginden öň aýyplanýanyň tussaglykda bolan wagtyny nazara almak bilen, şu maddanyň ikinji, üçünji we dördünji böleklerinde bellenilen tertipde hem çäklerde geçirilýär.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**159-njy madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak hakynda karar we kesgitnama**

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak hakynda delillendirilen karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar. Kararda (kesgitnamada): aýyplanýanyň familiýasy, ady we atasynyň ady, doglan ýyly we ýeri, milleti, raýatlygy, bilimi, harby borçlulygy, ozal iş kesilenligi, işleýän hem-de ýaşaýan ýeri, şol adamyň eden jenaýaty we jenaýat kanunynyň haýsy maddasy boýunça aýyplanýandygy, ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap almak üçin esaslar we saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň görnüşi görkezilýär.

2. Tussag etmek hakyndaky kararda (kesgitnamada) mundan başga-da şol ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak üçin esas bolan aýratyn ýagdaýlar görkezilýär. Kararyň (kesgitnamanyň) göçürilen nusgasy ýerine ýetirmek üçin gabawhana iberilýär.

3. Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak hakyndaky karar ýa-da kesgitnama kim barada çykarylan bolsa, şol adama yglan edilýär.

**160-njy madda. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi**

**seredilýäniň tussag edilendigi hakynda habar bermek**

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmegiň ulanylandygy hakynda güman edilýäniň, aýyplanýanyň we kazyýetde işi seredilýäniň maşgalasyna, işleýän ýa-da okaýan ýerine haýal etmän habar berýär.

2. Tussag etmek hakyndaky kararyň (kesgitnamanyň) göçürilen nusgasy gabawhana iberilýär. Eger güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän daşary ýurt döwletiniň raýaty ýa-da raýatlygy bolmadyk adam bolsa, onda ol barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine habar berilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

**161-nji madda. Tussag edileniň çagalary, eklenjindäki zähmete ukypsyzlary hakynda howandarlyk we emlägini abat saklamagy üpjün etmegiň çäreleri**

1. Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet şu aşakdakylary ýerine ýetirmäge borçludyr:

1) tussag edilen adamyň hossarsyz galýan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary, onuň eklenjinde zähmete ukypsyz adamlar bar bolsa, olary kanunda bellenilen tertipde garyndaşlarynyň ýa başga adamlaryň, ýa-da edaralaryň howandarlygyna bermäge;

2) tussag edilen adamyň gözegçiliksiz galýan emlägi, ýaşaýyş jaýy ýa-da iri-ownuk maly bar bolsa, tussag edileniň haýyşy boýunça we onuň öz hasabyna olary abat saklamagy üpjün etmek üçin çäre görmäge.

2. Anyklaýyş edarasy, sülçi, kazy we kazyýet görlen çäreler hakynda tussag edileni habarly edýär.

**162-nji madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmak ýa-da üýtgetmek**

1. Aýyplanýan barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresi, onuň şondan beýläk zerurlygy bolmadyk halatlarynda ýatyrylýar ýa-da işiň ýagdaýlary talap eden mahalynda, ol has berk ýa-da has ýeňil çäre bilen çalşyrylýar. Ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmak ýa-da üýtgetmek anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň delillendirilen karary bilen, iş kazyýete berlenden soňra bolsa – kazynyň ýa-da kazyýetiň delillendirilen karary ýa-da kesgitnamasy bilen geçirilýär.

2. Prokuroryň ýazmaça görkezmesi boýunça saýlanyp alnan ýa-da onuň sanksiýa beren ätiýaçsyzlandyryş çäresini anyklaýjynyň, sülçiniň ýatyrmagyna ýa-da üýtgetmegine diňe prokuroryň razylygy bilen ýol berilýär.

**163-nji madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylmagyna prokuroryň gözegçiligi**

1. Prokuror anyklaýyş we deslapky derňew edaralarynyň ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmagynyň kanunylygyna hem-de esaslandyrylandygyna gözegçiligi amala aşyrýar. Prokuror güman edilýän ýa-da aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş

çäresini saýlap almagy, saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmagy ýa-da üýtgetmegi şol edaralara ýazmaça teklip etmäge haklydyr.

2. Anyklaýyş we deslapky derňew edaralary üçin prokuroryň ýazmaça görkezmeleri hökmanydyr.

## 19-njy bap. Iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleriniň beýleki görnüşleri

### 164-nji madda. Iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleriniň beýleki görnüşlerini ulanmak

1. Jenaýat işleri boýunça derňewiň we kazyýet seljerişiniň şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertibini, hökümiň degişli tertipde ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara şu Kodeksiň 18-nji babynda göz öňünde tutulan ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň deregine ýa-da şolar bilen bir hatarda güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän barada iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleriniň beýleki görnüşlerini ulanmaga haklydyr, ýagny: gelmek hakynda borçnama, mejbury getirmek, wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek, emlägi gozgamasyz etmek. Şu Kodeksiň 17-nji babynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça tutup saklanan adam babatda emlägi gozgamasyz etmek görnüşinde iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäresi ulanylyp bilner.

2. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda, jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara jebir çekene, şaýada ýa-da işe gatnaşýan beýleki adamlara gelmek hakynda borçnama, mejbury getirmek, jerime ýaly iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleriniň beýleki görnüşlerini ulanyp biler.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda)*.

### 165-nji madda. Anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýanyna ýa-da kazyýete gelmek hakynda borçnama

Eger tutulyp saklanylmadyk ýa-da ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylmadyk güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, şeýle hem şaýat ýa-da jebir çeken derňew hereketlerine ýa-da kazyýet seljerişine gatnaşmakdan boýun gaçyrar diýip çaklamaga ýeterlik esas bar bolsa ýa-da olar çagyrylanda esassyz sebäplere görä gelmeseler, agzalan adamlardan anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň ýa-da kazyýetiň çagyrmagy boýunça öz wagtynda gelmegi hakynda, ýaşaýan ýerini üýtgeden halatynda bolsa - bu barada haýal etmän habar bermegi hakynda ýazmaça borçnama alnyp bilner.

### 166-njy madda. Mejbury getirmek

1. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän, şeýle hem şaýat we jebir çeken çagyrylanda esassyz sebäplere görä gelmeseler, anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň delillendirilen karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda mejbury getirmäge sezewar edilip bilner.

2. Gelmezlige esasly sebäpler diýlip şu aşakdakylar bilinýär: gelmäge mümkinçilik bermeýän kesel, ýakyn garyndaşynyň aradan çykmagy, tebigy betbagtçylyklar, çakylyknamany almazlyk, öz meýline bagly bolmadyk we bellenilen möhletde adamy gelmek mümkinçiliginden mahrum edýän beýleki sebäpler. Güman edilýän, aýyplanýan, şeýle hem şaýat we jebir çeken bellenilen möhletde esasly sebäplere görä gelip bilmejekdigi hakda ony çagyran edara habar bermäge borçludyr.

3. Mejbury getirmek hakynda karar ýa-da kesgitnama ýerine ýetirilmezinden öň güman edilýäne, aýyplanýana, şeýle hem şaýada we jebir çekene yglan edilýär, bu ýagdaý olaryň kararda (kesgitnamada) gol çekmegi arkaly tassyklanýar.

4. Mejbury getirmek gije geçirilip bilinmez.

5. On dört ýaşy dolmadyk kämillik ýaşyna ýetmedikler, göwreli aýallar, şeýle hem näsaglar, eger bu ýagdaý lukman tarapyndan degişli tertipde tassyklanan bolsa we ýaşy on dörtden uly bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler olaryň kanuny wekili habarly edilmezden mejbury getirilmäge degişli däldir.

6. Mejbury getirmek hakyndaky kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy içeri işler edaralary tarapyndan; anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň karary bolsa - anyklaýyş edarasy ýa-da içeri işler edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýär.

**167-nji madda. Wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek**

1. Eger aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän öňki işleýän wezipesinde galan halatynda jenaýat işiniň derňelmegine we kazyýetde seljerilmegine, jenaýatyň netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyna päsgel berer ýa-da eýeleýän wezipesi bilen baglylykda jenaýatly hereketleri dowam eder diýmäge ýeterlik esaslar bar bolsa, onda anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet delillendirilen karar ýa-da kesgitnama esasynda ony wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmäge haklydyr.

2. Anyklaýjynyň, sülçiniň aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karary prokuror tarapyndan sanksiýa berilmäge degişlidir.

3. Wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karar ýa-da kesgitnama aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň işleýän ýeriniň ýolbaşçysyna iberilýär. Ýolbaşçy üç gije-gündiziň dowamynda karary ýa-da kesgitnamany ýerine ýetirmelidir we bu hakda wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky karara gelen anyklaýjyny, sülçini, prokurory, kazyny ýa-da kazyýeti habarly etmelidir.

4. Şu çäräni ulanmak baradaky zerurlyk aýrylan halatynda wezipeden wagtlaýyn çetleşdirmek anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen ýatyrylýar.

**168-nji madda. Jerime salmak**

Şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda kazyýet mejlisinde bellenilen tertibi bozandygy ýa-da öz iş ýörediş borçlaryny ýerine ýetirmändigi üçin jebir çekeniň, şaýadyň, hünärmeniň, terjimeçiniň we beýlekileriň jerime salmak görnüşinde administratiw jogapkärçiligine çekilmegi hakyndaky mesele şol iş boýunça kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyna laýyklykda we şu Kodeksde görkezilen tertipde çözülýär.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

### 169-njy madda. Emlägi gozgamasyz etmek

1. Hökümiň raýat hak islegi, beýleki emläk tölegleri hakyndaky bölegini ýa-da mümkin boljak emlägi muzdsuz almagy ýerine ýetirmegi üpjün etmek maksady bilen anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda olaryň hereketleri üçin maddy jogapkärçilik çekýän adamlaryň emlägini gozgamasyz etmäge haklydyr.

2. Emlägi gozgamasyz etmek, bu emlägiň eýesine ýa-da oňa eýelik edijä emläge eýeçilik etmegiň, zerur bolan halatlarda bolsa ony ulanmagyň hem gadagan edilýändigi ýa-da emlägiň wagtlaýyn alynýandygy we onuň saklamaga berilýändigi barada yglan etmekden ybaratdyr.

3. Emlägi gozgamasyz etmek hakynda delillendirilen karar (kesgitnama) çykarylýar. Kararda (kesgitnamada) raýat hak islegini üpjün etmek üçin ýeterlik bolan gozgamasyz edilýän emläk görkezilmelidir.

4. Işi öz önümçiligine kabul edip alan kazynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça emlägi gozgamasyz etmek kazyýet ýerine ýetirijisi tarapyndan geçirilýär. Emläk gozgamasyz edilen wagty onuň bahasyny kesgitlemek üçin hünärmen gatnaşdyrylyp bilner. Emlägi gozgamasyz etmek hakynda anyklaýjy we sülçi teswirnama düzýär, kazyýet ýerine ýetirijisi bolsa emläk ýazgysynyň sanawyny düzýär.

5. Emlägi gozgamasyz etmek baradaky zerurlyk aýrylan halatynda, jenaýat işini alyp barýan adam ýa-da edara öz karary (kesgitnamasy) bilen bu gadaganlygy aýyrýar.

## 20-nji bap. Deslapky tussag etmek

### 170-nji madda. Deslapky tussag etmegiň tertibi

1. Deslapky tussag etmegiň tertibi şu Kodeks we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalary bilen kesgitlenýär.

2. Deslapky tussag etmegiň tertibi özleri baradaky hökümler kanuny güýje girmedik we tussaglykda saklanýan iş kesilenlere hem degişlidir.

### 171-nji madda. Deslapky tussag etmek hakyndaky kanunçylygyň wezipeleri

Şu Kodeksiň 146-njy we 154-nji maddalaryna laýyklykda, deslapky tussag etmek hakyndaky kanunçylygyň wezipesi özleri barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek çäresi ulanylan adamlaryň derňewden we kazyýetden gizlenmek, jenaýat işi boýunça hakykaty anyklamaga päsgel bermek ýa-da jenaýatly iş bilen meşgullanmak mümkinçiligine ýol bermezlik üçin, şeýle hem hökümiň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin şol adamlary deslapky tussag ediş ýerlerinde saklamagyň düzgünlerini bellemekden ybaratdyr.

**172-nji madda. Deslapky tussag etmegiň esaslary**

Türkmenistanyň jenaýat we jenaýat iş ýörediş kanunçylygyna laýyklykda, ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmegi ulanmak hakynda prokuroryň sanksiýa bermegi bilen anyklaýjynyň, sülçiniň çykaran karary, prokuroryň karary, kazynyň ýa-da kazyýetiň hökümi, karary ýa-da kesgitnamasy deslapky tussag etmek üçin esas bolup durýar.

**173-nji madda. Deslapky tussag ediş ýerleri**

1. Özleri barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan adamlary saklamak üçin deslapky tussag ediş ýerleri derňew gabawhanalarydyr. Aýry-aýry halatlarda şol adamlar türmede, wagtlaýyn saklaw gabawhanasynda, şonuň ýaly-da harby gabawhanada saklanylyp bilner.

2. Tussag edilen adamlar wagtlaýyn saklaw gabawhanasynda üç gije-gündizden köp saklanylmaly däldir. Eger aranyň uzaklygy ýa-da degişli gatnaw ýollarynyň ýokdugy zerarly, tussag edilen adamlary derňew gabawhanasyna getirmek mümkin bolmasa, onda tussag edilenler wagtlaýyn saklaw gabawhanasynda has uzak wagtlap hem saklanylyp bilner, ýöne şol wagt ýigrimi gije-gündizden artyk bolup bilmez. Şunuň ýaly halatlarda, şeýle hem ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag edilenler türmede saklanylan mahalynda, olary saklamagyň tertibi şu Kodeks tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Tussag edilen adamlary üç gije-gündize çenli wagtlaýyn saklaw gabawhanasynda saklamagyň tertibi, şeýle hem harby gabawhanada saklamagyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

4. Eger azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde jezasyny çekýän adamlar başga jenaýat edendigi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýän bolsa hem-de ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde olar barada tussag etmek çäresi ulanylan bolsa, onda olaryň işi özüniň önümçiliginde bolan adamyň ýa-da edaranyň karary boýunça şol adamlar düzediş edarasynyň temmi beriş gabawhanasynda ýa-da terbiýeleýiş edarasynyň düzgün-nyzam gabawhanasynda saklanylyp bilner.

**174-nji madda. Deslapky tussag ediş ýerlerinde tussaglykda saklamagyň tertibini üpjün etmek**

1. Deslapky tussag ediş ýerlerinde tussaglykda saklamagyň tertibini üpjün etmek işi deslapky tussag ediş ýerleriniň ýolbaşçylygynyň üstüne ýüklenilýär.

2. Deslapky tussag ediş ýerleriniň ýolbaşçylygy öz işini şu Kodekse we Türkmenistanyň beýleki kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýar.

**175-nji madda. Deslapky tussag ediş ýerlerinde saklanylýan adamlaryň hukuk düzgüni**

1. Deslapky tussag ediş ýerlerinde saklanylýan adamlaryň Türkmenistanyň raýatlary üçin bellenilen borçlary we hukuklary bardyr, ýöne welin şol borçlar we

hukuklar barasynda şu Kodeksde göz öňünde tutulan we tussaglykda saklamagyň düzgüninden gelip çykýan çäklendirmeler ulanylýar.

2. Deslapky tussag ediş ýerlerinde saklanylýan daşary ýurtlularyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuk ýagdaýy şol adamlaryň Türkmenistanyň çäklerinde bolýan wagtynda olaryň hukuklaryny we borçlaryny göz öňünde tutýan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär, ýöne şonda şu Kodeksde bellenilen we tussaglykda saklamagyň düzgüninden gelip çykýan çäklendirmeler ulanylýar.

### 176-njy madda. Deslapky tussag ediş ýerlerindäki düzgüniň esasy talaplary

1. Deslapky tussag ediş ýerlerindäki düzgüniň esasy talaplary tussag edilen adamlary jemgyýetden we beýleki adamlardan üzňeleşdirmekden, olara hemişelik gözegçilik etmekden we şu Kodeksiň 177-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde olary aýry-aýrylykda saklamakdan ybaratdyr.

2. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag edilen adamlaryň ýany dökülýär, el yzlary alynýar we olar surata düşürilýär; olaryň ýanyndaky zatlar, şeýle hem olaryň adyna gelýän ýollamalar, berilýän ýa-da geçirilýän zatlar gözden geçirilmelidir, olaryň alyşýan hatlary bolsa gözegçilikden geçirilmelidir. Özleriniň ýanynda pul we gymmatly zatlary saklamak, şeýle hem deslapky tussag ediş ýerlerinde saklamaga rugsat berilmeýän zatlary saklamak olara gadagan edilýär. Deslapky tussag ediş ýerlerinde bolýan wagtynda olaryň ýanyndan alnan puly öz hususy hasaplaşyk belgilerine geçirilýär, gymmatly zatlary we närseleri bolsa saklamak üçin tabşyrylýar.

3. Alnan ýeri belli bolmadyk pullar we gymmatly zatlar deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçysynyň prokuror tarapyndan sanksiýa berlen delillendirilen karary bilen döwlet haýryna geçirilýär.

4. Tussag edilen adamlar diňe deslapky tussag ediş ýeriniň çäklerinde olaryň özleriniň razylyk bermegi boýunça hem-de olar baradaky iş öz önümçiliginde bolan adamyň ýa-da edaranyň ygtyýar bermegi boýunça zähmete çekilip bilner. Olaryň zähmetine hak tölemegiň şertleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde kesgitlenilýär.

### 177-nji madda. Deslapky tussag ediş ýerlerinde aýry-aýrylykda saklamak

1. Tussag edilen adamlar umumy tussag otaglarynda saklanylýar. Aýratyn halatlarda, iş öz önümçiliginde bolan adamyň ýa edaranyň, ýa-da deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçysynyň delillendirilen we prokuroryň sanksiýa beren karary boýunça olar ýeke adamlyk tussag otagynda saklanylyp bilner.

2. Tussag edilenler üzňeleşdirmegiň şu aşakdaky talaplary berjaý edilip tussag otaglarynda ýerleşdirilýär:

1) erkek adamlar - aýallardan aýratynlykda;

2) kämillik ýaşyna ýetmedikler - uly ýaşlylardan aýratynlykda;

3) azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde ozal jeza çeken adamlar - azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde ozal saklanylmadyk adamlardan aýratynlykda;

4) agyr we aýratyn agyr jenaýatlary etmekde güman edilýän ýa-da şeýle

jenaýatlary etmekde aýyplanýan adamlar - tussaglykda saklanylýan beýleki adamlardan aýratynlykda;

5) döwlete garşy jenaýatlary etmekde güman edilýän ýa-da şeýle jenaýatlary etmekde aýyplanýan adamlar - kada bolşy ýaly, tussaglykda saklanylýan beýleki adamlardan aýratynlykda;

6) jenaýatlary howply we aýratyn howply residiwde eden adamlar - tussaglykda saklanylýan beýleki adamlardan aýratynlykda;

7) iş kesilenler - tussaglykda saklanylýan beýleki adamlardan aýratynlykda we düzediş edarasynyň kazyýetiň hökümi boýunça kesgitlenen düzgüniniň görnüşine laýyklykda;

8) daşary ýurtlular we raýatlygy bolmadyk adamlar - kada bolşy ýaly, tussaglykda saklanylýan beýleki adamlardan aýratynlykda.

3. Şol bir iş boýunça güman edilýänler ýa-da aýyplanýanlar şol iş öz önümçiliginde bolan adamyň ýa-da edaranyň görkezmesi bar bolan mahalynda, aýratynlykda saklanylýar.

4. Tussag ediş ýerleriniň kesel bejeriş edaralaryna tussaglykda saklanylýan adamlary ýerleşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ylalaşyp Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi tarapyndan bellenilýär.

**178-nji madda. Tussaglykda saklanýan adamlaryň hukuklary we borçlary**

1. Tussaglykda saklanýan adamlaryň şu aşakdaky hukuklary bardyr:

1) dowamlylygy bir sagat bolan her günki gezelençden peýdalanmaga;

2) agramy bäş kilogramma çenli aýda bir gezek özüne geçirilýän zatlary ýa-da ýollama almaga, pul geçirimlerini almaga; aýda iň pes zähmet hakynyň bir möçberine çenli azyk önümlerini we ilkinji zerurlykdaky zatlary nagt däl hasaplaşyk boýunça satyn almaga; öz geýiminden we aýakgabyndan peýdalanmaga;

3) jenaýat işine degişli resminamalary we ýazgylary öz ýanynda saklamaga;

4) stoluň üstünde oýnalýan oýunlary oýnamaga hem-de deslapky tussag ediş ýerindäki kitaphananyň kitaplaryndan peýdalanmaga;

5) şu Kodeksiň 181-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde döwlet edaralaryna, jemgyýetçilik birleşiklerine we wezipeli adamlara şikaýatlar hem-de arzalar bilen ýüz tutmaga.

2. Tussaglykda saklanýan aýallar iki ýaşyna ýetmedik çagalaryny öz ýanynda saklamaga haklydyrlar. Her günki gezelenjiň dowamlylygy göwreli aýallar we çagalaryny ýanynda saklaýan aýallar üçin, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin iki sagada çenli bolan çäklerde bellenilýär. Göwreli aýallar çaganyň dogulmagyna alty aý galan wagtdan başlap we çaga emdirýän eneler şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendinde bellenilen möçberden ýokary we oňa goşmaça aýda iň pes zähmet hakynyň bir möçberine çenli azyk önümlerini we ilkinji zerurlykdaky zatlary satyn almaga haklydyrlar.

3. Azatlykdan mahrum ediş ýerlerinde jezasyny çekýän adamlar, başga iş boýunça önümçilik bilen baglylykda özleri barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylan halatynda şu Kodeksde bellenilen düzgünlere

laýyklykda saklanylýarlar. Şol adamlar üçin ýollamalary we geçirilýän zatlary almak, şeýle hem azyk önümlerini we ilkinji zerurlykdaky zatlary satyn almak hukugy kazyýetiň hökümi, kesgitnamasy ýa-da karary boýunça olara bellenilen düzediş edarasynyň görnüşi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda bellenilýär.

4. Tussaglykda saklanýan adamlar şu aşakdakylara borçludyrlar:

1) deslapky tussag ediş ýerlerinde bellenilen tertibi berjaý etmäge;

2) deslapky tussag ediş ýerleriniň ýolbaşçylygynyň talaplaryny ýerine ýetirmäge;

3) ýolbaşçylygyň bellemegi boýunça tussag otaglarynda gezekme-gezek nobatçylyk çekmäge;

4) deslapky tussag ediş ýerlerindäki abzallara, enjamlara we beýleki emläge aýawly garamaga.

**179-njy madda. Tussaglykda saklanýan adamlaryň maddy-durmuş üpjünçiligi we olara edilýän lukmançylyk hyzmaty**

1. Tussaglykda saklanýan adamlara jemgyýetçilik arassaçylygy hem-de arassaçylyk we tämizlik kadalaryna laýyk gelýän zerur ýaşaýyş jaý-durmuş şertleri üpjün edilýär.

2. Tussaglykda saklanýan adamlara bellenilen kadalar boýunça iýmit, ýatmak üçin aýry orun, ýorgan-düşek we maddy-durmuş üpjünçiliginiň beýleki görnüşleri mugt berilýär. Zerur halatlarda olara bellenilen nusgada geýim we aýakgap berilýär.

3. Deslapky tussag ediş ýerlerinde lukmançylyk hyzmaty, şeýle hem kesel bejeriş-öňüni alyş işleri we ýokanç kesellere garşy işler saglygy goraýyş hakyndaky kanunçylyga laýyklykda gurnalýar we geçirilýär.

4. Tussaglykda saklanýan adamlara lukmançylyk kömegini bermegiň, saglygy goraýyş ulgamynyň kesel bejeriş edaralaryndan peýdalanmagyň we şu maksat üçin olaryň lukmanlaryny işe çekmegiň tertibi Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan kesgitlenilýär.

**180-nji madda. Tussaglykda saklanýan adamlara görme-görüş üçin ygtyýar bermegiň tertibi**

1. Tussaglykda saklanýan adamlara dogan-garyndaşlary ýa-da beýleki adamlar bilen görme-görüş üçin diňe iş öz önümçiliginde bolan adamyň ýa-da edaranyň rugsat bermegi bilen ygtyýar berlip bilner. Görme-görüş üçin wagtyň dowamlylygy bir sagatdan iki sagada çenli bellenilýär. Iş öz önümçiliginde bolan adam ýa-da edara, kada bolşy ýaly, aýda bir gezekden artyk bolmadyk görme-görşe rugsat berip biler.

2. Adwokatyň işe gatnaşmaga goýberilýändiginiň iş öz önümçiliginde bolan adamyň ýa-da edaranyň ýazmaça habar bermegi bilen tassyklanan pursadyndan başlap, tussaglykda saklanýanlaryň görme-görşüň sany we dowamlylygy çäklendirilmezden adwokat bilen ikiçäk, ýaşyrynlygy saklamak şertlerinde görüşmäge haky bardyr.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda*).

**181-nji madda. Tussaglykda saklanýan adamlaryň hat alyşmagy hem-de olaryň şikaýatlaryny, arzalaryny we hatlaryny ibermegiň tertibi**

1. Tussaglykda saklanýan adamlar iş öz önümçiliginde bolan adamyň ýa-da edaranyň rugsat bermegi boýunça öz dogan-garyndaşlary we beýleki raýatlar bilen hat alşyp bilerler.

2. Tussaglykda saklanýan adamlaryň şikaýatlaryny, arzalaryny we hatlaryny deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy gözden geçirýär. Prokurora iberilýän şikaýatlar, arzalar we hatlar gözden geçirilmeýär hem-de olar niýetlenilen salgysy boýunça berlen wagtyndan beýläk bir gije-gündiziň dowamynda iberilýär.

3. Şu Kodekse laýyklykda anyklaýjynyň ýa-da sülçiniň hereketleri baradaky şikaýatlary deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy olary berlen wagtyndan beýläk bir gije-gündizden gijä goýman prokurora iberýär, prokuroryň hereketleri we çykaran çözgütleri baradaky şikaýatlary bolsa ýokarky prokurora iberýär.

4. Jenaýat işi boýunça önümçilikdäki iş bilen baglanyşykly beýleki şikaýatlar, arzalar we hatlar olaryň berlen wagtyndan üç gije-gündizden gijä goýulman, deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy tarapyndan iş öz önümçiliginde bolan adama ýa-da edara iberilýär. Şol adam ýa-da edara bu şikaýatlary, arzalary we hatlary gözden geçirýär we olary gowşan wagtyndan beýläk üç gije-gündizden gijä goýman, degişliligi boýunça iberýär. Şikaýatlarda, arzalarda we hatlarda görkezilen maglumatlar jenaýat işi boýunça hakykaty anyklamaga päsgel berip biljek bolsa, onda olar degişliligi boýunça iberilmeýär, ýöne bu barada tussaglykda saklanýan adama habar berilýär, şonuň ýaly-da prokurora mälim edilýär.

5. Iş boýunça önümçilikdäki meseleler bilen baglanyşygy bolmadyk şikaýatlara, arzalara we hatlara degişlilikde deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy tarapyndan seredilýär ýa-da kanunda bellenen tertipde degişliligi boýunça iberilýär.

**182-nji madda. Tussaglykda saklanýan adamlar barada ulanylýan höweslendiriş çäreleri**

Tussaglykda saklanýan adamlar özlerini göreldeli alyp baran mahalynda, deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy olar barada şu aşakdaky höweslendiriş çärelerini ulanyp biler:

1) minnetdarlyk bildirmek;

2) ozal bellenen temmini möhletinden öň aýyrmak;

3) gezelenjiň wagtynyň dowamlylygyny artdyrmak.

**183-nji madda. Tussaglykda saklanýan adamlar barada ulanylýan temmi beriş çäreleri**

1. Tussaglykda saklanýan adamlar düzgüniň talaplaryny bozan wagtynda, deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy olar barada şu aşakdaky temmi beriş

çärelerini ulanyp biler:

1) duýduryş ýa-da käýinç bermek;

2) jaýlary arassalamak üçin nobatçylyga binobat bellemek;

3) azyk önümlerini satyn almak we nobatdaky ýollamany ýa-da geçirilýän zatlary almak hukugyndan bir aýlap mahrum etmek.

2. Tussaglykda saklanýan adamlar düzgüniň talaplaryny zandyýamançylykly bozan wagtynda, olar deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçysynyň delillendirilen karary boýunça on gije-gündize çenli möhlet bilen, kämillik ýaşyna ýetmedikler bolsa bäş gije-gündize çenli möhlet bilen jerime otagyna salnyp bilner. Göwreli aýallar we ýanynda çagasy bar bolan aýallar jerime otagyna salnyp bilinmez. Tussaglykda saklanýanlar barada ulanylýan temmi beriş çäreleri olaryň eden etmişiniň agyrlyk derejesine we häsiýetine laýyk gelmelidir. Tussaglykda saklanýan adamlaryň beden taýdan ejir çekmegine getirýän ýa-da olaryň ynsanlyk mertebesini kemsidýän çäreleriň ulanylmagyna ýol berilmeýär.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda*).

### 184-nji madda. Tussaglykda saklanýan adamlaryň maddy jogapkärçiligi

1. Tussaglykda saklanýan adamlar deslapky tussag ediş ýerlerinde bolan wagtynda döwlete maddy zyýan ýetirendigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möçberlerde maddy jogapkärçilik çekýärler.

2. Ýetirilen zyýan tussaglykda saklanýan adamyň öz hususy hasaplaşyk belgisindäki pullaryň hasabyna deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçysynyň karary boýunça töledilip alynýar. Deslapky tussag ediş ýerinde bolan wagtynda onuň tölemedik zyýany şol adama azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jeza iş kesilen halatynda, düzediş edarasynyň ýolbaşçylygy tarapyndan şol iş kesilen adamyň öz hususy hasaplaşyk belgisine düşen serişdelerden töledilip alnyp bilner.

3. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi ýatyrylan ýa-da üýtgedilen halatynda, tussaglykdan boşadylan adamyň töläp ýetişmedik zyýany umumy esaslarda töledilip bilner.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda*).

### 185-nji madda. Howpsuzlyk çäreleri we ýarag ulanmak üçin esaslar

1. Eger tussaglykda saklanýan adamlar deslapky tussag ediş ýerleriniň işgärlerine beden taýdan garşylyk görkezse, bulagaýlyk etse ýa-da başga zorlukly hereketlere ýüz ursa, onda olaryň töwerekdäkilere ýa-da öz-özlerine zyýan ýetirmeginiň öňüni almak maksady bilen, olar barada goşar gandalynyň ýa-da köşeşdiriji köýnegiň ulanylmagyna ýol berilýär.

2. Tussaglykda saklanýan adamyň çozuş ýa-da deslapky tussag ediş ýerleriniň işgärleriniň ýa-da başga adamlaryň janyna gös-göni howp salýan beýleki bilkastlaýyn hereketleri eden halatynda, şeýle hem tussaglykdan gaçan mahalynda, eger görkezilen hereketleri başga çäreler arkaly ätiýaçlandyrmak mümkin bolmasa, aýratyn çäre hökmünde ýarag ulanmaga ýol berilýär. Aýallar we kämillik ýaşyna

ýetmedikler tussaglykdan gaçan mahalynda ýarag ulanylmagyna ýol berilmeýär.

3. Ýaragy ulanmagyň her bir halaty hakynda deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy haýal etmän prokurora habar bermäge borçludyr.

**186-njy madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag edilen adamlary tussaglykdan boşatmak üçin esaslar**

1. Tussag edilen adamlary tussaglykdan boşatmak üçin şu aşakdakylar esas bolup biler:

1) ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ýatyrylmagy;

2) ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň üýtgedilmegi;

3) ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussaglykda saklamagyň kanunda bellenen möhletiniň (eger bu möhlet kanunda bellenilen tertipde uzaldylmadyk bolsa) tamamlanmagy. Deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçysy tussaglykda saklanýan adamyň tussaglykda bolmak möhletiniň tamamlanmagyna azyndan ýedi gije-gündiz galanda, bu hakda iş öz önümçiliginde bolan adama ýa-da edara, şeýle hem deslapky tussag ediş ýerlerinde kanunylygyň berjaý edilişine gözegçilik edýän prokurora ýazmaça habar bermäge borçludyr.

2. Tussag edilenleri tussaglykdan boşatmak işi anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň karary ýa-da kazyýetiň (kazynyň) hökümi, kesgitnamasy we karary esasynda deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçysy tarapyndan amala aşyrylýar. Şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji bendinde göz öňünde tutulan halatda, tussag edilenler deslapky tussag ediş ýerlerinde kanunylygyň berjaý edilişine gözegçilik edýän prokuroryň karary boýunça tussaglykdan boşadylýar.

3. Tussag edilenleri tussaglykdan boşatmak hakyndaky karar, höküm ýa-da kesgitnama deslapky tussag ediş ýerine gowşandan soň haýal etmän ýerine ýetirilmelidir.

4. Deslapky tussag ediş ýeriniň ýolbaşçylygy tussaglykdan boşadylýan adamlaryň öz ýaşaýan ýerine mugt barmagyny üpjün edýär. Zerur halatlarda olara hemaýat puly we geýim-gejim berilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda*).

**187-nji madda. Deslapky tussag ediş ýerlerinde kanunylygyň berjaý edilişine prokuror gözegçiligi**

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda deslapky tussag ediş ýerlerinde kanunylygyň berjaý edilişine Türkmenistanyň Baş prokurory hem-de oňa tabyn prokurorlar tarapyndan gözegçilik edilýär.

## Bäşinji bölüm
## Jenaýat kazyýet önümçiliginde emläk meseleleri

### 21-nji bap. Jenaýat kazyýet önümçiliginde raýat hak islegi

**188-nji madda. Jenaýat kazyýet önümçiliginde seredilýän raýat hak islegi**

1. Edilen jenaýat zerarly maddy zyýan çeken adamlar aýyplanýana ýa-da aýyplanýanyň jenaýaty netijesinde ýetirilen zyýan üçin kanun boýunça maddy jogapkärçilik çekýän adamlara, edaralara, kärhanalara, guramalara raýat hak islegini bildirmäge haklydyrlar, zyýan çeken edaralar, kärhanalar, guramalar bolsa şeýle hak islegi bildirmäge borçludyrlar.

2. Raýat hak isleýjisi jenaýat işinde raýat hak islegini bildiren mahalynda döwlet pajyny tölemekden boşadylýar.

3. Jenaýat işinden gelip çykýan raýat hak isleginiň haýsy kazyýete degişliligi onuň bildirilen jenaýat işiniň haýsy kazyýete degişliligi bilen kesgitlenilýär.

4. Eger jenaýat işi boýunça bildirilen raýat hak islegi bilen baglylykda ýüze çykýan iş ýörediş gatnaşyklary we meseleleri şu Kodeksde düzgünleşdirilmedik bolsa, onda raýat iş ýörediş kanunçylygynyň şu Kodeksiň talaplaryna garşy gelmeýän kadalary ulanylýar.

**189-njy madda. Raýat hak isleginiň gaýtadan bildirilmegine ýolberilmesizlik**

Eger raýat hak islegini raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen bolsa, onda jenaýat işinde hut şol raýat hak islegi bildirilip bilinmez. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda raýat hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilmegi raýat hak isleýjisini raýat kazyýet önümçiligi tertibinde hut şol raýat hak islegini gaýtadan bildirmek hukugyndan mahrum edýär.

**190-njy madda. Raýat hak islegini bildirmek**

1. Raýat hak islegi jenaýat işi gozgalan mahalynda, anyklaýyş, deslapky derňew geçirilýän wagtynda we iş boýunça kazyýet derňewi başlanmazdan öň kazyýetde bildirilip bilner.

2. Jenaýat kazyýet önümçiliginde garşylyklaýyn raýat hak isleginiň we aýyplanýanyň akyly ýerinde däl diýlip ýa-da bejerip bolmajak dälilik keseli bilen keselläpdir diýlip hasap edilen iş boýunça raýat hak isleginiň bildirilmegine ýol berilmeýär.

3. Raýat hak islegi ýazmaça görnüşde bildirilýär. Talap arzasynda raýat hak islegini haýsy jenaýat işi boýunça, kimiň, kime garşy, näme esasda we nähili möçberde bildirýändigi görkezilýär, şeýle hem ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin pul serişdesiniň anyk möçberini ýa-da emlägi almak hakynda haýyşy beýan edilýär.

4. Jenaýat kazyýet önümçiliginde raýat hak islegini bildirmedik adam, şeýle hem hak islegi kazyýet tarapyndan seredilmän galdyrylan adam ony raýat kazyýet önümçiligi tertibinde bildirmäge haklydyr.

**191-nji madda. Raýat hak isleýjisi diýip ykrar etmek**

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet jebir çekeniň aýyplanýana ýa-da onuň hereketleri üçin maddy jogapkärçilik çekýän adamlara, şeýle hem edaralara, kärhanalara we guramalara raýat hak islegini bildirmek hukugynyň, jenaýat zerarly maddy zyýan çeken edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylaryna bolsa, ony bildirmek borjunyň bardygyny olara düşündirmelidir.

2. Raýat hak islegini bildirmek hukugy jebir çekenden sorag etmegiň teswirnamasyna ýazmak bilen dilden düşündirilýär ýa-da ýazmaça habar bermek görnüşinde düşündirilip, onuň asyl nusgasy işde galdyrylýar.

3. Raýat hak islegini bildiren fiziki ýa-da ýuridik şahs raýat hak isleýjisi diýlip ykrar edilýär. Raýat hak isleýjisi diýlip ykrar etmek hakynda anyklaýjy, sülçi, prokuror delillendirilen karar çykarmaga borçludyrlar. Hak isleg bildiren adama, onuň wekiline raýat hak isleýjisi diýip bilmek hakyndaky karar yglan edilýär, şeýle hem olara şu Kodeksiň 87-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklary düşündirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

### 192-nji madda. Raýat hak isleýjisi diýip ykrar etmekden ýüz döndermek

Hak islegini bildiren fiziki ýa-da ýuridik şahsa raýat hak islegini bildirmek üçin şu Kodeksiň 188-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar ýok mahalynda raýat hak isleýjisi diýip ykrar etmekden ýüz dönderilip bilner, bu hakda delillendirilen karar çykarylýar we ol barada şikaýat etmek hukugy düşündirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

### 193-nji madda. Raýat jogap berijisi hökmünde işe gatnaşmaga çekmek

1. Aýyplanýanyň jenaýatly hereketleri zerarly ýetirilen zyýan üçin kanun boýunça başga adamlaryň ýa-da kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň maddy jogapkärdigini anyklap, anyklaýjy, sülçi, prokuror, degişli adamy ýa-da kärhanany, edarany, guramany raýat jogap berijisi hökmünde işe gatnaşmaga çekmek hakynda delillendirilen karar, kazyýet (kazy) bolsa kesgitnama (karar) çykarýar.

2. Karar raýat jogap berijisine ýa-da onuň wekiline yglan edilýär. Şonda olara şu Kodeksiň 88-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklary düşündirilýär, bu hakda kararda bellik edilip, raýat jogap berijisiniň ýa-da onuň wekiliniň goly bilen tassyklanýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

### 194-nji madda. Raýat hak islegine seretmek

1. Raýat hak islegi jenaýat işi bilen bilelikde seredilmäge degişlidir. Ýetirilen zyýanyň takyk möçberini kesgitlemek mümkin bolmadyk mahalynda hak islegi raýat

kazyýet önümçiligi tertibinde bildirilip we çözülip bilner.

2. Jenaýat işi boýunça bildirilen raýat hak islegini subut etmek şu Kodeksde bellenen düzgünler boýunça geçirilýär.

3. Eger jenaýatly hereketleriň netijesinde jebir çeken adamlaryň saglygyny lukmançylyk edaralarynda ýatymlaýyn bejermek üçin sarp edilen serişdeleri töletmek hakynda raýat hak islegi bildirilmedik bolsa, kazyýet höküm çykaran mahalynda şu görkezilen serişdeleri töletmek hakyndaky meseläni öz başlangyjy boýunça çözmäge haklydyr.

**195-nji madda. Zyýanyň öwezini dolmagyň esaslary, şertleri, möçberi we usuly hakyndaky düzgünleri ulanmak**

Jenaýat işi boýunça bildirilen raýat hak islegine seredilende zyýanyň öwezini dolmagyň esaslary, şertleri, möçberi we usuly raýat, zähmet ýa-da beýleki kanunçylygyň kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Kanunda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistanyň halkara şertnamalary ulanylýar.

**196-njy madda. Jenaýatyň netijesinde ýetirilen maddy zyýanyň öweziniň dolunmagyny üpjün etmek**

1. Jenaýatyň netijesinde maddy zyýanyň ýetirilendigi hakynda ýeterlik maglumatlar bar bolsa, anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet bildirilen ýa-da geljekde bildirilmegi mümkin bolan raýat hak islegini üpjün etmek üçin haýal etmän çäre görmäge borçludyr.

2. Şu Kodeksde emlägi muzdsuz almak göz öňünde tutulan ýa-da amala aşyrylan jenaýat üçin jerime ýa-da beýleki emläk bilen öwezini dolmak görnüşde jogapkärçilik göz öňünde tutulan jenaýatlar baradaky işler boýunça anyklaýjy, sülçi, prokuror we kazyýet (kazy) degişlilikde güman edilýäniň, aýyplanýanyň emläginiň, onuň bahasynyň muzdsuz alynmaga degişli närsäniň bahasyna laýyk gelýän bolsa, ýa-da şol närsäniň gymmatyna deň-derejesine (ekwiwalent) barabar bolsa, we güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda güman edilýän, aýyplanýan tarapyndan ýetirilen zyýan üçin jogapkärçilik çekýän şahslaryň emlägi, onuň gymmaty ýetirilen maddy zyýanyň öwezini dolmaklygy, jerimäni we beýleki emläk bilen öndürip almaklygy üpjün etjek emläginiň saklanylmagy üçin gaýragoýulmasyz çäreleri hem-de şeýle emlägi gozgamasyz etmek boýunça çäreleri görmelidir.

3. Raýat hak islegini we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek aýyplanýanyň goýumlaryny, gymmatly zatlaryny we başga emlägini gozgamasyz etmek arkaly hem-de gozgamasyz edilen gymmatly zatlary we emläkleri almak arkaly amala aşyrylýar.

4. Prokuror, eger raýatlaryň hukuklarynyň, döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitleriniň goralmagy üçin zerur bolsa, raýat hak islegini özi bildirmäge ýa-da jebir çeken tarapyndan bildirilen raýat hak islegini goldamaga haklydyr.

5. Eger şu halatlarda raýat hak islegi bildirilmedik bolsa, höküm çykarylan mahalynda jenaýatyň netijesinde jebir çekene ýetirilen maddy zyýanyň öwezini

dolmak hakyndaky meseläni kazyýet hut öz başlangyjy boýunça çözmäge haklydyr.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**197-nji madda. Raýat hak isleginden ýüz döndermek**

1. Fiziki şahs ýa-da ýuridik şahs özüniň bildiren raýat hak isleginden ýüz döndermäge haklydyr.

2. Raýat hak isleýjisiniň hak islegden ýüz döndermegi hakyndaky beýanaty derňew hereketiniň ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna ýazylýar. Eger hak islegden ýüz döndermek ýazmaça arzada beýan edilse, onda ol işe goşulýar.

3. Raýat hak isleginden ýüz döndermek jenaýat işi boýunça derňewi geçirmegiň islendik pursadynda anyklaýjy, sülçi ýa-da prokuror tarapyndan kabul edilýär. Bu hakda karar çykarylýar. Raýat hak isleginden ýüz döndermek kazyýet ýa-da kazy tarapyndan kesgitnama ýa-da karar çykarmak arkaly kazyýet seljerişiniň islendik pursadynda, ýöne iş boýunça karara gelmek üçin maslahat otagyna gitmezinden öň, kabul edilip bilner.

4. Raýat isleginden ýüz döndermegi kabul etmek ol boýunça önümçiligiň ýatyrylmagyna eltýär.

5. Raýat hak isleginden ýüz döndermegi kabul etmezden ozal anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy, kazyýet ýüz döndermegiň şu maddanyň dördünji böleginde bellenilen netijelerini hak isleýjä düşündirmäge borçludyrlar.

6. Bu hereketleriň kanuna garşy gelýän ýa-da kimdir biriniň hukuklaryny we kanun arkaly goralýan bähbitlerini bozýan halatlarynda, anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet raýat hak isleýjisiniň hak isleginden ýüz döndermegini kabul etmeýär we bu hakda delillendirilen karar ýa-da kesgitnama çykarýar.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we 2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**198-nji madda. Raýat hak islegini çözmek**

1. Aýyplaw hökümi çykarylanda kazy ýa-da kazyýet raýat hak islegini doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrýar ýa-da ony kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär.

2. Jenaýat işiniň seljerilmegini gaýra goýmazdan raýat hak islegi boýunça jikme-jik hasap işlerini geçirmek mümkin bolmasa, kazy ýa-da kazyýet raýat hak isleýjisiniň hak isleginiň kanagatlandyrylmagyna bolan hukugyny ykrar edip we meseläni raýat kazyýet önümçiligi tertibinde seretmek üçin kazyýete berip biler.

3. Aklaw hökümi çykarylanda, şeýle hem lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak bilen baglylykda işi togtatmak hakynda kesgitnama çykarylanda kazyýet:

1) eger jenaýatyň wakasy ýok bolsa, kazyýetde işi seredilýäniň ýa-da lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak hakynda meselesi çözülýän adamyň Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan jenaýaty ýa-da etmişi etmäge dahylsyzlygy anyklanan halatynda, raýat hak islegini

kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär;

2) jenaýatyň düzüminiň ýokdugy sebäpli kazyýetde işi seredilýän aklanan halatynda ýa-da amala aşyran etmişiniň häsiýeti boýunça we öz ýagdaýy boýunça jemgyýet üçin howp döretmeýän we mejbury bejerişe mätäçlik çekmeýän adama lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak üçin esaslaryň ýokdugy üçin iş ýatyrylan halatynda raýat hak islegini seretmän galdyrýar.

4. Şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-10-njy bentlerinde görkezilen esaslar boýunça iş ýatyrylanda kazyýet raýat hak islegini seretmän galdyrýar.

**199-njy madda. Kazyýetiň höküminiň raýat hak islegi babatyndaky bölegini ýerine ýetirmek**

Kazyýet tarapyndan raýat hak islegi kanagatlandyrylan mahalynda hökümiň raýat hak islegi babatdaky bölegi ýerine ýetiriş önümçiligi hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde ýerine ýetirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

## 22-nji bap. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň dowamynda zähmete hak tölemek we çykarylan çykdajylaryň öwezini dolmak

**200-nji madda. Adwokatyň hukuk kömeginiň tölegi**

1. Adwokatyň hukuk kömeginiň tölegi hereket edýän kanunçylyga laýyklykda geçirilýär.

2. Ýuridik maslahathanasynyň müdiri ýa-da adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde güman edilýäni, aýyplanýany, kazyýetde işi seredilýäni hukuk kömegi üçin tölegden doly ýa-da bölekleýin boşatmaga haklydyr. Şu halatda adwokatyň zähmetine hak tölemek üçin harajatlar adwokatlar kollegiýasynyň prezidiumynyň hasabyna geçirilýär.

3. Güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän hukuk kömegi üçin tölegden anyklaýyş, deslapky derňew edaralary, prokuror, kazy ýa-da kazyýet tarapyndan boşadylan halatynda, adwokatyň zähmetine hak Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenen tertipde döwletiň hasabyna tölenilýär. Adwokatyň zähmetine döwletiň hasabyna hak tölenende anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar. Adwokatyň zähmetine döwletiň hasabyna hak tölemek hakynda karar we kesgitnama ýuridik maslahathanasyna maglumat üçin, maliýe edarasyna hem ýerine ýetirmek üçin iberilýär. Ýuridik maslahathanasyna tölenilýän serişdäniň möçberi raýatlara berilýän hukuk kömegi üçin hak tölemegi düzgünleşdirýän kadalara laýyklykda kesgitlenilýär.

4. Adwokatyň müşderi bilen ylalaşyk baglaşmazdan anyklaýşyň geçirilmegine, deslapky derňewe we kazyýet seljerişine gatnaşmaga bellenilen halatynda hem onuň zähmetine Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenen tertipde döwletiň hasabyna hak tölenilýär. Bu ýagdaýda döwletiň çykdajylarynyň öwezini

dolmak iş kesileniň üstüne ýüklenilýär. Adwokat bellenilmegi boýunça işe gatnaşan mahalynda, kazyýet höküm çykarmak bilen birwagtda iş kesilenleriň ýuridik maslahathanasyna tölemeli hakynyň möçberi hakynda kesgitnama çykarýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**201-nji madda. Terjimeçiniň, hünärmeniň, bilermeniň ýerine ýetiren işi üçin hak almagy**

1. Jenaýat işi boýunça önümçilikde degişli işi ýerine ýetirýän terjimeçi, hünärmen, bilermen şu aşakdaky ýaly tertipde hak alýar:

1) eger işi gulluk tabşyrygy boýunça ýerine ýetiren bolsa - iş ýerinden zähmet hakyny;

2) eger ýerine ýetirilen iş onuň wezipe borçlarynyň çygryna girmeýän we işden daşary wagtda ýerine ýetiren bolsa - Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilen möçberiniň çäklerinde Türkmenistanyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna hak;

3) eger işi belli bir tarap bilen ylalaşyk boýunça ýerine ýetiren bolsa - şol tarap bilen baglaşylan şertnamada kesgitlenen möçberde hak.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 2-nji bendinde göz öňünde tutulan halatda terjimeçi, hünärmen, bilermen tarapyndan hasaplaşyk resminamalary berlenden soň, jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çykaran karary (kesgitnamasy) esasynda hak tölenilýär.

**202-nji madda. Jenaýat kazyýet önümçiligine gatnaşýan adamlaryň çykaran çykdajylarynyň öwezini dolmak**

1. Jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň, olaryň kanuny wekilleriniň, anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet tarapyndan şu Kodeksde bellenilen tertipde bellenilen adwokatyň, şeýle hem terjimeçiniň, hünärmeniň, bilermeniň we şaýadyň aşakdaky çykdajylary jenaýat kazyýet önümçiligi tertibinde Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna öwezi dolunmaga degişlidir:

1) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň çagyrmagy bilen gelip-gidilmegi boýunça çykdajylar:

- şol ýerde bar bolan howa, demir ýol, suw, awtomobil ulagynda (taksi muňa girmeýär) we ulagyň beýleki görnüşlerinde ýol kireýi;

- bu çykdajylaryň gurama, iş beriji tarapyndan öwezi dolunmaýan mahalynda gulluk saparlarynyň tölegi üçin kabul edilen kadalar boýunça ýaşaýyş jaýynyň kireýiniň bahasy;

2) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň talap etmegi boýunça hemişelik ýaşaýan ýerinden daşynda ýaşamaly bu adamlar üçin zerur bolanda gündelik harjynyň gurama, iş beriji tarapyndan öwezi dolunmaýan mahalynda gündelik harç;

3) jenaýat kazyýet önümçiligine gatnaşmagy üçin jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň talap etmegi boýunça sarp edilen ähli wagt üçin ortaça zähmet haky, ortaça

zähmet hakynyň gurama, iş beriji tarapyndan olar üçin saklanýan halatlary muňa girmeýär;

4) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň talap etmegi boýunça adamyň derňew ýa-da beýleki iş ýörediş hereketiniň geçirilmegine gatnaşmagy netijesinde zaýalanan ýa-da ýitirilen emlägini dikeltmek ýa-da edinmek üçin çykarylan çykdajylar.

2. Döwlet edaralary we guramalary jenaýat kazyýet önümçiligine gatnaşmagy üçin jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň talap etmegi boýunça sarp eden ähli wagty üçin jebir çekeniň, onuň kanuny wekiliniň, güwäleriň, terjimeçiniň, hünärmeniň, bilermeniň, şaýadyň ortaça zähmet hakyny saklamaga borçludyrlar.

3. Hünärmene we bilermene tabşyrylan işi ýerine ýetirenlerinde himiki täsirleşme geçirmek üçin olaryň sarp eden maddalarynyň we beýleki çykdajy eden zatlarynyň bahasy, şeýle hem şol işi ýerine ýetirmek üçin enjamlary peýdalanmagy, ýaşaýyş jaý hyzmatlary üçin olaryň geçiren töleginiň öwezi dolunýar.

4. Jenaýat işi boýunça önümçilikde çykarylan çykdajylar şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen adamlaryň arzasy boýunça jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň karary (kesgitnamasy) esasynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möçberde öwezi dolunmaga degişlidir. Görkezilen çykdajylar şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen adamlary derňew hereketine gatnaşmaga çeken tarapyň hasabyna ýa-da şu Kodeksde göz öňünde tutulan beýleki halatlarda hem öwezi dolunyp bilner.

5. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-2 we 4-nji bentlerinde göz öňünde tutulan çykdajylar kanunçylyga laýyklykda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň öz başlangyjy boýunça öwezi dolunyp bilner.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda)*.

## 23-nji bap. Iş ýörediş harajatlary

### 203-nji madda. Iş ýörediş harajatlary

Iş ýörediş harajatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) şu Kodeksiň 201-nji we 202-nji maddalarynda bellenen tertipde jebir çekenlere we olaryň wekillerine, hünärmenlere, bilermenlere, şaýatlara, terjimeçilere, güwälere tölenilýän puldan;

2) olaryň adaty işden goýlandygy üçin hemişelik zähmet haky bolmadyk jebir çekenlere we olaryň wekillerine, şaýatlara, güwälere tölenilýän puldan;

3) jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara çagyrylmagy bilen baglylykda sarp eden wagty üçin almadyk zähmet hakynyň öwezini dolmak üçin işleýän we hemişelik zähmet haky bolan şaýatlara, jebir çekenlere we olaryň wekillerine hem-de güwälere tölenilýän hakdan;

4) anyklaýşyň we deslapky derňewiň dowamynda ýa-da kazyýetde öz borçlaryny ýerine ýetirendikleri üçin hünärmenlere, bilermenlere, terjimeçilere tölenmäge degişli hakdan; gulluk tabşyrygy tertibinde bu borçlaryň ýerine ýetirilen halatlary muňa girmeýär;

5) güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň hukuk kömegi üçin tölegden boşadylan ýa-da müşderi bilen ylalaşyk baglaşmazdan bellenilmegi boýunça anyklaýyşda, deslapky derňewde ýa-da kazyýetde adwokatyň gatnaşan halatynda hukuk kömegini berendigi üçin tölenilýän hakdan;

6) maddy subutnamalaryň saklanylmagy, iberilmegi we barlanylmagy üçin harç edilen pullardan;

7) seljerme edaralarynda seljermäni geçirmek üçin harç edilen pullardan;

8) derňewden ýa-da kazyýetden gizlenýän aýyplanýany gözlemek we mejbury getirmek bilen baglylykda harç edilen pullardan;

9) jenaýat işi boýunça önümçilikde çykarylan beýleki çykdajylardan ýa-da harajatlardan.

**204-nji madda. Iş ýörediş harajatlaryny töletmek**

1. Iş ýörediş harajatlary kazyýet tarapyndan iş kesilene töledilip bilner ýa-da döwletiň hasabyna tölenilýär.

2. Kazyýet iş ýörediş harajatlaryny iş kesilene töletmäge haklydyr, şu maddanyň dördünji we bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulan halatlarda terjimeçä, şeýle hem adwokata tölenen pullar muňa girmeýär. Iş ýörediş harajatlary jezadan boşadylan iş kesileniň üstüne hem ýüklenilip bilner.

3. Terjimeçiniň işe gatnaşmagy bilen baglanyşykly iş ýörediş harajatlary döwletiň hasabyna tölenilýär. Eger terjimeçi öz wezipelerini gulluk tabşyrygy tertibinde ýerine ýetiren bolsa, onda onuň zähmetine hak tölemek döwlet tarapyndan terjimeçiniň işleýän guramasyna tölenilýär.

4. Eger güman edilýän ýa-da aýyplanýan adwokatdan ýüz dönderen bolsa, ýöne ol kanagatlandyrylman, adwokat işe bellenilmegi boýunça gatnaşan bolsa, onda adwokatyň zähmetine hak tölemek boýunça çykdajylar döwletiň hasabyna tölenilýär.

5. Kazyýetde işi seredilýän aklanan ýa-da şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerine hem-de 313-nji maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda iş ýatyrylan halatynda iş ýörediş harajatlary döwletiň hasabyna tölenilýär. Eger kazyýetde işi seredilýän diňe bölekleýin aklanylsa, kazyýet onuň günäli diýlip bilnen aýyplawy bilen baglanyşykly iş ýörediş harajatlaryny tölemäge ony borçly edýär.

6. Iş ýörediş harajatlaryny tölemeli adam emläk taýdan gurpsuz bolan halatynda, olar döwletiň hasabyna tölenilýär. Eger iş ýörediş harajatlaryny tölemek iş kesileniň eklenjinde durýan adamlaryň maddy ýagdaýyna düýpli täsir edip biljek bolsa, kazyýet iş kesileni olary tölemekden doly ýa-da bölekleýin boşadyp biler.

7. Iş boýunça kazyýetde işi seredilýänleriň birnäçesini günäli diýip bilmek bilen, kazyýet iş kesilenleriň günäsiniň häsiýetini, jogapkärçiliginiň derejesini we emläk ýagdaýyny nazarda tutup, olaryň her birine iş ýörediş harajatlarynyň näçe möçberde töledilmelidigini kesgitleýär.

8. Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça iş ýörediş harajatlaryny tölemegi kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ata-eneleriniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň üstüne ýükläp biler.

9. Kazyýet (kazy) aýyplaw hökümi çykarylan jenaýat işi boýunça iş ýörediş

harajatlaryny (terjimeçä tölenen iş ýörediş harajatlary muňa girmeýär) iş kesilene töletmek hakynda kesgitnama (karar) çykarýar. Kazyýet ýa-da kazy şunda iş ýörediş harajatlaryny günäkär hasap edilen, emma jeza çekmekden boşadylan kazyýetde işi seredilýäne hem ýükläp biler.

10. Kazyýet ýa-da kazy jebir çekeniň kazyýetde işi seredilýän bilen ýaraşandygy üçin iş ýatyrylan mahalynda iş ýörediş harajatlaryny kazyýetde işi seredilýäne we jebir çekene ýa-da olaryň birine töletmäge haklydyr.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda).*

### 205-nji madda. Jerime salmagyň tertibi

1. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan administratiw jogapkärçiligi:

1) eger administratiw jogapkärçiligine çekmek hakyndaky mesele anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilýän mahalynda ýüze çykan bolsa, anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň teklipnamasy boýunça etrap (şäher) kazyýetiniň serenjam mejlisiniň kesgitnamasy bilen salynýar;

2) eger administratiw jogapkärçiligine çekmek hakyndaky mesele iş kazyýetde seljerilýän mahalynda ýüze çykan bolsa, kazyýet mejlisinde kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen salynýar.

2. Administratiw jogapkärçiligine çekmek hakyndaky mesele jogapkärçilige çekilip bilinjek adamyň çagyrylmagy bilen çözülýär, ýöne onuň esassyz sebäplere görä gelmezligi şol meselä seretmäge päsgel bermeýär.

3. Administratiw jogapkärçiligine düzgüniň bozulan gününden bir aýdan gijä goýulman çekilip bilner.

4. Zamun bolýana, kazyýet mejlishanasynda tertibi bozan adama pul temmisini salmak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykaran degişlilikde kazy ýa-da kazyýet kararyň ýa-da kesgitnamanyň ýerine ýetirilmegini üç aýa çenli möhlet bilen gaýra goýmaga we möhletlere bölmäge haklydyr.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

## AÝRATYN BÖLEK

## Altynjy bölüm
## Jenaýat işi boýunça kazyýete çenli önümçilik

## 24-nji bap. Jenaýat işini gozgamak

### 206-njy madda. Jenaýat işini gozgamak we jenaýatyň üstüni açmak borjy

1. Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror şu Kodeksde bellenen tertipde, jenaýat alamatlary ýüze çykan halatynda, jenaýat işini gozgamaga, jenaýatyň wakasyny, jenaýat etmekde günäkär adamlary anyklamak we olara jeza çäresini bermek üçin kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmäge borçludyrlar.

2. Jenaýat işini gozgamak üçin ýeterlik esaslaryň bar bolan mahalynda kazy ýa-da kazyýet jenaýat işini gozgaýar we degişli barlag geçirmek üçin prokurora iberýär.

**207-nji madda. Jenaýat işini gozgamak üçin deliller we esaslar**

1. Jenaýat işini gozgamak üçin deliller we esaslar şu aşakdakylardyr:

1) raýatlaryň arzalary we habarlary;

2) edaralar, kärhanalar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikleri we wezipeli adamlar tarapyndan berlen habarlar;

3) köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde berlen habarlar;

4) günäni boýun alyp gelmek.

2. Jenaýat işi diňe jenaýat edilendigini görkezýän ýeterlik maglumatlar bar bolan halatlarynda, şeýle hem anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň ýa-da kazyýetiň jenaýat alamatlaryny gös-göni ýüze çykaran mahalynda şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde we esaslar boýunça gozgalyp bilner.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda).*

**208-nji madda. Jenaýat hakynda raýatlaryň arzalary we habarlary**

1. Jenaýat hakynda raýatlaryň arzalary we habarlary ýazmaça berlip we dilden aýdylyp bilner. Ýazmaça berlen arza ony berýän adam gol çekmelidir.

2. Derňew hereketi geçirilýän mahalynda ýa-da kazyýet mejlisiniň dowamynda jenaýat hakyndaky dilden aýdylan arza we habar degişlilikde derňew hereketiniň ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna ýazylýar. Teswirnamada jenaýat hakynda arz edeniň ýa-da habar bereniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly we ýeri, ýaşaýan we işleýän ýeri, onuň jenaýat hakynda habarly bolmagynyň çeşmesi we onuň görkezen öz şahsyýetini tassyklaýan resminamalary hakynda maglumatlar görkezilmelidir. Eger jenaýat hakynda arz eden ýa-da habar beren adam öz şahsyýetini tassyklaýan resminamalary görkezmedik bolsa, onda onuň şahsyýetini anyklamak barada başga çäreler görülmelidir.

3. Eger jenaýat hakynda arz eden ýa-da habar beren adam on alty ýaşyna ýeten bolsa, onda oňa görnetin ýalan şugullamak üçin jogapkärçilik hakynda duýdurylmalydyr, onuň duýdurylandygy arz edeniň ýa-da habar bereniň teswirnama gol çekmegi bilen tassyklanýar.

4. Jenaýat hakynda arza we habar, ol baradaky maglumatlaryň jenaýat hakynda arz eden ýa-da habar beren adama mälim bolan ýagdaýlary teswirnamada onuň öz adyndan beýan edilýär.

5. Teswirnama jenaýat hakynda arz eden ýa-da habar beren adam we arzany kabul eden wezipeli adam gol çekýärler.

6. Şu maddanyň birinji, ikinji, dördünji we bäşinji böleklerinde görkezilen düzgünler arz eden ýa-da habar beren adamyň öz eden jenaýaty hakynda ýüzlenmegine (günäni boýun alyp gelmegine) hem degişlidir.

7. Gol çekilmedik, galp gol çekilen ýa-da toslanyp, başga adamyň adyndan ýazylan arzalar we habarlar jenaýat işini gozgamaga esas bolup bilmez.

**209-njy madda. Edaralar, kärhanalar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar tarapyndan berilýän habarlar**

Edaralar, kärhanalar, guramalar, jemgyýetçilik birleşikleri, wezipeli adamlar tarapyndan berilýän habarlar ýazmaça, gulluk haty görnüşinde, tassyklanylan telegramma, telefonogramma, radiogramma, teleks, elektron resminamasy ýa-da başga hili talaba laýyk görnüşde bolmalydyr. Habaryň ýanyna jenaýat hakyndaky habary tassyklaýan resminamalar hem goşulyp bilner.

**210-njy madda. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde berilýän habarlar**

1. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde berilýän habarlar diýlip jenaýat edilendigi we jenaýat etmäge taýýarlanylýandygy hakyndaky metbugatda, radioda, telewideniýede, dokumental kinofilmlerde goýberilen, şeýle hem köpçülikleýin habar beriş serişdelerine ugradylyp, öň çap edilmedik habarlara düşünilýär.

2. Köpçülige ýetirilen ýa-da köpçülige ýetirmek üçin iberilen jenaýat hakyndaky habarlary berýän köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we şol habarlaryň awtorlary anyklaýyş edarasynyň ýolbaşçysynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazynyň ýa-da kazyýetiň talap etmegi boýunça jenaýat hakyndaky habary tassyklaýan özlerindäki resminamalary olara bermelidirler.

**211-nji madda. Günäni boýun alyp gelmek**

1. Günäni boýun alyp gelmek - özi barada şol jenaýaty etmekde heniz güman edilmeýän ýa-da aýyp bildirilmedik adamyň özüniň jenaýat edendigi hakynda meýletin arz etmegidir.

2. Günä boýun alnyp gelnen halatynda gelen adamyň şahsyýeti anyklanylýar we teswirnama düzülip, onda aýdylan zatlar jikme-jik beýan edilýär. Teswirnama günäsini boýun alyp gelen adam we teswirnamany düzen adam gol çekýär. Bulardan başga-da şu Kodeksiň 208-nji maddasynyň birinji, ikinji, dördünji we bäşinji böleklerinde görkezilen düzgünler berjaý edilmelidir.

3. Eger günä boýun alnyp gelnende arzada jenaýaty şärikli etmekde gatnaşýan adamlar görkezilen bolsa, onda arz ediji görnetin ýalan şugullamak üçin jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurylýar.

**212-nji madda. Jenaýat işini gozgamaga ygtyýarlandyrylan wezipeli adamlaryň, edaralaryň jenaýatyň alamatlaryny ýüze çykarmagy**

Jenaýatyň alamatlaryny gös-göni ýüze çykarmak aşakdaky halatlarda jenaýat işini gozgamaga esas bolup biler:

1) öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän mahalynda anyklaýyş edarasynyň işgäri, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet jenaýaty gözi bilen gören ýa-da jenaýat edilen dessine jenaýatyň yzlaryny ýa-da netijesini ýüze çykaran halatynda;

2) anyklaýyş edarasy we anyklaýjy öz gulluk wezipelerini ýerine ýetirip ýören

wagtynda ýa-da başga bir jenaýat hakyndaky iş boýunça anyklaýyş geçirýän mahalynda jenaýat hakynda maglumatlar alan halatynda;

3) sülçi başga jenaýat hakyndaky jenaýat işini derňeýän mahalynda jenaýat hakynda maglumatlar alan halatynda;

4) prokuror kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrýan ýa-da başga bir jenaýat hakyndaky jenaýat işini derňeýän mahalynda jenaýat hakynda maglumatlar alan mahalynda;

5) administratiw hukuk bozulmalary barada, raýat, arbitraž işine ýa-da başga bir jenaýat hakyndaky jenaýat işine seredýän mahaly kazy ýa-da kazyýet jenaýat hakynda maglumatlar alan halatynda.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

### 213-nji madda. Jebir çekeniň şikaýaty boýunça gozgalýan jenaýat işleri

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 113-nji maddasynda we 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky jenaýat işleri diňe jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň şu Kodeksiň 86-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda eden şikaýaty boýunça gozgalýar. Gozgalan jenaýat işi boýunça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilýär we ol tamamlanandan soň seretmek üçin kazyýete iberilýär. Kazyýet höküm çykarmak üçin maslahat otagyna girmänkä, jebir çeken aýyplanýan bilen ýaraşan halatynda şu iş boýunça önümçilik ýatyrylmaga degişlidir.

2. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň birinji böleginde, 135-nji we 151-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky jenaýat işleri diňe jebir çekeniň şikaýaty boýunça gozgalýar, emma jebir çeken aýyplanýan bilen ýaraşsa-da, jenaýat işi boýunça önümçilik ýatyrylmaga degişli däldir.

3. Eger zorlanan özüniň beden ýa-da akyl taýdan ýetmezçilikleri zerarly öz hukuklaryny gorap bilmeýän bolsa, prokuror jebir çekeniň şikaýaty bolmasa-da zorlamak hakynda iş gozgamaga haklydyr.

4. Aýratyn halatlarda, eger Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 113-nji maddasynda we 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan haýsydyr bir jenaýat hakyndaky işiň aýratyn jemgyýetçilik ähmiýeti bar bolsa ýa-da, eger şol iş boýunça Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 132-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýat hakyndaky iş boýunça jebir çeken özüniň mejalsyz ýagdaýy zerarly, aýyplanýana garaşlylygy zerarly, ýa-da başga sebäplere görä öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini gorap bilmeýän bolsa, prokuror jebir çekeniň şikaýaty bolmasa-da jenaýat işini gozgamaga haklydyr. Prokuror tarapyndan gozgalan iş anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin iberilýär, anyklaýyş ýa-da deslapky derňew tamamlanandan soň bolsa, kazyýet tarapyndan umumy tertipde seredilýär. Şeýle jenaýat işi jebir çekeniň aýyplanýan bilen ýaraşandygy üçin ýatyrylmaga degişli däldir.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**214-nji madda. Jenaýat hakyndaky arzalara we habarlara seretmegiň hökmanylygy**

1. Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy her bir amala aşyrylan ýa-da taýýarlanylýan jenaýat hakyndaky arzalary we habarlary, şol sanda özleriniň seretmegine degişli däl işler boýunça arzalary we habarlary hem kabul etmäge, hasaba almaga we olaryň alnan gününden başlap üç gije-gündizden gijä goýman olar boýunça çözgüt kabul etmäge borçludyr.

2. Goşmaça materiallary, resminamalary talap edip almak ýa-da jenaýatyň edilen ýerine gitmek zerur bolan halatynda arzalary we habarlary barlamak on gije-gündizden köp bolmadyk möhletde geçirilýär, emma barlag şu Kodeksde göz öňünde tutulan derňew hereketleri geçirilmän edilýär.

3. Şunuň bilen birwagtda jenaýatyň öňüni almak ýa-da ony ätiýaçlandyrmak üçin mümkin bolan çäreleriň hemmesi görülmelidir.

**215-nji madda. Jenaýat hakyndaky arza ýa-da habara seretmegiň netijesinde kabul edilýän çözgütler**

1. Jenaýat hakynda gelen arza ýa-da habar boýunça anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet aşakdaky çözgütleriň birini kabul edýär:

1) jenaýat işini gozgamak hakynda;

2) jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek hakynda;

3) arzany ýa-da habary degişliligi boýunça derňew edarasyna ibermek hakynda;

4) Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyna laýyklykda seretmek üçin degişliligi boýunça ibermek hakynda.

2. Kabul edilen çözgüt hakynda arz edijä habar berilýär.

3. Prokuror şeýle hem, eger döwlet we jemgyýetçilik bähbitleriniň ýa-da adam hukuklarynyň goralmagy üçin talap edilýän bolsa, jenaýat işini gozgamaga we işi anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin ibermäge haklydyr.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky we 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky - Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda; 2017 ý., № 3, 110-njy madda*).

**216-njy madda. Jenaýat işini gozgamagyň tertibi**

1. Jenaýat işini gozgamaga doly esas toplanan mahalynda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan anyklaýyş edarasy, sülçi prokuroryň rugsady bilen, şeýle-de prokuroryň hut özi, kazy ýa-da kazyýet şu Kodeksiň 206-njy maddasynyň ikinji böleginde görkezilen tertipde jenaýat işini gozgaýar. Jenaýat işini gozgamak hakynda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy karar çykarýar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar, şonda munuň üçin sebäp bolan delilleri we esaslary, gozgalýan işde jenaýat kanunynyň jenaýatyň alamatlaryny görkezýän maddasyny, şeýle hem deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirmek üçin işiň iberilýän edarasyny görkezýär.

2. Eger jenaýatdan ejir çekeniň kimdigi anyklanan bolsa, onda jenaýat işini gozgamak bilen birwagtda ol adam jebir çeken diýlip bilinýär, eger-de jenaýat

hakyndaky arza ýa-da habar bilen bilelikde raýat hak islegi bildirilen bolsa, onda şol adam karar (kesgitnama) bilen raýat hak isleýjisi diýlip bilinýär.

3. Jenaýat işini gozgamak bilen birwagtda jenaýatyň dowam etmeginiň we gaýtalanmagynyň öňüni almak, şeýle hem jenaýatyň yzlaryny, iş boýunça ähmiýeti bolup biljek zatlary we resminamalary saklamak we goramak boýunça çäreler görülmelidir.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**217-nji madda. Sülçiniň, kazynyň ýa-da kazyýetiň önümçiligindäki jenaýat işiniň materiallary boýunça täze jenaýat işini gozgamak**

1. Eger-de sülçi, kazy ýa-da kazyýet şu Kodeksde bellenilen tertipde önümçiligindäki jenaýat işiniň materiallary boýunça aýyplanýanyň eden jenaýaty bilen bir hatarda onuň gatnaşmagynda ýa-da gatnaşmazlygynda, şol önümçilikdäki jenaýat işi bilen baglanyşykly ýa-da baglanyşyksyz beýleki adamlar tarapyndan edilen başga etmişleriň barlygyna ýeterlik esaslaryň bardygyny anyklan halatynda, her bir adamyň garşysyna aýratynlykda täze jenaýat işini gozgaýar. Şonda sülçi şu Kodeksiň 216-njy maddasynyň birinji böleginiň talaplaryny berjaý etmelidir.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen esaslarda gozgalan jenaýat işi, eger öňki we täze gozgalan jenaýat işleri boýunça doly, dogry we hemmetaraplaýyn barlag geçirmäge päsgel bermejek bolsa, onda täze gozgalan jenaýat işi aýratyn önümçilige bölünip aýrylýar. Şunda kazyýet tarapyndan täze gozgalan jenaýat işi deslapky derňewi geçirmegi guramak üçin degişli prokuratura iberilýär, öňki jenaýat işi boýunça bolsa önümçilik dowam etdirilýär.

3. Sülçiniň, kazynyň ýa-da kazyýetiň önümçiligindäki jenaýat işinde aýyplanýana günä ýüklenilýän jenaýat bilen bir hatarda birinji jenaýat bilen baglanyşykly ýa-da baglanyşyksyz, ýöne şol aýyplanýanyň gatnaşmagynda başga belli ýa-da näbelli adamlar tarapyndan edilen başga jenaýat ýüze çykarylandygy barada ýeterlik esaslar bolanda, sülçi tarapyndan täze anyklanan her bir adamyň garşysyna aýratynlykda jenaýat işi gozgalýar, aýyp bildirilýär, öňki aýyplanýan babatda täze aýyp bildirilýär we deslapky derňew geçirilýär, kazy ýa-da kazyýet tarapyndan bolsa görkezilen iş ýörediş hereketlerini amala aşyrmak maksady bilen jenaýat işi tutuşlygyna goşmaça derňewe gaýtarylýar.

4. Sülçiniň, kazynyň ýa-da kazyýetiň önümçiligindäki jenaýat işi boýunça birnäçe aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän adam bar bolup, şolaryň birinden ýa-da birnäçesinden özgesi täze gozgalan jenaýat işine dahylsyz bolsa, onda olar baradaky jenaýat iş ýörediş önümçiligi şu Kodeksde kesgitlenen tertipde dowam etdirilýär.

5. Önümçilikdäki jenaýat işiniň möçberi çendenaşa uly bolup, derňewiň, kazynyň ýa-da kazyýet seljerişiniň ýolberilmesiz derejede uzaga çekdirilmegine getirip biljek bolsa, ýöne şunda şu maddanyň ikinji böleginiň talaplaryny bozmazlyk şerti bilen, şol jenaýat işini şol iş boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekilen adamlaryň biri ýa-da birnäçesi barada aýratyn önümçilige bölüp, olar barada iş ýörediş önümçiligini togtatmaga ygtyýar berilýär.

6. Jenaýat işini gozgamak we aýratyn önümçilige bölüp aýyrmak hakynda sülçi we kazy tarapyndan aýratyn karar, kazyýet tarapyndan bolsa aýratyn kesgitnama çykarylýar. Kararda we kesgitnamada şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) jenaýat işini gozgamagyň we bölüp aýyrmagyň esaslary;

2) kimler we haýsy wakalar boýunça jenaýat işiniň gozgalandygy we bölünip aýrylandygy;

3) edilen jenaýatyň jenaýat kanuny boýunça degişli maddasy;

4) bölünip aýrylan işi deslapky derňew geçirmek, kazy ýa-da kazyýet seljerişinde seretmek üçin ibermek hakynda ýa-da öz önümçiligine alýandygy hakynda gelen netijesi.

7. Karara (kesgitnama) bölünip aýrylýan materiallaryň, kararlaryň (kesgitnamalaryň), teswirnamalaryň, resminamalaryň, maddy subutnamalaryň sanawy göçürilen nusgalarda ýa-da asyl nusgalarda goşulýar.

8. Kararyň (kesgitnamanyň) we bölünip aýrylan materiallaryň sanawynyň asyl nusgasy bölünip aýrylan jenaýat işinde goýulýar, ikinji nusgasy bolsa esasy jenaýat işine goşulýar. Kararyň (kesgitnamanyň) göçürilen nusgasy prokurora iberilýär.

9. Täze jenaýat işiniň bölünip aýrylýandygy we nirä iberilýändigi barada esasy jenaýat işine gatnaşan aýyplanýan, onuň kanuny wekili we adwokaty, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri habarly edilýär.

*(2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 1, 7-nji madda).*

### 218-nji madda. Jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek

1. Jenaýat işini gozgamaga esaslar ýok bolan mahalynda we iş boýunça önümçiligi ýöretmegi aradan aýyrýan ýagdaýlar bar bolan mahalynda jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara jenaýat işini gozgamakdan ýüz önderýär. Jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek hakynda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror we kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

2. Kazyýet, kazy, prokuror, şeýle-de prokuroryň rugsady bilen anyklaýjy, sülçi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-72-nji maddalarynda görkezilen esaslar boýunça jenaýat işini gozgamakdan ýüz döndermek hakynda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror we kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarmaga haklydyrlar.

3. Jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderilen halatynda we administratiw jogapkärçiligine çekmek üçin esas bar bolsa, prokuror toplanan materiallary administratiw tertibinde çäre görmek üçin kazyýete ibermek barada öz çözgüdinde görkezýär. Toplanan materiallar anyklaýyş edarasynyň, sülçiniň, prokuroryň we kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda administratiw tertibinde çäre görmek üçin degişliligi boýunça iberilýär.

4. Jenaýat işini gozgamakdan ýüz dönderilendigi barada ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurora we jenaýat hakynda arz eden ýa-da habar beren adama, wezipeli adama, edara, kärhana, gurama, jemgyýetçilik birleşigine mälim edilýär we şikaýat etmegiň tertibi düşündirilýär.

5. Eger gowşan arzada, habarda administratiw ýa-da düzgün-nyzam tertibindäki etmiş hakynda ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň başga hili bozulmagy hakynda

maglumatlar bar bolsa, onda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy ýa-da kazyýet gowşan arzany ýa-da habary jemgyýetçilik birleşiginiň, zähmetkeşler toparynyň seretmegine ibermäge ýa-da gowşan materiallary administratiw ýa-da düzgün-nyzam tertibinde çözmek üçin bermäge haklydyr.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**219-njy madda. Jenaýat hakyndaky arzany ýa-da habary derňewe degişliligi boýunça geçirmek**

1. Jenaýat işini gozgamaga ygtyýarlandyrylan edara ýa-da wezipeli adam jenaýat hakyndaky arzany ýa-da habary jenaýat işini gozgamazdan derňewe degişliligi boýunça diňe aşakdaky halatlarda geçirmäge haklydyr:

1) jenaýat hut şol dolandyryş-çäk birliginden daşarda amala aşyrylan bolsa we jenaýat işini gozgamak hakyndaky meseläni çözmek üçin degişli hereketleri jenaýatyň edilen ýerinde geçirmek zerur bolsa;

2) jenaýat işini gozgamak hakyndaky meseläni çözmek üçin degişli hereketler diňe derňewe degişliligi bolan edara tarapyndan geçirilmeli bolsa.

2. Arzanyň ýa-da habaryň jenaýat işi gozgalmazdan derňewe degişliligi boýunça geçirilendigi hakynda ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurora habar berilmelidir.

**220-nji madda. Jenaýat işi gozgalandan soň ony ibermek**

Jenaýat işi gozgalandan soň:

1) prokuror jenaýat işini deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirmek üçin sülçä ýa-da anyklaýyş edarasyna iberýär, ýa-da özi deslapky derňewi alyp barmaga girişýär;

2) sülçi prokurora habar bermek bilen deslapky derňewi geçirmäge girişýär, anyklaýyş edarasy bolsa anyklaýşy geçirmäge girişýär;

3) anyklaýyş edarasynyň ýolbaşçysy prokurora habar bermek bilen anyklaýja anyklaýyş geçirmegi tabşyrýar ýa-da ony geçirmäge onuň özi girişýär;

4) kazy ýa-da kazyýet jenaýat işini deslapky derňew ýa-da anyklaýyş geçirmek üçin prokurora iberýär.

**221-nji madda. Jenaýat işiniň gozgalmagynyň kanunylygyna prokuroryň gözegçiligi**

1. Prokuror jenaýat işiniň gozgalmagynyň kanunylygyna gözegçiligi amala aşyrýar.

2. Eger jenaýat işi sülçi ýa-da anyklaýyş edarasy tarapyndan kanuny deliller we esaslar bolmazdan gozgalan bolsa, onda prokuror öz karary bilen jenaýat işini gozgan sülçiniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň kararyny sökýär ýa-da iş boýunça derňew hereketleri geçirilen bolsa, onda işi ýatyrýar.

3. Jenaýat işini gozgamakdan esassyz ýüz dönderilen mahalynda, prokuror öz

karary bilen sülçiniň ýa-da anyklaýyş edarasynyň şol hakda çykaran kararyny sökýär we şu Kodeksiň 216-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde iş gozgaýar.

4. Kazy ýa-da kazyýet tarapyndan jenaýat işiniň esassyz gozgalan ýa-da jenaýat işini gozgamakdan esassyz ýüz dönderen halatynda, prokuror kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy barada ýokarky kazyýete şu Kodeksde bellenen tertipde teklipnama getirip biler.

## 25-nji bap. Anyklaýyş we deslapky derňew. Deslapky derňewi geçirmegiň umumy şertleri

### 222-nji madda. Anyklaýyş we deslapky derňew edaralary

1. Anyklaýyş edaralaryna şu Kodeksiň 76-njy maddasynda görkezilenler degişlidir.

2. Jenaýat işleri boýunça deslapky derňew prokuratura, içeri işler we milli howpsuzlyk edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2016 ý., № 1, 65-nji madda; 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2019 ý., № 1, 8-nji madda).*

### 223-nji madda. Deslapky derňewiň hökmanylygy

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 131-nji maddasynyň birinji böleginde, 136-njy, 156-njy, 159-njy, 229-njy, 243-nji, 244-nji maddalarynda, 250-nji maddasynyň birinji böleginde, 255-nji maddasynyň birinji böleginde, 256-njy maddasynyň birinji böleginde, 258-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde, 284-nji, 285-nji maddalarynda, 286-njy maddasynyň birinji böleginde, 287-nji maddasynyň birinji böleginde, 310-njy, 339-njy, 356-njy, 359–361-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işlerden başga ähli işler boýunça deslapky derňewiň geçirilmegi hökmanydyr. Görkezilen maddalar boýunça gozgalýan jenaýat işleri boýunça deslapky derňew, eger jenaýat etmekde güman edilýän adam näbelli bolsa ýa-da olar kämillik ýaşyna ýetmedikler, beden we akyl taýdan näsag bolup, özüni goramak hukugyny özleri amala aşyryp bilmeýänler tarapyndan edilen ýagdaýynda geçirilýär, ol şeýle hem prokuror we kazyýet deslapky derňewi hökmany diýip hasap eden halatynda-da geçirilmelidir.

2. Jenaýat işiniň haýsydyr bir bölegi boýunça deslapky derňewi geçirmek hökman bolan mahalynda, bütin iş sülçi tarapyndan öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde derňelmelidir.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 224-nji madda. Derňewe degişlilik

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 101–106-njy, 118–122-nji, 124-nji, 125-

nji, 127–130-njy, 132-nji, 134-nji, 135-nji, 141–152-nji, 157-nji, 158-nji, 160-njy, 161-nji, 196–219-njy, 224-nji, 229-njy, 231–234-nji, 237-nji, 241-nji, 244–246-njy, 254-nji, 261-nji, 263-nji, 266–268-nji, 271–275-nji, 277-nji, 279–282-nji, 289–292-nji, 301-nji, 304-nji, 305-nji, 311–316-njy, 346–355-nji, 357-nji, 358-nji, 362-nji, 363-nji, 369-njy, 370-nji, 384–407-nji maddalarynda göz öňünde tutulan, şeýle hem döwletiň wezipeli adamlary tarapyndan edilen jenaýatlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew prokuratura edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.

2. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 165–195-nji, 235-nji (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň we olaryň prekursorlarynyň, neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary taýýarlamakda ulanylýan gurallaryň, düzüminde tramadol gidrohlorid (tramadolyň beýleki önümleri) ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan uly möçberdäki derman serişdeleriniň kontrabandasy bilen bagly bolmasa), 236-njy, 276-njy (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň we olaryň prekursorlarynyň, neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary taýýarlamakda ulanylýan gurallaryň, düzüminde tramadol gidrohlorid (tramadolyň beýleki önümleri) ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan uly möçberdäki derman serişdeleriniň kontrabandasyndan başga), 293–300-nji, 302-nji, 303-nji, 306–308-nji, 318–320-nji we 371-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew milli howpsuzlyk edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.

3. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 107–117-nji, 123-nji, 126-njy, 131-nji, 133-nji, 136–140-njy, 153–156-njy, 159-njy, 162–164-nji, 226-228-nji, 235-nji (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň we olaryň prekursorlarynyň, neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary taýýarlamakda ulanylýan gurallaryň, düzüminde tramadol gidrohlorid (tramadolyň beýleki önümleri) ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan uly möçberdäki derman serişdeleriniň kontrabandasy bilen bagly bolsa), 238–240-njy, 242-nji, 243-nji, 247–249-njy, 251–253-nji, 255-260-njy, 262-nji, 264-nji, 265-nji, 269-njy, 270-nji, 276-njy (neşe serişdeleriniň ýa-da psihotrop maddalaryň we olaryň prekursorlarynyň, neşe serişdelerini ýa-da psihotrop maddalary taýýarlamakda ulanylýan gurallaryň, düzüminde tramadol gidrohlorid (tramadolyň beýleki önümleri) ýa-da başga psihoaktiw maddalar bolan uly möçberdäki derman serişdeleriniň kontrabandasy bilen bagly bolsa), 278-nji, 283–288-nji, 309-njy, 310-njy, 317-nji, 321–345-nji, 356-njy, 359–361-nji, 364-368-nji, 372–383-nji maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikler tarapyndan edilen ähli jenaýatlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew içeri işler edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.

4. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 250-nji maddasynda göz öňünde tutulan jenaýat hakyndaky işler boýunça deslapky derňew jenaýat işini gozgan edara tarapyndan geçirilýär. Eger şeýle jenaýat işi derňelýärkä döwlet gullugynyň bähbitlerine garşy jenaýatlar (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 196–207-nji maddalary), şeýle hem täjirçilik we beýleki guramalarda gulluk bähbitlerine garşy gelýän (Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 289–292-nji maddalary) hereketler bilen baglanyşykly jenaýatlar ýüze çykarylsa, onda ol işler boýunça-da jenaýat işini gozgan edara tarapyndan deslapky derňew geçirilýär.

5. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 220–223-nji, 225-nji, 230-njy

maddalarynda göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew jenaýat işini gozgan edara tarapyndan, jenaýat işi şol maddalar boýunça kazyýet tarapyndan gozgalan halatynda içeri işler edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär. Eger derňelýän jenaýat işinde döwlet syrlary bilen baglanyşykly maglumatlar bar bolsa, onda deslapky derňew milli howpsuzlyk edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.

6. Jenaýat işini derňemek şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde we esaslar boýunça ony gozgan deslapky derňew edaralarynyň sülçüleri tarapyndan geçirilýär.

7. Jenaýat işini derňemegiň barşynda aýratyn jemgyýetçilik ähmiýeti bolan ýagdaýlar we derňewi başga edaranyň dowam etdirmek zerurlygy ýüze çykan halatlardan başga ýagdaýlarda, derňewe degişliligi boýunça işleriň başga birine berilmegine ýol berilmeýär. Şu maddanyň talaplaryna laýyklykda derňewe degişliligi boýunça derňew edarasynyň üýtgedilmegine we başga birine berilmegine diňe Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ýa-da onuň orunbasarlarynyň ýazmaça rugsady bilen ýol berilýär.

8. Jenaýat işleriniň derňewe degişliligi hakyndaky jedeller ýüze çykan mahalynda olar prokuror tarapyndan çözülýär.

*(2012-nji ýylyň 31-nji martyndaky, 22-nji dekabryndaky, 2014-nji ýylyň 1-nji martyndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky, 2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky, 2019-njy ýylyň 2-nji martyndaky, 30-njy noýabryndaky, 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 1, 43-nji madda; № 4, 110-njy madda; 2014 ý., № 1, 41-nji madda; 2016 ý., №1, 65-nji madda; 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2019 ý., № 1, 8-nji madda; № 4, 89-njy madda; 2020 ý., № 3, 35-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 225-nji madda. Deslapky derňewiň geçirilýän ýeri

1. Deslapky derňew jenaýatyň edilen ýerinde geçirilýär.

2. Deslapky derňewi has çalt, doly we dogry geçirmek maksady bilen ol jenaýatyň ýüze çykarylan ýerinde ýa-da jenaýatyň ýetiren zyýanynyň başlanan ýerinde, şeýle hem jebir çekeniň, aýyplanýanyň ýa-da şaýatlaryň köpüsiniň bolýan ýerinde geçirilip bilner. Şu halatlarda Türkmenistanyň çäginde edilen jenaýat hakyndaky işi derňew geçirmek üçin ibermek baradaky mesele deslapky derňewiň başlanan ýerindäki prokuror tarapyndan çözülýär.

3. Derňew hereketlerini başga etrapda geçirmek zerurlygy ýüze çykan halatynda, derňewi alyp barýan sülçi ol hereketleri özi hem geçirip biler, şeýle hem şol ýeriň sülçüsine we anyklaýyş edarasyna ol hereketleri geçirmegi tabşyryp biler. Sülçi gözleg hereketlerini we dessin-agtaryş çärelerini geçirmegi derňew hereketleriniň geçirilýän ýeriniň anyklaýyş edarasyna tabşyryp biler. Sülçiniň tabşyrygy on gije-gündizden gijä goýulman ýerine ýetirilmelidir.

4. Sülçi belli bir işiň özüne degişli däldigini anyklandan soň, bu barada prokuroryň dykgatyna ýetirmelidir we derňew hereketlerini geçirmegi dowam edip, iş boýunça önümçiligi tamamlamalydyr. Derňewe degişliligi üýtgetmek hakyndaky mesele şu Kodeksiň 224-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde çözülýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

## 226-njy madda. Deslapky derňewiň geçirilip başlanmagy

1. Deslapky derňew diňe jenaýat işini gozgamak hakynda karar çykarylandan soň geçirilip başlanýar.

2. Prokuroryň ýa-da anyklaýyş edarasynyň gozgan jenaýat işini, şeýle hem şu Kodeksiň 224-nji maddasynyň ýedinji böleginde bellenen tertipde başga sülçüden gowşan işi olardan alandan soň sülçi işi öz önümçiligine kabul edendigi hakynda karar çykaryp, haýal etmän deslapky derňewi geçirmäge girişmäge borçludyr.

3. Eger jenaýat işi sülçiniň özi tarapyndan gozgalýan bolsa we onuň öz önümçiligine kabul edilýän bolsa, işiň gozgalandygy we öz önümçiligine kabul edilendigi hakynda ýeke-täk karar çykarylýar.

4. Sülçi işiň gozgalandygy hem-de ony öz önümçiligine kabul edendigi hakyndaky kararyň göçürilen nusgasyny bir gije-gündizden gijä goýman prokurora iberýär.

5. Şu Kodeksiň 237-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenen möhletde işiň ýagdaýlaryny barlamagyň hemmetaraplaýynlygyny we dolulygyny üpjün etmek mümkin bolmadyk halatynda anyklaýyş edarasynyň ýolbaşçysy deslapky derňewi geçirmegi bellemek üçin işi prokurora ibermäge haklydyr.

6. Şu Kodeksiň 236-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda anyklaýyş şu Kodeksiň 77-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde bellenen ygtyýarlylyklara laýyklykda geçirilýär.

7. Deslapky derňewiň şu Kodeksiň 230-njy maddasynda bellenen möhletleri we anyklaýşyň şu Kodeksiň 237-nji maddasynda görkezilen möhletleri jenaýat işiniň gozgalan pursadyndan başlap hasaplanylýar.

## 227-nji madda. Derňew hereketlerini alyp barmagyň umumy düzgünleri

1. Sülçi derňew hereketlerine kanunda göz öňünde tutulan adamlary gatnaşdyran mahalynda, olaryň şahsyýetini anyklaýar, olara hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, şeýle hem derňew hereketlerini alyp barmagyň düzgünleri bilen olary tanyşdyrýar.

2. Gaýra goýulmagy mümkin bolmadyk ýagdaýlardan başga halatlarda derňew hereketlerini gije geçirmäge ýol berilmeýär.

3. Derňew hereketleri geçirilende tehniki serişdeler we jenaýatyň yzlaryny hem-de maddy subutnamalary ýüze çykarmagyň, berkitmegiň we almagyň ylmy taýdan esaslandyrylan usullary ulanylyp bilner.

4. Deslapky derňew geçirilende zorluk ulanmak, haýbat atmak we beýleki bikanun hereketler, şeýle hem derňew hereketine gatnaşyjylaryň janyna we saglygyna howp döretmek ýolberilmesizdir.

5. Sülçi derňew hereketleri geçirilende anyklaýyş edarasynyň işgärlerini gatnaşdyrmaga haklydyr.

6. Derňew hereketlerini geçirmegiň dowamynda şu Kodeksiň 117-nji maddasyna

laýyklykda teswirnama ýöredilýär.

**228-nji madda. Raýat hak islegini we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek çäreleri**

Sülçi bildirilen ýa-da bildirilmegi mümkin bolan raýat hak islegini we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek üçin şu Kodeksiň 196-njy maddasynyň birinji, ikinji we üçünji böleklerine laýyklykda çäre görmäge borçludyr.

**229-njy madda. Jenaýatyň üstüni açmaga jemgyýetçiligiň gatnaşdyrylmagy**

Sülçi derňew geçirende jenaýatyň üstüni açmak we olary eden adamlary gözläp tapmak üçin hem-de jenaýatlaryň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýüze çykarmak hem-de ýok etmek üçin jemgyýetçiligiň kömegini giňden ulanýar.

**230-njy madda. Deslapky derňewiň möhletleri**

1. Jenaýat işleri boýunça deslapky derňew jenaýat işiniň gozgalan gününden başlap iki aý möhletden gijä goýulman tamamlanylmalydyr.
2. Jenaýat işini gozgamak hakynda karar çykarylan gününden başlap işi aýyplaw netijenamasy bilen ýa-da lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak baradaky meselä seretmek üçin işi kazyýete ibermek hakyndaky karar bilen prokurora iberilen gününe ýa-da jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmak hakyndaky kararyň çykarylan gününe çenli geçen wagt deslapky derňewiň möhletine girýär.
3. Deslapky derňewiň möhletine şu Kodeksde göz öňünde tutulan esaslar boýunça deslapky derňewiň togtadylan döwri girmeýär.
4. Şu maddanyň birinji böleginde bellenen deslapky derňewiň möhleti sülçiniň delillendirilen karary esasynda aşakdaky ýagdaýlarda uzaldylyp bilner:
1) welaýat prokurory, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory we olaryň orunbasarlary tarapyndan alty aýa çenli;
2) aýratyn çylşyrymly jenaýat işleri boýunça deslapky derňewiň möhletini bir ýyla çenli möhlete uzaltmak Türkmenistanyň Baş prokurory we onuň orunbasarlary, ondan artyk möhlete uzaltmak diňe Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan amala aşyrylýar.
5. Deslapky derňewiň möhletini uzaltmak hakyndaky delillendirilen karary sülçi welaýat prokuroryna, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokuroryna we olaryň orunbasarlaryna derňewiň möhleti geçmezden üç gije-gündiz, Türkmenistanyň Baş prokuroryna we onuň orunbasarlaryna bolsa ýedi gije-gündiz öň getirmelidir. Eger derňewiň möhletini uzaltmak bilen birwagtda tussaglykda saklamagyň möhletini uzaltmak zerurlygy hem ýüze çyksa, onda derňewiň we tussaglykda saklamagyň möhletini uzaltmak hakynda bir karar çykarylýar.
6. Tussaglykda saklanylmaýan aýyplanýan baradaky jenaýat işi kazyýet tarapyndan goşmaça derňew geçirmäge gaýtarylan mahalynda, şeýle hem togtadylan, ýatyrylan işler boýunça önümçilik täzeden başlanan mahalynda jenaýat işleri boýunça goşmaça derňewiň möhleti derňewe gözegçilik edýän prokuror tarapyndan bir aý

möhletiň çäklerinde bellenilip bilner. Bu möhlet kazyýet tarapyndan goşmaça derňew geçirmäge gaýtarylan işler boýunça işiň gözegçilik edýän prokurora gelen pursadyndan, togtadylan, ýatyrylan işler boýunça işi ýatyrmak ýa-da togtatmak hakyndaky karar sökülen we iş boýunça önümçilik täzeden başlanan pursadyndan hasaplanylýar. Şol işler boýunça mundan beýläk derňewiň möhletini uzaltmak şu Kodeksde görkezilen esaslarda geçirilýär.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**231-nji madda. Deslapky derňewiň sülçüler topary tarapyndan geçirilmegi**

1. Jenaýat işi çylşyrymly bolan ýa-da onuň möçberi uly bolan halatynda deslapky derňewi geçirmek sülçüler toparyna (derňew toparyna) tabşyrylyp bilner. Bu barada jenaýat işini gozgamak hakyndaky kararda görkezilýär ýa-da bu hakda aýratyn karar çykarylýar. Bu meseläni çözmäge derňew bölüminiň müdiri haklydyr. Kararda derňewi geçirmek tabşyrylan ähli sülçüler, şol sanda toparyň ýolbaşçysy görkezilmelidir. Güman edilýän, aýyplanýan, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri işiň sülçüler topary tarapyndan derňelmegi hakyndaky karar bilen tanyşdyrylmalydyr we olara toparyň düzümindäki islendik sülçä ynanmazlyk bildirmäge bolan hukuklary düşündirilýär.

2. Derňew toparyna deslapky derňewi alyp barýan edaralaryň birnäçesiniň sülçüleri girip biler. Derňew toparyny döretmek hakyndaky çözgüt prokuroryň görkezmesi boýunça, şonuň ýaly-da şol edaralaryň derňew bölümleriniň müdirleriniň başlangyjy boýunça hem kabul edilip bilner. Çözgüt derňew bölümleriniň müdirleriniň şu maddanyň birinji böleginde görkezilen talaplary berjaý edilip çykarylýan bilelikdäki karary bilen resmileşdirilýär.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**232-nji madda. Derňew toparynyň ýolbaşçysynyň ygtyýarlary**

1. Derňew toparyna ýolbaşçylyk edýän sülçi jenaýat işini öz önümçiligine alýar, derňew toparynyň işini guraýar, beýleki sülçüleriň işine ýolbaşçylyk edýär.

2. Jenaýat işlerini birleşdirmek ýa-da bölüp aýyrmak, jenaýat işini doly ýa-da bölekleýin ýatyrmak, jenaýat işi boýunça önümçiligi togtatmak ýa-da täzeden başlamak, derňewiň möhletini uzaltmak hakynda haýyşnamany gozgamak, ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmegi ulanmak we onuň möhletini uzaltmak hakyndaky çözgütler diňe derňew toparynyň ýolbaşçysy tarapyndan kabul edilýär.

3. Aýyplaw netijenamasy ýa-da lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak üçin jenaýat işini kazyýete ibermek hakyndaky karar derňew toparynyň ýolbaşçysy tarapyndan düzülýär we gol çekilýär.

4. Derňew toparynyň ýolbaşçysy beýleki sülçüler tarapyndan geçirilýän derňew hereketlerine gatnaşmaga we hut özi derňew hereketlerini geçirmäge haklydyr.

**233-nji madda. Deslapky derňewiň tamamlanmagy**

Deslapky derňew aýyplaw netijenamasyny düzmek bilen ýa-da lukmançylyk häsiýetli mejbur ediş çäresini ulanmak üçin işi kazyýete ibermek hakynda karar ýa-da jenaýat işini ýatyrmak hakynda karar çykarmak bilen we şu aşakdaky işleri ýerine ýetirmek arkaly tamamlanylýar:

1) aýyplaw netijenamasy ýanyna goşulyp, işiň kazyýete iberilmegi bilen;

2) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky meselä seretmek üçin işiň kazyýete iberilmegi bilen;

3) şu iş ýörediş kanunynda bellenen tertipde jenaýat işiniň ýatyrylmagy bilen.

**234-nji madda. Jenaýat yzarlaýşy we anyklaýyş, deslapky derňew edaralary tarapyndan kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik amala aşyrylanda prokuroryň ygtyýarlary**

1. Jenaýat yzarlaýşyny we jenaýat işleriniň derňelişine gözegçiligi amala aşyrmak bilen prokuror şu aşakdakylara ygtyýarlydyr:

1) wakanyň bolan ýeri gözden geçirilende gatnaşmaga, bilermenler seljermesini bellemäge, şeýle hem jenaýat işini gozgamak hakyndaky meseläni çözmek üçin zerur bolan başga hereketleri amala aşyrmaga;

2) şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde jenaýat işini gozgamaga ýa-da ony gozgamakdan ýüz döndermäge, derňew hereketlerini geçirmek hakynda ýazmaça görkezmeler bermäge;

3) şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde özüniň gozgan jenaýat işlerini deslapky derňew geçirmek üçin bermäge;

4) kanunda göz öňünde tutulan halatlarda deslapky derňewi amala aşyrýan wezipeli adamlaryň hereketlerine sanksiýa ýa-da ygtyýar bermäge;

5) aýry-aýry derňew hereketleri geçirilen mahalynda gatnaşmaga;

6) jenaýat yzarlaýşyndan ýörite goraglylyk hukugyndan peýdalanýan adamlary jenaýat jogapkärçiligine çekmäge razylyk almak üçin teklipnama getirmäge;

7) anyklaýyş we deslapky derňew edaralaryndan gelen jenaýat işini düýp manysy boýunça seretmek we aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek üçin kazyýete ibermäge;

8) jenaýat işlerini, resminamalary, materiallary we edilen jenaýatlar hakynda hem-de dessin-agtaryş işiniň, anyklaýşyň we derňewiň gidişi hakynda beýleki maglumatlary jenaýat yzarlaýyş edaralaryndan barlamak üçin almaga;

9) edilen we taýýarlanylýan jenaýatlar hakyndaky arzalar we habarlar kabul edilende, hasaba alnanda we çözülende kanunyň ýerine ýetirilişini barlamaga;

10) anyklaýjynyň we sülçiniň, şeýle hem anyklaýyş edarasynyň we derňew bölüminiň müdiriniň bikanun kararlaryny sökmäge;

11) anyklaýşyň we derňewiň doly geçirilmedik halatynda, şeýle hem anyklaýşyň we derňewiň dowamynda kanunylygyň bozulmagyna ýol berlendigi anyklananda jenaýat işini goşmaça derňewe gaýtarmaga ýa-da jenaýat işini doly möçberde ýa-da belli bir adamlar barada şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde ýatyrmaga;

12) jenaýat işini anyklaýyş edarasyndan alyp derňew edarasyna geçirmäge; şu

Kodeksde bellenen derňewe degişlilige garaşly bolmazdan, derňew edarasynyň haýyşnamasy boýunça ýa-da öz başlangyjy boýunça aýratyn halatlarda jenaýat işiniň doly we dogry derňelmegini üpjün etmek maksady bilen işi bir derňew edarasyndan beýleki bir derňew edarasyna şu Kodeksiň 224-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde bermäge;

13) anyklaýjynyň we sülçiniň, anyklaýyş we derňew edaralarynyň ýolbaşçylarynyň hereketleri baradaky şikaýatlara seretmäge;

14) anyklaýyş we derňew hereketleri geçirilende kanunylygyň bozulandygy ýüze çykarylan mahalynda sülçini we anyklaýjyny derňewi geçirmekden çetleşdirmäge;

15) şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde deslapky derňewiň we ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde ulanylan tussaglykda saklamagyň möhletlerini uzaltmaga;

16) özleri barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan adamlary tussaglykda saklamagyň kanunçylykda bellenen tertibiniň we şertleriniň berjaý edilişini barlamaga;

17) kanunda göz öňünde tutulan beýleki ygtyýarlary amala aşyrmaga.

2. Prokuroryň sülçä, derňew bölüminiň müdirine, anyklaýyş edarasynyň ýolbaşçysyna we anyklaýja kanunda göz öňünde tutulan tertipde beren görkezmelerini ýerine ýetirmek hökmanydyr, ýöne olar barada ýokarky prokurora şikaýat edilip bilner. Alnan görkezmeleriň ýokarky prokurora şikaýat edilmegi olaryň ýerine ýetirilmegini togtatmaýar, ýöne şu Kodeksiň 74-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda; 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**235-nji madda. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolan işler boýunça anyklaýyş geçirmek**

1. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolan jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylanda anyklaýyş edarasy jenaýat işini gozgaýar we şu Kodeksiň düzgünlerine goldanyp jenaýatyň yzlaryny ýüze çykarmak hem berkitmek boýunça gözden geçiriş, synany gözden geçirmek, öý dökmek, gerekli zatlary almak, telefon gepleşiklerini we beýleki gepleşikleri diňlemek hem-de ses ýazgysyna geçirmek, emlägi gozgamasyz etmek, güman edilýänleri saklamak we olardan sorag etmek, jebir çekenlerden we şaýatlardan sorag etmek ýaly gaýragoýulmasyz derňew hereketlerini geçirýär, zerur bolan halatynda bolsa bilermenler seljermesini belleýär. Ýüze çykarylan jenaýat barada we jenaýat işiniň gozgalandygy hakynda anyklaýyş edarasy haýal etmän prokurora habar bermelidir.

2. Gaýragoýulmasyz derňew hereketlerini geçirenden soň, ýöne jenaýat işiniň gozgalan gününden başlap on gije-gündizden gijä goýman, eger güman edilýän barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa - tussag edilen pursadyndan başlap ýedi gije-gündizden gijä goýman anyklaýyş edarasy jenaýat işini sülçä bermelidir we bu barada ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurora ýazmaça habar bermelidir.

3. Anyklaýyş edarasy jenaýat işini sülçä geçirenden soň, iş boýunça derňew hereketlerini diňe sülçiniň tabşyrygy boýunça geçirip biler. Jenaýat eden adamy anyklap bolmadyk ýagdaýynda iş sülçä geçirilen halatynda, anyklaýyş edarasy jenaýatkäri anyklamak üçin dessin-agtaryş işlerini geçirmäge borçludyr we onuň netijesi barada sülçä habar bermelidir.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

**236-njy madda. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş geçirmek**

1. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş edarasy jenaýat işini gozgaýar we iş boýunça subut edilmeli ýagdaýlary anyklamak üçin Jenaýat iş ýörediş Kodeksinde göz öňünde tutulan ähli çäreleri görýär.

2. Şu Kodeksiň 223-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça anyklaýyş jenaýaty etmekde güman edilýän adam belli bolan halatynda we şol maddada görkezilen beýleki ýagdaýlarda geçirilýär.

3. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş aýyplaw netijenamasyny düzmek ýa-da şu Kodeksde bellenilen tertipde işi ýatyrmak hakynda karar çykarmak bilen tamamlanylýar. Anyklaýşyň maglumatlary aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde prokurora iberilýär.

4. Şu Kodeksiň 313-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslaryň biri bar bolsa, anyklaýyş edarasy işi delillendirilen karar bilen ýatyrýar, şol kararyň göçürilen nusgasy bir gije-gündiz möhletde prokurora iberilýär.

5. Şu Kodeksiň 308-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslaryň biri bar bolsa, anyklaýyş edarasy öz karary bilen işi togtadýar, şol kararyň göçürilen nusgasy bir gije-gündiz möhletde prokurora iberilýär.

6. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýşyň şu maddanyň 3-nji bölegi boýunça gelen netijesi işe kazyýetde seretmek üçin esas bolýar.

7. Anyklaýyş şu Kodeksde deslapky derňewi geçirmek üçin bellenen düzgünler boýunça, şu babyň degişli maddalarynda göz öňünde tutulan aýratynlyklara laýyklykda geçirilýär, emma şu aşakdaky ýaly kadadan çykmalar ulanylyp bilner:

1) jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri anyklaýyş tamamlanandan soň işiň materiallary bilen tanyşdyrylmaýar, olara diňe anyklaýşyň tamamlanandygy we işiň prokurora iberilendigi mälim edilýär;

2) şu Kodeksiň 74-nji maddasynyň üçünji böleginde bellenen düzgünler anyklaýyş edaralary barada ulanylmaýar. Prokuroryň görkezmeleri bilen razylaşmadyk mahalynda, anyklaýyş edarasy şol görkezmeleri ýerine ýetirmegi togtatman, olar barada ýokarky prokurora şikaýat etmäge haklydyr.

8. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş geçirilýän wagty jenaýaty etmekde güman edilýän, şu Kodeksiň 140-njy maddasynda bellenen düzgünler boýunça anyklaýyş edarasy tarapyndan saklanyp we ol barada şu Kodeksiň 146-njy maddasyna laýyklykda ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylyp bilner.

### 237-nji madda. Anyklaýyş geçirmegiň möhleti

1. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolan işler boýunça anyklaýyş we gaýragoýulmasyz derňew hereketleri işiň gozgalan gününden başlap on gije-gündizden gijä goýulman tamamlanmalydyr. Eger güman edilýän barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa, iş şol adamyň tussag edilen pursadyndan başlap ýedi gije-gündizden gijä goýulman sülçä berilmelidir.

2. Deslapky derňew geçirmek hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş jenaýat işiniň gozgalan pursadyndan başlap, bir aýdan gijä goýmazdan tamamlanylmalydyr, şunda aýyplaw netijenamasyny düzmek ýa-da işi ýatyrmak ýa-da togtatmak üçin sarp edilen wagt hem şol möhlete girýär.

3. Anyklaýyş geçirmegiň şu maddanyň ikinji böleginde bellenen möhleti anyklaýşyň geçirilişine gös-göni gözegçilik edýän prokuror tarapyndan uzaldylyp bilner, emma bir aýdan artyk uzaldylyp bilinmez. Anyklaýşyň möhletini şondan beýläk uzaltmak şu Kodeksiň 230-njy maddasynda bellenen tertipde geçirilýär.

### 238-nji madda. Anyklaýşyň dowamynda subut edilmäge degişli ýagdaýlar

Anyklaýşyň dowamynda şu Kodeksiň 126-njy maddasyna laýyklykda şu aşakdakylar subut edilmäge degişlidir: jenaýatyň wakasy, jenaýat kanuny tarapyndan gadagan edilen etmişi eden adam, şol adamyň günäkärdigi, ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi hem-de iş üçin ähmiýetli beýleki ýagdaýlar.

### 239-njy madda. Aýyplaw netijenamasyny düzmek we işi kazyýete ibermek üçin prokurora bermek

Anyklaýyş tamamlanandan soň anyklaýjy şu Kodeksiň 322-nji, 323-nji, 324-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda aýyplaw netijenamasyny düzýär we işi kazyýete ibermek üçin prokurora berýär.

### 240-njy madda. Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş geçirilende prokuroryň ygtyýarlary

Deslapky derňew geçirilmegi hökman bolmadyk işler boýunça anyklaýyş geçirilende kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi amala aşyrmak bilen, prokuroryň şu Kodeksde bellenen ygtyýarlary bardyr. Mundan başga-da, ol şu aşakdakylara haklydyr:

1) aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek üçin jenaýat işini kazyýete ibermäge;

2) anyklaýyş geçirilýän jenaýat işini deslapky derňew geçirmek üçin ibermäge;

3) jenaýat işini şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde we esaslar boýunça ýatyrmaga.

### 241-nji madda. Deslapky derňewiň dowamynda çykarylýan karar

1. Iş boýunça deslapky derňewiň dowamynda şu Kodekse laýyklykda haýsy-da bolsa bir iş ýörediş çözgüdini kabul eden mahaly sülçi karar çykarýar. Kararda onuň düzülen ýeri we wagty, sülçiniň wezipesiniň ady, gulluk derejesi ýa-da ýörite harby ady, familiýasy, ady we atasynyň ady, derňew geçirilýän iş, kabul edilýän çözgüdiň düýp mazmuny we esaslandyrylyşy hem-de karar şu Kodeksiň haýsy maddasy esasynda çykarylan bolsa, şol madda görkezilýär.

2. Karara sülçi gol çekýär. Şu Kodeksde görkezilen halatlarda sülçiniň hereketleri barada şikaýat etmegiň tertibini düşündirmek bilen karar gyzyklanýan degişli adamlara yglan edilýär.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**242-nji madda. Jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri, şertleri we beýleki kanun bozulmalaryny aradan aýyrmak hakynda teklipnama**

1. Anyklaýyş, deslapky derňew geçirilýän we jenaýat işi kazyýetde seljerilýän wagtynda anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazy we kazyýet jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri, şertleri we başga kanun bozulmalaryny ýüze çykarmaga borçludyrlar.

2. Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror jenaýat edilmegine ýol açan sebäpleri, şertleri we başga kanun bozulmalaryny anyklandan soň degişli döwlet edarasyna, jemgyýetçilik birleşigine we wezipeli adama şol sebäpleri we kanun bozulmalaryny aradan aýyrmak boýunça çäreleri görmek hakynda teklipnama iberýär.

3. Şol teklipnama boýunça bir aýdan gijä goýulman zerur çäreler görülmelidir hem-de onuň netijeleri hakynda teklipnama iberen edara habar berilmelidir.

4. Teklipnamany seretmän galdyran ýa-da onda görkezilen kanun bozulmalarynyň aradan aýrylmagy üçin çäre görmedik wezipeli adamlar Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilige çekilýär.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**243-nji madda. Anyklaýşyň we deslapky derňewiň maglumatlaryny aýan etmegiň ýolberilmesizligi**

1. Anyklaýşyň we deslapky derňewiň maglumatlary aýan edilmäge degişli däldir. Eger ol anyklaýşyň we derňewiň bähbidine garşy gelmeýän bolsa we başga adamlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini bozmak bilen bagly bolmasa, diňe anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň rugsady bilen we olar näçe möçberde mümkin diýip hasap edýän bolsalar, şol möçberde aýan edilip bilner.

2. Anyklaýjy we sülçi derňew hereketine gatnaşýan adwokata, şaýatlara, jebir çekene, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine we olaryň wekillerine, bilermene, hünärmene, güwälere we beýleki adamlara işde bar bolan maglumatlaryň özlerinden birugsat aýan edilmegi üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 223-nji maddasynda jenaýat jogapkärçiliginiň göz öňünde tutulandygyny duýdurmak bilen şol adamlardan

dilhaty alýar.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

## 26-njy bap. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek

### 244-nji madda. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek

1. Her bir adama, ol barada jenaýat işiniň gozgalan maddalary boýunça aýyp bildirmäge esas bolup biljek ýeterlik subutnamalar bar bolanda, sülçi şol adamy aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda delillendirilen karar çykarýar.

2. Sülçi aýybyň bildiriljek gününi aýyplanýana mälim edýär we şonuň bilen birlikde oňa adwokat çagyrmak ýa-da adwokat gatnaşdyrmak barada sülçiden haýyş etmek hukugynyň bardygyny düşündirýär.

3. Eger aýyplanýanyň özi, onuň kanuny wekili tarapyndan ýa-da onuň tabşyrmagy ýa-da razylygy boýunça başga adamlar tarapyndan adwokat çagyrylmadyk bolsa, onda sülçi aýyp bildirilende şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda adwokatyň gatnaşmagy hökman bolan işler boýunça adwokatyň gelmegini üpjün etmek üçin çäreleri görýär.

*(2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 1, 7-nji madda).*

### 245-nji madda. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky karar

1. Aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky kararda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) kararyň düzülen wagty we ýeri, onuň kim tarapyndan düzülendigi, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan güni, aýy, ýyly we doglan ýeri;

2) aýyplanýana ýöňkelýän jenaýatyň edilen ýerini we wagtyny hem-de şu Kodeksiň 126-njy maddasyna laýyklykda subut etmäge degişli beýleki ýagdaýlary suratlandyrmak;

3) şu jenaýat üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan jenaýat kanunynyň maddasy, bölegi, bendi;

4) aýyplanýan birwagtda birnäçe jenaýaty etmekde günäkärlenýän bolsa, aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky kararda jenaýat kanunynyň maddalarynyň her biri boýunça aýyplanýana nähili anyk hereketleriň ýüklenýändigi görkezilmelidir.

2. Kararda derňelýän iş boýunça adamy aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky çözgüt hem bolmalydyr.

3. Karar çykarylandan soň ýigrimi dört sagadyň dowamynda onuň göçürilen nusgasy prokurora iberilýär.

**246-njy madda. Aýyplanýanyň gelmeginiň hökmanylygy**

1. Azatlykda gezip ýören aýyplanýan sorag etmäge çakylyknama boýunça çagyrylýar. Çakylyknama aragatnaşyk serişdeleriniň üsti bilen ýazmaça görnüşde berlip bilner.

2. Çakylyknamada aýyplanýan hökmünde kimiň, nirä, haýsy wagta we kimiň ýanyna çagyrylýandygy, onuň esassyz sebäplere görä gelmezliginiň netijeleri görkezilmelidir.

3. Çakylyknama aýyplanýana gol çekdirilip gowşurylýar, aýyplanýanyň wagtlaýyn ýok wagtynda oňa bermek üçin onuň kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzasyna, ýakyn garyndaşyna gowşurylýar ýa-da onuň ýaşaýan ýeriniň ýaşaýyş jaý guramasyna ýa-da işleýän ýeriniň ýolbaşçylygyna berilýär we olar aýyplanýana çakylyknamany gowşurmaga borçludyrlar.

4. On alty ýaşyny doldurmadyk aýyplanýan, adatça onuň ata-enesiniň ýa-da başga kanuny wekilleriniň üsti bilen ýa-da okuw ýa iş ýeriniň ýolbaşçylygynyň üsti bilen çagyrylýar.

5. Azatlykda gezip ýören aýyplanýan sülçiniň çagyrmagy boýunça bellenilen möhletde gelmäge borçludyr. Ol öz ýaşaýan we işleýän ýerini üýtgedende bu barada sülçä habar bermelidir.

6. Sülçiniň çagyrmagy boýunça aýyplanýanyň gelmändigine şu aşakdakylar esasly sebäpler diýlip hasap edilýär:

1) aýyplanýanyň gelmegine mümkinçilik bermeýän kesel;

2) ýakyn garyndaşynyň aradan çykmagy;

3) tebigy betbagtçylygyň bolmagy;

4) çakylyknamanyň öz wagtynda gowşurylmandygy;

5) onuň bellenilen möhletde gelmegine mümkinçilik bermeýän beýleki hakykat ýüzündäki ýagdaýlar.

7. Aýyplanýan bellenilen möhletde gelip bilmezliginiň sebäbini sülçä habar bermäge borçludyr.

8. Aýyplanýanyň çakylyknama boýunça esassyz sebäplere görä gelmedik ýagdaýynda ol mejbury getirmeklige sezewar edilip bilner. Ony mejbury getirmek hakynda sülçi karar çykarýar. Sülçiniň tabşyrmagy boýunça mejbury getirmek anyklaýyş ýa-da içeri işler edaralary tarapyndan ýerine ýetirilýär, olar şol karary aýyplanýana yglan edýärler.

9. Aýyplanýanyň diňe derňewden gizlenýän halatynda ýa-da onuň belli bir ýaşaýan ýeri bolmadyk halatynda ol, öňünden çagyrylmazdan, mejbury getirilip bilner.

10. Aýyplanýan gaýragoýulmasyz halatlardan başga wagtda gijesine mejbury getirilip bilinmez.

11. Tussaglykda saklanýan aýyplanýan tussaghananyň ýolbaşçylygynyň üsti bilen çagyrylýar.

**247-nji madda. Aýyp bildirmek**

1. Aýyp aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky karar çykarylan gününden beýläk iki gije-gündizden gijä goýulman aýyplanýana bildirilmelidir. Aýyplanýanyň çakylyknama boýunça gelmedik halatynda, onuň gelen ýa-da mejbury getirilen güni aýyp bildirilmelidir.

2. Eger aýyplanýan derňewden gaçyp gizlenen bolsa, aýyp bildirmegiň möhleti togtadylýar we onuň tapylyp derňew edarasyna getirilen güni bildirilýär.

3. Sülçi aýyplanýanyň şahsyýetini anyklandan soň aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky karary oňa yglan edýär, bildirilen aýybyň düýp manysyny düşündirýär, bu barada şol kararda bellik edilýär, şeýle hem aýyplanýanyň şu Kodeksiň 80-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, bu hakda teswirnama düzülýär.

4. Şol hereketleriň ýerine ýetirilendigi aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky kararda aýyplanýanyň, sülçiniň we aýyplanýanyň adwokatynyň (eger ol aýyp bildirilende gatnaşan bolsa) gol çekmegi bilen tassyklanylýar. Şonda aýybyň bildirilen senesi we wagty hem görkezilmelidir.

5. Aýyplanýanyň karar bilen tanyşdyrylandygy barada gol çekmekden ýüz dönderen halatynda sülçi we adwokat kararyň mazmuny bilen aýyplanýanyň tanyşdyrylandygyny şol kararda tassyklaýarlar we bu hakda sülçi prokurora mälim edýär.

**248-nji madda. Bildirilen aýyby üýtgetmek we onuň üstüni ýetirmek**

1. Deslapky derňewiň dowamynda bildirilen aýyby üýtgetmek ýa-da onuň üstüni ýetirmek üçin esaslar ýüze çykan mahalynda sülçi şu Kodeksiň 244-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda täze karar çykaryp, şu Kodeksiň 247-nji we 256-njy maddalarynda bellenen tertipde ol karary aýyplanýana yglan edýär hem-de üýtgedilen ýa-da üsti ýetirilen aýyp boýunça aýyplanýany sorag etmäge borçludyr.

2. Eger deslapky derňewiň dowamynda bildirilen aýyp haýsydyr bir bölegi boýunça tassyk bolmasa, sülçi öz karary bilen şol bölek boýunça jenaýat yzarlaýşyny ýatyrýar we bu hakda aýyplanýana mälim edýär.

**249-njy madda. Aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmegiň tertibi**

1. Aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmegiň tertibi şu Kodeksiň 167-nji maddasyna laýyklykda amala aşyrylýar.

2. Wezipeli adam aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilende, aýyplanýany wezipesinden çetleşdirmek zerur bolan halatynda, sülçi bu hakda delillendirilen karar çykarýar we bu karar prokuror tarapyndan sanksiýa berlen bolmalydyr.

## 27-nji bap. Sorag etmek we ýüzleşdirmek

**250-nji madda. Sorag etmäge çagyrmagyň tertibi**

1. Şaýat, jebir çeken, şeýle hem azatlykda gezip ýören güman edilýän, aýyplanýan sorag etmäge çakylyknama bilen çagyrylýar. Çakylyknama gol çekdirmek arkaly sorag etmäge çagyrylýanyň özüne, onuň ýoklugynda kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň birine, goňşularyna, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wekillerine, sorag etmäge çagyrylýanyň okaýan ýa-da işleýän ýeriniň ýolbaşçylygyna gowşurylýar. Sorag ediljek adam aragatnaşyk serişdelerini ulanmak arkaly hem çagyrylyp bilner.

2. Çakylyknamada kimiň, kim hökmünde, haýsy wagtda (güni, sagady), nirä, kimiň ýanyna sorag etmäge çagyrylýandygy, şeýle hem çakylyk boýunça esassyz sebäplere görä gelmezliginiň netijeleri görkezilýär.

3. On alty ýaşyny doldurmadyk adam sorag etmäge ata-eneleriniň ýa-da beýleki kanuny wekiliniň, şeýle hem okaýan ýa-da işleýän ýeriniň ýolbaşçylygynyň üsti bilen çagyrylýar. Olary başga tertipde çagyrmaga diňe işiň ýagdaýlary talap eden mahalynda ýol berilýär.

4. Tussaglykda saklanýan güman edilýän we aýyplanýan sorag etmäge tussaglykda saklaýyş edaralarynyň ýolbaşçylygynyň üsti bilen çagyrylýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

### 251-nji madda. Sorag etmegiň ýeri we wagty

1. Sorag deslapky derňewiň alnyp barylýan ýerinde edilýär. Eger sülçi zerur diýip hasap etse, onda ol sorag edilýäniň bolýan ýerinde hem ony sorag edip biler.

2. Gaýragoýulmasyz halatlardan başga wagtda sorag gijesine edilip bilinmez.

3. Sorag etmek arakesmesiz dört sagatdan artyk dowam edilip bilinmez. Sorag bir sagatdan az bolmadyk arakesmeden soň dowam edilip bilner, ýöne günüň dowamynda sorag etmek sekiz sagatdan köp bolmaly däldir.

4. Näsagdan sorag edilen halatynda sorag etmegiň dowamlylygy lukmanyň netijenamasy esasynda bellenilýär.

### 252-nji madda. Sorag etmegiň umumy düzgünleri

1. Sorag etmezden öň sülçi sorag edilýäniň şahsyýetini anyklamalydyr. Eger sorag edilýäniň önümçiligiň alnyp barylýan dilini bilýändigine şübhe dörän halatynda, sorag edilýäniň haýsy dilde görkezme bermek isleýändigi aýdyňlaşdyrylmalydyr.

2. Sorag edilmäge çagyrylan adama haýsy iş boýunça kim hökmünde sorag ediljekdigi aýdylýar we onuň şu Kodeksde göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirilip, bu barada teswirnamada bellik edilýär.

3. Sorag etmek iş boýunça özüne mälim bolan ýagdaýlar hakynda gürrüň bermegi sorag edilýäne teklip etmekden başlanýar. Eger sorag edilýän işe göz-görtele dahylsyz ýagdaýlar barada gürrüň berýän bolsa, onda oňa işe dahylly zatlary gürrüň bermegi duýdurylmalydyr.

4. Sorag edilýän iş boýunça erkin gürrüň berenden soň görkezmeleriň

aýdyňlaşdyrylmagyna we üstüniň ýetirilmegine gönükdirilen sowallar berlip bilner. Iş boýunça ugrukdyryjy sowal bermek gadagan edilýär.

5. Eger görkezmeler sanlar we ýatda galmasy kyn bolan beýleki maglumatlar bilen baglanyşykly bolsa, sorag edilýän özüniň haýyşy boýunça ýa-da razylygy bilen teswirnamanyň ýanyna goşulmagy mümkin bolan resminamalardan we ýazgylardan peýdalanyp biler.

6. Sorag etmegiň dowamynda sülçi sorag edilýäne maddy subutnamalary we resminamalary görkezip biler, görkezme berenden soň bolsa işde bar bolan beýleki görkezmeleri okap yglan edip biler, ses, wideoýazgylaryny diňledip we görkezip biler.

7. Lal we ker şaýat, jebir çeken, güman edilýän, aýyplanýan olaryň görkezýän yşaratlaryna düşünýän we olar bilen edýän yşaratlary boýunça düşünişip bilýän adamyň gatnaşmagynda sorag edilmelidir. Şol adamyň sorag etmäge gatnaşdyrylandygy teswirnamada görkezilmelidir.

8. Öňki berlen görkezme boýunça takyklanmaly ýa-da üsti ýetirilmeli ýagdaýlar ýüze çykan halatynda, gaýtadan ýa-da goşmaça sorag etmeler geçirilip bilner.

9. Sorag edilýäniň akyl taýdan näsag ýa-da başga bir agyr keselli bolan halatynda, ol lukmanyň rugsat bermegi bilen we onuň gatnaşmagynda sorag edilýär.

**$252^{1}$-nji madda. Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmegiň, ýüzleşdirmegiň, tanamak üçin görkezmegiň aýratynlyklary**

1. Anyklaýjy ýa-da sülçi tarapyndan deslapky derňewi alyp barýan edaralaryň sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmek, ýüzleşdirmek hem-de tanamak üçin görkezmek derňew hereketleri şu Kodeksiň 27-nji we 29-njy baplarynda görkezilen talaplary berjaý edip hem-de şu maddada göz öňünde tutulan aýratynlyklara laýyklykda geçirilip bilner.

2. Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmek, ýüzleşdirmek we tanamak üçin görkezmek zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, deslapky derňewi geçirýän sülçi ýa-da anyklaýjy, derňew hereketleri geçirmäge degişli adamyň bolýan ýerindäki derňew ýa-da anyklaýyş edarasyna şol adamlar bilen degişli derňew hereketlerini geçirmekligi guramak hakynda tabşyryk ibermelidir.

3. Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmegiň, ýüzleşdirmegiň we tanamak üçin görkezmegiň teswirnamalary şu Kodeksiň 257-nji, 258-nji we 269-njy maddalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilen, olara gol çekmeklik şu maddada görkezilen aýratynlyklary göz öňünde tutmak arkaly, derňew hereketini geçirmek barada tabşyryk beren anyklaýjy ýa-da sülçi tarapyndan düzülýär. Teswirnamada onuň düzülýän, şeýle-de derňew hereketi geçirilýän adamlaryň bolýan ýeri hem-de agzalan ýerleriň ikisi boýunça hem derňew hereketiniň başlanan we gutaran wagtlary görkezilýär. Derňew hereketi geçirilýän ýerde bolmadyk gatnaşyjylara olaryň hukuklarynyň, borçlarynyň we jogapkärçiliginiň hem-de derňew hereketiniň geçirilişiniň tertibiniň düşündirilendigi, şeýle hem derňew hereketiniň teswirnamasynyň özüne yglan edilendigi derňew hereketine gatnaşyjylaryň gollary bilen tassyklanýar, bu barada olardan derňew

hereketine gatnaşyjylaryň bolýan ýerindäki anyklaýjy ýa-da sülçi tarapyndan dil hatlary alynýar.

4. Şu maddada göz önünde tutulan derňew hereketleri geçirilende wideoýazgyny ulanmak hökmandyr hem-de şol wideoýazgylar derňew hereketiniň teswirnamasyna goşulmalydyr.

5. Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmek, ýüzleşdirmek we tanamak üçin görkezmek tamamlanyp, teswirnama düzülip yglan edileninden soň, derňew hereketine gatnaşyjylar şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen dil hatyna we teswirnama takyklaýjy we üstüni ýetiriji bellikleri girizmäge haklydyrlar.

6. Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmek, ýüzleşdirmek we tanamak üçin görkezmek tamamlanandan soň, derňew hereketi geçirilen adamlaryň bolýan ýerindäki anyklaýjy, sülçi ýa-da anyklaýyş edarasy 24 sagadyň dowamynda derňew hereketini geçirmek barada tabşyryk iberen anyklaýja ýa-da sülçä şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen dil hatyny, derňew hereketiniň dowamynda oňa goşulan resminamalary, şeýle hem derňew hereketine adwokat gatnaşan bolsa, onuň orderini ibermelidir.

7. Derňew hereketini geçirýän anyklaýjy ýa-da sülçi şu maddanyň üçünji böleginde görkezilen dil haty, oňa goşulan resminamalar özüne gowşanyndan soň, olary degişli derňew hereketini geçirmek baradaky teswirnamanyň ýanyna goşýar.

8. Döwlet syrlarynyň ýa-da kanun tarapyndan goralýan beýleki syrlaryň aýan bolmak mümkinçiliginiň döräp biljek, şeýle hem derňew hereketi geçirilýän adamlar babatynda howpsuzlyk çäreleri geçirilýän ýagdaýynda sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmäge, ýüzleşdirmäge we tanamak üçin görkezmäge ýol berilmeýär.

*Kodekse $252^1$-nji maddasy 2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda goşulan - Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda.*

### 253-nji madda. Şaýady we jebir çekeni sorag etmek

1. Bir jenaýat işi boýunça çagyrylan şaýatlar we jebir çekenler beýleki şaýatlardan we jebir çekenlerden aýratynlykda sorag edilýär. Sülçi bir iş boýunça soraga çagyrylan şaýatlaryň we jebir çekenleriň sorag etmek başlanýança biri-biri bilen habarlaşmazlygy üçin çäre görmelidir.

2. Sorag etmäge başlamazdan öň sülçi şaýadyň, jebir çekeniň güman edilýän ýa-da aýyplanýan bilen näme gatnaşygynyň bardygyny anyklaýar, olaryň iş ýörediş hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, görnetin ýalan görkezme beren ýa-da görkezme bermekden ýüz dönderen halatynda bolsa jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigini duýdurýar, bu barada teswirnamada bellik edilýär we ol şaýadyň, jebir çekeniň goly bilen tassyklanýar. Şonda sülçi şu Kodeksiň 25-nji maddasyna laýyklykda şaýadyň, jebir çekeniň özüniň, äriniň (aýalynyň), ýakyn garyndaşlarynyň garşysyna görkezme bermekden ýüz döndermäge hukuklydyklaryny düşündirmäge borçludyr.

### 254-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik şaýady ýa-da jebir çekeni sorag

**etmegiň aýratynlyklary**

1. On dört ýaşyna ýetmedik şaýat ýa-da jebir çeken sorag edilende mugallym çagyrylýar, ýaşy on dörtden on alta çenli bolan şaýatlar sorag edilende bolsa, sülçiniň öz garaýşy boýunça hem mugallym çagyrylyp bilner. Zerur bolan halatynda kämillik ýaşyna ýetmedik şaýat, jebir çeken sorag edilende olaryň kanuny wekilleri ýa-da ýakyn garyndaşlary hem çagyrylýar.

2. On alty ýaşyna ýetmedik şaýatlara we jebir çekenlere görnetin ýalan görkezme bermegi we görkezme bermekden ýüz döndermegi üçin jogapkärçilige çekilýändigi olara duýdurylmaýar. Olara diňe dogry görkezme bermäge borçludyklary düşündirilýär.

3. On dört ýaşyna ýetmedik şaýat ýa-da jebir çeken sorag edilende gatnaşdyrylýan adama sorag edilýänleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulandygy hakyndaky teswirnama girizilmäge degişli bellikleri etmäge, şeýle hem sülçiniň rugsat bermegi bilen sorag edilýäne sowal bermäge bolan hukuklary düşündirilýär. Sülçi sowaly aýryp biler, ýöne sowalyň aýrylmagynyň sebäbini teswirnamada görkezmelidir.

**255-nji madda. Güman edilýäni sorag etmek**

1. Güman edilýän tutulyp saklanandan ýa-da ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak hakynda karar oňa yglan edilenden soň haýal etmän sorag edilmelidir.

2. Eger güman edilýän tutup saklanylan ýa-da tussag edilen bolsa, onda onuň görkezmelerini adwokatyň gatnaşmagynda bermäge hukugy bardyr. Eger güman edilýäni haýal etmän adwokat bilen üpjün edip bolmasa, onda anyklaýjy, sülçi we prokuror güman edilýän tutup saklanylandan ýa-da tussag edilenden soň ýigrimi dört sagatdan gijä goýman ony adwokat bilen üpjün etmäge borçludyr.

3. Sorag edip başlamazdan öň sülçi güman edilýäne onuň nämede güman edilýändiginiň düýp mazmunyny, şeýle hem onuň şu Kodeksiň 79-njy maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär, bu barada teswirnama düzülýär.

4. Sorag etmek güman edilýäne onuň pikiriçe iş üçin ähmiýetli bolup biljek ýagdaýlar barada görkezme bermegi teklip etmekden başlanýar.

5. Güman edilýäni sorag etmek beýleki ýagdaýlarda şu Kodeksde göz öňünde tutulan aýyplanýany sorag etmegiň düzgünleri boýunça geçirilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda).*

**256-njy madda. Aýyplanýany sorag etmek**

1. Sülçi aýyp bildirilenden soň ýigrimi dört sagatdan gijä goýman aýyplanýany sorag etmelidir, eger aýyplanýan soraga gelmekden boýun gaçyran ýa-da ol barada gözleg yglan edilen halatynda, ol mejbury getirilenden ýa-da şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde tutulyp saklanandan soň haýal etmän sorag edilmelidir.

2. Sülçi sorag etmegiň dowamynda aýyplanýana bildirilýän aýybyň düýp

manysyny düşündirip, onuň özüne bildirilen aýyp boýunça günäsini doly ýa-da bölekleýin boýun alýandygyny ýa-da doly inkär edýändigini anyklaýar. Eger aýyplanýan jogap bermese, onda ol öz günäsini boýun almaýar diýip hasap edilýär.

3. Sülçi aýyplanýanyň bildirilýän aýyba bolan garaýşyny anyklap, oňa bildirilen aýyp babatda we iş boýunça ähmiýetli bolup biljek beýleki ýagdaýlar barada görkezme bermegi teklip edýär. Aýyplanýan görkezme bermekden ýüz dönderen halatynda bu barada ony sorag etmegiň teswirnamasynda bellik edilýär.

4. Şol bir iş boýunça çagyrylan aýyplanýanlardan aýry-aýrylykda sorag edilýär we sülçi olaryň öz aralarynda habarlaşmazlyklary üçin çäre görýär.

5. Kemala gelmedik aýyplanýandan sorag edilende, sülçiniň garamagy boýunça mugallym hem gatnaşyp biler.

6. Adwokatyň gatnaşmagy şu Kodeksiň 82-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda hökmanydyr.

### 257-nji madda. Sorag etmegiň teswirnamasy

1. Sorag etmegiň gidişi we netijeleri şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen düzülen teswirnamada görkezilýär. Görkezmeler teswirnamada sorag edilýäniň öz adyndan mümkin boldugyça sözme-söz ýazylýar. Zerur bolan mahalynda sorag edilýäne berlen sowallar we onuň jogaplary hem teswirnamada bolşy ýaly yzygiderlilikde ýazylýar. Teswirnamada sülçi tarapyndan aýrylan ýa-da sorag edilýän tarapyndan jogap berilmedik sowallar hem-de sowalyň aýrylmagynyň ýa-da sowala jogap berilmezliginiň delilleri görkezilýär.

2. Ilkinji gezek sorag etmegiň teswirnamasynda sorag edilýänden sorag etmegiň başlanan we gutaran wagty, onuň şahsyýeti hakyndaky maglumatlar, şol sanda: familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan wagty we ýeri, raýatlygy, milleti, bilimi, maşgala ýagdaýy, işleýän ýeri we wezipesi, ýaşaýan ýeri we iş boýunça zerur bolan beýleki maglumatlar görkezilýär. Güman edilýäni we aýyplanýany sorag etmegiň teswirnamasynda ozal onuň iş kesilenlik aýybynyň bardygy ýa-da ýokdugy görkezilýär. Soňraky sorag etmeleriň teswirnamalarynda sorag edilýäniň şahsyýetinde üýtgeşiklik ýüze çykmadyk bolsa, onuň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny görkezmek bilen çäklenilýär.

3. Maddy subutnamalary we resminamalary görkezmek, teswirnamalary okap yglan etmek, ses, wideoýazgylaryny diňletmek we görkezmek, şeýle hem sorag edilýäniň şonuň bilen baglylykda beren görkezmeleri teswirnamada hökmany görkezilmäge degişlidir.

4. Sorag edilýän tarapyndan derňew hereketiniň dowamynda sorag etmegiň teswirnamasynyň ýanyna goşulýan çyzgylar, suratlar we başgalar taýýarlanylyp bilner, bu hakda teswirnamada bellik edilýär.

5. Sorag edilýän iş boýunça erkin gürrüň berenden soň öz görkezmelerini eli bilen ýazyp beýan edip biler. Sorag edilýän öz görkezmelerini eli bilen ýazyp beýan edenden soň sülçi oňa görkezmäni takyklaýjy we üstüni ýetiriji sowallary berip biler.

6. Teswirnama sorag etmek tamamlanandan soň sorag edilýäne okadylýar ýa-da onuň islegi boýunça sülçi tarapyndan okalyp yglan edilýär. Sorag edilýäniň teswirnama takyklaýyşlar ýa-da goşmaçalar girizmek baradaky talaplary hökmany

ýerine ýetirilmäge degişlidir.

7. Sorag etmegiň teswirnamasynyň dogry ýazylandygy we onuň bilen tanyşdyrylandygy teswirnamanyň ahyrynda sorag edilýäniň gol çekmegi bilen tassyklanylýar. Sorag edilen tarapyndan sorag etmegiň teswirnamasynyň her sahypasynyň ahyrynda hem gol çekilýär. Sorag edilýäniň sorag etmegiň teswirnamasyna gol çekmekden ýüz dönderen halatynda, sülçi onuň gol çekmekden ýüz döndermeginiň sebäbini anyklaýar we bu barada teswirnama bellik edýär hem-de teswirnamany öz goly bilen tassyklaýar.

8. Özüniň beden taýdan ýetmezçiligine ýa-da beýleki sebäplere görä teswirnama gol çekmek mümkinçiliginden mahrum bolan adam sorag edilen halatynda ol şu Kodeksiň 119-njy maddasynyň üçünji we dördünji böleklerinde görkezilen tertipde tassyklanylýar.

9. Eger sorag etmeklige terjimeçi gatnaşdyrylan bolsa, onda ol tutuş teswirnama we onuň her sahypasynyň ahyryna gol çekýär. Terjimeçi sorag edilýäniň öz eli bilen ýazan görkezmeleriniň terjimesine hem gol çekýär.

10. Teswirnamada sorag etmeklige gatnaşan her bir adam görkezilýär we olaryň her biri teswirnama gol çekýär.

**258-nji madda. Ýüzleşdirmek**

1. Ozal sorag edilen iki adamyň görkezmelerinde düýpli garşylyklar bar bolsa, şol garşylyklaryň sebäplerini anyklamak üçin sülçi ýüzleşdirme geçirýär.

2. Ýüzleşdirme geçirilende şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda adwokat, mugallym, lukman, terjimeçi we sorag edilýäniň kanuny wekili gatnaşyp biler.

3. Ýüzleşdirmäniň başynda sülçi ýüzleşdirilýän adamlardan olaryň biri-birini tanaýandygyny ýa-da tanamaýandygyny, olaryň öz aralarynda nähili gatnaşyklardadygyny anyklaýar.

4. Ýüzleşdirilýän adamlaryň aýdyňlaşdyrylmaga degişli bolan ýagdaýlar hakynda görkezme bermeginiň gezegi sülçi tarapyndan kesgitlenilýär. Şondan soň sülçi olara soraglar berýär. Ýüzleşdirmä çagyrylanlar sülçiniň ygtyýar bermegi bilen biri-birlerine sowallar berip bilerler, bu hakda teswirnamada bellik edilýär.

5. Ýüzleşdirme geçirilende sülçi işe goşulan maddy subutnamalary we resminamalary görkezip biler.

6. Ýüzleşdirilýänleriň ozalky sorag edilenlerinde beren görkezmeleri olaryň ýüzleşdirme wagty görkezme berenlerinden soň we olar teswirnama girizilenden soň okalyp yglan edilip bilner.

7. Eger ýüzleşdirmä şaýat ýa-da jebir çeken gatnaşýan bolsa, görkezme bermekden ýüz döndermegi üçin we görnetin ýalan görkezme bermegi üçin jogapkärçilik olara duýdurylyp, bu hakda teswirnamada bellik edilýär.

8. Ýüzleşdirmäniň gidişi we netijeleri şu Kodeksiň 117-nji maddasyna laýyklykda düzülen teswirnamada görkezilýär.

9. Sülçi ýüzleşdirmä gatnaşyjylary teswirnamanyň mazmuny bilen tanyşdyrýar. Ýüzleşdirilenler teswirnama düzedişleriň we goşmaçalaryň girizilmegini talap etmäge haklydyrlar. Teswirnama ýüzleşdirilenler we sülçi tarapyndan gol çekilýär. Ýüzleşdirilenleriň her biri öz görkezmelerine we teswirnamanyň her sahypasyna

aýratynlykda gol çekýär.

## 28-nji bap. Gözden geçiriş, jesedi gabyrdan çykarmak, synany gözden geçirmek

### 259-njy madda. Gözden geçiriş

1. Jenaýatyň yzlaryny, başga maddy subutnamalary tapmak we ýüze çykarmak, wakanyň bolup geçiş ýagdaýyny, şeýle hem iş üçin ähmiýetli bolan beýleki ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmak maksady bilen sülçi wakanyň bolan ýerini, töwerekdäki ýerleri, jaýlary, zatlary, resminamalary we jesetleri gözden geçirýär.

2. Gaýragoýulmasyz halatlarda gözden geçiriş jenaýat işi gozgalmazdan öň geçirilip bilner. Şeýle halatlarda, munuň üçin esaslar bar bolan wagtynda, wakanyň bolan ýeri gözden geçirilenden soň haýal etmän şu Kodeksde bellenen tertipde jenaýat işi gozgalýar.

### 260-njy madda. Gözden geçirişiň umumy düzgünleri

1. Gözden geçiriş gaýragoýulmasyz ýagdaý ýüze çykan halatyndan başga ýagdaýlarda gündiz geçirilýär.

2. Sülçi derňelmegi gözden geçirişi talap edýän jenaýat hakyndaky arzany ýa-da habary alan dessine haýal etmän wakanyň bolan ýerine barmalydyr we ony gözden geçirmelidir.

3. Sülçiniň wagtynda gelip ýetişmeginiň mümkin bolmadyk halatynda jenaýat hakynda arza ýa-da habar gelip gowşan anyklaýyş edarasynyň anyklaýjysy ýa-da uly işgäri gözden geçirişi amala aşyrmaga borçludyr.

4. Anyklaýyş edaralarynyň işgärleri gözden geçirişe ýardam etmäge we sülçiniň tabşyrygy boýunça wakanyň bolan ýerini goramak, wakany gören şaýatlary ýüze çykarmak, jenaýat edenleri tapmak we tutup saklamak, jebir çekenleri howpsuz ýere äkitmek, wepat bolanlary äkitmek, dowam edýän we gaýtalanmagy mümkin bolan jenaýatlaryň öňüni almak we hadysanyň beýleki netijelerini aradan aýyrmak boýunça zerur çäreleri geçirmäge borçludyrlar.

5. Gözden geçiriş güwäleriň gatnaşmagynda geçirilýär. Aýratyn halatlarda, ýagny: barmasy kyn bolan ýerlerde, güwäleri tapmak iňňän kyn bolan ýerinde, habarlaşmagyň degişli serişdeleriniň ýokdugynda, başga esasly sebäplere görä adamlary güwä hökmünde gatnaşdyrmak mümkin bolmadyk ýagdaýynda, şeýle hem gözden geçiriş adamlaryň jany we saglygy üçin howply bolan ýagdaýynda güwäleri gatnaşdyrmazdan, emma şunda, adatça, gözden geçirişiň barşyny we netijelerini berkitmegiň tehniki serişdelerini ulanmak arkaly geçirilip bilner.

6. Zerur bolan mahalynda gözden geçiriş güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň, şaýadyň, şeýle hem hünärmeniň gatnaşmagynda geçirilýär.

7. Ýüze çykarylan yzlar we beýleki maddy zatlar derňew hereketiniň alnyp barylýan ýerinde gözden geçirilýär. Eger gözden geçirmek üçin dowamly wagt gerek bolsa ýa-da ýerinde gözden geçirmek örän kynlaşan bolsa, zatlar alynmalydyr, gaplanmalydyr, möhürlenmelidir we gözden geçirmek üçin amatly bolan başga bir

ýere zepersiz eltilip gözden geçirilmelidir.

8. Gözden geçirişiň dowamynda ýüze çykarylan we alnan subutnamalar güwälere we gözden geçirişe gatnaşýan beýleki adamlara görkezilýär we bu barada teswirnamada bellik edilýär.

9. Gözden geçiriş wagtynda diňe işe dahylly bolup biljek zatlar alynmalydyr. Alnan zatlar gaplanylyp möhürlenenden soň sülçiniň we güwäleriň gollary bilen tassyklanylýar.

10. Gözden geçirişe gatnaşýan adamlar öz pikirleri boýunça işiň ýagdaýlaryny aýdyňlaşdyrmaga ýardam edip biljek ähli zatlara sülçiniň ünsüni çekmäge haklydyrlar.

11. Zerur halatlarda gözden geçirilýän zatlaryň ölçegi geçirilýär, meýilnamalary, çyzgylary düzülýär, şeýle hem surata düşürilýär, wideoýazgysy ulanylýar we beýleki serişdeleri ulanmak arkaly şekillendirilýär, bu hakda teswirnamada bellik edilýär. Görkezilen maglumatlar teswirnamanyň ýanyna goşulýar.

12. Ýaşaýyş jaýy gözden geçirilende onda ýaşaýan kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň azyndan biriniň oňa gatnaşmagy üpjün edilmelidir. Ýaşaýyş jaýynda ýaşaýan kämillik ýaşyna ýeten adamlaryň hiç biriniň gatnaşmagyny üpjün edip bolmadyk halatynda gözden geçirişe ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wekilleri gatnaşdyrylýar.

13. Gözden geçiriş haýsydyr bir guramanyň jaýlarynda we çäklerinde geçirilýän bolsa, onda oňa şol guramanyň ýolbaşçylygynyň wekili gatnaşdyrylýar.

14. Diplomatik wekilhananyň jaýynda, şeýle hem diplomatik wekilhananyň agzasynyň we onuň maşgala agzalarynyň ýaşaýan jaýynda gözden geçiriş diplomatik wekilhananyň baştutanynyň, onuň ýok wagtynda onuň ornuny tutýan adamyň haýyşy ýa-da razylygy boýunça şu Kodeksiň 525-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda geçirilip bilner.

15. Eger haýsydyr bir sebäbe görä ilkinji gözden geçirişde zatlar jikme-jik barlanmadyk bolsa, onda olar goşmaça gözden geçirilip bilner.

16. Şol bir zat aşakdaky ýagdaýlarda gaýtadan gözden geçirilip bilner:

1) ilkinji gözden geçirişiň şertleri zady netijeli özleşdirmek üçin amatsyz bolan ýagdaýynda;

2) ilkinji gözden geçirişden soň täze maglumatlaryň alynmagy mümkin bolsa;

3) eger ilkinji gözden geçiriş pes hilde geçirilen bolsa.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**261-nji madda. Maddy subutnamalary gözden geçirmek we saklamak**

1. Wakanyň bolan ýeri, jaý gözden geçirilende ýüze çykarylan, öý dökülende, iş üçin zerur zatlar alnanda, derňew synagy we beýleki derňew hereketleri geçirilende alnan, şeýle hem sülçiniň talap etmegi boýunça guramalar we raýatlar tarapyndan getirilip berlen närseler şu Kodeksiň 260-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda gözden geçirilmäge degişlidir. Gözden geçirilenden soň şol zatlar şu Kodeksiň 130-njy maddasynyň düzgünlerine laýyklykda maddy subutnamalar diýlip bilinýär.

2. Sülçi närsäni maddy subutnama diýip bilmek we ony jenaýat işine goşmak

hakynda karar çykarýar. Şol kararda maddy subutnamany işiň ýanynda goýmak, ony eýesine ýa başga adamlara ýa-da guramalara saklamak üçin bermek hakyndaky mesele hem çözülmelidir.

3. Eger närsäniň çendenaşa uludygy ýa-da başga bir sebäplere görä işiň ýanynda saklamak mümkin bolmasa, onda olar surata düşürmek ýa-da wideoýazgysyny ulanmak arkaly şekillendirilmelidir, mümkin boldugyça möhürlenilmelidir we sülçiniň görkezen ýerinde saklanylmalydyr. Işe maddy subutnamanyň nusgasy hem goşulyp bilner. Maddy subutnamanyň saklanýan ýeri hakynda işde degişli güwänama bolmalydyr.

4. Tiz zaýalanýan maddy subutnamalar eýesine gaýtarylyp bilinmejek bolsa, onda olar niýetlenen maksady boýunça ulanmak ýa-da satmak üçin degişli guramalara berilýär. Maddy subutnamany satmakdan düşen pul bolsa jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň wagtlaýyn eldegrilmesiz hasabyna geçirilýär. Esaslar bar bolan mahalynda şol görnüşdäki we hildäki zatlar bilen eýesine olaryň öwezi dolunýar ýa-da oňa olaryň bahasy tölenýär.

5. Maddy, medeni, taryhy, antikwar gymmatlyklar bolup durýan pul serişdeleri, gymmatly metallar, daşlar we başga zatlar saklamak üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde berilmelidir.

6. Şu maddanyň üçünji, dördünji we bäşinji böleklerinde göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda şu Kodeksde bellenen tertipde iş anyklaýyş edarasyndan sülçä ýa-da bir anyklaýyş edarasyndan onuň beýleki birine ýa-da bir sülçüden beýleki bir sülçä geçirilende, şeýle hem iş prokurora ýa kazyýete iberilende maddy subutnamalar gaplanan we möhürlenen görnüşde, olaryň atlaryny we alamatlaryny görkezýän sanawy goşmak bilen işiň özi bilen bilelikde ýollanylýar.

7. Derňew döwründe jenaýat işi ýatyrylanda maddy subutnamalar hakyndaky mesele şu Kodeksiň 130-njy maddasynyň düzgünleri boýunça çözülýär.

**262-nji madda. Maddy subutnamalary saklamagyň möhletleri**

1. Maddy subutnamalar höküm kanuny güýje girýänçä ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky karar ýa kesgitnama barada şikaýat etmegiň möhleti geçýänçä saklanylýar.

2. Maddy subutnamalar bolup durýan zatlara bolan hukugy hakynda jedel ýüze çykan halatynda, şol zatlar kazyýetiň şu jedel boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde çykaran çözgüdi kanuny güýje girýänçä saklanylýar.

3. Işe goşulan ýazmaça maddy subutnamalar işiň saklanylýan bütin möhletinde saklanylýar.

**263-nji madda. Jesedi gözden geçirmek**

1. Jesediň daşky görnüşi onuň tapylan ýerinde güwäleriň bolmagynda kazyýet-lukmançylyk ulgamynda hünärmen lukmany hökman gatnaşdyrmak bilen, onuň gatnaşmagy mümkin bolmadyk halatynda bolsa başga bir lukmanyň gatnaşmagynda sülçi tarapyndan gözden geçirilýär. Jeset gözden geçirilende başga hünärmenler hem gatnaşdyrylyp bilner.

2. Jeset goşmaça ýa-da gaýtadan gözden geçirilen halatynda kazyýet-lukmançylyk ulgamynda hünärmen lukmanyň gatnaşdyrylmagy hökmandyr.

3. Jeset hökmany tertipde surata düşürilmäge ýa-da wideoýazgysyna geçirilmäge we el yzlary alynmaga degişlidir.

4. Jesediň daşky görnüşini gözden geçiriş soňundan bilermenler seljermesini geçirmegi aradan aýyrmaýar we onuň ornuny tutmaýar.

5. Jeset gözden geçirilýän wagty raýatlaryň ölen adamy tanaýandygyny aýtmagy şol derňew hereketiniň teswirnamasyna ýazylýar we ölen adamy tanandygy hakda aýdan adam soň şaýat hökmünde sorag edilýär. Bu ýagdaý tanamaklary üçin jesedi başga adamlara soň görkezmegi aradan aýyrmaýar.

**264-nji madda. Jesedi gabyrdan çykarmak**

1. Jesedi gabyrdan çykarmak aşakdaky ýagdaýlarda geçirilýär:

1) jesedi gözden geçirmek, şol sanda goşmaça we gaýtadan gözden geçirmek zerurlygy ýüze çykanda;

2) tanamak üçin görkezmek zerur bolan halatynda;

3) bilermenler seljermesini geçirmek zerurlygy ýüze çykan mahalynda.

2. Jesedi gabyrdan çykarmak sülçiniň delillendirilen karary esasynda geçirilýär.

3. Jesedi gabyrdan çykarmak hakyndaky kararyň ýerine ýetirilmegi ölen adamyň jaýlanan ýerine jogap berýän adam we merhumyň dogan-garyndaşlary üçin hökmanydyr.

4. Jesedi gabyrdan çykarmak güwäleriň we kazyýet-lukmançylyk ulgamynda hünärmen lukmanyň hökmany gatnaşmagynda geçirilýär.

5. Tanamak üçin görkezmek, jesedi gözden geçirmek, seljerme barlagyny geçirmek üçin nusgalary almak jesediň gabyrdan çykarylan ýerinde geçirilip bilner. Şeýle halatlarda derňew hereketlerini geçirmekden alnan maglumatlar we olaryň yzygiderliligi jesedi gabyrdan çykarmagyň umumy teswirnamasyna girizilýär.

6. Eger şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen derňew hereketleri başga ýerde geçirilen bolsa, onda bu hakda aýry teswirnama düzülýär.

7. Gabyrdan çykarylandan soň beýleki barlag işlerini geçirmek üçin jeset lukmançylyk edarasyna eltilip bilner.

8. Jeset gabyrdan çykarylyp, degişli iş ýörediş hereketleri geçirilenden soň ony jaýlamak jesedi gabyrdan çykarmak hakyndaky karary çykaran adamyň ýa-da edaranyň gatnaşmagynda jesediň jaýlanýan ýerine jogap berýän adam tarapyndan geçirilýär. Jeset jaýlananda islegi boýunça merhumyň garyndaşlary hem gatnaşyp bilerler.

9. Anyklaýyş edaralary jesedi gabyrdan çykarmak üçin sülçä ýardam bermäge borçludyrlar.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda*).

**265-nji madda. Synany gözden geçirmek**

1. Sülçi güman edilýäniň, aýyplanýanyň, şaýadyň ýa-da jebir çekeniň synasynda

jenaýatyň yzlarynyň ýa-da aýratyn alamatlarynyň bardygyny ýüze çykarmak hem-de şol adamlaryň beden ýagdaýyny takyklamak üçin, eger şunda bilermenler seljermesini geçirmek zerur bolmasa, şol adamlaryň synasyny gözden geçirmäge haklydyr.

2. Sülçi synany gözden geçirmek hakynda güman edilýän we aýyplanýan üçin ýerine ýetirilmegi hökmany bolan karar çykarýar. Jebir çekeniň we şaýadyň synasy mejbury tertipde prokuroryň sanksiýa bermegi bilen gözden geçirilýär.

3. Synany gözden geçirmek lukmanyň ýa-da başga hünärmeniň gatnaşmagynda, olaryň gatnaşmagy mümkin bolmadyk halatynda bolsa, güwäleriň bolmagynda sülçi tarapyndan geçirilýär.

4. Eger synany gözden geçirmek synasy gözden geçirilýän adamyň ýalaňaçlanmagyny talap edýän bolsa, onda bu derňew hereketi synasy gözden geçirilýän bilen bir jynsdaky güwäleriň bolmagynda geçirilýär.

5. Eger synany gözden geçirmek synasy gözden geçirilýän adamyň ýalaňaçlanmagyny talap edýän bolsa, onda erkek sülçi aýalyň, aýal sülçi erkegiň synasy gözden geçirilende şol ýerde bolmaýar. Şeýle halatlarda synany gözden geçirmek güwäleriň bolmagynda lukman ýa-da kazyýet-lukmançylyk ulgamynyň hünärmeni tarapyndan amala aşyrylýar.

6. Syna gözden geçirilen mahalynda, synasy gözden geçirilýän adamyň mertebesini kemsidýän ýa-da onuň saglygy üçin howply hereketlere ýol berilmeýär.

**266-njy madda. Gözden geçirişiň, jesedi gabyrdan çykarmagyň, synany gözden geçirmegiň teswirnamasy**

1. Sülçi gözden geçirişiň, jesedi gabyrdan çykarmagyň, synany gözden geçirmegiň amala aşyrylandygy barada şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen teswirnama düzýär.

2. Teswirnamada sülçiniň ähli hereketleri, şeýle hem gözden geçiriş mahalynda, jeset gabyrdan çykarylan we syna gözden geçirilen wagtynda ýüze çykarylan zatlar görkezilen derňew hereketleri geçirilen pursadynda bolşy ýaly görnüşde we yzygiderlilikde görkezilýär. Gözden geçiriş mahalynda, jeset gabyrdan çykarylan, syna gözden geçirilen wagtynda alnan zatlaryň hemmesi teswirnama atma-at ýazylýar we beýan edilýär.

3. Teswirnamada ondan başga-da şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) gözden geçirişiň, jesedi gabyrdan çykarmagyň, synany gözden geçirmegiň haýsy wagtda, nähili howa şertlerinde we nähili ýagtylykda geçirilendigi;

2) haýsy tehniki serişdeleriň ulanylandygy we nähili netijeler alnandygy;

3) görkezilen derňew hereketlerini geçirmäge kimleriň gatnaşdyrylandygy we olaryň gatnaşmagynyň nämeden ybarat bolandygy;

4) haýsy zatlaryň möhürlenendigi we haýsy möhür bilen möhürlenendigi;

5) gözden geçirişden soň jesediň ýa-da iş üçin ähmiýetli bolan zatlaryň nirä iberilendigi.

## 29-njy bap. Tanamak üçin görkezmek

**267-nji madda. Tanamak üçin görkezmek**

1. Sülçi zerur bolan halatynda adamy ýa-da närsäni şaýada, jebir çekene, güman edilýäne ýa-da aýyplanýana tanamak üçin görkezip biler. Tanamak üçin jeset hem görkezilip bilner.

2. Tanajak adamlaryň degişli adamy ýa-da närsäni nähili ýagdaýlarda görendikleri hakynda we olaryň şol adamy ýa-da närsäni haýsy alamatlar we aýratynlyklar boýunça tanap biljekdikleri hakynda olardan ilki sorag edilýär.

**268-nji madda. Tanamak üçin görkezmegiň tertibi**

1. Tanalmaly adam, özi bilen bilelikde azyndan üç adamyň hatarynda tanajak adama görkezilýär, tanamak üçin görkezilýän adamlar şol bir jynsdan bolup, daş sypaty, ýaşy we geýimi boýunça biri-birinden düýpli tapawutlanmaly däldirler. Tanamak üçin görkezmek başlamazdan öň, tanalmaly adama tanamak üçin görkezilýän adamlaryň arasynda islendik ýerde durmak teklip edilýär, bu hakda teswirnamada bellik edilýär.

2. Tebigy betbagtçylyklar hakyndaky we köp sanly pidalary bolan başga işler boýunça tanamak üçin jeset ähli wepat bolanlar bilen bilelikde, beýleki ýagdaýlarda bolsa jesediň ýeke özi tanamak üçin görkezilýär.

3. Närse tanamak üçin görkezilende birkysymly närseleriň başga-da bir toparynyň arasynda görkezilýär. Tanamak üçin görkezilýän adamlar ýa-da närseler mümkingadar surata düşürilýär.

4. Adamy tanamak üçin görkezmek mümkin bolmadyk halatynda, ony tanamak üçin azyndan üç sany başga fotosurat bilen birlikde onuň fotosuratyny hem görkezmek bolar.

5. Eger adam ýa-da närse tanamak üçin şaýada, jebir çekene görkezilýän bolsa, onda görkezme bermekden ýüz döndermegi üçin we görnetin ýalan görkezme bermegi üçin jogapkärdikleri olara duýdurylýar, bu hakda teswirnamada bellik edilýär hem-de şaýadyň ýa-da jebir çekeniň goly bilen tassyklanylýar.

6. Tanajak adam haýsy adam ýa-da närse hakynda görkezme beren bolsa, oňa şony görkezmek teklip edilýär.

7. Eger tanajak adam tanamak üçin görkezilýän adamlaryň birini ýa-da närseleriň birini görkezen bolsa, onuň şol adamy ýa-da närsäni haýsy alamatlary ýa-da aýratynlyklary boýunça tanandygyny düşündirmek oňa teklip edilýär. Ugrukdyryjy sowallaryň berilmegi gadagandyr.

8. Tanamak üçin görkezmek güwäleriň bolmagynda geçirilýär.

**269-njy madda. Tanamak üçin görkezmegiň teswirnamasy**

1. Adamyň ýa-da närsäniň tanamak üçin görkezilendigi we onuň netijeleri hakynda teswirnama düzülýär, onda tanajak adamyň şahsyýeti hakyndaky, tanajak adama tanamak üçin görkezilen adamlar we närseler hakyndaky maglumatlar görkezilýär, tanamagyň haýsy alamatlar we aýratynlyklar boýunça geçirilendigi jikme-jik beýan edilýär.

2. Teswirnama tanamak üçin görkezmegiň geçirilmegine gatnaşan adamlaryň hemmesi, güwäler we sülçi gol çekýärler. Eger tanamak üçin görkezilen adamlar ýa-da närseler surata düşürilen bolsa, olar teswirnamanyň ýanyna goşulýar.

## 30-njy bap. Öý dökmek, jenaýat işi üçin gerekli zatlary almak, emlägi gozgamasyz etmek

### 270-nji madda. Öý döküş işini geçirmek üçin esaslar

1. Jenaýat etmegiň guraly, jenaýatly ýol bilen gazanylan zatlar, gymmatlyklar, şeýle hem iş üçin ähmiýeti bolup biljek başga zatlar we resminamalar haýsydyr bir jaýda ýa-da başga ýerde, ýa-da haýsydyr bir adamda bardyr diýip çak etmäge ýeterlik maglumatlaryň bar bolmagy öý döküş işini geçirmek üçin esaslar bolup durýar we ol diňe sülçiniň delillendirilen karary hem-de prokuroryň ýa-da onuň orunbasarynyň sanksiýa bermegi bilen amala aşyrylýar.

2. Öý döküş işi gözlenýän adamlary hem-de jesetleri tapmak üçin hem geçirilip bilner.

### 271-nji madda. Jenaýat işi üçin gerekli zatlary almak

1. Iş üçin ähmiýetli bolan belli bir zatlary we resminamalary almak zerur bolan halatynda we eger şol zatlaryň nirede we kimdedigi takyk mälim bolsa, sülçi şol zatlary almak işini geçirýär.

2. Döwletiň syry bolup durýan maglumatlaryň beýan edilen resminamalary diňe prokuroryň sanksiýasy bolan mahalynda we degişli edaralaryň ýolbaşçylary bilen ylalaşylan tertipde alynýar.

3. Gerekli zatlary almak sülçiniň delillendirilen karary esasynda geçirilýär.

### 272-nji madda. Adamyň ýanyny dökmek

1. Adamyň ýanyny dökmek işi ýany barlanýan adamyň jynsy bilen bir jynsdan bolan güwäleriň bolmagynda şu Kodeksiň 274-nji we 278-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda geçirilýär.

2. Adamyň ýanyny dökmek işi şu aşakdaky ýagdaýlarda bu hakda aýratyn karar çykarmazdan geçirilip bilner:

1) adam tutulyp saklanan ýa-da tussag edilen mahalynda;

2) öý döküş işi geçirilýän ýa-da gerekli zatlar alynýan jaýda ýa başga ýerde bolan adam iş üçin ähmiýeti bolup biljek zatlary ýa-da resminamalary öz ýanynda gizleýändir diýip çak etmäge ýeterlik esaslar bar bolan mahalynda.

### 273-nji madda. Raýatlaryň ýaşaýyş jaýlarynda öý döküş işini geçirmegiň we jenaýat işi üçin gerekli zatlary almagyň tertibi

1. Gaýragoýulmasyz halatlardan başga halatlarda, raýatlaryň ýaşaýyş jaýlarynda öý döküş işiniň we jenaýat işi üçin gerekli zatlary almagyň gijesine geçirilmegine ýol

berilmeýär. Sülçi ýaşaýyş jaýyny dökmäge ýa-da jenaýat işi üçin gerekli zatlary almaga girişmänkä, bu işi geçirmek hakyndaky degişli tertipde düzülen karary görkezmelidir. Zerur bolan halatlarda ýaşaýyş jaýyny dökmek ýa-da iş üçin gerekli zatlary almak işine gatnaşdyrmak üçin sülçi degişli hünärmeni çagyrmaga haklydyr.

2. Gerekli zatlary almak geçirilende, sülçi karary görkezenden soň alynmaga degişli zatlaryň ýa-da resminamalaryň meýletin berilmegini teklip edýär, bermekden ýüz dönderilen halatynda bolsa, mejbury tertipde alýar.

3. Ýaşaýyş jaýynda öý döküş işi geçirilende sülçi karary görkezenden soň jenaýat ediş gurallarynyň, jenaýatly ýol bilen gazanylan zatlaryň we gymmatlyklaryň, şeýle hem iş üçin ähmiýetli bolup biljek başga zatlaryň, resminamalaryň meýletin berilmegini teklip edýär. Eger şol zatlar meýletin berlen bolsa we gözlenýän zatlaryň hem-de resminamalaryň gizlenendigi barada howatyr etmäge esaslar ýok bolsa, sülçi berlen zatlary almak bilen çäklenmäge we şondan beýläk gözleg geçirmezlige haklydyr.

4. Ýaşaýyş jaýy dökülýän we iş üçin gerekli zatlar alynýan mahalynda, sülçi eger ýaşalýan we zat saklanýan jaýlaryň eýesi olary meýletin açyp bermekden ýüz dönderýän bolsa, gulply duran şol jaýlary açmaga haklydyr, şunda sülçi hiç bir zady biderek zaýalamajak bolmalydyr.

5. Sülçi dökülýän jaýdaky adamlaryň we şol jaýa gelýän beýleki adamlaryň tä jaýda öý döküş işi tamamlanýança şol ýerden gitmegini hem-de öz aralarynda ýa-da başga adamlar bilen habarlaşmagyny gadagan etmäge haklydyr.

6. Zerur bolan halatlarda ýaşaýyş jaýynda öý döküş işi geçirilen mahalynda surata düşürmek we wideoýazgylaryny etmek işleri geçirilip bilner.

**274-nji madda. Ýany we jaýy dökülýän, zatlary alynýan adamlaryň şahsy durmuşynyň ýagdaýlaryny aýan etmäge ýolberilmesizlik**

Jaýy dökmek, jenaýat işi üçin gerekli zatlary almak ýa-da adamyň ýanyny dökmek işi geçirilende sülçi jaýy we ýany dökülýän adamlaryň şahsy durmuşynyň şonda ýüze çykan we işe dahylly bolmadyk ýagdaýlarynyň aýan edilmezligi üçin çäre görmelidir.

**275-nji madda. Ýaşaýyş jaýy dökülende we jenaýat işi üçin gerekli zatlar alnanda bolýan adamlar**

1. Ýaşaýyş jaýy dökülende ýa-da jenaýat işi üçin gerekli zatlar alnanda güwäleriň bolmagy hökmanydyr.

2. Ýaşaýyş jaýyny dökmek we iş üçin gerekli zatlary almak işi geçirilende ýaşaýyş jaýy dökülýän ýa-da zady alynýan adamyň ýa-da onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzalarynyň bolmagy üpjün edilmelidir. Olaryň bolmagy mümkin bolmadyk halatynda, ýaşaýyş jaý-ulanyş guramasynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň wekilleri çagyrylýar.

3. Ýaşaýyş jaýy dökülen we iş üçin gerekli zatlar alnan mahalynda güman edilýän, aýyplanýan we jebir çeken hem sülçiniň ygtyýar bermegi bilen şol ýerde bolup biler.

4. Ýaşaýyş jaýy dökülýän ýa-da zatlary alynýan adamlara, güwälere, wekillere sülçiniň ähli hereketleri wagtynda bolmaga we şol hereketler barada teswirnama girizilmäge degişli arzlaryny aýtmaga hukuklarynyň bardygy düşündirilmelidir.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**276-njy madda. Ýaşaýyş jaýy dökülýän we jenaýat işi üçin gerekli zatlar alynýan mahalynda zatlaryň alnyşy**

1. Ýaşaýyş jaýyny dökmek we jenaýat işi üçin gerekli zatlary almak işi geçirilen mahalynda raýat hak islegini üpjün etmek ýa-da muzdsuz almak hakynda çykarylmagy mümkin bolan hökümi ýerine ýetirmegi üpjün etmek maksady bilen iş üçin ähmiýeti bar bolan zatlar we resminamalar, şeýle hem aýyplanýanyň gymmatlyklary we emlägi alnyp bilner.

2. Ýaşaýyş jaýy dökülende kanun boýunça ulanylmagy gadagan edilen zatlar tapylan halatynda, olar işe dahyllydygyna ýa-da dahylsyzdygyna garamazdan, alynmaga degişlidir.

3. Alynýan resminamalaryň we zatlaryň hemmesi güwälere we şol ýerdäki beýleki adamlara görkezilmelidir hem-de ýaşaýyş jaýyny dökmek ýa-da jenaýat işi üçin gerekli zatlary almak hakyndaky teswirnamada ýa-da oňa goşulýan aýratyn sanawda atma-at ýazylmalydyr, şeýle hem şol zatlaryň mukdary, ölçegi, agramy, olaryň nämeden ýasalandygy we beýleki aýratyn alamatlary hem-de olaryň takmynan gymmaty görkezilmelidir. Alnan zatlar we resminamalar, zerur bolan halatynda, ýaşaýyş jaýy dökülen ýa-da jenaýat işi üçin alnan ýerinde gaplanylmalydyr we möhürlenilmelidir.

**277-nji madda. Emlägi gozgamasyz etmek**

1. Raýat hak islegini ýa-da emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek maksady bilen sülçi güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da olaryň hereketi üçin kanun boýunça maddy jogapkär adamlaryň ýa-da jenaýatly ýol bilen edinilen emlägi saklaýan beýleki adamlaryň emlägini gozgamasyz etmäge borçludyr.

2. Emlägi gozgamasyz etmek öý döküş işini geçirmek ýa-da gerekli zatlary almak bilen birwagtda ýa-da olardan aýratynlykda geçirilip bilner.

3. Emlägi gozgamasyz etmek şu Kodeksiň 273, 275 we 276-njy maddalarynda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda geçirilýär.

4. Gozgamasyz edilen emläk sülçiniň garamagyna görä ýaşaýyş jaý-ulanyş guramasynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edarasynyň wekiline ýa-da şol emlägiň eýesiniň garyndaşyna ýa-da başga adama saklamaga berilýär.

5. Şol emläk babatynda bikanun hereketler edilen halatynda, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 225-nji maddasy boýunça jogapkärçilige çekilýändigi hakynda emlägi saklamaga berlen adamlardan dil haty alynýar.

6. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň özi we onuň eklenjindäki adamlar üçin zerur bolan emläk gozgamasyz edilip bilinmez. Şol emlägiň sanawy Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**278-nji madda. Ýaşaýyş jaýynda döküş işini geçirmegiň, gerekli zatlary almagyň, emlägi gozgamasyz etmegiň teswirnamasy**

1. Ýaşaýyş jaýynda döküş işini geçirmegiň, jenaýat işi üçin gerekli zatlary almagyň, emlägi gozgamasyz etmegiň teswirnamasynda: jaýy dökmek, zatlary almak, emlägi gozgamasyz etmek işini geçirmek üçin esaslar; şol hereket geçirilende bolan adamlar; sülçiniň hereketleri; ýaşaýyş jaýyny dökmegiň we gerekli zatlary almagyň netijeleri görkezilýär. Alnan her bir zat barada onuň meýletin berlendigi ýa-da mejbury alnandygy, hut haýsy ýerden we nähili ýagdaýlarda tapylandygy görkezilmelidir.

2. Alnan zatlaryň aýratyn sanawy düzülen halatynda, sanaw ýaşaýyş jaýynda döküş işini geçirmek we gerekli zatlary almak işi geçirilende gatnaşan adamlara okamak üçin berilýär we oňa şol ýerde bolanlaryň hemmesi we sülçi gol çekýär. Sanaw teswirnamanyň ýanyna goşulýar.

3. Teswirnama iki sany birmeňzeş nusgada düzülýär we oňa şol derňew hereketine gatnaşan adamlaryň hemmesi gol çekýär.

4. Eger ýaşaýyş jaýynda döküş işi, gerekli zatlary almak, emlägi gozgamasyz etmek geçirilende zatlar we resminamalar ýok ediljek ýa-da gizlenjek bolan bolsa ýa-da öýi dökülýän adamlar ýa başga adamlar tarapyndan tertip bozulan bolsa, teswirnamada şolar hem-de sülçiniň gören çäreleri görkezilmelidir.

**279-njy madda. Gulluk jaýlarynda döküş işini geçirmek, gerekli zatlary almak we emlägi gozgamasyz etmek**

1. Edaralaryň, kärhanalaryň, guramalaryň jaýlaryny döküş işini geçirmek, jenaýat işi üçin gerekli zatlary almak we emlägi gozgamasyz etmek işi şol edaranyň, kärhananyň, guramanyň wekiliniň bolmagynda geçirilýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen iş ýörediş hereketleri şu Kodeksiň 271-nji we 278-nji maddalarynyň talaplaryna laýyklykda geçirilýär.

**280-nji madda. Ýaşaýyş we gulluk jaýyny dökmegiň, jenaýat işi üçin gerekli zatlary almagyň, emlägi gozgamasyz etmegiň teswirnamasyny gowşurmak**

1. Ýaşaýyş we gulluk jaýyny dökmegiň, jenaýat işi üçin gerekli zatlary almagyň, emlägi gozgamasyz etmegiň teswirnamasynyň ikinji nusgasy ýaşaýyş jaýynda döküş işi geçirilen, zatlary alnan ýa-da emlägi gozgamasyz edilen adama, ol bolmadyk mahalynda onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasyna ýa-da ýaşaýyş jaý-ulanyş guramasynyň wekiline ondan dil haty almak bilen gowşurylýar.

2. Eger döküş işini geçirmek, iş üçin gerekli zatlary almak ýa-da emlägi gozgamasyz etmek işi edara, kärhana ýa-da gurama degişli gulluk jaýynda geçirilen bolsa, teswirnamanyň ikinji nusgasy degişli wezipeli adama ondan dil haty almak

bilen gowşurylýar.

## 31-nji bap. Hat-habarlary gozgamasyz etmek we habarlary ele salmak

### 281-nji madda. Hat-habarlary gozgamasyz etmek

1. Hatlar, telegrammalar, radiogrammalar, dolaga ýa-da başga zada gaplanan görnüşinde iberilýän ýa-da gelýän aragatnaşyk ýollamalarynda jenaýat işi üçin ähmiýetli resminamalar, maglumatlar ýa-da başga zatlar bolmagy mümkin diýlip çaklamaga ýeterlik esaslar bar bolan mahalynda, olary gozgamasyz etmek we olary almak diňe anyklaýjynyň ýa-da sülçiniň prokuror tarapyndan sanksiýa berlen delillendirilen karary boýunça ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy boýunça geçirilip bilner.

2. Aragatnaşyk ýollamalaryny we hat-habarlary gozgamasyz etmek, olary gözden geçirmek we almak zerur bolan mahalynda, anyklaýjy ýa-da sülçi bu hakda delillendirilen karar çykarýar. Kararda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) hat-habarlary saklamak borjy ýüklenilýän aragatnaşyk edarasynyň ady;

2) hat-habarlary saklanylmaga degişli adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady, onuň öý salgysy;

3) hat-habarlaryň we aragatnaşyk ýollamalarynyň görnüşi, olary gozgamasyz etmegiň möhleti.

3. Prokuror karara sanksiýa berenden soň anyklaýjy ýa-da sülçi kararyň göçürilen nusgasyny degişli aragatnaşyk edarasynyň ýolbaşçysyna iberýär. Karary alan aragatnaşyk edarasynyň ýolbaşçysy degişli hat-habarlary ýa-da aragatnaşyk ýollamalaryny saklamaga we ol barada anyklaýja ýa-da sülçä haýal etmän habar bermäge borçludyr.

4. Saklanan hat-habarlary ýa-da aragatnaşyk ýollamalaryny gözden geçirmek we zerur bolan halatynda olary almak ýa-da nusgasyny göçürmek anyklaýjy ýa-da sülçi tarapyndan şol aragatnaşyk edarasynda güwäleriň gatnaşmagynda geçirilýär. Zerur bolan mahalynda olar gözden geçirilende, alnanda ýa-da nusgasy göçürilende gatnaşmak üçin anyklaýjy ýa-da sülçi degişli hünärmeni, şeýle hem terjimeçini çagyryp biler. Hat-habarlaryň ýa-da aragatnaşyk ýollamalarynyň gözden geçirilişiniň ähli ýagdaýlarynda-da bu hakda teswirnama düzülýär. Teswirnamada kim tarapyndan we nähili hat-habarlaryň, aragatnaşyk ýollamalarynyň gözden geçirilendigi, alnandygy, nusgasynyň alnandygy, gowuşmaly eýesine iberilendigi ýa anyklaýjy ýa-da sülçi tarapyndan kesgitlenen möhletiň dowamynda iberilmän saklanandygy görkezilmelidir.

5. Hat-habarlary ýa-da aragatnaşyk ýollamalaryny gozgamasyz etmegi ulanmagyň mundan beýläk zerurlygy aradan aýrylan bolsa, ýöne islendik halatda derňew tamamlanmanka şol çäre anyklaýjynyň, sülçiniň ýa-da prokuroryň karary bilen ýatyrylýar.

### 282-nji madda. Habarlary ele salmak

1. Derňelýän jenaýat işine dahylly bolan habarlar - telefon we radio gepleşikleri hem-de beýleki tehniki serişdeleri, şol sanda kompýuter enjamlaryny we elektron

poçtasyny ulanmak arkaly geçirilýän habarlaşyklar anyklaýjynyň ýa-da sülçiniň prokuror tarapyndan sanksiýa berlen karary esasynda ele salynýar.

2. Anyklaýjynyň we sülçiniň prokuror tarapyndan sanksiýa berlen karary ony ýerine ýetirmek üçin dessin-agtaryş işlerini amala aşyrýan edara iberilýär.

3. Ele salmak netijesinde alnan habarlar, kompýuter we elektron poçtasynyň maglumatlary hünärmen tarapyndan ýazgy geçirýän tehniki serişdelerde we degişli göterijilerde berkidilýär we olar anyklaýja ýa-da sülçä berilýär.

*(2012-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 4, 110-njy madda*).

**283-nji madda. Telefon we beýleki gepleşikleri diňlemek, olaryň ses ýazgysyny etmek**

1. Anyklaýjy ýa-da sülçi gozgalan jenaýat işi boýunça güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da jenaýata dahylly bolan beýleki adamlaryň telefonlaryndan we beýleki gepleşikler serişdelerinden edilýän gepleşiklerini diňlemäge we onuň ses ýazgysyny etmäge haklydyr.

2. Jebir çekene, şaýada ýa-da olaryň maşgala agzalaryna gorkuzmak, zorluk ulanmak ýa-da başga bikanun hereketleri etmek howpy salnan halatynda, olaryň arzalary boýunça ýa-da razylygy bilen olaryň öz telefonlaryndan ýa-da beýleki gepleşikler serişdelerinden edýän gepleşikleri diňlenilip we ses ýazgysy edilip bilner.

3. Diňlemek we onuň ses ýazgysyny etmek anyklaýjynyň ýa-da sülçiniň karary esasynda diňe prokuroryň sanksiýa bermegi bilen we şol jenaýat işiniň derňelmegi üçin bellenen möhletleriň çäklerinde geçirilip bilner, ýöne onuň umumy möhleti alty aýdan artyk bolup bilmez.

4. Kararda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) jenaýat işi we bu derňew hereketini geçirmek üçin esaslar;

2) gepleşikleri diňlenilmäge we ses ýazgylary edilmäge degişli adamlaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, öý ýa-da iş ýeriniň salgysy we telefon belgisi hem-de olaryň näçe wagtyň dowamynda geçirilmäge degişlidigi;

3) gepleşikleriň diňlenmegini we ses ýazgysynyň edilmegini tehniki taýdan amala aşyrylmagy tabşyrylan edaranyň ady.

5. Telefon we beýleki gepleşikleri diňlemek, olaryň ses ýazgysyny etmek hakyndaky karar ýerine ýetirmek üçin degişli edara iberilýär.

**284-nji madda. Telefon we beýleki gepleşikleri diňlemegiň hem-de olaryň ses ýazgysyny etmegiň tertibi**

1. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň ýa-da jenaýata dahylly bolan beýleki adamlaryň telefonlaryndan, radio, şeýle hem başga tehniki gepleşikler serişdelerinden, şol sanda kompýuter enjamlaryndan, elektron poçtasyndan, beýleki gepleşikler serişdelerini ulanmak bilen edilýän gepleşikleri diňlemegi we olaryň ýazgysyny etmegi sülçiniň özi ýerine ýetirmäge ýa-da ony geçirmegi anyklaýyş edarasyna tabşyrmaga haklydyr.

2. Görkezilen derňew hereketi şu Kodeksiň 97-nji maddasynda göz öňünde

tutulan tertipde çagyrylýan hünärmeniň gatnaşmagynda geçirilip bilner.

3. Gepleşikleri diňlemäge we ses ýazgysyny etmäge gatnaşýan adamlar şonuň bilen baglylykda özlerine mälim bolan maglumatlaryň aýan edilmegi üçin jogapkärçilik barada duýdurylmalydyr. Gepleşikler diňlenende we ses ýazgysy edilende güwäleriň gatnaşmagy hökman däldir.

4. Diňlemegiň we ses ýazgysyny etmegiň ähli halatlarynda bu hakda teswirnama düzülip, onda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) bu derňew hereketiniň geçirilen ýeri we wagty;

2) ulanylýan tehniki serişdeleriň görnüşleri;

3) bu hereketleri geçiren adamlar barada maglumatlar;

4) jenaýat işine dahylly bolan gepleşikleriň ses ýazgysynyň, elektron göterijileriniň maglumatlarynyň gysgaça mazmunynyň beýany.

5. Elektron göterijiniň maglumatyny, ses ýazgyly göterijini alandan soň anyklaýjy ýa-da sülçi güwäleriň bolmagynda ony gözden geçirýär, gözden geçirmegiň dowamynda ses ýazgysyny diňläp görýär, onuň resmileşdirilişiniň we saklanyşynyň dogrudygyny barlaýar we bular hakda teswirnama düzýär.

6. Gepleşikler diňlenende we olaryň ses ýazgylary edilende kanunyň talaplary doly berjaý edilen şertlerde diňlenen gepleşikleriň ses ýazgylarynyň göterijisi we materiallaryň elektron göterijisi möhürlenip, subutnamalar hökmünde jenaýat işine goşulýar. Ses ýazgylarynyň jenaýat işine dahylly bolmadyk bölegi şol iş boýunça çykarylan höküm kanuny güýjüne girenden soň ýok edilýär.

## 32-nji bap. Görkezmeleri ýerinde barlamak. Derňew synagy

### 285-nji madda. Berlen görkezmeleri ýerinde barlamak

1. Güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň, şaýadyň ozal beren görkezmelerini derňelýän waka bilen bagly bolan ýerinde barlamak we aýdyňlaşdyrmak şu aşakdaky maksatlar bilen geçirilýär:

1) bolan wakanyň ýagdaýlary bilen görkezmeleriň deňeşdirilmegi arkaly olaryň dogrudygyny ýüze çykarmak üçin;

2) barlanýan hereketleriň edilen ýerini we ugruny aýdyňlaşdyrmak üçin;

3) täze hakyky maglumatlary anyklamak üçin, adamyň jesedini, maddy subutnamalary tapmak üçin.

2. Görkezmeleri ýerinde barlamak we aýdyňlaşdyrmak şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) ozal sorag edilen adamyň barlanýan wakanyň boluşyny we ýagdaýlaryny onuň bolan ýerinde gürrüň bermegi bilen gaýtadan dikeldýär;

2) iş üçin ähmiýetli zatlary, resminamalary, yzlary gözläp tapýar we görkezýär;

3) belli bir hereketleri edip görkezýär;

4) ol ýa-da beýleki zatlaryň barlanýan wakada nähili ornunyň bolandygyny görkezýär;

5) wakanyň bolan ýerinde ýüze çykan üýtgeşmelere ünsi çekýär;

6) özüniň ozalky görkezmelerini takyklaşdyrýar we anyklaşdyrýar. Bu hereketlere hiç hili daşyndan gatyşmaga ýol berilmeýär we ugrukdyryjy sowallary

bermek gadagandyr.

3. Görkezmeleri ýerinde barlamak we aýdyňlaşdyrmak güwäleriň bolmagynda, zerur halatlarda hünärmeniň gatnaşmagynda geçirilýär.

4. Birnäçe adamlaryň görkezmelerini şol birwagtda ýerinde barlamaga we aýdyňlaşdyrmaga ýol berilmeýär.

5. Görkezmeleri ýerinde barlamak we aýdyňlaşdyrmak sorag edilýäne, onuň görkezmeleriniň barlanjak ýerini we ugruny meýletin görkezmegi teklip etmekden başlanýar. Görkezmeler beýan edilenden soň we belli bir hereketler edilip görkezilenden soň, görkezmeleri barlanýan adama sowallar berlip bilner. Şol adam, şeýle hem iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylar geçirilýän derňew hereketi bilen baglylykda özleriniň goşmaça sorag edilmeklerini talap etmäge haklydyrlar.

6. Degişli hereketleri ýerine ýetirmäge oňa gatnaşýan adamlaryň mertebesi kemsidilmeýän we saglygy üçin howp döretmeýän şertlerde ýol berilýär.

7. Görkezmeleri ýerinde barlamagyň we aýdyňlaşdyrmagyň dowamynda ýüze çykarylan, iş üçin subutlylyk ähmiýeti bolup biljek zatlar we resminamalar alynýar, gaplanýar we möhürlenýär, olaryň alynmagy teswirnamada görkezilýär.

8. Zerur halatlarda görkezmeler ýerinde barlananda we aýdyňlaşdyrylanda ölçegler, surata düşürmek, ses we wideoýazgylary geçirilýär, meýilnamalar we çyzgylar düzülýär. Görkezmeler ýerinde barlananda we aýdyňlaşdyrylanda ses we wideoýazgylar serişdeleri şu Kodeksiň 118-nji maddasynda beýan edilen düzgünler boýunça ulanylýar.

9. Görkezmeleri ýerinde barlamagyň we aýdyňlaşdyrmagyň geçirilendigi hakynda şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen teswirnama düzülýär. Teswirnamada görkezmeleri ýerinde barlamagyň we aýdyňlaşdyrmagyň şertleri, gidişi we netijeleri jikme-jik görkezilýär.

**286-njy madda. Derňew synagy**

1. Iş üçin ähmiýetli maglumatlary barlamak we aýdyňlaşdyrmak maksady bilen sülçi belli bir wakanyň hereketlerini, bolşuny ýa-da başga ýagdaýlaryny gaýtadan gaýtalamak we zerur tejribe hereketlerini etmek arkaly derňew synagyny geçirmäge haklydyr. Synag geçirilende, hususan-da, haýsydyr bir wakalara akyl ýetirmek mümkinçiligi, belli bir hereketleriň edilmegi, haýsydyr bir wakanyň bolmagy, şeýle hem bolan wakanyň yzygiderliligi we yzlaryň nähili emele gelendigi barlanylyp bilner.

2. Derňew synagy geçirilende güwäleriň gatnaşmagy hökmandyr. Zerur bolan halatynda derňew synagyna gatnaşmaga özleriniň razylygy boýunça güman edilýän, aýyplanýan, jebir çeken, şaýat, hünärmen, bilermen we tejribe hereketlerini geçirýän adamlar çekilip bilner. Synaga gatnaşyjylara onuň maksatlary we geçiriliş tertibi düşündirilýär.

3. Eger derňew synagy geçirilende oňa gatnaşýan adamlaryň hem-de töweregindäkileriň jany we saglygy üçin howp döremeýän bolsa, olaryň namysyna degilmeýän we mertebesi kemsidilmeýän bolsa, olara maddy zyýan ýetirilmeýän bolsa, diňe şonda derňew synagynyň geçirilmegine ýol berilýär.

4. Derňew synagy gaýtadan dikeldilýän wakalaryň ýa-da hereketleriň ozal

hakykat ýüzünde geçişine has ýakynlaşdyrylan şertlerde geçirilýär.

5. Zerur halatlarda derňew synagy geçirilende surata düşürmek, ses we wideoýazgylary, şeýle hem başga ylmy-tehniki serişdeler ulanylýar, meýilnamalar we çyzgylar düzülýär.

6. Derňew synagyny geçirmek hakynda şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplary berjaý edilip teswirnama düzülýär. Teswirnamada derňew synagynyň şertleri, gidişi we netijeleri jikme-jik beýan edilýär we şu aşakdakylar görkezilýär:

1) derňew synagy näme maksat bilen, haçan, nirede we nähili şertlerde geçirildi;

2) wakanyň boluşynyň we ýagdaýlarynyň gaýtadan dikeldilmegi anyk nämeden ybarat boldy;

3) nähili hereketler, haýsy yzygiderlilikde, kim tarapyndan we näçe gezek geçirildi;

4) nähili netijeler alyndy.

## 33-nji bap. Bilermenler seljermesi

### 287-nji madda. Seljermäni bellemek

Anyklaýyş, deslapky derňew geçirilen wagtynda we kazyýet seljerişi mahalynda ylym, tehnika, sungat, senet barada we beýleki çygyrlarda ýörite bilimler zerur bolan halatlarda seljerme bellenilýär. Şeýle bilimleriň jenaýat kazyýet iş ýöredişine gatnaşýan beýleki adamlarda bolmagy jenaýat iş ýöredişi alyp barýan adamy degişli halatlarda seljermäni bellemek zerurlygyndan boşatmaýar.

### 288-nji madda. Seljermäni hökmany bellemek

Iş boýunça şu aşakdaky ýagdaýlarda zerurlyk ýüze çykanda bilermenler seljermesi hökman bellenilmelidir we geçirilmelidir:

1) ölümiň sebäplerini anyklamak, saglyga ýetirilen zyýanyň häsiýetini we agyrlyk derejesini kesgitlemek üçin;

2) ýaşyny anyklamagyň iş üçin ähmiýeti bolup, olaryň ýaşy hakyndaky resminamalar ýok mahalynda ýa-da olaryň dogrudygy babatda şübhe dörän mahalynda, güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň ýaşyny anyklamak üçin;

3) eger güman edilýäniň, aýyplanýanyň akyly düzüwdigi hakynda ýa-da jenaýat işi boýunça olaryň öz hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga ukyplydygy babatda şübhe döreýän bolsa, onuň akyl we beden taýdan saglyk ýagdaýlaryny kesgitlemek üçin;

4) eger jebir çekeniň, şaýadyň iş üçin ähmiýetli bolan ýagdaýlara akyl ýetirmek we ol ýagdaýlar hakynda dogry görkezme bermek ukyby barada şübhe döreýän bolsa, onuň akyl we beden taýdan saglyk ýagdaýyny kesgitlemek üçin.

### 289-njy madda. Seljermäni bellemegiň tertibi

1. Seljermäni bellemegi zerur hasaplap, sülçi bu hakda karar çykarýar. Kararda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) seljermäni bellemegiň esaslary;

2) seljermä iberilýän zatlar, olar nirede we haçan, nähili ýagdaýlarda ýüze çykarylypdyr we alnypdyr;

3) bilermeniň ygtyýaryna berilýän başga maglumatlar we närseler;

4) bilermeniň netijeleriniň esaslandyrylyp bilinjek işde bar bolan maglumatlar;

5) bilermeniň öňünde goýulan sowallar;

6) seljerme edarasynyň ady ýa-da seljermäniň geçirilmegi tabşyrylan adamyň familiýasy.

2. Sülçiniň bilermenler seljermesini bellemek hakyndaky karary onuň niýetlenip iberilen we ygtyýarlylygyna girýän edaralar ýa-da adamlar tarapyndan hökman ýerine ýetirilmelidir.

3. Jenaýat işini gozgamak hakynda çözgüdiň kabul edilmegi bilermenler seljermesini geçirmezden mümkin bolmadyk halatlarda seljerme iş gozgalmanka barlag namalaryny almak üçin hem bellenilip bilner.

4. Barlag namalarynyň, barlaglaryň, pudaklaýyn gulluklaryň netijenamalarynyň, şeýle hem hünärmenleriň iş ýörediş hereketleriniň dowamynda geçirýän barlaglarynyň netijeleri boýunça düzülen resminamalaryň işde bolmagy şol bir meseleler boýunça bilermenler seljermesini bellemek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

5. Özleriniň ýa-da wekilçilik edýän adamlarynyň hukuklaryny we bähbitlerini goraýan iş ýöredişe gatnaşyjylaryň teklibi boýunça seljerme bellenilip bilner. Şol adamlar sülçä özleriniň pikiriçe bilermeniň netijenama bermeli sowallaryny ýazmaça görnüşde berýärler, barlanmaly zatlary görkezýärler, şeýle hem bilermen hökmünde çagyrylyp bilinjek adamy (adamlary) atlandyrýarlar. Şonuň bilen birlikde sülçiniň seljermäniň öňünde goýlan meseleler jenaýat işine dahylly bolmadyk ýa-da bilermeniň ygtyýarlylygyna girmeýän halatlaryndan başga halatlarda, seljerme bellemekden ýüz döndermäge haky ýokdur.

6. Başlangyjy boýunça seljerme bellenýän adam seljerme barlagynyň obýekti hökmünde zatlary, resminamalary getirip biler. Sülçi delillendirilen karary bilen olary şeýle zatlaryň hataryndan çykarmaga haklydyr.

7. Sülçi goýulan sowallara seredip, olaryň jenaýat işine dahylsyzlaryny ýa-da bilermeniň ygtyýarlylygyna degişli bolmadyklaryny kabul etmeýär, bilermene ynanmazlyk bildirmäge esaslaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny aýdyňlaşdyrýar, şondan soň şu maddanyň birinji böleginde görkezilen talaplary berjaý etmek bilen seljerme bellemek hakynda karar çykarýar.

8. Seljermäni geçirmek bilen baglylykda edilen çykdajylaryň öweziniň dolunmagy, şeýle hem bilermeniň zähmetine hak tölemek şu Kodeksiň 22-nji babynyň düzgünleri boýunça geçirilýär.

9. Eger seljerme geçirilende güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň, şaýadyň bolmagy zerur diýlip bilnen bolsa, seljermäni bellän sülçi olaryň bilermeniň ýanyna eltilmegini üpjün edýär.

**290-njy madda. Bilermenler seljermesini geçirmegi tabşyryp boljak adamlar**

1. Seljermäni geçirmek seljerme edarasynyň bilermenlerine ýa-da şu Kodeksiň 95-nji maddasynda görkezilen talaplary ödeýän beýleki adamlara tabşyrylyp bilner.

2. Seljermäni geçirmek iş ýöredişe gatnaşyjylaryň teklip eden adamlaryndan birine tabşyrylyp bilner.

3. Seljermäni geçirmek tabşyrylan adamyň çagyrylmagy hakyndaky sülçiniň talaby şol adamyň işleýän edarasynyň ýolbaşçysy üçin hökmanydyr.

**291-nji madda. Seljerme bellenilende we geçirilende güman edilýäniň, aýyplanýanyň, jebir çekeniň we şaýadyň hukuklary**

1. Seljerme bellenilende we geçirilende güman edilýäniň, aýyplanýanyň şu aşakdakylara hukuklary bardyr:

1) seljerme geçirilmezden öň, ony bellemek hakyndaky karar bilen tanyşmaga we öz hukuklarynyň düşündirilmegine (bu hakda teswirnama düzülýär);

2) belli bir bilermene ynanmazlyk bildirmäge ýa-da seljerme edarasynyň seljerme geçirmekden çetleşdirilmegi hakynda haýyş etmäge;

3) bilermen hökmünde öz görkezen adamlary, şeýle hem seljermäniň bilermenler topary tarapyndan geçirilmegi hakynda haýyş etmäge;

4) bilermeniň öňünde goşmaça sowallary goýmak ýa-da goýlan sowallary aýdyňlaşdyrmak hakynda haýyş etmäge;

5) sülçiniň ygtyýar bermegi bilen seljerme geçirilende bolmaga we bilermene düşündirişler bermäge;

6) sülçä gelip gowşandan soň bilermeniň netijenamasy bilen ýa-da netijenama bermek mümkin däldigi baradaky habarnama bilen tanyşmaga, goşmaça resminamalary getirip bermäge, öz belliklerini bermäge, bilermeni sorag etmek, goşmaça ýa-da gaýtadan seljermäni bellemek, şeýle hem täze seljermeleri geçirmek hakynda haýyşlar etmäge.

2. Seljermä sezewar edilen jebir çeken, şaýat we özi barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagy boýunça önümçilik ýöredilýän adam hem, onuň akyl taýdan saglyk ýagdaýy muňa ýol berýän bolsa, sanalyp geçilen hukuklardan peýdalanýarlar.

3. Eger seljerme, şol adam güman edilýän diýlip bilinmezden öň ýa-da aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilmezden öň geçirilen bolsa, sülçi ony seljermäni bellemek hakyndaky karar, bilermeniň netijenamasy bilen tanyşdyrmaga hem-de onuň şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen hukuklaryny we borçlaryny düşündirmäge borçludyr.

4. Jebir çekenler we şaýatlar barada seljerme olaryň diňe ýazmaça görnüşde beren razylygy bilen geçirilýär. Eger ol adamlar kämillik ýaşyna ýetmedik bolsalar ýa-da kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýip bilnen bolsalar, seljermäni geçirmäge ýazmaça razylyk olaryň kanuny wekilleri tarapyndan berilýär. Görkezilen hukuk şu Kodeksiň 288-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda seljermäni geçirmeklige degişli däldir.

5. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen adamlaryň eden haýyşlary kanagatlandyrylan halatynda, sülçi degişlilikde seljermäni bellemek hakyndaky öz kararyny üýtgedýär ýa-da onuň üstüni ýetirýär. Haýyşlary

kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen halatynda, sülçi karar çykarýar we haýyş eden adama dil haty almak bilen ony mälim edýär.

### 292-nji madda. Seljermäni seljerme edarasy tarapyndan geçirmek

1. Seljermäni geçirmek seljerme edarasyna tabşyrylanda, sülçi seljerme bellemek hakyndaky karary we zerur materiallary şol edaranyň ýolbaşçysyna iberýär.

2. Seljerme edarasynyň ýolbaşçysy seljermäni geçirmegi guraýar, onuň geçirilmeli möhletlerini kanunçylykda kesgitlenen çäklerde belleýär, seljerme barlagynyň ýokary hilli geçirilmegine hem-de seljermäniň obýektiniň saklanyp galmagynyň üpjün edilmegine gözegçiligi amala aşyrýar. Seljerme tamamlanandan soň bilermeniň netijenamasyny, berlen maglumatlary we närseleri seljermäni bellän adama iberýär.

3. Seljerme edarasynyň ýolbaşçysynyň bilermene barlagyň netijesini we netijenamanyň mazmunyny öňünden çözýän görkezmeleri bermäge haky ýokdur.

### 293-nji madda. Seljermäni bilermen tarapyndan geçirmek

1. Eger seljermäniň geçirilmegini seljerme edarasynyň bilermeni bolmadyk adama tabşyrmak göz öňünde tutulýan bolsa, onda ony bellemek hakyndaky karary çykarmanka, sülçi seljermäniň geçirilmegi tabşyrylmakçy bolunýan adamyň şahsyýetine we ygtyýarlylygyna göz ýetirmelidir, onuň güman edilýän, aýyplanýan, jebir çeken, seljermä sezewar ediljek adam we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylar bilen özara gatnaşygyny aýdyňlaşdyrmalydyr hem-de bilermene ynanmazlyk bildirmäge esaslaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny barlamalydyr.

2. Sülçi seljerme bellemek hakynda karar çykaryp, ony bilermene gowşurýar, oňa şu Kodeksiň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär hem-de görnetin ýalan netijenama bermegi üçin jenaýat jogapkärçiligi hakynda duýdurýar. Şu hereketleri ýerine ýetirendigi barada sülçi seljerme bellemek hakyndaky kararda bellik edýär, ol hem bilermeniň goly bilen tassyklanýar. Bilermeniň haýyşnamalary işe goşulýar. Seljermäni bellän adam bilermeniň haýyşyny kabul etmezlik hakynda delillendirilen karar çykarýar.

### 294-nji madda. Seljerme geçirmek üçin lukmançylyk edarasyna ýerleşdirmek

1. Eger kazyýet-lukmançylyk ýa-da kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesi bellenende ýatymlaýyn gözegçilikde bolmagyň zerurlygy ýüze çyksa, onda güman edilýän, aýyplanýan, jebir çeken, şaýat lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilip bilner, bu hakda seljerme bellemek hakyndaky kararda görkezilýär. Jebir çeken, şaýat şu Kodeksiň 288-nji maddasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga halatlarda, diňe özüniň ýazmaça razylyk bermegi bilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilip bilner.

2. Tussaglykda saklanylmaýan güman edilýäni ýa-da aýyplanýany, şeýle hem jebir çekeni we şaýady kazyýet-lukmançylyk we kazyýet-psihiatriýa bilermenler

seljermesini geçirmek üçin lukmançylyk edarasyna mejbury ýerleşdirmäge diňe kazyýetiň çözgüdi boýunça ýa-da prokuroryň sanksiýasy bilen ýol berilýär.

3. Güman edilýän ýatymlaýyn kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini geçirmek üçin lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilende, bilermenler toparynyň güman edilýäniň akyl taýdan saglyk ýagdaýy hakyndaky netijenamasy alynýança oňa aýyp bildirilmeli möhletiň dowamy kesilýär.

4. Tussagyň lukmançylyk edarasynda bolan wagty tussaglyk möhletine girizilip hasap edilýär.

### 295-nji madda. Seljermäniň obýektleri

1. Maddy subutnamalar, resminamalar, adamyň synasy we akyl taýdan saglyk ýagdaýy, jesetler, haýwanlar, seljerme barlagy üçin nusgalar, şeýle hem jenaýat işiniň materiallarynda bar bolan seljermäniň närsesine dahylly maglumatlar seljermäniň obýektleri bolup biler.

2. Seljerme barlagynyň obýektleriniň dogrudygyny we ýolbererlidigini seljermäni bellän edara kepillendirýär.

3. Seljerme barlagynyň obýektleri, eger olaryň göwrümi we alamatlary mümkinçilik berýän bolsa, onda olar bilermene gaplanan we möhürlenen görnüşde geçirilýär. Galan halatlarda seljerme bellän adam bilermeniň barlag obýektleriniň ýerleşýän ýerine eltilmegini, olaryň bilermen üçin päsgelsiz elýeter bolmagyny we barlagy geçirmek üçin zerur bolan şertleriň döredilmegini üpjün etmelidir.

4. Seljerme barlagynyň obýektleriniň ulanylmagy maddy subutnamalary almagyň, işe goşmagyň, saklamagyň we ýok etmegiň şu Kodeksde göz öňünde tutulan düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar.

### 296-njy madda. Ýekelikde we toparlaýyn geçirilýän seljerme

1. Seljermäni geçirmek bilermen tarapyndan ýekelikde ýa-da bilermenler topary tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Toparlaýyn seljerme çylşyrymly seljerme barlaglaryny geçirmek zerur bolan halatlarda bellenilýär we bir hünärdäki birnäçe bilermen tarapyndan geçirilýär.

3. Akyly düzüwlik meselesi boýunça kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini geçirmek üçin azyndan üç bilermen bellenilýär.

4. Seljerme toparynyň agzalary alnan netijeler barada özara maslahatlaşýarlar we umumy pikire gelseler netijenama berip boljakdygy ýa-da netijenama berip bolmajakdygy baradaky habarnama gol çekýärler. Bilermenleriň arasynda ylalaşmazlyk bolan halatynda, olaryň her biri ýa-da bilermenleriň bir bölegi netijenamany aýratynlykda düzýär ýa-da toparyň galan agzalarynyň netijeleri bilen pikiri deň gelmeýän bilermen öz pikirini netijenamada aýratyn beýan edýär.

5. Sülçiniň toparlaýyn seljermäni geçirmek hakyndaky karary seljerme edarasynyň ýolbaşçysy üçin hökmanydyr. Seljerme edarasynyň ýolbaşçysy getirilen materiallar boýunça toparlaýyn seljermäni geçirmek hakynda çözgüdi özbaşdak kabul etmäge we ony geçirmegi guramaga haklydyr.

**297-nji madda. Toplumlaýyn seljerme**

1. Iş üçin ähmiýetli bolan ýagdaýy anyklamak üçin bilimleriň dürli pudaklar esasynda barlaglar geçirmek zerur bolan mahalynda toplumlaýyn seljerme bellenýär we ol dürli hünärdäki bilermenler tarapyndan olaryň her biriniň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde geçirilýär.

2. Toplumlaýyn seljermäniň netijenamasynda her bir bilermeniň nähili barlaglary, näçe möçberde geçirendigi we onuň gelen netijeleri görkezilmelidir. Her bir bilermen netijenamanyň öz geçiren barlaglaryny içine alýan bölegine gol çekýär.

3. Bilermenleriň her biriniň geçiren barlaglarynyň netijeleri esasynda, olar anyklanmagy üçin seljerme bellenen ýagdaý hakyndaky umumy netijäni (netijeleri) düzýärler. Umumy netijäni (netijeleri) diňe alnan netijelere baha bermäge ygtyýarly bilermenler düzýärler we oňa şolar gol çekýärler. Eger bilermenleriň haýsydyr biriniň (aýratyn bilermenleriň) hakykat ýüzünde anyklan zatlary toparyň ýa-da onuň bir böleginiň gutarnykly netijesiniň esaslary bolup durýan bolsa, onda bu hakda netijenamada görkezilmelidir.

4. Bilermenleriň arasynda ylalaşmazlyklar bolan halatynda, barlaglaryň netijeleri şu Kodeksiň 296-njy maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda resmileşdirilýär.

5. Seljerme edarasyna tabşyrylan toplumlaýyn seljermäniň geçirilmegini guramak wezipesi onuň ýolbaşçysyna ýüklenilýär, şeýle hem seljerme edarasynyň ýolbaşçysy sülçiniň kararyna laýyklykda getirilen materiallar boýunça toplumlaýyn seljermäni geçirmek hakynda çözgüdi özbaşdak kabul etmäge we ony geçirmegi guramaga haklydyr.

**298-nji madda. Bilermeniň netijenamasy**

1. Zerur barlaglar geçirilip tamamlanandan soň, olaryň netijelerini nazarda tutmak bilen, bilermen (bilermenler) öz adyndan ýazmaça netijenama düzýär, ony öz goly we möhür bilen tassyklaýar we seljermäni bellän edara iberýär. Seljerme edarasy tarapyndan seljerme geçirilen halatynda, bilermeniň (bilermenleriň) goly görkezilen edaranyň möhüri bilen tassyklanýar.

2. Bilermeniň netijenamasynda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) haçan, nirede, kim tarapyndan (familiýasy, ady, atasynyň ady, bilimi, hünäri, onuň hünäri boýunça iş tejribesi, alymlyk derejesi we alymlyk ady, eýeleýän wezipesi), näme esasynda seljerme geçirilendigi;

2) bilermeniň görnetin ýalan netijenama bermegi üçin jenaýat jogapkärçiligi barada duýdurylandygy hakyndaky onuň goly bilen tassyklanan bellik;

3) bilermeniň öňünde goýlan sowallar;

4) seljerme geçirilende kimiň bolandygy we nähili düşündirişleri berendigi;

5) bilermen tarapyndan jenaýat işiniň haýsy maglumatlarynyň ulanylandygy;

6) haýsy obýektleriň barlaga sezewar edilendigi;

7) nähili barlaglaryň geçirilendigi, nähili usullaryň ulanylandygy we olaryň näderejede ygtybarlydygy;

8) goýlan sowallara esaslandyrylan jogaplar.

3. Eger seljerme geçirilen mahalynda bilermen iş üçin ähmiýeti bolan

ýagdaýlary anyklasa we şu ýagdaýlar barada onuň öňünde sowal goýulmadyk bolsa, bilermen şol ýagdaýlary hem öz netijenamasynda görkezmäge haklydyr.

4. Eger şu Kodeksiň 299-njy maddasynda görkezilen ýagdaýlar barlagyň dowamynda ýüze çykarylan bolsa, onda goýlan sowallaryň hemmesine ýa-da käbirlerine jogap berip bolmajakdygy netijenamada delillendirilmelidir.

5. Barlagdan soň galan närseler, şol sanda nusgalar, şeýle hem surat tablisalary, grafikler, tablisalar we bilermeniň gelen netijelerini tassyklaýan başga maglumatlar netijenamanyň ýanyna goşulmalydyr. Netijenamanyň goşundylaryna bilermen (bilermenler) tarapyndan gol çekilýär.

**299-njy madda. Netijenamany bermegiň mümkin däldigi hakyndaky habarnama**

Eger bilermen barlag geçirmänkä öz öňünde goýlan sowallaryň onuň ýörite bilimleriniň çäklerinden çykýandygyna ýa-da getirilen maglumatlaryň netijenama bermek üçin ýeterlik ýa-da ýaramly däldigine we olaryň üstüni ýetirip bolmajakdygyna ýa-da ylmyň ýagdaýyna we seljermäniň tejribesine görä goýlan sowallara jogap bermegiň mümkin däldigine göz ýetirse, onda ol netijenama berip bolmajakdygy hakynda delillendirilen habarnama düzýär we ony seljerme bellän edara ýa-da adama iberýär.

**300-nji madda. Bilermeni sorag etmek**

1. Sülçi seljermäniň netijenamasy bilen tanşandan soň, eger ol ýeterlik düşnükli bolmasa, onuň üstüniň dolunmagy üçin goşmaça barlagy talap etmeýän kemçilikler bar bolsa ýa-da bilermeniň ulanan usullaryny we adalgalaryny takyklaşdyrmak zerur bolsa, netijenama babatda düşündirmeleri we goşmaçalary almak maksady bilen görkezilen ýagdaýlar boýunça bilermeni sorag etmäge haklydyr. Bilermen jogaplaryny öz eli bilen ýazyp biler. Bilermeni sorag etmek hakynda şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplary berjaý edilip teswirnama düzülýär.

2. Netijenama bermezinden öň bilermeniň sorag edilmegine ýol berilmeýär.

**301-nji madda. Bilermeniň netijenamasyny güman edilýäne, aýyplanýana, jebir çekene we şaýada görkezmek**

1. Bilermeniň netijenamasy ýa-da onuň netijenama bermegiň mümkin däldigi hakyndaky habarnamasy, şeýle hem deslapky derňew tamamlanmazdan öň bilermeni sorag etmegiň teswirnamasy güman edilýäne, aýyplanýana, jebir çekene, şeýle hem seljermä sezewar edilen şaýada görkezilýär, olar seljermäniň netijeleri boýunça öz düşündirişlerini bermäge we närazylyklaryny bildirmäge haklydyrlar. Şeýle haýyş kanagatlandyrylan ýa-da kanagatlandyrylman galdyrylan halatynda, sülçi degişli karar çykarýar, ol karary haýyş bildiren adama dil haty almak bilen yglan edýär. Bilermeniň netijenamasy güman edilýäne, aýyplanýana, jebir çekene we şaýada sülçi tarapyndan kesgitlenilýän pursatda görkezilýär.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlaryň bilermeniň netijenamasy

we ony sorag etmegiň teswirnamasy bilen tanyşdyrylandyklary hakynda, olaryň eden haýyşlary ýa-da närazylyklary beýan edilýän teswirnama düzülýär.

3. Adam aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilmänkä ýa-da ol güman edilýän ýa-da jebir çeken diýlip bilinmänkä seljerme geçirilen halatlarynda hem şu maddanyň düzgünleri ulanylýar.

### 302-nji madda. Goşmaça we gaýtadan seljerme geçirmek

1. Netijenama ýeterlik düşnükli ýa-da doly bolmadyk mahalynda, şeýle hem öň barlanan ýagdaýlar barada täze sowallar ýüze çykan mahalynda goşmaça seljerme bellenýär.

2. Goşmaça seljermäni geçirmek şol bir ýa-da başga bir bilermene tabşyrylyp bilner.

3. Netijenama ýeterlik esaslandyrylmadyk ýa-da onuň dogrudygyna şübhe dörän halatlarynda, şol bir obýektleri barlamak we şol bir meseleleri çözmek üçin gaýtadan seljerme bellenilýär.

4. Gaýtadan seljerme bellemek hakyndaky kararda öňki seljermäniň netijeleri bilen ylalaşmazlygyň delilleri görkezilmelidir.

5. Gaýtadan seljermäni geçirmek başga bilermene ýa-da bilermenler toparyna tabşyrylyp bilner. Öňki seljermäni geçiren bilermenler, gaýtadan seljerme geçirilen mahalynda bolup we topara düşündirişler berip bilerler, emma seljerme barlaglaryna we netijenamanyň düzülmegine gatnaşmaýarlar.

6. Goşmaça we gaýtadan seljermäni geçirmek tabşyrylan mahalynda, bilermene (bilermenlere) öňki seljermeleriň netijenamalary berilmelidir.

7. Goşmaça we gaýtadan seljerme şu Kodeksiň 287, 289-299-njy maddalarynyň talaplaryny berjaý etmek bilen bellenýär we geçirilýär.

## 34-nji bap. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almak

### 303-nji madda. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almaga esaslar

1. Sülçi, eger barlamagyň iş üçin ähmiýeti bolsa, diri adamyň, jesediň, haýwanyň, zatlaryň we jisimiň häsiýetini şöhlelendirýän nusgalaryny deňeşdirip barlamak üçin almaga haklydyr.

2. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almak hakynda sülçi şu aşakdakylary görkezmek bilen delillendirilen karar çykarýar:

1) nusgany aljak adam;

2) nusgasy alynmaly adam (gurama);

3) takyk haýsy nusgalaryň we näçe mukdarda alynmalydygy;

4) nusgasy alynmaly adamyň haçan we kimiň ýanyna barmalydygy;

5) alnan nusganyň haçan we kime tabşyrylmalydygy.

3. Zerur bolan halatlarda deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almak sülçi tarapyndan hünärmeniň gatnaşmagynda geçirilýär. Eger iş ýöredişe başga gatnaşyjylaryň hukuklaryny bozmaýan bolsa, bilermen hem zerur bolan halatlarda deňeşdirip barlamak üçin nusgalary alyp biler.

**304-nji madda. Deňeşdirip barlamak üçin alynmaly nusgalaryň görnüşleri**

1. Deňeşdirip barlamak üçin nusga hökmünde aşakdakylar alnyp bilner:
1) gan, döl, saç, dyrnagyň kesintgileri;
2) sülekeý, der we beýleki bölünmeler;
3) deriniň nagşynyň yzy, dişleriň ýerleşişiniň nusgasy;
4) golýazma haty, düwünler, önümler, adamyň endiklerini aňladýan beýleki närseler;
5) sesiniň ýazgysy;
6) harytlaryň, çig malyň, taýýar önümiň nusgalygy;
7) peşeňleriň, oklaryň, ýaraglaryň we beýleki enjamlaryň nusgalary;
8) beýleki maddalar we närseler.
2. Adamyň saglygyna we janyna howp salýan usul bilen nusgalary almak gadagan edilýär.

**305-nji madda. Deňeşdirip barlamak üçin nusga almak hukugyna eýe bolan adamlar**

Deňeşdirip barlamak üçin nusga almak hukugy şu aşakdakylara degişlidir:
1) anyklaýjy;
2) sülçi;
3) bilermen;
4) anyklaýjynyň we sülçiniň gatnaşmagynda hünärmen;
5) kazyýet seljerişinde hünärmen.

**306-njy madda. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalygy alynmaga degişli adamlar**

1. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalyk güman edilýänden, aýyplanýandan, jebir çekenden, şeýle hem lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak barada önümçilik alnyp barylýan adamdan alnyp bilner.
2. Wakanyň bolan ýerinde ýa-da maddy subutnamalarda başga adam tarapyndan yz galdyrylandygy hakynda ýeterlik maglumatlar bar bolsa, onda deňeşdirip barlamak üçin nusgalyk şol adamdan hem alnyp bilner.

**307-nji madda. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalary almagyň tertibi**

1. Sülçi nusga alynmaly adamy öz ýanyna çagyrýar ýa-da onuň ýerleşýän ýerine barýar. Deňeşdirip barlamak üçin nusgalyk almak hakyndaky karar bilen oňa gol çekdirip tanyşdyrýar we oňa, hünärmene, güwälere olaryň hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär.
2. Sülçiniň özi ýa-da, eger hünärmen çagyrylan bolsa, hünärmeniň gatnaşmagynda we güwäleriň bolmagynda zerur hereketleri geçirýär hem-de nusgalary alýar. Resminamalardan beýleki deňeşdirmek üçin alnan nusgalar

gaplanýar we möhürlenýär.

3. Sülçi deňeşdirmek üçin nusga almak boýunça geçirilen çäreler hakynda olaryň yzygiderliligi boýunça, ulanylan usullary we tehniki serişdeleri, şeýle hem nusgalary görkezmek bilen teswirnama düzýär. Teswirnamanyň ýanyna deňeşdirmek üçin alnan nusgalar gaplanan we möhürlenen görnüşde goşulýar.

## 35-nji bap. Deslapky derňewi togtatmak we täzeden başlamak

### 308-nji madda. Iş boýunça deslapky derňewi togtatmak üçin esaslar

1. Iş boýunça deslapky derňew şu aşakdaky ýagdaýlarda togtadylýar:

1) aýyplanýan derňewden we kazyýetden gaçyp gizlenen ýa-da başga sebäplere görä onuň bolýan ýeri anyklanmadyk halatynda;

2) aýyplanýanyň akyldan azaşma ýa-da başga agyr kesel bilen wagtlaýyn kesellemegi kanunda göz öňünde tutulan tertipde tassyklanan halatynda;

3) jenaýat eden adam anyklanmadyk halatynda.

2. Görkezilen ýagdaýlaryň biri bar bolan mahalynda, sülçi deslapky derňewi togtatmak hakynda delillendirilen karar çykarýar. Kararyň göçürilen nusgasy ýigrimi dört sagadyň dowamynda prokurora iberilýär.

3. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji we 3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça deslapky derňew diňe ony geçirmegiň möhleti gutarandan soň togtadylýar.

4. Şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça deslapky derňew sülçi diňe belli bir adamy aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda karar düzenden soň we aýyplanýanyň ýoklugynda geçirmek mümkin bolan ähli derňew hereketlerini ýerine ýetirenden soň togtadylyp bilner.

5. Şu maddanyň birinji böleginiň 3-nji bendinde görkezilen esaslara görä iş boýunça deslapky derňew jenaýat eden adamy anyklamak üçin zerur we mümkin bolan derňew hereketleriniň hemmesi geçirilenden soň togtadylýar.

6. Eger iş boýunça iki ýa-da birnäçe aýyplanýan jogapkärçilige çekilen bolsa, emma işi togtatmak üçin esaslar aýyplanýanyň hemmesine degişli däl bolsa, sülçi aýry-aýry aýyplanýanlar barada işi bölüp aýyrmaga we togtatmaga ýa-da bütin iş boýunça önümçiligi togtatmaga haklydyr.

7. Togtadylan iş boýunça önümçilik Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 73-nji maddasynda bellenilen wagt möhleti geçenden soň we şol maddada görkezilen düzgünlere esaslanylyp ýatyrylmalydyr.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 309-njy madda. Deslapky derňew togtadylandan soň sülçiniň hereketleri

1. Sülçi jenaýat işi boýunça deslapky derňewiň togtadylandygy hakda jebir çekene, onuň wekiline, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine ýa-da olaryň wekillerine ýazmaça görnüşde habar berýär we şol birwagtyň özünde jenaýat işi

boýunça deslapky derňewi togtatmak hakyndaky karar barada prokurora şikaýat etmegiň tertibini olara düşündirýär.

2. Deslapky derňew togtadylandan soň, sülçi anyklaýyş edaralarynyň üsti bilen güman edilýäni, aýyplanýany anyklamak, onuň bolýan ýerini anyklamak, eger ol gaçyp gizlenen bolsa, ony gözläp tapmak barada çäreleri görýär.

3. Togtadylan iş boýunça derňew hereketlerini geçirmek gadagan edilýär. Ýöne şu Kodeksiň 311-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlar muňa girmeýär.

### 310-njy madda. Aýyplanýan barada gözleg yglan etmek

1. Sülçi deslapky derňewi geçirmek üçin bellenen möhlet geçmänkä aýyplanýanyň bolýan ýerini anyklamak barada zerur çäreleriň hemmesini görmäge borçludyr.

2. Aýyplanýanyň bolýan ýeri mälim bolmadyk mahalynda sülçi ony gözläp tapmak üçin çäre görýär. Sülçi aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakyndaky karar kim barada çykarylan bolsa, diňe şol barada gözleg yglan etmäge haklydyr.

3. Şu Kodeksiň 146-njy we 148-nji maddalarynda görkezilen esaslar bar mahalynda, sülçi gözlenýän adam barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap alyp biler.

4. Şu Kodeksiň 154-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda we esaslarda sülçi prokuroryň sanksiýa bermegi bilen tussag etmek görnüşinde ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap alyp biler.

5. Gözleg deslapky derňew geçirilýän wagtynda hem, onuň togtadylmagy bilen birwagtda hem yglan edilip bilner.

### 311-nji madda. Jenaýat jogapkärçiligine çekilmeli adamy anyklamak üçin görülýän çäreler

1. Şu Kodeksiň 308-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça deslapky derňew togtadylandan soň, sülçi jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli gaçyp gizlenen adamy we onuň bolýan ýerini anyklamak üçin anyklaýyş edaralarynyň üsti bilen çäre görmäge borçludyr.

2. Sülçi jenaýat jogapkärçiligine çekilmeli adamy anyklamak we tapmak üçin zerur derňew hereketlerini geçirmäge haklydyr.

### 312-nji madda. Togtadylan iş boýunça deslapky derňewi täzeden başlamak

1. Togtadylan iş boýunça deslapky derňew sülçiniň delillendirilen karary bilen aşakdaky ýagdaýlarda täzeden başlanyp bilner:

1) iş boýunça deslapky derňewi togtatmak üçin esaslar aradan aýrylan mahalynda;

2) güman edilýän ýa-da aýyplanýan gatnaşmazdan amala aşyrmak mümkinçiligi bolan derňew hereketlerini geçirmek zerurlygy ýüze çykan mahalynda.

2. Sülçiniň işi togtatmak hakyndaky kararyny sökmek bilen baglylykda jenaýat

işi boýunça deslapky derňew prokuroryň karary bilen täzeden başlanyp bilner.

3. Iş boýunça deslapky derňewiň täzeden başlanandygy barada sülçi prokurora, aýyplanýana we adwokata, şeýle hem jebir çekene, onuň wekiline, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine, olaryň wekillerine habar bermäge borçludyr.

## 36-njy bap. Jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmak

### 313-nji madda. Jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmak üçin esaslar

1. Anyklaýjy, sülçi, prokuror şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginde we 33-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen esaslara laýyklykda, jenaýat işi boýunça önümçiligi deslapky derňewiň dowamynda ýatyrmaga haklydyr.

2. Eger güman edilýäniň, aýyplanýanyň jenaýat etmäge gatnaşandygyny subut etmek üçin subutnamalary toplamak babatda hemme mümkinçilikler tamamlanan bolsa we olaryň etmişe gatnaşandyklary subut bolmadyk bolsa, onda güman edilýäniň, aýyplanýanyň jenaýaty etmäge dahylsyzlygy sebäpli iş boýunça önümçilik ýatyrylýar.

3. Eger iş boýunça birnäçe güman edilýän, aýyplanýan jogapkärçilige çekilen bolsa, emma işi ýatyrmak üçin esaslar güman edilýänleriň, aýyplanýanlaryň hemmesine degişli däl bolsa, sülçi aýry-aýry güman edilýänler, aýyplanýanlar barada işi ýatyrýar.

4. Jenaýat işi boýunça önümçilik ýatyrylan mahalynda, güman edilýän, aýyplanýan barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäreleri hem-de raýat hak islegini we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek çäreleri hem ýatyrylýar. Maddy subutnamalar hakyndaky mesele şu Kodeksiň 130-njy maddasyna laýyklykda çözülýär.

### 314-nji madda. Jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmagyň tertibi

1. Anyklaýjynyň, sülçiniň delillendirilen karary esasynda prokuroryň rugsady bilen ýa-da prokuroryň hut özüniň çözgüdi bilen deslapky derňewiň dowamynda jenaýat işi boýunça önümçilik ýatyrylyp bilner.

2. Kararda onuň düzülen wagty we ýeri, anyklaýjynyň, sülçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady we wezipesi, işiň gozgalmagynyň delilleri we esaslary, iş boýunça güman edilýän, aýyplanýan adam barada, olaryň eden jenaýatlary hakynda maglumatlary görkezmek bilen derňewiň netijeleri, iş boýunça önümçiligiň şu Kodeksiň haýsy maddalaryna salgylanylyp ýatyrylýandygy, şeýle hem ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň ýatyrylýandygy, emlägiň, hat-habaryň gozgamasyz edilýändiginiň, hat-habary saklamagyň, telefon ýa-da beýleki gepleşikleriň diňlenilmeginiň we ýazylmagynyň aýrylýandygy, maddy subutnamalar hakyndaky çözgüt, şu kararyň şikaýat edilmeginiň tertibi görkezilýär.

3. Şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-3, 5-7 we 9-10-njy bentlerinde we 33-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen esaslar boýunça anyklaýyş edaralary, sülçi prokuroryň rugsady bilen işi ýatyryp bilerler.

4. Güman edilýäniň ýa-da aýyplanýanyň jenaýaty etmäge dahylsyzlygy sebäpli,

şu Kodeksiň 313-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan esaslar boýunça jenaýat işi ýatyrylan halatynda anyklaýjy, sülçi, prokuror adamyň bozulan hukuklaryny dikeltmek barada, bikanun tutup saklamagyň we tussag etmegiň netijesinde oňa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak barada kanunda göz öňünde tutulan ähli çäreleri görmelidir.

5. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň ýatyrylandygy hakynda güman edilýäne, aýyplanýana, olaryň adwokatlaryna, jebir çekene, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine we olaryň wekillerine, şeýle hem arzasy ýa-da habary boýunça iş gozgalan adama ýa-da edara ýazmaça habar berilýär. Jenaýat işi boýunça önümçiligiň ýatyrylandygy hakyndaky kararyň göçürilen nusgasy haýal etmän prokurora iberilýär.

6. Eger aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekilen adam ýa-da başga adamlar barada jemgyýetçilik ýa-da düzgün-nyzam täsir ediş çäreleriniň, ýa administratiw temmi çäreleriniň ulanylmagyny talap edýän wakalar derňew netijesinde anyklanan bolsa, onda sülçi prokuroryň rugsady bilen jenaýat işini ýatyryp, degişli täsir ediş çäreleriniň görülmegi üçin bu wakalar hakyndaky maglumatlary jemgyýetçilik birleşiklerine, zähmetkeşler toparyna ýa-da edaranyň, kärhananyň, guramanyň ýolbaşçylygyna ýetirýär, ýa-da administratiw temmi çäreleriniň ulanylmagy üçin materiallary degişli edaralara iberýär.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda; 2020 ý., № 3, 35-nji madda).*

**315-nji madda. Akyly düzüw däl we jenaýat edenden soň akyldan azaşma keseli bilen kesellän adamlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňewi tamamlamak**

1. Sülçi deslapky derňewi tamamlandan soň şu aşakdakylar hakynda karar çykarýar:

1) şu Kodeksiň 313-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda ýa-da jemgyýet üçin howply etmişiň häsiýeti boýunça we akyl taýdan saglyk ýagdaýy boýunça şol etmişi eden adam jemgyýet üçin howply bolmadyk halatlarda, prokuroryň rugsady bilen jenaýat işi boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda;

2) jemgyýet üçin howply etmişi eden adam barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin esaslar anyklanan mahalynda, işi kazyýete ibermek hakynda.

2. Işi kazyýete ibermek hakyndaky kararda işiň deslapky derňew netijesinde anyklanan hemme ýagdaýlary we kazyýetiň lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmagy üçin esaslar beýan edilmelidir.

3. Karar iş bilen bilelikde prokurora berilýär, prokuror karar bilen razylaşan mahalynda işi kazyýete iberýär, razylaşmadyk mahalynda bolsa, goşmaça derňew geçirmek üçin işi yzyna gaýtarýar.

4. Sülçi lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin esaslar bolmadyk mahalynda prokuroryň rugsady bilen işi ýatyrýar.

5. Jemgyýet üçin howply etmiş häsiýeti boýunça we akyl taýdan saglyk ýagdaýy boýunça şol etmişi eden adam jemgyýet üçin howply bolmasa, emma akyly üýtgän

bolsa, şu Kodeksde bellenen tertipde iş ýatyrylanda sülçi ýa-da prokuror şol adam hakynda ýerli saglygy goraýyş edaralaryna habar berýär.

*(2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2020 ý., № 3, 35-nji madda)*.

**316-njy madda. Ýatyrylan işi täzeden başlamak**

1. Prokuror ýeterlik esaslar bar mahalynda, sülçiniň jenaýat işini ýatyrmak hakyndaky kararyny öz karary bilen sökmäge we iş boýunça önümçiligi täzeden başlamaga haklydyr.

2. Eger jenaýat işi şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 4-nji bendi esasynda ýatyrylan bolsa we günäsi geçilen adam özi barada günä geçme namasynyň ulanylan gününden başlap, bir ýylyň dowamynda bilkastlaýyn täze jenaýat eden bolsa, onda prokuror öz karary bilen iş boýunça önümçiligi täzeden başlaýar. Ýatyrylan iş boýunça önümçiligi täzeden başlamaga günä geçme namasynda göz öňünde tutulan halatlarda ýol berilýär. Şeýle ýagdaýlarda işler şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda birleşdirilmäge we derňelmäge degişlidir.

3. Ýatyrylan iş boýunça önümçilik adamy diňe jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti geçmedik halatynda täzeden başlanyp bilner.

4. Ýatyrylan iş boýunça önümçiligiň täzeden başlanýandygy hakynda güman edilýäne, aýyplanýana, olaryň adwokatlaryna, jebir çekene we onuň wekiline, raýat hak isleýjisine we raýat jogap berijisine ýa-da olaryň wekillerine, şeýle hem arzasy ýa-da habary boýunça iş gozgalan adama ýa-da edara ýazmaça habar berilýär.

## 37-nji bap. Aýyplaw netijenamasyny düzmek we jenaýat işini kazyýete ibermek

**317-nji madda. Aýyplaw netijenamasy bilen prokurora iberilýän iş boýunça deslapky derňew hereketleriniň tamamlanýandygy hakynda yglan etmek**

1. Toplanan subutnamalar aýyplaw netijenamasyny düzmek üçin ýeterlik diýip we iş boýunça hemme derňew hereketleri ýerine ýetirilen diýip hasaplap, sülçi bu hakda aýyplanýana yglan etmäge we oňa hut özüniň ýa-da adwokatynyň kömegi arkaly işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga, deslapky derňewiň üstüni ýetirmek we iş boýunça başga çözgütler kabul etmek hakynda haýyş bildirmäge haklydygyny düşündirmäge borçludyr. Aýyplanýana derňew hereketleriniň tamamlanandygy hakynda yglan edilmegi we onuň hukuklarynyň düşündirilmegi hakynda şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen teswirnama düzülýär.

2. Sülçi derňewiň tamamlanandygy hakynda we işiň materiallary bilen tanyşmaga, haýyşlar bildirmäge hukuklydyklary hakynda, eger işe gatnaşan bolsa aýyplanýanyň adwokatyna, şeýle hem jebir çekene we onuň wekiline, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine we olaryň wekillerine mälim etmäge borçludyr.

3. Eger aýyplanýanyň adwokaty ýa-da jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň wekilleri esasly sebäplere görä işiň materiallary bilen tanyşmak üçin bellenen wagtda gelip bilmeseler, sülçi işiň materiallary bilen tanyşmagy bäş gije-

gündizden artyk bolmadyk möhlete gaýra goýýar. Adwokat ýa-da wekil bu möhletde hem gelmedik halatynda, sülçi başga adwokatyň ýa-da wekiliň gelmegi üçin çäreleri görýär.

**318-nji madda. Jebir çekeni, raýat hak isleýjisini, raýat jogap berijisini we olaryň wekillerini işiň materiallary bilen tanyşdyrmak**

1. Jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi işiň materiallary bilen tanyşmak hakda dilden ýa-da ýazmaça haýyş eden halatynda, sülçi jebir çekeni, raýat hak isleýjisini we olaryň wekillerini işiň materiallary bilen, raýat jogap berijisini ýa-da onuň wekilini bolsa işiň bildirilen hak islege dahylly materiallary bilen tanyşdyrýar. Eger deslapky derňew geçirilen mahalynda ses ýa-da wideoýazgylary ulanylan bolsa, onda olar jebir çekeniň haýyşy boýunça diňledilmelidir we görkezilmelidir.

2. Işiň materiallary bilen tanyşdyrmak şu Kodeksiň 319-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde geçirilýär.

**319-njy madda. Aýyplanýany we onuň adwokatyny işiň ähli materiallary bilen tanyşdyrmak**

1. Sülçi toplanan subutnamalar aýyplaw netijenamasyny düzmek üçin ýeterlik diýip hasap edenden we şu Kodeksiň 318-nji maddasynyň talaplaryny ýerine ýetirenden soň, aýyplanýanyň işi boýunça derňewiň tamamlanandygyny we onuň işiň ähli materiallary bilen hut özüniň-de tanyşmaga, adwokatyň kömegi bilen-de tanyşmaga, şeýle hem deslapky derňewiň üstüniň ýetirilmegi hakynda haýyşyny aýtmaga hakynyň bardygyny oňa yglan edýär.

2. Eger aýyplanýan ýa-da onuň kanuny wekili işiň ähli materiallary bilen tanyşmaga adwokaty gatnaşdyrmak hakynda haýyş etse ýa-da adwokatyň işe şeýle gatnaşmagy hökman bolsa, şonuň ýaly-da adwokat şu Kodeksde bellenen tertipde işe gatnaşýan bolsa, sülçi işiň ähli materiallaryny aýyplanýana we onuň adwokatyna tanyşmak üçin berýär. Şunda işiň materiallaryny tanyşmak üçin bermek adwokat gelýänçä, emma bäş gije-gündizden artyk bolmadyk möhlete gaýra goýulmalydyr.

3. Aýyplanýanyň saýlap alan adwokatynyň görkezilen möhletde gelmegi mümkin bolmadyk mahalynda, sülçi başga adwokaty çagyrmak üçin çäre görýär. Eger aýyplanýan adwokat tutmak islegini bildirmedik bolsa, tanyşmak üçin işiň ähli materiallary onuň özüne berilýär.

4. Aýyplanýana we onuň adwokatyna işiň ähli materiallary tikilen we sahypalarynda tertip sany goýulan görnüşde berilýär.

5. Eger deslapky derňew geçirilen mahalynda ses ýa-da wideoýazgylary ulanylan bolsa, onda olar aýyplanýana we onuň adwokatyna diňledilýär we görkezilýär. Aýyplanýanyň we onuň adwokatynyň haýyşy boýunça sülçi işiň materiallary bilen aýry-aýrylykda tanyşmaga olara ygtyýar bermäge haklydyr.

6. Eger iş boýunça birnäçe aýyplanýan jogapkärçilige çekilen bolsa, işiň ähli materiallary olaryň her birine tanyşmak üçin berilýär.

7. Aýyplanýan we onuň adwokaty işiň materiallary bilen tanşyp bolandan soň,

sülçi derňewiň üstüniň ýetirilmegi we takyk näme bilen ýetirilmegi hakynda olaryň haýyşynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny olardan anyklamaga borçludyr.

8. Aýyplanýan işiň materiallary bilen tanşan mahalynda işden zerur maglumatlary göçürip almaga haklydyr.

9. Aýyplanýan we onuň adwokaty işiň materiallary bilen tanyşmak üçin olara zerur bolan wagtda çäklendirilip bilinmez. Emma aýyplanýan we onuň adwokaty işiň materiallary bilen tanyşmagy göz-görtele yza çekýän bolsa, onda sülçi özüniň prokuror tarapyndan tassyklanýan delillendirilen karary bilen işiň materiallary bilen tanyşmak üçin ýeterlik bolan takyk möhleti bellemäge haklydyr.

10. Deslapky derňewiň tamamlanandygy kämillik ýaşyna ýetmedik adama yglan edilende we işiň materiallary tanyşmak üçin oňa berlende, eger kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekili haýyş edýän bolsa, ol iş bilen tanyşmak üçin goýberilmelidir.

11. Eger sülçi aýyplanýanyň işiň materiallary bilen tanyşdyrylmagyna kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekiliniň gatnaşdyrylmagy kämillik ýaşyna ýetmedigiň bähbitlerine zyýan berip biler diýip hasap edýän bolsa, onda onuň şol wekili bu işe gatnaşdyrmazlyga hem haky bardyr.

### 320-nji madda. Haýyşlary bildirmek we olary çözmek

1. Aýyplanýan we onuň adwokaty şeýle hem jebir çeken raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri işiň materiallary bilen tanşanlaryndan soň, olaryň dilden bildiren haýyşlary jenaýat işiniň maglumatlary bilen tanyşmak hakyndaky teswirnamada ýazylýar.

2. Iş ýöredişe gatnaşyjy öz haýyşyny ýazmaça görnüşde beýan etmekçidigini aýdan halatynda, ony taýýarlamak üçin zerur bolan wagt berlip bilner, bu hakda teswirnamada bellik edilýär, ýazmaça haýyş bolsa işe çatylýar.

3. Iş üçin ähmiýetli ýagdaýlaryň aýdyňlaşdyrylmagy hakynda haýyş bildirilende, sülçi deslapky derňewiň üstüni ýetirmäge borçludyr. Eger goşmaça geçirilýän derňew hereketlerine adwokat gatnaşýan bolsa, onda ol sülçiniň ygtyýar bermegi bilen şaýada, jebir çekene, bilermene, hünärmene we aýyplanýana sowallar bermäge, şeýle hem iş üçin ähmiýetli maglumatlaryň teswirnama girizilmegini haýyş etmäge haklydyr. Sülçi adwokatyň sowallaryny nämakul görüp biler, ýöne nämakul görlen sowallar hem teswirnama ýazylmalydyr.

4. Goşmaça derňew hereketleri geçirilenden soň, sülçi iş ýöredişe gatnaşyjylary deslapky derňewiň tamamlanandygy hakynda täzeden habarly edip, olara işiň goşmaça materiallary bilen, olaryň haýyşlary boýunça bolsa işiň ähli materiallary bilen hem tanyşmaklaryna mümkinçilik bermäge borçludyr.

5. Eger sülçi bildirilen haýyşlary kanagatlandyrmakdan doly ýa-da bölekleýin ýüz dönderse, ol bu hakda delillendirilen karar çykarýar, onuň göçürilen nusgasyny bolsa arz edijä gowşurýar ýa-da iberýär.

6. Jenaýat işi boýunça sülçiniň haýyşy kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek hakyndaky kararynyň göçürilen nusgasyny arz edijiniň alan pursadyndan başlap, üç gije-gündiziň dowamynda prokurora şikaýat edilip bilner.

7. Şikaýat prokuror tarapyndan çözülýänçä jenaýat işi kazyýete iberilmäge

degişli däldir. Kazyýete iberilen jenaýat işi boýunça haýyşy kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek hakynda getirilen şikaýatyň prokuror tarapyndan ret edilmegi, şol bir haýyşyň kazyýetiň öňünde täzeden bildirilmegine päsgel bermeýär.

**321-nji madda. Jenaýat işiniň materiallary bilen tanyşmak hakyndaky teswirnama**

1. Aýyplanýanyň we onuň adwokatynyň, şeýle hem jebir çekeniň we onuň wekiliniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň jenaýat işiniň materiallary bilen tanyşdyrylandygy hakynda şu Kodeksiň 117-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmek bilen teswirnamalar düzülýär. Teswirnamalarda şu aşakdakylar görkezilýär:

1) tanyşmak üçin haýsy materiallarynyň berlendigi (tomlaryň we sahypalaryň mukdary);

2) işiň materiallary bilen tanyşdyrmagyň nirede we näçe wagtda geçirilendigi;

3) nähili haýyşlaryň edilendigi;

4) olaryň nähili beýanatlary aýdandygy;

5) iş boýunça sorag edilen şaýatlaryň, işe gatnaşan bilermenleriň, hünärmenleriň we güwäleriň kazyýet mejlisine çagyrylmagynyň zerurlygy hakynda aýyplanýan we adwokat haýyş bildiren bolsalar ýa-da olaryň sanawy goşulan bolsa, şolar.

2. Aýyplanýan we onuň adwokaty ýa-da jebir çeken we onuň wekili işiň materiallary bilen bilelikde tanşan mahalynda, degişli bir bütewi teswirnamalar düzülýär.

3. Eger aýyplanýan işiň materiallary bilen tanyşmakdan ýüz dönderen bolsa, onda munuň özi teswirnamada görkezilýär we eger aýyplanýan ýüz döndermeginiň delillerini aýdan bolsa, şol deliller hem beýan edilýär.

**322-nji madda. Aýyplaw netijenamasy**

1. Sülçi aýyplanýany we onuň adwokatyny deslapky derňewiň ähli materiallary bilen tanyşdyrandan soň, iş boýunça aýyplaw netijenamasyny düzýär.

2. Aýyplaw netijenamasy giriş, beýan ediş-delillendiriş we karara gelinýän böleklerden ybaratdyr.

3. Aýyplaw netijenamasynyň giriş böleginde sülçi aýyplaw netijenamasy düzülýän aýyplanýanyň (aýyplanýanlaryň) familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, onuň eden etmişiniň kanun boýunça maddalaşdyrylyşyny (maddasyny, bölegini, bendini) görkezýär.

4. Beýan ediş-delillendiriş böleginde jenaýatyň wakasy, onuň deslapky derňewde nähili anyklanandygy, aýyplanýanlaryň her biri tarapyndan jenaýatyň edilen ýeri, wagty, usullary, delilleri, ýetiren zyýanlary we başga düýpli ýagdaýlary, jebir çeken hakyndaky maglumatlar hem-de jenaýatyň wakasynyň özüni-de, aýyplanýanlaryň her biriniň günäliligi hakynda sülçiniň netijelerini-de tassyklaýan subutnamalar beýan edilýär. Beýan ediş-delillendiriş böleginde her bir aýyplanýana bildirilen aýybyň düýp manysy boýunça onuň beren düşündirişleri, onuň özüni goramak üçin getirýän delilleri we şol delilleri ýalana çykarýan subutnamalar hem

beýan edilýär.

5. Işde aýyplanýanyň jogapkärçiligini agyrlaşdyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän ýagdaýlar bar mahalynda, sülçi muny aýyplaw netijenamasynda görkezmäge borçludyr.

6. Aýyplaw netijenamasynda subutnamalara salgylanylan mahalynda işiň degişli tomlary we sahypalary hökman görkezilmelidir.

7. Karara gelinýän böleginde her bir aýyplanýanyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, doglan ýylyny we ýerini, milletini, raýatlygyny, bilimini, maşgala ýagdaýyny, işleýän ýerini, kärini, ýaşaýan ýerini, öň iş kesilenlik aýybyny görkezmek bilen, onuň şahsyýeti hakyndaky maglumatlar, jenaýat kanunynyň şol jenaýat üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan maddasyny (maddalaryny), bölegini (böleklerini), bendini (bentlerini) görkezmek bilen, bildirilen aýybyň kesgitlemesi beýan edilýär.

8. Aýyplaw netijenamasynyň ahyrynda onuň düzülen ýeri we senesi görkezilýär.

9. Aýyplaw netijenamasyna ony düzen sülçi gol çekýär, şonda sülçiniň wezipesi, ýörite we harby ady hem görkezilýär.

**323-nji madda. Aýyplaw netijenamasyna goşundylar**

Aýyplaw netijenamasynyň ýanyna şu aşakdakylar goşulýar:

1) sülçiniň pikiriçe kazyýet mejlisine çagyrylmaga degişli adamlaryň salgysyny we olaryň görkezmeleri ýa-da netijenamalary beýan edilen işiň sahypalaryny görkezmek bilen şol adamlaryň sanawy;

2) aýyplanýanlaryň her birini tussaglykda saklamagyň wagtyny we ýerini görkezmek bilen saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäreleri hakyndaky güwänama;

3) maddy subutnamalar hakyndaky, raýat hak islegi hakyndaky we raýat hak islegini hem-de emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek barada görlen çäreler hakyndaky, işiň degişli tomlaryna we sahypalaryna salgylanmak bilen iş ýörediş harajatlary hakyndaky güwänama.

**324-nji madda. Işi prokurora ibermek**

1. Sülçi aýyplaw netijenamasyny düzenden soň işi prokurora iberýär. Her bir aýyplanýana berilmeli aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasy iş bilen bilelikde iberilýär.

2. Işiň ýanyna aýyplanýanyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalar goşulýar.

**325-nji madda. Aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan iş boýunça prokuroryň çözmeli meseleleri**

Prokuror iş bilen tanşanda, anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirilen mahalynda şu Kodeksiň ähli talaplarynyň berjaý edilendigini barlamalydyr we şu aşakdakylara aýratyn üns bermelidir:

1) aýyplanýana ýüklenýän etmiş edilipmi we şu etmişde jenaýatyň düzümi barmy;

2) işde onuň ýatyrylmagyna eltýän ýagdaýlar ýokmy;

3) anyklaýyş ýa-da deslapky derňew hemmetaraplaýyn, doly we dogry geçirilipmi;

4) bildirilen aýyp işde bar bolan subutnamalar bilen esaslandyrylypmy;

5) aýyplawy tassyklaýan subutnamalary toplamagyň şu Kodeksde kesgitlenen tertibi berjaý edilipmi;

6) aýyplanýanyň etmişleri barada jenaýat kanuny dogry ulanylypmy;

7) aýyplanýanyň anyklaýyş ýa-da deslapky derňew netijesinde anyklanan jenaýatly etmişleriniň hemmesi boýunça aýyp bildirilipmi;

8) toplanan subutnamalar esasynda jenaýat etmekde paş edilen ähli adamlar aýyplanýanlar hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekilipmi;

9) aýyplaw netijenamasy işde bar bolan subutnamalara laýyk gelýärmi;

10) ätiýaçsyzlandyryş çäresi dogry saýlanyp alnypmy we işde ony üýtgetmek ýa-da ýatyrmak üçin esaslar barmy;

11) raýat hak islegini ýa-da emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün etmek barada çäreler görlüpmi;

12) jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpler we şertler ýüze çykarylypmy we şolary aradan aýyrmak üçin çäreler görlüpmi;

13) anyklaýyş ýa-da deslapky derňew edaralary tarapyndan şu Kodeksiň beýleki ähli talaplary berjaý edilipmi.

**326-njy madda. Aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan iş boýunça prokuroryň çözgütleri**

1. Prokuror aýyplaw netijenamasy bilen bilelikde gowşan işe bäş gije-gündizden uzaga çekdirmän seretmäge we şol iş boýunça aşakdaky çözgütleriň birini kabul etmäge borçludyr:

1) aýyplaw netijenamasyny tassyklamalydyr we aýyplanýanyň işini kazyýete ibermelidir;

2) goşmaça derňew geçirmek üçin öz ýazyp beren görkezmeleri bilen işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmalydyr;

3) eger ýeterlik esas bar bolsa, iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda delillendirilen karar çykaryp, ony ýatyrmalydyr.

2. Prokuror kazyýet mejlisine çagyrylmaly adamlaryň aýyplaw netijenamasynyň ýanyna goşulan sanawyny üýtgetmäge, şeýle hem ozal saýlanyp alnan ätiýaçsyzlandyryş çäresini ýatyrmaga, üýtgetmäge ýa-da, eger ätiýaçsyzlandyryş çäresi ozal saýlanyp alynmadyk bolsa, ony saýlap almaga haklydyr. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi ýatyrylan, üýtgedilen ýa-da tussag etmek görnüşinde saýlanyp alnan halatynda, prokuror şu Kodeksiň 154-nji maddasynyň bäşinji böleginde göz öňünde tutulan düzgünlere goldanýar.

3. Aýyplaw netijenamasy şu Kodeksiň 322-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmedik halatynda, prokuror özüniň ýazmaça görkezmeleri bilen işi aýyplaw netijenamasyny gaýtadan düzmek üçin anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä gaýtarmaga haklydyr.

4. Aýyplaw netijenamasyny tassyklamak hukugy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda wezipä bellenilen prokurora degişlidir, ýöne olaryň şu

ygtyýarlaryny amala aşyrmaga päsgel berýän ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda, aýyplaw netijenamasyny diňe ýokarky prokuror tassyklap biler.

**327-nji madda. Aýyplaw netijenamasy prokuror tarapyndan tassyklanan mahalynda ýüklenýän aýyby üýtgetmek**

1. Prokuror özüniň delillendirilen karary bilen aýyplaw netijenamasyndan ýüklenýän aýyplaryň aýry-aýry böleklerini aýyrmaga hem-de has ýeňil jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga haklydyr. Şunda zerur bolan halatynda, täze aýyplaw netijenamasy düzülýär.

2. Eger ýüklenýän aýyby has agyr aýyplaw bilen çalşyrmak ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlar boýunça ilkibaşdaky aýypdan düýpli tapawutlanýan aýyplaw bilen çalşyrmak zerur bolsa, prokuror täze aýyby bildirmek üçin işi anyklaýyş edarasyna ýa-da sülçä yzyna gaýtarýar.

**328-nji madda. Prokuroryň täze aýyplaw netijenamasyny düzmegi**

Eger täze aýyplaw netijenamasynyň düzülmegi aýyplawyň üýtgedilip, has agyr aýyplaw bilen çalşyrylmagyna eltmeýän bolsa, prokuror işi goşmaça derňewe ibermän, täze aýyplaw netijenamasyny düzmäge haklydyr. Şunda ozal düzülen aýyplaw netijenamasy işiň içinden aýrylýar.

**329-njy madda. Prokuroryň işi kazyýete ibermegi**

1. Prokuror aýyplaw netijenamasyny tassyklaýar ýa-da täze aýyplaw netijenamasyny düzýär. Prokuror aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasyny aýyplanýana ondan dil haty almak bilen gowşurýar, eger aýyplanýan tussaglykda saklanylýan bolsa, dil haty almak bilen gowşurmak üçin aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasyny gabawhananyň ýolbaşçylygyna berýär we işi kazyýete degişliligi boýunça iberýär.

2. Jenaýat işini kazyýete iberen prokuror şol jenaýat işi kazyýetiň önümçiligine alynmanka ony yzyna almaga haklydyr.

3. Işiň haçan we haýsy kazyýete iberilendigi hakynda aýyplanýan, adwokat, jebir çeken we onuň wekilleri, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri prokuror tarapyndan habarly edilýär.

4. Iş kazyýete iberilenden soň, iş boýunça bildirilen haýyşlar we şikaýatlar gös-göni kazyýete iberilýär.

## Ýedinji bölüm
## Birinji basgançakly kazyýetde önümçilik

### 38-nji bap. Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek

**330-njy madda. Gelip gowşan jenaýat işi boýunça kazyýetiň hereketleri**

1. Kazyýete gelip gowşan jenaýat işiniň kazyýetiň önümçiligine alnyp, kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni kazy ýa-da kazyýet çözýär.

2. Kazy işi kazyýet mejlisinde seretmäge ýeterlik esaslar bar diýip hasaplan mahalynda, günäkärlik hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda karar çykarýar.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakyndaky we kazy aýyplaw netijenamasynyň mazmuny bilen razylaşmadyk halatlarynda, jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalýan jenaýat işleri boýunça jebir çeken aýyplanýan bilen ýaraşanda ýa-da aýyplanýan barada ulanylan ätiýaçsyzlandyryş çäresini üýtgetmek, iş boýunça önümçiligi togtatmak, işi seretmäge kazyýete degişliligi boýunça ibermek, jenaýat işlerini birleşdirmek zerur bolan mahalynda kazyýetiň serenjam mejlisi geçirilýär.

4. Şunda işi serenjam mejlisiniň seretmegine bermegiň esaslaryna garamazdan, kazyýet şu Kodeksiň 337-nji we 338-nji maddalarynda göz öňünde tutulan ähli meseleleri çözýär.

### 331-nji madda. Serenjam mejlisinde kazyýetiň düzümi

Ähli kazyýetleriň serenjam mejlisinde jenaýat işlerine kazydan we kazyýetiň iki oturdaşyndan ybarat düzümde seredilýär.

### 332-nji madda. Serenjam mejlisine prokuroryň gatnaşmagy

1. Kazy serenjam mejlisiniň geçiriljek ýeri we wagty hakynda prokurora habar berýär.

2. Kazyýetiň serenjam mejlisine prokuror gatnaşýar, emma onuň gelmezligi işe seretmäge päsgel bermeýär.

### 333-nji madda. Kazyýetiň serenjam mejlisiniň tertibi

1. Kazyýetiň serenjam mejlisinde jenaýat işine seretmek kazynyň iş boýunça çykyşy bilen başlanýar, şol çykyşda kazy aýyplaw netijenamasynyň ýa-da ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň bellenilmeginiň nähili kemçilikleriniň bardygyny, olaryň kanunyň talaplaryna laýyk gelmeýän ýagdaýlaryny we olaryň nämä esaslanýandygyny görkezýär. Serenjam mejlisine adwokatynyň gatnaşmaga we çykyş etmäge hukugy bardyr. Soňra kazyýet prokuroryň çykyşyny diňleýär we maslahat otagynda kesgitnama çykarýar.

2. Serenjam mejlisine şaýatlaryň we bilermenleriň çagyrylmagyna ýol berilmeýär.

### 334-nji madda. Kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamalary

1. Kazyýet serenjam mejlisinde şu aşakdaky kesgitnamalaryň birini çykarýar:

1) aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda;

2) işi goşmaça derňew geçirmek üçin gaýtarmak hakynda;

3) iş boýunça önümçiligi ýatyrmak hakynda;

4) iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda;

5) işi seretmek üçin kazyýete degişliligi boýunça ibermek hakynda;

6) jenaýat işlerini birleşdirmek hakynda.

2. Işi kazyýete degişliligi boýunça ibermek hakyndaky kesgitnamadan başga, şol kesgitnamalaryň her birinde kazyýet ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň öňküligine galdyrylandygyny, üýtgedilendigini, ýatyrylandygyny ýa-da ulanylandygyny görkezmäge borçludyr.

**335-nji madda. Kazynyň karary we kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasy**

1. Kazynyň kararynda we kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasynda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) kararyň ýa-da kesgitnamanyň çykarylan wagty hem-de ýeri;

2) karar çykaran kazy ýa-da serenjam mejlisinde kazyýetiň düzümi, serenjam mejlisiniň kätibi, serenjam mejlisine gatnaşan prokuror, adwokat;

3) kabul edilen çözgütleriň esaslary we düýp manysy.

2. Karara kazy gol çekýär. Kesgitnama başlyklyk ediji we kazyýetiň oturdaşlary gol çekýärler.

**336-njy madda. Serenjam mejlisinde aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek**

1. Işe kazyýet mejlisinde seretmek üçin ýeterlik esaslar bar diýen netijä gelenden soň, kazyýet serenjam mejlisinde günäkärlik hakyndaky meseläni öňünden çözmezden, aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda kesgitnama çykarýar. Şunda kazyýet aýyplawyň aýry-aýry böleklerini aýyplaw netijenamasyndan aýyrmaga ýa-da has ýeňil jenaýat hakyndaky jenaýat kanunyny ulanmaga haklydyr, ýöne aýyplawyň kesgitlenen düýp manysyny üýtgetmeli däldir.

2. Aýyplawyň aýry-aýry böleklerini aýyrmak hakyndaky ýa-da başga jenaýat kanunyny ulanmak hakyndaky çözgüt serenjam mejlisiniň kesgitnamasynda delillendirilmelidir.

**337-nji madda. Kazyýete gelip gowşan iş boýunça aýdyňlaşdyrylmaga degişli meseleler**

Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözen mahalynda kazy, serenjam mejlisinde bolsa kazyýet her bir aýyplanýan barada şu aşakdakylary aýdyňlaşdyrmalydyr:

1) iş şu kazyýete degişlimi;

2) iş boýunça önümçiligiň ýatyrylmagyna ýa-da togtadylmagyna alyp barýan ýagdaýlar ýokmy;

3) işe kazyýet mejlisinde seretmek üçin ýeterlik subutnamalar iş boýunça toplanypmy;

4) hiç ýere gitmezlik hakynda dil haty alnan aýyplanýany kazyýet seljerişine

getirmek mümkinçiligini üpjün etmek meselesi çözülipmi;

5) anyklaýyş we deslapky derňew geçirilende kazyýet seljerişiniň bellenilmegine päsgel berip biljek jenaýat iş ýörediş kanunynyň bozulmalaryna ýol berlipmi;

6) aýyplanýanlaryň derňew netijesinde anyklanan ähli jenaýatly etmişleri boýunça ýüklenýän aýyp bildirilipmi;

7) jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin esaslaryň bolmagy bilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli adamlaryň hemmesi çekilipmi;

8) aýyplanýana ýöňkelýän etmişler babatynda jenaýat kanuny dogry ulanylypmy;

9) aýyplaw netijenamasy şu Kodeksiň 322-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda dogry düzlüpmi;

10) aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi öňküligine galdyrylmaga, üýtgedilmäge, ýatyrylmaga ýa-da saýlanyp alynmaga degişlimi;

11) jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny we mümkin boljak emlägiň muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreler görlüpmi;

12) aýyplanýany wezipesinden wagtlaýyn çetleşdirmek hakyndaky mesele çözlüpmi;

13) arzalar, haýyşlar we edilen şikaýatlar kanagatlandyrylmaga degişlimi;

14) jenaýatyň edilmegine ýol açan sebäpleri we şertleri ýok etmek üçin çäreler görlüpmi.

**338-nji madda. Haýyşlara seretmek**

1. Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözende kazy ýa-da kazyýet öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde gyzyklanýan adamlaryň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleriniň işe gatnaşmaga goýberilmekleri hakynda, işiň başga kazyýete iberilmegi hakynda, goşmaça subutnamalary talap edip almak hakynda, ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň üýtgedilmegi hakynda, raýat hak islegi we ony üpjün etmegiň çäreleri hakynda bar bolan haýyşlaryna seretmäge borçludyr.

2. Haýyşyň çözülişiniň netijeleri barada haýyşy bildiren adama ýa-da gurama habar berilýär. Haýyşy kanagatlandyrmakdan ýüz döndermek şikaýat edilmäge degişli däldir, emma ol kazyýet mejlisinde täzeden bildirilip bilner.

**339-njy madda. Kazyýet seljerişini bellemek**

1. Kazy anyklaýyş we deslapky derňew döwründe iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklaryny üpjün etmek boýunça şu Kodeksiň ähli talaplarynyň berjaý edilendigi we işe kazyýetde seretmäge päsgel berýän özge esaslaryň ýokdugy hakyndaky netijä gelende aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda karar çykarýar.

2. Kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky kararda şu Kodeksiň 335-nji maddasynda görkezilen meseleleriň çözülmeginden başga-da, şu aşakdakylar hem bolmalydyr:

1) kazyýetde işi seredilýäniň kimdigi;

2) kazyýetde işi seredilýäne takyk haýsy jenaýat kanunynyň bozulmagynyň ýöňkelýändigi;

3) ätiýaçsyzlandyryş çäresini öňküligine galdyrmak, ýatyrmak, üýtgetmek ýa-da saýlap almak we ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça çäreleri görmek hakyndaky çözgüt;

4) iş ýöredişe gatnaşyjylaryň ynanmazlyk bildirmeleri, haýyşlary we beýleki arzalary boýunça çözgütler;

5) kazyýetde işi seredilýäniň saýlan adamyny işe adwokat hökmünde gatnaşdyrmagyň ýa-da oňa adwokatyň bellenmeginiň çözülmegi;

6) kazyýet seljerişine çagyrylmaga degişli adamlaryň sanawy;

7) kazyýetde işi seredilýäniň işine gaýybana seretmäge kanunda ýol berlen halatynda, onuň ýokdugynda işi diňlemegiň çözülmegi;

8) kazyýet seljerişiniň geçiriljek ýeri we wagty hakyndaky maglumatlar;

9) şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda işe kazyýetiň ýapyk seljerişinde seredilmegiň çözülmegi;

10) ätiýaçdaky oturdaş hakyndaky çözgüt.

**340-njy madda. Kazyýetde işi seredilýäne kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasyny gowşurmak**

Eger aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky mesele çözülende ätiýaçsyzlandyryş çäresi, kazyýete çagyrylmaga degişli adamlaryň sanawy ýa-da bildirilen aýyp üýtgedilen bolsa, onda kazyýetde işi seredilýäne kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy gowşurylýar.

**341-nji madda. Jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalýan jenaýat işleri boýunça kazyýet seljerişini bellemek**

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 113-nji maddasynda, 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýatlar hakyndaky işler boýunça, iş kazyýete gelip gowşandan soňra kazy jebir çekeni we aýyplanýany çagyrýar hem-de olaryň ýaraşmagy üçin çäreleri görýär. Olar ýaraşan halatynda we aýyplanýan jebir çekene ýetiren zyýanyny düzetse, iş şu Kodeksiň 346-njy maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan tertipde ýatyrylýar.

2. Ýaraşyk gazanylmadyk halatynda, kazy ýa-da kazyýet şu babyň düzgünlerine laýyklykda aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meseläni çözýär.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**342-nji madda. Jenaýat işini goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin gaýtarmak**

1. Kazyýet şu halatlarda jenaýat işini goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew

geçirmek üçin ibermäge haklydyr:

1) kazyýetde işi seredilýäne, seredilýän iş bilen bagly bolan işde başga bir aýybyň bildirilmegine ýa-da hereketleri seredilýän iş bilen bagly bolan başga adamlaryň jenaýat jogapkärçiligine çekilmeklerine esaslar bar bolup we şol adamlar barada işe aýratynlykda seretmek mümkin däl mahalynda;

2) işler nädogry birleşdirilende ýa-da bölünip aýrylanda;

3) aýyplaw netijenamasynda görkezilen aýyby has agyr ýa-da öň bildirilen aýypdan düýpli tapawutlanýan aýyp bilen çalşyrmak zerur bolanda;

4) geçirilen anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň kazyýet derňewi dowamynda üsti ýetirilip bilinmejek düýpli kemçiligi bolanda;

5) jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulan mahalynda.

2. Iş goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin prokuroryň üsti bilen iberilýär. Şunda kazyýet öz kesgitnamasynda işiň haýsy esas boýunça yzyna gaýtarylýandygyny, goşmaça anyklaýyşda ýa-da deslapky derňewde takyk haýsy ýagdaýlaryň anyklanylmalydygyny görkezmäge borçludyr.

3. Işi goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin gaýtaranda kazyýet aýyplanýan barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hakyndaky meseläni çözmäge borçludyr.

4. Aýyplaw netijenamasy şu Kodeksiň 239-njy we 322-nji maddalarynyň talaplary bozulyp düzülen halatynda, kazyýet aýyplaw netijenamasyny gaýtadan düzmek üçin işi prokurora gaýtarýar.

**343-nji madda. Jenaýat işi boýunça önümçiligi togtatmak**

1. Kazyýet iş boýunça önümçiligi togtatmak hakyndaky kesgitnamany şu Kodeksiň 46-njy we 308-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslara görä, şeýle hem bilermenler seljermesi bellenilen halatynda çykaryp biler.

2. Kazyýetde işi seredilýänleriň biri barada onuň ýa-da beýleki kazyýetde işi seredilýänleriň özüni goramak hukuklary kemsidilmeýän bolsa, iş boýunça önümçilik togtadylyp bilner. Tussaglykda saklanylýan kazyýetde işi seredilýänler barada işiň togtadylmadyk we kazyýetiň olar baradaky ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň üýtgedilmegini mümkin hasaplamadyk halatynda, önümçiligi togtatmak otuz gije-gündizden köp bolmadyk möhletde mümkindir. Eger şol wagtyň dowamynda kazyýetde işi seredilýänleriň haýsydyr biri barada önümçiligiň togtadylmagynyň esaslary aradan aýrylmasa, onda beýleki kazyýetde işi seredilýänler barada önümçilik täzeden başlanylmalydyr we kazyýet seljerişiniň senesi bellenilmelidir.

3. Eger iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakyndaky meselä seredilýän wagtynda aýyplanýanyň gaçyp gizlenendigi we onuň bolýan ýeriniň nämälimdigi aýdyňlaşdyrylsa, kazyýet serenjam mejlisinde aýyplanýan gözlenip tapylýança iş boýunça önümçiligi togtatmak hakynda kesgitnama çykarýar.

4. Kazyýetiň kesgitnamasy aýyplanýany gözläp tapmak üçin içeri işler edaralaryna, onuň göçürilen nusgasy bolsa gözläp tapmak işiniň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrmak üçin prokurora iberilýär.

5. Aýyplanýanyň kazyýete gelmegine mümkinçilik bermeýän, emma bejerip boljak agyr we uzak wagta çekýän kesel bilen keselländigi kazyýet-lukmançylyk ýa-

da kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesiniň netijenamasy boýunça ykrar edilen mahalynda, kazyýet aýyplanýan sagalýança jenaýat işi boýunça önümçiligi togtadýar.

6. Eger aýyplanýanyň keseli bejerip bolmajak kesel bolsa, onda iş şu Kodeksiň 51-nji babynda bellenen tertipde çözülýär.

**344-nji madda. Raýat hak islegini we emlägiň muzdsuz alynmagyny üpjün etmek**

Anyklaýjy, sülçi ýa-da prokuror jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy we emlägiň mümkin boljak muzdsuz alynmagyny üpjün edýän çäreleri görmedik mahalynda, eger şeýle çäreler gönüden-göni kazyýet tarapyndan görlüp bilinmejek bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet olary üpjün edýän zerur çäreleri görmäge degişli jenaýat yzarlaýyş edaralaryny borçly edýär.

**345-nji madda. Jenaýat işini degişliligi boýunça ibermek**

Eger kazyýet işiň şol kazyýetiň seretmegine degişli däldigini anyklasa, onda ol şeýle çözgüdiň hukuk esaslaryny getirmek bilen we işiň iberilýän kazyýetini görkezmek bilen işi degişliligi boýunça ibermek hakynda kesgitnama çykarýar we bu hakda iş ýöredişe gatnaşyjylara habar berýär.

**346-njy madda. Jenaýat işini ýatyrmak**

1. Şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginde we 33-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji bendinde, şeýle-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 71-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslara görä kazyýet serenjam mejlisinde jenaýat işini ýatyrýar. Şunda kazyýet ätiýaçsyzlandyryş çäresini, raýat hak islegini we emlägiň muzdsuz alynmagyny üpjün etmegiň çärelerini ýatyrýar we maddy subutnamalar hakyndaky meseläni çözýär. Jenaýat işini ýatyrmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy prokurora iberilýär, şeýle hem jenaýat jogapkärçiligine çekilen adama we jebir çekene gowşurylýar.

2. Kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-nji we 72-nji maddalarynda görkezilen esaslar boýunça jenaýat işini ýatyrmaga haklydyr.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**347-nji madda. Taraplara işiň maglumatlary bilen tanyşmak mümkinçiligini üpjün etmek**

Aýyplanýanyň işi kazyýete gelip gowşandan soň we iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek meselesi çözülenden soň, kazy işiň ähli materiallary bilen tanyşmak, olardan zerur bolan maglumatlary göçürip almak mümkinçiligini döwlet aýyplaýjysy, kazyýetde işi seredilýän, adwokat hem-de jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri üçin üpjün etmelidir.

### 348-nji madda. Kazyýet mejlisine çagyrmak

Kazy özüniň kararynda ýa-da kazyýetiň kesgitnamasynda görkezilen adamlary kazyýet mejlisine çagyrmak barada buýruk berýär, şeýle hem kazyýet mejlisini taýýarlamak üçin çäreleri görýär.

### 349-njy madda. Kazyýetde işe seretmegiň möhletleri

1. Aýyplanýanyň işi boýunça kazyýet seljerişini bellemek meselesini kazy ýa-da kazyýet serenjam mejlisinde işiň kazyýete gelip gowşan pursadyndan başlap bäş gije-gündizden, çylşyrymly işler boýunça bolsa on dört gije-gündizden gijä goýman çözmelidir.

2. Jenaýat işine etrap, etrap hukukly şäher kazyýetlerinde jenaýat işiniň kazyýete gowşan gününden başlap ýigrimi gije-gündizden gijä goýulman, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetlerinde hem-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýetinde bolsa bir aýdan gijä goýulman kazyýet mejlisinde seredilip başlanmalydyr.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

## 39-njy bap. Kazyýet seljerişiniň umumy şertleri

### 350-nji madda. Kazyýet seljerişiniň gönüden-göni we dilden geçirilmegi

1. Kazyýet seljerişinde iş boýunça ähli subutnamalar gönüden-göni barlanylmaga degişlidir. Kazy ýa-da kazyýet şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlardan başga halatlarda, kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýatlaryň görkezmelerini diňlemelidir, bilermenleriň netijenamalaryny yglan etmelidir we barlamalydyr, maddy subutnamalary gözden geçirmelidir, teswirnamalary we beýleki resminamalary yglan etmelidir, subutnamalary barlamak boýunça başga kazyýet hereketlerini geçirmelidir.

$1^1$. Jebir çeken we şaýat kazyýet tarapyndan sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag edilip bilner.

2. Deslapky derňew döwründe berlen görkezmeler, diňe şu Kodeksiň 391-nji we 395-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda yglan edilip bilner.

3. Kazynyň ýa-da kazyýetiň hökümi diňe kazyýet mejlisinde barlanan subutnamalara, kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertibinde bolsa anyklaýyş, deslapky derňew geçirilende alnan subutnamalaryň degişliligine we ýolbererliklidigine kazyýetde taraplaryň garşy çykmadyk subutnamalaryna esaslandyrylyp bilner.

Dördünji we bäşinji bölekleri Türkmenistanyň 30.11.2019 ý. № 207-VI Kanuny esasynda aýyrylan.

*(2019-njy ýylyň 30-njy noýabryndaky we 2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2019 ý., № 4, 89-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda).*

### 351-nji madda. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň hukuklarynyň deňligi

Kazyýet seljerişine gatnaşyjylar: kazyýetde işi seredilýän, adwokat, döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri kazyýet seljerişinde subutnamalary getirmekde, subutnamalary barlamaga gatnaşmakda we haýyşlary bildirmekde, şeýle hem kazyýet seljerişinde döreýän beýleki meseleler boýunça deň hukuklardan peýdalanýarlar.

### 352-nji madda. Kazyýet seljerişinde başlyklyk edijiniň ygtyýarlyklary

1. Kazyýet seljerişinde şu kazyýetiň başlygy ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça başga kazy başlyklyk edýär.

2. Başlyklyk ediji iş seljerilende we çözgütler kabul edilende beýleki kazylar (oturdaşlar) bilen deň hukuklardan peýdalanýar.

3. Başlyklyk ediji dogruçyllygy we tarapgöýsüzligi saklamak bilen, şu Kodeksde göz öňünde tutulan adyl kazyýetligiň hatyrasyna taraplaryň deň hukuklylygyny üpjün edýän ähli çäreleri görýär, işiň ýagdaýlarynyň hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanmagy üçin zerur şertleri döredýär. Şeýle hem başlyklyk ediji kazyýet mejlisiniň tertibiniň berjaý edilişini, onuň terbiýeçilik täsirini üpjün edýär, kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň ählisine hukuklaryny we borçlaryny hem-de olaryň amala aşyrylmagynyň tertibini düşündirýär. Kazyýet seljerişine gatnaşýan adamlardan kimdir biriniň başlyklyk edijiniň hereketlerine garşy çykan halatynda, olar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda görkezilýär.

### 353-nji madda. Kazyýet seljerişine kazyýetde işi seredilýäniň gatnaşmagy

1. Kazyýet seljerişi, şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda kazyýetde işi seredilýäniň hökmany gatnaşmagynda geçirilýär. Kazyýetde işi seredilýän gelmedik halatynda, işiň seljerilmegi hökman gaýra goýulmalydyr. Kazyýet esassyz sebäplere görä gelmedik kazyýetde işi seredilýäni kazyýet seljerişine mejbury getirmeklige sezewar etmäge, şeýle hem ol barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmaga ýa-da üýtgetmäge haklydyr.

2. Kazyýetde işi seredilýäniň ýokdugynda işiň seljerilmegine diňe şu aşakdaky halatlarda ýol bermek mümkindir:

1) kazyýetde işi seredilýän Türkmenistanyň çäklerinden daşda bolanda we kazyýete gelmekden boýun gaçyranda;

2) tussaglykda saklanýan, kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlisine gelmekden ýüz dönderende, ýöne adwokatyň hökmany gatnaşan şertinde.

### 354-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň kazyýet mejlisindäki hukuklary

Kazyýetde işi seredilýäne kazyýet mejlisinde şu aşakdakylara hukuk berilýär:

1) birinji basgançakly kazyýetde kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

2) kazyýet mejlisinde adwokatyň kömeginden peýdalanmaga;

3) kaza, kazyýetiň oturdaşyna, kazyýet mejlisiniň kätibine, döwlet aýyplaýjysyna, bilermene, terjimeçä ynanmazlyk bildirmäge;

4) getirilen subutnamalary işe goşmak, şaýatlary çagyrmak, bilermenler seljermesini bellemek, işde bar bolan subutnamalary yglan etmek, başga subutnamalary talap edip almak hakynda haýyşlary bildirmäge we iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň bildiren haýyşlary boýunça öz pikirini aýtmaga;
5) iş boýunça sorag edilýänlere sowallar bermäge;
6) wakanyň bolan ýeriniň, maddy subutnamalaryň we resminamalaryň gözden geçirilmegine, şeýle hem kazyýet synagy geçirilende gatnaşmaga;
7) kazyýet derňewiniň islendik pursadynda kazyýet tarapyndan barlanýan işiň ýagdaýlary babatynda görkezmeler bermäge;
8) işe döwlet aýyplaýjysy gatnaşýan halatynda, adwokatyň ýokdugynda kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşmaga;
9) kazyýetde çykyp geplemeler tamamlanandan soň, ahyrky sözi bilen kazyýete ýüz tutmaga;
10) kazyýetiň, kazynyň çözgütleri barada şikaýat etmäge.

**355-nji madda. Kazyýet seljerişine adwokatyň gatnaşmagy**

1. Kazyýetde işi seredilýäniň adwokaty subutnamalary barlamaga gatnaşýar, aýyplawyň düýp manysy we onuň subut edilendigi hakynda, kazyýetde işi seredilýäniň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýa-da ony aklaýan ýagdaýlar hakynda, jeza çäresi hakynda, şeýle hem kazyýet seljerişinde ýüze çykýan başga meseleler boýunça kazyýete öz pikirini beýan edýär.
2. Adwokat gelmedik we şu kazyýet mejlisinde ony çalşyrmak mümkin bolmadyk halatynda, işi seljermek gaýra goýulýar. Kazyýet mejlisine gelmedik adwokaty çalşyrmak diňe kazyýetde işi seredilýäniň razylygy bilen mümkindir. Eger kazyýetde işi seredilýäniň çagyran adwokatynyň gatnaşmagy bäş günüň dowamynda mümkin bolmasa, onda kazyýet, kazyýetiň seljerişini gaýra goýmak bilen, kazyýetde işi seredilýäne başga adwokat saýlamagy teklip edýär, onuň şeýle etmekden ýüz dönderen halatynda bolsa, täze adwokaty özi belleýär.
3. Işe täze girişen adwokata kazyýet seljerişine gatnaşmaga taýýarlanmak üçin zerur bolan wagt berilýär. Ol kazyýet seljerişinde özüniň işe girişmeginden öň geçirilen islendik hereketiň gaýtalanmagy barada haýyş etmäge haklydyr.
4. Adwokatyň kazyýet seljerişine gatnaşmagy, onuň hukuklary we borçlary şu Kodeksiň 81-85-nji maddalarynda kesgitlenýär.

**356-njy madda. Kazyýet seljerişine döwlet aýyplaýjysynyň gatnaşmagy**

1. Jebir çekeniň şikaýaty esasynda gozgalmaga degişli jenaýat işlerinden başga işler boýunça kazyýet seljerişiniň başyndan döwlet aýyplaýjysy hökmünde prokuroryň gatnaşmagy hökmandyr.
2. Çylşyrymly we köp hadysaly işler boýunça döwlet aýyplawyny birnäçe döwlet aýyplaýjysy goldap biler.
3. Eger kazyýet seljerişine döwlet aýyplaýjysynyň gatnaşmagyny dowam edip bilmezligi ýüze çyksa, onda ol çalşyrylyp bilner. Işe täze döwlet aýyplaýjysynyň girişmegi kazyýetde şol wagta çenli geçirilen hereketleriň gaýtalanmagyna

getirmeýär, ýöne döwlet aýyplaýjysynyň haýyşy boýunça kazyýet oňa işiň materiallary bilen tanyşmaga wagt berip biler.

4. Döwlet aýyplaýjysy subutnamalary getirýär we olaryň barlanmagyna gatnaşýar, aýyplawyň düýp manysy boýunça, şeýle hem kazyýet seljerişiniň dowamynda ýüze çykýan başga meseleler boýunça kazyýete öz pikirini beýan edýär, kazyýete jenaýat kanunynyň ulanylmagy we kazyýetde işi seredilýäne jezanyň bellenilmegi hakyndaky tekliplerini berýär.

5. Eger raýatlaryň hukuklarynyň, döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitleriniň goralmagyny talap edýän bolsa, döwlet aýyplaýjysy iş boýunça raýat hak islegini bildirýär ýa-da bildirilen hak islegi goldaýar.

6. Döwlet aýyplaýjysy aýyplawy goldanda kanunyň talaplaryndan we işiň ähli ýagdaýlarynyň seredilmeginiň netijelerine esaslanýan öz içki ynam-ygtykadyndan ugur alýar. Döwlet aýyplaýjysy, eger kazyýetde işi seredilýäniň ýagdaýy ýaramazlaşdyrylmaýan we onuň özüni goramak hukugy bozulmaýan bolsa, aýyplawy üýtgedip biler. Döwlet aýyplaýjysy kazyýet seljerişinde aýyplaw tassyk bolmady diýen netijä gelen halatynda, ol aýyplawdan doly ýa-da bölekleýin ýüz döndermäge we bu babatda kazyýete öz delillerini beýan etmäge borçludyr.

7. Uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça kazyýetde işi seredilýän barada döwlet aýyplaýjysy şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde we 34-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-nji, 2-nji we 3-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça aýyplawdan ýüz dönderen halatynda, eger jebir çeken hem aýyplawdan ýüz dönderen bolsa, kazy ýa-da kazyýet öz karary ýa-da kesgitnamasy bilen işi ýatyrýar. Eger jebir çeken aýyplawy goldamagy dowam edýän bolsa, onda kazyýet seljerişi dowam edýär we işi umumy tertipde çözýär. Şeýle ýagdaýda döwlet aýyplaýjysy işe mundan beýläk gatnaşmakdan boşadylýar, aýyplawy bolsa jebir çekeniň özi ýa-da onuň wekili goldaýar. Kazyýet wekil çagyrmak üçin jebir çekene wagt bermelidir.

*(2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda).*

### 357-nji madda. Kazyýet seljerişine jebir çekeniň gatnaşmagy

1. Kazyýet seljerişi jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilýär.

2. Jebir çeken gelmedik halatynda kazyýet işi seljermek ýa-da ony gaýra goýmak hakyndaky meseläni jebir çekeniň ýokdugynda işiň ähli ýagdaýlaryny doly aýdyňlaşdyrmak hem-de onuň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak mümkinligine baglylykda çözýär. Eger kazyýet mejlisine jebir çekeniň wekili gelen bolsa, kazyýet bu meseläni wekiliň pikirini nazarda tutmak bilen çözýär.

3. Jebir çekeniň haýyşy boýunça kazyýet ony bellenilen wagtda görkezme bermek üçin gelmäge borçlandyryp, kazyýet mejlisine gatnaşmakdan boşadyp biler.

4. Şu Kodeksiň 213-nji maddasynyň birinji bölegi esasynda gozgalan jenaýat işi boýunça jebir çekeniň kazyýet mejlisine esassyz sebäplere görä gelmezligi işiň ýatyrylmagyna getirýär, emma kazyýetde işi seredilýäniň haýyşy boýunça jebir çekeniň ýoklugynda hem işe düýp manysy boýunça seredilip bilner.

5. Jebir çekeniň kazyýet seljerişine gatnaşmagy, onuň hukuklary we borçlary şu Kodeksiň 86-njy maddasynda kesgitlenýär.

**358-nji madda. Kazyýet seljerişine raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň gatnaşmagy**

1. Kazyýet seljerişine raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri gatnaşýar.
2. Raýat hak isleýjisi ýa-da onuň wekili kazyýete gelmedik halatlarynda, raýat hak islegi seredilmän galdyrylyp bilner. Şeýle halatda raýat hak isleýjisiniň hak islegi raýat kazyýet önümçiligi tertibinde bildirmek hukugy saklanyp galýar.
3. Kazyýet raýat hak isleýjisiniň ýa-da onuň wekiliniň haýyşy boýunça raýat hak islegine raýat hak isleýjisiniň ýoklugynda hem seredip biler.
4. Kazyýet raýat hak islegine zerur hasap eden halatynda ýa-da hak islegi döwlet aýyplaýjysy tarapyndan goldanýan halatynda, raýat hak isleýjisiniň ýa-da onuň wekiliniň gelendigine bagly bolmazdan seredýär.
5. Raýat jogap berijisiniň ýa-da onuň wekiliniň gelmezligi raýat hak isleginiň seredilmegini togtatmaýar.
6. Raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň kazyýet seljerişine gatnaşmaklary, olaryň hukuklary we borçlary şu Kodeksiň 87-89-njy maddalarynda kesgitlenýär.

**359-njy madda. Kazyýet seljerişine bilermeniň, hünärmeniň we terjimeçiniň gatnaşmagy**

1. Şu Kodeksde göz öňünde tutulan halatlarda kazyýete bilermen we hünärmen çagyrylyp bilner. Olar kazyýet seljerişine şu Kodeksiň 96-njy we 98-nji maddalarynda bellenen tertipde gatnaşýarlar.
2. Eger işe gatnaşýan adamlaryň haýsydyr biri iş ýöredişiniň alnyp barylýan dilini bilmeýän bolsa, onda kazyýet mejlisine terjimeçi çagyrylýar. Onuň borçlary şu Kodeksiň 100-nji maddasynda kesgitlenýär.

**360-njy madda. Kazyýet seljerişiniň çäkleri**

1. Kazyýet seljerişi diňe kazyýetde işi seredilýän barada we oňa bildirilen aýyplawyň çäklerinde geçirilýär.
2. Kazyýetde işi seredilýäniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmaýan we onuň özüni goramak hukugynyň bozulmaýan şertinde aýyplawy üýtgetmek mümkindir.
3. Bildirilen aýyby üýtgetmek ýa-da onuň üstüni ýetirmek ýa täze aýyplaw boýunça ýa-da täze adamlar barada jenaýat işini gozgamak zerurlygy ýüze çykan halatynda, kazy ýa-da kazyýet şu Kodeksiň 361-363-nji maddalarynda bellenilen düzgünleri goldanýar.

**361-nji madda. Kazyýetde aýyplawy üýtgetmek**

1. Eger kazyýet derňewiniň dowamynda toplanan maglumatlar bildirilen aýyplawy üýtgedip, has agyr ýa-da hakykat ýüzündäki ýagdaýlary boýunça ilkibaşdaky aýyplawdan düýpli tapawutlanýan aýyplaw bilen çalşyrmagyň ýa-da jenaýat kanunynyň has agyr jenaýaty göz öňünde tutýan maddasyny ulanmak zerurdygyny görkezýän bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet jenaýat işini goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin ibermek hakynda kesgitnama ýa-da karar çykarýar.

2. Eger aýyplawyň üýtgedilmegi ilkibaşdaky aýyplawdan onuň aýry-aýry bentleriniň aýrylmagyndan ýa-da günäni ýeňledýän gaýry ýagdaýlardan ybarat bolsa, onda kazy ýa-da kazyýet işe seretmegi dowam etmäge we höküm çykarmaga haklydyr.

**362-nji madda. Täze aýyplaw boýunça jenaýat işini gozgamak**

1. Eger kazyýet derňewinde kazyýetde işi seredilýäniň, oňa öň aýyp bildirilmedik başga jenaýaty edendigini görkezýän ýagdaýlar anyklanylsa, kazy ýa-da kazyýet işe seretmegi togtatman, işe gatnaşyjylaryň pikirini diňläp, täze aýyplaw boýunça jenaýat işini gozgamak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarýar we ol öz kararyny ýa-da kesgitnamasyny hem-de zerur bolan materiallary umumy tertipde anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin iberýär.

2. Täze aýyplaw ilkibaşdaky aýyplaw bilen ýakyndan baglanyşykly bolsa we olara aýratynlykda seretmek mümkin bolmasa, iş tutuşlygyna goşmaça anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin yzyna gaýtarylmalydyr.

**363-nji madda. Täze adam barada jenaýat işini gozgamak**

1. Eger jenaýat jogapkärçiligine çekilmedik adamyň jenaýat edendigini görkezýän ýagdaýlar kazyýet seljerişinde anyklanylsa, kazy ýa-da kazyýet işe gatnaşyjylaryň pikirini diňläp, şol adam barada jenaýat işini gozgamak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarýar we ol öz kararyny ýa-da kesgitnamasyny hem-de zerur bolan materiallary anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek üçin iberýär.

2. Täze gozgalan jenaýat işi seredilýän iş bilen ýakyndan baglanyşykly bolsa we olara aýratynlykda seretmek mümkin bolmasa, kazy ýa-da kazyýet işi tutuşlygyna goşmaça anyklaýyş ýa-da derňew geçirmek üçin iberýär.

3. Görnetin ýalan görkezme beren şaýat, jebir çeken, ýalan netijenama çykaran bilermen ýa-da görnetin nädogry terjime eden terjimeçi barada jenaýat işi diňe kazynyň ýa-da kazyýetiň hökümi çykarylandan soň gozgalyp bilner.

4. Garşysyna jenaýat işi gozgalan adam barada kazyýet şu Kodeksiň 146, 148 we 159-njy maddalarynyň düzgünlerini goldanyp ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmaga haklydyr.

**364-nji madda. Kazyýet seljerişini gaýra goýmak we jenaýat işini togtatmak**

1. Çagyrylan adamlardan kimdir biriniň gelmändigi ýa-da täze subutnamalary talap edip almagyň zerurlygy sebäpli işe şol kazyýet mejlisinde seljermek mümkin

bolmadyk halatynda, kazyýet işi seljermegi gaýra goýmak hakynda kesgitnama çykarýar we gelmedik adamlaryň çagyrylmagy ýa-da täze subutnamalaryň talap edilip alynmagy üçin çäre görýär. Kazyýet işi seljermegi gaýra goýmagyň möhletini kesgitleýär.

2. Şu Kodeksiň 308-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolsa, şeýle hem bilermenler seljermesi bellenilen halatynda, kazyýet şol ýagdaýlar aradan aýrylýança kazyýetde işi seredilýänleriň biri ýa-da birnäçesi barada iş boýunça önümçiligi togtadýar we galan kazyýetde işi seredilýänler barada kazyýet seljerişini dowam edýär. Eger aýratynlykda geçirilýän seljerişiň dowamynda hakykaty anyklamakda kynçylyklar ýüze çyksa, onda iş boýunça önümçilik tutuşlygyna togtadylýar.

3. Gaçyp gizlenen kazyýetde işi seredilýäni gözlemek kazyýetiň kesgitnamasy bilen yglan edilýär.

### 365-nji madda. Ätiýaçsyzlandyryş çäresi hakyndaky meseläni çözmek

1. Kazyýet seljerişiň dowamynda kazyýetde işi seredilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap almaga, üýtgetmäge we ýatyrmaga haklydyr.

2. Işiň kazyýete gelen gününden höküm çykarylýança kazyýetde işi seredilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde ulanylan tussag etmegiň möhleti alty aýdan artyk bolup bilmez.

3. Agyr jenaýatlar hakyndaky işler boýunça şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen möhlet geçenden soň kazyýet özüniň kesgitnamasy bilen tussaglykda saklamagyň möhletini on iki aýa çenli uzaldyp biler.

4. Tussag etmegiň şu maddanyň ikinji we üçünji böleklerinde görkezilen möhletleri geçenden soň kazyýet, kazyýetde işi seredilýäniň tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresini hiç ýere gitmezlik hakyndaky dil haty bilen çalşyrmalydyr ýa-da ol kazyýetde işi seredilýäniň başlangyjy boýunça ätiýaçsyzlandyryş çäresini girew goýmak bilen çalşyrmalydyr.

5. Şu maddanyň ikinji we dördünji böleklerinde görkezilen çäklendirmeler aýratyn agyr jenaýatlar hakyndaky işlere degişli däldir.

### 366-njy madda. Işi goşmaça derňewe ibermek

1. Kazy ýa-da kazyýet şu Kodeksiň 342-nji maddasynda göz öňünde tutulan talaplary nazara alyp, işi goşmaça derňewe iberýär.

2. Goşmaça derňew tamamlanandan soň iş kazyýete gelip gowşanda kazyýet mejlisini bellemek hakyndaky mesele umumy tertipde çözülýär.

### 367-nji madda. Kazyýet seljerişinde işi ýatyrmak

1. Kazyýet seljerişiniň dowamynda şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-10-njy bentlerinde görkezilen ýagdaýlar ýüze çykan bolsa, şeýle hem uly bolmadyk agyr we ortaça agyr jenaýatlar boýunça kazyýetde işi seredilýän barada döwlet aýyplaýjysy şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň birinji we ikinji

bentlerinde görkezilen esaslar we kazyýetde işi seredilýäniň oňa ýöňkelýän etmişi etmäge dahylsyzlygy ýüz dönderilen bolsa, eger jebir çeken hem aýyplawdan ýüz dönderen bolsa, iş kazyýet seljerişinde ýatyrylmaga degişlidir.

2. Kazy ýa-da kazyýet şu Kodeksiň 33-nji maddasynyň ikinji böleginde görkezilen esaslara laýyklykda jenaýat işini ýatyrmaga haklydyr.

**368-nji madda. Kazyýet seljerişinde kararlary we kesgitnamalary çykarmagyň tertibi**

1. Kazyýet seljerişiniň dowamynda çözülýän ähli meseleler boýunça kazy kararlary, kazyýet bolsa delillendirilen kesgitnamalary çykarýar we olar kazyýet mejlisinde yglan edilmäge degişlidir.

2. Işi goşmaça derňew geçirmek üçin ibermek, iş boýunça önümçiligi togtatmak, ätiýaçsyzlandyryş çäresini ulanmak, ony üýtgetmek ýa-da ýatyrmak, tussaglykda saklamagyň möhletini uzaltmak, ynanmazlyk bildirmek, bilermenler seljermesini bellemek ýa-da şu Kodeksde bellenen tertipde işi ýatyrmak ýa-da jenaýat işini gozgamak hakynda kararlar ýa-da kesgitnamalar, şeýle-de hususy kararlar ýa-da kesgitnamalar maslahat otagynda çykarylýar we aýratyn resminama görnüşinde beýan edilýär.

3. Beýleki kararlar ýa-da kesgitnamalar kazynyň ýa-da kazyýetiň garaýşyna görä, şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen tertipde ýa-da kazyýet mejlishanasynda - oturan ýerinde çykarylýar, şunda çykarylan karar ýa-da kesgitnama kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda ýazylýar.

4. Kazyýet seljerişiniň dowamynda maslahat otagynda çykarylýan kararda ýa-da kesgitnamada şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) kazyýet seljerişiniň wagty we ýeri;

2) kazyýetiň ady we düzümi;

3) kazyýet mejlisiniň kätibi;

4) seredilýän iş;

5) bildirilen haýyşlar;

6) bildirilen haýyşlar boýunça iş ýöredişe gatnaşyjylaryň pikirleri;

7) kazyýetiň kabul eden çözgütleri.

**369-njy madda. Kazyýet mejlisiniň tertibi**

1. Kazyýet mejlisi kazyýetiň işiniň kadalylygyny we iş ýöredişe gatnaşyjylaryň howpsuzlygyny üpjün edýän şertlerde geçýär. Kazyýet mejlisi sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly geçirilip bilner, bu barada kesgitnama (karar) çykarylýar.

2. Kazylaryň kazyýet mejlishanasyna girip gelýän mahalynda kazyýet mejlisiniň kätibi: “Kazyýet gelýär, ýeriňizden turmagyňyzy haýyş edýärin” diýip yglan edýär. Kazyýet mejlishanasyndakylaryň ähli ýerinden turýar, şondan soň başlyklyk edijiniň rugsady bilen öz ýerlerinde oturýarlar.

3. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň hemmesi kazyýete ör turup ýüzlenýärler, görkezmeleri berýärler we haýyşlary bildirýärler. Bu düzgünlerden çykmak diňe

başlyklyk edijiniň ygtyýar bermegi bilen mümkindir.

4. Kazyýet seljerişine gatnaşyjylaryň hemmesi, şonuň bilen birlikde kazyýet mejlishanasynda oturan ähli adamlar başlyklyk edijiniň kazyýet mejlisiniň tertibini berjaý etmek hakyndaky buýruklaryna tabyn bolmalydyrlar.

5. Eger tarap ýa-da şaýat bolmasalar, on alty ýaşyna ýetmedik adamlar kazyýet mejlishanasyna goýberilmeýär. Zerur halatlarda kazyýet raýatyň ýaşyny tassyklaýan resminamany talap etmäge haklydyr. Kazyýet mejlishanasyna serhoş haldaky adamlar hem goýberilmeýär.

6. Höküm yglan edilen wagtynda döwlet aýyplaýjysynyň we adwokatyň bolmagy hökmandyr.

7. Kazyýet mejlishanasynda surata düşürmek, ses, wideo ýazgylaryny etmek we kino surata düşürmek diňe başlyklyk edijiniň ygtyýar bermegi bilen mümkindir.

*(2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda).*

**370-nji madda. Kazyýet mejlisinde tertibi üpjün etmek üçin ulanylýan çäreler**

1. Kazyýet mejlisinde tertip bozulan mahalynda, başlyklyk edijiniň buýruklaryna iş ýöredişe gatnaşyjynyň tabyn bolmadyk halatynda, başlyklyk ediji kazyýet mejlisiniň tertibini bozujynyň (döwlet aýyplaýjysyndan we adwokatdan başgalaryň) kazyýet mejlishanasyndan çykaryljakdygy ýa-da administratiw temmisiniň ulanyljakdygy barada duýduryş berýär. Administratiw temmisi kazyýetde işi seredilýän barada ulanylyp bilinmez.

2. Eger kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasyndan çykarylan bolsa, onda höküm onuň gatnaşmagynda yglan edilmelidir ýa-da yglan edilenden soň haýal etmän ondan dil haty almak bilen oňa mälim edilmelidir.

3. Iş ýöredişe gatnaşyjynyň kazyýet mejlishanasyndan çykarylmagy ýa-da oňa administratiw temmisiniň ulanylmagy hakynda kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

4. Iş ýöredişe gatnaşyjy bolmadyk kazyýet mejlishanasynda oturan adamlar tarapyndan tertip bozulan halatynda, olar başlyklyk edijiniň dilden buýrugy esasynda kazyýet mejlishanasyndan çykarylýarlar. Şeýle hem kazyýet Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygyna laýyklykda, olar barada administratiw temmisini ulanyp biler.

5. Eger kazyýet mejlisiniň tertibini bozujynyň hereketlerinde beýleki administratiw hukuk bozulmasynyň ýa-da jenaýatyň alamatlary bar bolan mahalynda, kazy ýa-da kazyýet degişli tertipde administratiw hukuk bozulmalary barada ýa-da jenaýat işini gozgamak üçin maglumatlary prokurora iberýär.

6. Kazyýet mejlishanasynda jemgyýetçilik tertibi bozulan ýa-da kazyny ýa-da kazyýeti äsgermezlik etmek äşgär bolan mahalynda, jenaýat işine seredýän kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen günäkär adam administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygynda göz öňünde tutulan temmi çärelerine sezewar edilip bilner.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**371-nji madda. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasyny düzmek**

1. Kazyýet seljerişiniň dowamynda kazyýet mejlisiniň kätibi kazyýet mejlisiniň teswirnamasyny ýöredýär.

2. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy elde ýazylyp, ýazuw esbaplary ýa-da kompýuter usullary bilen düzülip bilner. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň dolulygyny üpjün etmek üçin stenografiýa ulanylyp bilner.

3. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda şu Kodeksiň 121-nji maddasynda göz öňünde tutulan maglumatlar görkezilmelidir. Olardan başga-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda, kazyýeti äsgermezlik etmek bolan bolsa, oňa şaýatlyk edýän ýagdaýlar hem-de tertip bozujynyň şahsyýeti we kazynyň ýa-da kazyýetiň ol barada gören çäreleri görkezilmelidir.

4. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasy kazyýet mejlisi tamamlanandan soň bäş gije-gündizden, has çylşyrymly işler boýunça on gije-gündizden gijä goýulman taýýarlanylyp, başlyklyk edijiniň we kätibiň gollary bilen tassyklanmalydyr. Kazyýet mejlisiniň dowamynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bölekme-bölek taýýarlanyp bilner we bölekleriň her biri bütewi mejlis teswirnamasy ýaly başlyklyk edijiniň we kazyýet mejlisiniň kätibiniň gollary bilen tassyklanmalydyr.

5. Başlyklyk edijiniň we kazyýet mejlisiniň kätibiniň arasynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda edilen ýazgylaryň dogrudygy barada ylalaşmazlyklar ýüze çykanda, kätip mejlis teswirnamasynyň ýanyna öz garşylyklaryny ýazmaça görnüşde, kazyýet mejlisiniň dowamynda edilen ýazgylar bilen bilelikde goşmaga haklydyr.

6. Kazyýet seljerişiniň dowamynda kino surata düşürmek, wideo we ses ýazgylary ulanylyp bilner, olar baradaky maglumatlar kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşulyp möhürlenýär we onuň bilen bile saklanylýar. Görkezilen tehniki serişdeleriň ulanylandygy barada kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilýär.

7. Başlyklyk ediji kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň taýýardygy barada onuň bilen tanyşmaga isleg bildiren we oňa bellikler getirmäge ygtyýarly adamlara habar bermäge we olara kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmak mümkinçiligini döretmäge borçludyr.

8. Kazyýet seljerişinde sorag edilen adam kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda beýan edilen öz görkezmeleri bilen tanyşdyrylmagy hakynda haýyş etmäge haklydyr. Şeýle mümkinçilik haýyş bildirilen gününiň ertesinden gijä goýulman berilmelidir.

**372-nji madda. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna bellikleri getirmegiň we olara seretmegiň tertibi**

Kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna bellikleri getirmegiň we olara seretmegiň tertibi şu Kodeksiň 122-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Iş boýunça başlyklyk ediji şol maddada agzalan möhleti taraplaryň haýyşy boýunça on

gije-gündize çenli uzaldyp biler.

## 40-njy bap. Kazyýet seljerişiniň taýýarlyk bölegi

### 373-nji madda. Kazyýet seljerişini açmak

Başlyklyk ediji bellenen wagtda kazyýet mejlisini açýar we haýsy jenaýat işine serediljekdigini yglan edýär, şeýle hem işiň kazyýetiň açyk ýa-da ýapyk mejlisinde seljeriljekdigi hakynda habar berýär.

### 374-nji madda. Kazyýet seljerişine çagyrylan adamlaryň gelmeklerini barlamak

Kazyýet mejlisiniň kätibi kazyýet mejlisine gatnaşmaly adamlaryň gelendigi hakynda kazyýete habar berýär hem-de ýok adamlaryň gelmändikleriniň sebäplerini aýdýar.

### 375-nji madda. Terjimeçä hukuklaryny we borçlaryny düşündirmek

1. Başlyklyk ediji terjimeçi bolup kimiň gatnaşýandygyny habar berýär we oňa şu Kodeksiň 100-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär.
2. Başlyklyk ediji terjimeçä görnetin nädogry terjime üçin jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi hakynda duýdurýar, bu hakda terjimeçiden kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşulýan dil haty alynýar. Şeýle hem terjimeçi öz borçlaryny ýerine ýetirmekden boýun gaçyran halatynda, oňa kanunda göz öňünde tutulan tertipde administratiw temmisiniň ulanylyp bilinjekdigi hakynda duýdurylýar.
*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda)*.

### 376-njy madda. Terjimeçä ynanmazlyk bildirmek meselesini çözmek

1. Başlyklyk ediji kazyýetde işi seredilýäne, adwokata, döwlet aýyplaýjysyna, jebir çekene, raýat hak isleýjisine we raýat jogap berijisine olaryň terjimeçä bolan ynanmazlyk bildirmek hukugyny we terjimeçiniň çetleşdirilmegine getirýän kanunda göz öňünde tutulan esaslary düşündirýär.
2. Bildirilen ynanmazlygy kazyýet şu Kodeksiň 106-njy maddasynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça çözýär. Eger terjimeçä bolan ynanmazlyk bildirmek kanagatlandyrylan bolsa, onda kazyýet başga terjimeçini çagyrýar.

### 377-nji madda. Kazyýet mejlishanasyndan şaýatlary çykarmak

Özlerinden sorag edilip başlanmazdan öň gelen şaýatlar kazyýet mejlishanasyndan çykarylýar. Başlyklyk ediji sorag edilmedik şaýatlaryň sorag edilen şaýatlar bilen, şeýle hem kazyýet mejlishanasyndaky beýleki adamlar bilen

aragatnaşykda bolmazlyklary hem-de gepleşmezlikleri üçin çäre görýär.

**378-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýetini, aýyplaw netijenamasynyň göçürilen nusgasynyň oňa öz wagtynda gowşurylandygyny anyklamak**

Başlyklyk ediji kazyýetde işi seredilýäniň şahsyýetini anyklanda onuň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, doglan ýylyny, aýyny, gününi we ýerini, milletini, kazyýet önümçiliginiň alnyp barylýan dilini bilýändigini, raýatlygyny, öň iş kesilendigini we haýsy esaslara görä jeza çekmekden boşadylandygyny, ýaşaýan ýerini, jenaýat edipdir diýlen mahaly nirede we kim bolup işländigini, bilimini, maşgala ýagdaýyny, harby borçlulygyny, döwlet sylaglary bilen sylaglanylandygyny we onuň şahsyýetine degişli başga maglumatlary aýdyňlaşdyrýar. Soň başlyklyk ediji aýyplaw netijenamasynyň, aýyplawy üýtgetmek hakyndaky kesgitnamanyň göçürilen nusgalarynyň kazyýetde işi seredilýäne gowşurylandygyny we takyk haçan gowşurylandygyny aýdyňlaşdyrýar. Şunda aýyplaw netijenamasynyň, aýyplawy üýtgetmek hakyndaky kesgitnamanyň göçürilen nusgalarynyň gowşurylan gününden üç gije-gündiz geçmezden öň kazyýet seljerişi başlanyp bilinmez (muňa kazyýetde işi seredilýäniň razylygy bolan halaty degişli däldir).

*(2019-njy ýylyň 30-njy noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2019 ý., № 4, 89-njy madda).*

**379-njy madda. Kazyýetiň düzümini we işe beýleki gatnaşyjylary yglan etmek**

Başlyklyk ediji kazyýetiň düzümini yglan edýär hem-de döwlet aýyplaýjysynyň, adwokatyň, jebir çekeniň, raýat hak isleýjisiniň, raýat jogap berijisiniň we olaryň wekilleriniň, şeýle hem kazyýet mejlisiniň kätibiniň, bilermeniň, hünärmeniň kimdigini habar berýär.

**380-nji madda. Ynanmazlyk bildirmegiň çözüliş tertibi**

1. Başlyklyk ediji taraplara olaryň kazyýetiň düzümine, şeýle-de kaza ýa-da kazyýetiň oturdaşlarynyň birine, şeýle hem şu Kodeksiň 379-njy maddasynda görkezilen adamlara şu Kodeksiň 103-105-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça ynanmazlyk bildirmäge bolan hukuga eýediklerini düşündirýär. Bu düzgünler ätiýaçdaky oturdaş barada hem ulanylýar.

2. Bildirilen ynanmazlygy kazyýet şu Kodeksiň 103-106-njy maddalarynda göz öňünde tutulan tertipde çözýär.

**381-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäne hukuklaryny düşündirmek**

Başlyklyk ediji kazyýetde işi seredilýäne şu Kodeksiň 354-nji maddasynda göz öňünde tutulan kazyýet mejlisindäki hukuklaryny düşündirýär.

**382-nji madda. Jebir çekene, raýat hak isleýjisine we raýat jogap berijisine hukuklaryny düşündirmek**

Başlyklyk ediji jebir çekene, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine we olaryň wekillerine şu Kodeksiň 86-89-njy maddalarynda göz öňünde tutulan kazyýet seljerişindäki hukuklaryny düşündirýär. Mundan başga-da, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 113-nji maddasynda, 131-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan jenaýaty ilkinji gezek amala aşyran adamlar baradaky işler boýunça jebir çekene, oňa ýetirlen zyýan düzedilen bolsa onuň kazyýetde işi seredilýän bilen ýaraşmaga hukugynyň bardygy düşündirilýär.

*(2014-nji ýylyň 3-nji maýyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2014 ý., № 2, 78-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**383-nji madda. Bilermene onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmek**

1. Başlyklyk ediji bilermene onuň şu Kodeksiň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär hem-de görnetin ýalan netijenama üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 220-nji maddasy boýunça jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi barada duýdurýar, bu hakda bilermenden kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşulýan dil haty alynýar.

2. Kazyýet seljerişiniň dowamynda bilermen kazyýet mejlishanasynda bolmalydyr. Işiň ýagdaýlary boýunça bilermeniň kazyýet mejlishanasynda belli birwagtyň dowamynda bolmagy zerur bolmadyk halatynda, kazyýet bilermeniň haýyşy boýunça iş ýöredişe gatnaşyjylaryň we döwlet aýyplaýjysynyň pikirini diňläp, bilermeni kazyýet mejlishanasynda şol wagtyň dowamynda bolmakdan boşadyp biler.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**384-nji madda. Hünärmene onuň hukuklaryny we borçlaryny düşündirmek**

Başlyklyk ediji hünärmene şu Kodeksiň 98-nji maddasynda göz öňünde tutulan hukuklaryny we borçlaryny düşündirýär hem-de öz borçlaryny ýerine ýetirmekden ýüz döndermegi ýa-da boýun gaçyrmagy üçin jogapkärçilik çekýändigini oňa duýdurýar.

**385-nji madda. Haýyşlary bildirmek we çözmek**

1. Başlyklyk ediji täze şaýatlary, bilermenleri we hünärmenleri çagyrmak hakynda hem-de maddy subutnamalary, resminamalary talap edip almak hakynda taraplaryň haýyşlarynyň we başga haýyşlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny olardan anyklaýar. Haýyş bildiren adam goşmaça subutnamalaryň haýsy ýagdaýlaryň anyklanmagy üçin zerurdygyny görkezmäge borçludyr.

2. Şeýle hem başlyklyk ediji taraplardan subutnama hökmünde ulanyp bolmajak maglumatlaryň seljerişden aýrylmagy hakynda haýyşlaryň bardygyny ýa-da

ýokdugyny aýdyňlaşdyrmaga borçludyr.

3. Başlyklyk ediji iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň pikirini diňläp, bildirilen haýyşlaryň her birine seredip, ony kanagatlandyrmalydyr ýa-da haýyşy kanagatlandyrman galdyrmak hakynda delillendirilen karar ýa-da kesgitnama çykarmalydyr.

4. Hünärmen ýa-da şaýat hökmünde kazyýete taraplaryň teklibi boýunça gelen adamlary kazyýet mejlisinde sorag etmek hakyndaky haýyşy kazyýet şu maddanyň 3-nji bölegine laýyklykda çözýär.

5. Haýyşy kazyýet tarapyndan kanagatlandyrylman galdyrylan adam soňra şol haýyşy ýene-de bildirmäge haklydyr.

6. Bildirilen haýyşlar haýal etmän çözülmäge degişlidir.

7. Haýyşyň bildirilendigine ýa-da bildirilmändigine garamazdan, kazy ýa-da kazyýet öz başlangyjy boýunça täze şaýatlary çagyrmak, bilermenler seljermesini bellemek, resminamalary we başga subutnamalary talap edip almak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarmaga haklydyr.

**386-njy madda. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň kimdir biriniň ýokdugynda işi diňlemegiň mümkinligi hakyndaky meseläni çözmek**

1. Iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýsy-da bolsa biriniň, şeýle hem kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýadyň, bilermeniň ýa-da hünärmeniň kazyýete gelmedik mahalynda, kazy ýa-da kazyýet işi seljermegiň mümkinçiligi hakynda taraplaryň pikirini diňleýär we seljerişiň gaýra goýulmagy ýa-da onuň dowam edilmegi hakynda hem-de gelmedik adamlaryň çagyrylmagy ýa-da mejbury getirilmegi hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarýar.

2. Kazyýet seljerişini gaýra goýmak hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarylanda kazyýet gelen şaýatlary, bilermeni, hünärmeni, jebir çekeni, raýat hak isleýjisini, raýat jogap berijisini ýa-da olaryň wekillerini sorag edip biler. Eger seljerişi gaýra goýulan iş kazyýetiň öňki düzüminde ýa-da şol bir kazy we oturdaşlar tarapyndan seredilýän bolsa, görkezilen adamlary kazyýet mejlisine diňe zerur halatlarda ikinji gezek çagyrmaga ýol berilýär.

3. Seljerilmegi gaýra goýulmagy zerur bolan iş boýunça kazyýet mejlisi ýapylmanka kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamalydyr. Şeýle haýyşlar bildirilse, kazyýet olary çözmelidir.

## 41-nji bap. Kazyýet derňewi

**387-nji madda. Kazyýet derňewini başlamak**

1. Kazyýet derňewi döwlet aýyplaýjysynyň kazyýetde işi seredilýäne bildirilen aýybyň düýp manysyny yglan etmegi bilen başlanýar.

2. Kazyýetiň serenjam mejlisinde aýyplaw üýtgedilen mahalynda kazyýet mejlisiniň kätibi kazyýetiň aýyplawy üýtgetmek hakyndaky kesgitnamasyny yglan edýär.

### 388-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň garaýşyny aýdyňlaşdyrmak

1. Başlyklyk ediji kazyýetde işi seredilýäne bildirilen aýybyň düşnüklidigi barada ondan soraýar we onuň düýp manysyny düşündirýär, şeýle hem kazyýetde işi seredilýäniň bildirilen aýyba bolan öz garaýşyny kazyýete habar bermäge isleginiň bardygyny ondan aýdyňlaşdyrýar.

2. Başlyklyk ediji kazyýetde işi seredilýänden, onuň özüne bildirilen raýat hak islegini (doly, bölekleýin) ykrar edýändigini ýa-da ykrar etmeýändigini soraýar. Eger kazyýetde işi seredilýän sowala jogap berýän bolsa, onda ol jogabyny delillendirmäge haklydyr. Kazyýetde işi seredilýäniň dymmaklygy, onuň raýat hak islegini ykrar etmeýändigi hökmünde teswirlenilýär.

3. Taraplar kazyýetde işi seredilýäne onuň garaýşynyň takyklanmagyna gönükdirilen sowallary bermäge haklydyrlar.

### 389-njy madda. Subutnamalary barlamagyň yzygiderliligi

1. Kazyýet derňewinde subutnamalar şu aşakdaky tertipde barlanylýar:

1) aýyplaw tarapyndan: döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken we onuň wekili, raýat hak isleýjisi we onuň wekili tarapyndan getirilýän subutnamalar;

2) aklaw tarapyndan: kazyýetde işi seredilýän, onuň adwokaty, kazyýetde işi seredilýäniň kanuny wekili, raýat jogap berijisi we onuň wekili tarapyndan getirilen subutnamalar;

3) kazyýetiň başlangyjy boýunça talap edilip alnan subutnamalar.

2. Ilki aýyplaw tarapynyň, soň aklaw tarapynyň getiren subutnamalary barlanylýar. Aýyplaw tarapy we aklaw tarapy şu maddanyň birinji böleginde görkezilen yzygiderliligi berjaý etmek bilen subutnamalary getirýärler. Aýyplaw tarapynda ýa-da aklaw tarapynda işe gatnaşýan adamyň getirýän subutnamalaryny barlamagyň yzygiderliligini subutnamalary getirýän adam kesgitleýär.

3. Taraplaryň pikirini diňländen soň kazyýetiň başlangyjy boýunça talap edilip alnan subutnamalary barlamagyň tertibini kazyýet kesgitleýär.

4. Aýyplaw tarapynyň getiren subutnamalaryny barlamaga aklaw tarapy gatnaşýar, soň olary kazyýet barlaýar; aklaw tarapynyň getiren subutnamalaryny barlamaga aýyplaw tarapy gatnaşýar, soň olary kazyýet barlaýar.

5. Kazyýetiň başlangyjy boýunça talap edilip alnan subutnamalary ilki aýyplaw tarapy, soň aklaw tarapy barlaýar. Subutnamalaryň her birini kazyýet soňunda barlaýar.

6. Sorag etmek ikitaraplaýyn (döwlet aýyplaýjysy we adwokat tarapyndan) geçirilen halatynda, soňky bolup sowallar bermek mümkinçiligi sorag edilýäni çagyrmak hakynda teklip eden adama berilýär.

### 390-njy madda. Kazyýetde işi seredilýäni sorag etmek

1. Kazyýetde işi seredilýäni sorag etmezden öň, başlyklyk ediji oňa bildirilen aýyp babatda we işiň oňa mälim bolan başga ýagdaýlary hakynda görkezme bermäge ýa-da bermezlige haklydygyny, şeýle hem kazyýetde işi seredilýäniň hemme

aýdanlarynyň onuň özüniň garşysyna ulanylyp bilinjekdigini düşündirýär.

2. Kazyýetde işi seredilýän görkezme bermäge razy bolanda, ony ilkinji bolup adwokat we aklaw tarapyndan iş ýöredişe gatnaşyjylar, soň döwlet aýyplaýjysy we aýyplaw tarapyndan iş ýöredişe gatnaşyjylar sorag edýärler. Başlyklyk ediji ugrukdyryjy soraglary we iş bilen bagly bolmadyk soraglary aýyrýar.

3. Kazyýetde işi seredilýäni taraplar sorag edenden soň, kazyýet oňa sorag berip biler, emma takyklaşdyryjy sowallar sorag etmegiň islendik pursadynda berlip bilner.

4. Kazyýetde işi seredilýäni beýleki kazyýetde işi seredilýäniň ýoklugynda, taraplaryň haýyşy ýa-da kazynyň ýa-da kazyýetiň başlangyjy boýunça sorag etmäge ýol berilýär, bu hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarylýar. Şeýle ýagdaýda kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasyna gaýdyp gelenden soň, oňa özüniň ýoklugynda berlen, kazyýet mejlisiniň teswirnamasyna girizilen görkezmeler okalyp berilýär hem-de onuň ýoklugynda sorag edilen kazyýetde işi seredilýäne sowal bermek mümkinçiligi berilýär.

**391-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň görkezmelerini yglan etmek**

1. Kazyýetde işi seredilýäniň iş boýunça anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň dowamynda beren görkezmeleriniň yglan edilmegine, şeýle hem sorag etmegiň teswirnamasynyň ýanyna goşulan ses we wideoýazgylarynyň gaýtalanylyp görkezilmegine we diňlenilmegine ýol berilýän halatlar:

1) kazyýetde işi seredilýän kazyýetde görkezme bermekden ýüz dönderse;

2) işe kazyýetde işi seredilýäniň ýoklugynda seredilýän bolsa;

3) kazyýetde işi seredilýäniň kazyýet seljerişinde we anyklaýşyň ýa-da deslapky derňewiň dowamynda beren görkezmeleriniň arasynda düýpli gapma-garşylyklar bar bolsa.

2. Degişli sorag etmegiň teswirnamasyndaky ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasyndaky görkezmeleriň ilki yglan edilmezinden öň ses we wideoýazgylarynyň gaýtalanyp diňlenilmegine we görkezilmegine ýol berilmeýär. Ses we wideoýazgylarynyň gaýtalanyp diňledilendigi we görkezilendigi hakynda kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edilýär.

**392-nji madda. Jebir çekeni sorag etmek**

1. Jebir çeken şu Kodeksiň 393-nji we $393^1$-nji maddalarynda göz öňünde tutulan, şaýatlary sorag etmegiň düzgünleri boýunça sorag edilýär.

2. Jebir çeken başlyklyk edijiniň ygtyýar bermegi bilen kazyýet derňewiniň islendik pursadynda görkezme bermäge haklydyr.

*(2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda).*

**393-nji madda. Şaýatlary sorag etmek**

1. Şaýatlar ýeke-ýekelikde we heniz sorag edilmedik şaýatlaryň ýokdugynda sorag edilýärler.

2. Sorag etmezden öň kazy ýa-da başlyklyk ediji şaýadyň şahsyýetini anyklaýar, onuň kazyýetde işi seredilýäne we iş ýöredişe başga gatnaşyjylara gatnaşygyny aýdyňlaşdyrýar, iş boýunça dogry görkezmeleri bermek baradaky raýatlyk borjuny düşündirýär, şeýle hem görkezme bermekden ýüz dönderse we görnetin ýalan görkezme berse, jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigini duýdurýar. Şeýle hem şaýada, onuň özüniň we ýakyn garyndaşlarynyň garşysyna görkezme bermekden ýüz döndermäge hukugynyň bardygy düşündirilýär. Kanun boýunça görkezme bermek borjundan boşadylan adamlar görkezme bermäge isleg bildirenlerinde, görnetin ýalan görkezme berseler, jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdikleri olara düşündirilýär. Şaýatdan oňa borçlarynyň we jogapkärçiliginiň düşündirilendigi hakynda dil haty alynýar we kazyýet mejlisiniň teswirnamasynyň ýanyna goşulýar.

3. Döwlet aýyplaýjysy, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri, kazyýetde işi seredilýän we onuň adwokaty şaýady sorag edýärler. Soraglary ilkinji bolup şaýady çagyrmagy haýyş eden tarap berýär. Taraplar sorag edip bolandan soň, şaýada soraglary kazy, kazyýetiň oturdaşlary berýärler.

4. Şaýat kazyýetde görkezme beren wagtynda öz görkezmeleri ýatda saklamasy kyn haýsydyr bir san maglumatlaryna we başga maglumatlara degişli bolan halatynda, ýazmaça bellikleri ulanmaga haklydyr. Ýazmaça bellikler kazyýetiň talaby boýunça kazyýete görkezilmelidir.

5. Beren görkezmelerine dahylly özünde bar bolan resminamalary okamaga şaýada rugsat berilýär; şol resminamalar kazyýete we kazyýet seljerişine gatnaşyjylara görkezilýär hem-de kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy boýunça işe goşulyp bilner.

6. Sorag edilen şaýatlar kazyýet mejlishanasynda galýarlar we ondan kazyýet derňewi tamamlanýança kazyýetiň rugsady ýa-da taraplaryň razylygy bolmasa çykyp gidip bilmezler.

7. Şu Kodeksiň 109-njy maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda, şaýadyň we onuň ýakyn garyndaşlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, kazyýet ony sorag etmegi iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň görüp bilmeýän şertlerinde, şaýadyň şahsyýeti hakyndaky maglumatlary yglan etmezden geçirmäge haklydyr. Bu hakda karar ýa-da kesgitnama çykarylýar.

**393$^{1}$-nji madda. Sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly şaýady sorag etmegiň aýratynlyklary**

1. Kazyýetlerde sanly wideoaragatnaşygy amala aşyrmak üçin tehniki mümkinçilikler bolanda hem-de zerurlyk ýüze çykan halatynda, işe seredýän kazyýet şaýady sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag etmek hakynda kesgitnama (karar) çykaryp biler.

Şaýadyň sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly sorag edilmegi diňe kazyýetiň jaýynda geçirilmelidir.

2. Işe seredýän kazyýet kesgitnamanyň (kararyň) nusgasyny sanly wideoaragatnaşyk ulgamy arkaly şaýadyň bolýan ýeri boýunça geçirilmeli kazyýet mejlisini guramak üçin degişli kazyýete haýal etmän iberýär.

3. Şaýady sorag etmek şu Kodeksiň 393-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

4. Şaýady sorag etmek başlamazyndan öň, işe seredýän kazyýetiň kazyýet mejlisinde başlyklyk edijiniň tabşyrmagy boýunça şaýadyň bolýan ýeri boýunça kazyýetiň kazysy şaýadyň şahsyýetini anyklaýar. Şaýadyň bolýan ýeri boýunça kazyýetiň kazysy şu Kodeksiň 92-nji we 94-nji maddalarynda göz öňünde tutulan şaýadyň hukuklarynyň, borçlarynyň we jogapkärçiliginiň oňa düşündirilendigi baradaky dil hatyny hem-de şaýat tarapyndan berlen resminamalary jenaýat işine seredýän kazyýete iberýär.

*Kodekse 393[1]-nji maddasy 2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda goşulan Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda.*

## 394-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeni, şaýady sorag etmek

1. Ýaşy on dörde çenli bolan jebir çekeni, şaýady sorag etmek mugallymyň hökman gatnaşmagynda, ýaşy on dörtden on alta çenli bolan jebir çekeni, şaýady sorag etmäge bolsa, kazyýetiň garaýşy boýunça mugallymyň gatnaşmagynda geçirilýär, ähli zerur halatlarda bolsa kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň ata-enesi ýa-da başga kanuny wekilleri çagyrylmalydyr. Agzalan adamlar, başlyklyk edijiniň ygtyýar bermegi bilen jebir çekene we şaýada sowal berip bilerler.

2. On alty ýaşyna ýetmedik jebir çekeni, şaýady sorag etmezden ozal, başlyklyk ediji oňa dogry we doly görkezmeleriň iş üçin ähmiýetini düşündirýär. Görkezme bermekden ýüz döndermekleri we görnetin ýalan görkezme bermekleri üçin jenaýat jogapkärçiligi hakynda agzalan adamlar duýdurylmaýar hem-de olardan dil haty alynmaýar.

3. Taraplaryň haýyşy boýunça ýa-da kazyýetiň başlangyjy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeni we şaýady sorag etmek kazyýetde işi seredilýäniň ýoklugynda geçirilip bilner, bu hakda kazyýet kesgitnama çykarýar. Kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasyna gaýdyp gelenden soň, oňa kämillik ýaşyna ýetmedik jebir çekeniň, şaýadyň görkezmeleri yglan edilýär, olara sowal bermäge we olaryň görkezmeleri bilen baglylykda görkezme bermäge mümkinçilik berilýär.

4. On sekiz ýaşyna ýetmedik jebir çeken, şaýat sorag edilenden soň, kazyýetiň olaryň galmagyny zerur hasap eden halatlaryndan başga halatlarda, kazyýet mejlishanasyndan çykarylýarlar.

## 395-nji madda. Jebir çekeniň we şaýadyň görkezmelerini yglan etmek

1. Kazyýet seljerişinde jebir çekeniň we şaýadyň anyklaýşyň we deslapky derňewiň dowamynda ýa-da öňki kazyýet seljerişinde beren görkezmeleriniň yglan edilmegine, şeýle hem ses, wideoýazgylarynyň gaýtalanyp diňlenmegine we görkezilmegine taraplaryň haýyşy boýunça aşakdaky halatlarda ýol berilýär:

1) şol görkezmeler bilen kazyýetde berlen görkezmeleriň arasynda düýpli gapma-garşylyklar bar bolan mahalynda;

2) jebir çeken, şaýat kazyýet seljerişine gatnaşmadyk mahalynda;

3) jebir çeken, şaýat kazyýetde görkezme bermekden ýüz dönderen mahalynda.

2. Jebir çekeniň we şaýadyň görkezmeleriniň ses ýazgysynyň gaýtadan diňlenmegi, olary sorag etmegiň wideoýazgysynyň gaýtadan görkezilmegi we diňledilmegi şu Kodeksiň 391-nji maddasynyň ikinji böleginde bellenilen tertipde amala aşyrylyp bilner.

**396-njy madda. Kazyýet mejlisinde bilermenler seljermesini geçirmek**

1. Kazy ýa-da kazyýet taraplaryň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça bilermenler seljermesini belläp biler.

2. Bilermenler seljermesini deslapky derňew döwründe netijenama beren bilermen (bilermenler) ýa-da kazyýetiň bellän başga bilermeni (bilermenleri) geçirýär.

3. Kazyýetde bilermenler seljermesi şu Kodeksiň 33-njy babynda beýan edilen tertipde we şu maddanyň talaplaryny göz öňünde tutmak esasynda amala aşyrylýar.

4. Kazyýet mejlisinde bilermen, kazynyň ýa-da başlyklyk edijiniň ygtyýar bermegi boýunça bilermenler seljermesiniň närsesine degişli ýagdaýlaryň barlanylmagyna gatnaşmaga haklydyr: sorag edilýän adamlara sowal bermäge, jenaýat işiniň materiallary bilen tanyşmaga, seljermäniň närsesine degişli kazyýet hereketleriniň hemmesine gatnaşmaga.

5. Iş üçin ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlar aýdyňlaşdyrylandan soň, başlyklyk ediji taraplaryň bilermene sowallary ýazmaça görnüşde bermegini teklip edýär. Berlen sowallar yglan edilmelidir we olar boýunça iş ýöredişe gatnaşyjylaryň pikirleri diňlenilmelidir.

6. Taraplar seljerme barlagynyň obýekti hökmünde närseleri, resminamalary berip bilerler. Olary zerur däl diýip hasap etmek bilen, kazy karar, kazyýet bolsa delillendirilen kesgitnama çykarmalydyr.

7. Sowallara seredip we taraplaryň olar baradaky pikirlerini diňläp, kazy öz karary, kazyýet bolsa öz kesgitnamasy bilen işe dahyly bolmadyk ýa-da bilermeniň ygtyýarlylygyna girmeýän sowallary aýryp, täze sowallary düzýär.

8. Bilermen hökmünde bellenen adama bilermenler seljermesiniň bellenmegi hakyndaky kararyň ýa-da kesgitnamanyň göçürilen nusgasy gowşurylýar hem-de onuň şu Kodeksiň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan hukuklary we borçlary düşündirilýär. Kazyýet taraplaryň pikirlerini diňläp, kazyýet mejlisini barlagy geçirmek üçin zerur bolan wagta gaýra goýup biler.

9. Bilermen netijenamany ýazmaça görnüşde berýär we ony kazyýet mejlisinde yglan edýär, şondan soň ol şu Kodeksiň 397-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde sorag edilip bilner.

10. Kazyýet seljerişinde bilermenler seljermesi geçirilenden soň, şu Kodeksiň 302-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda, kazyýet goşmaça ýa-da gaýtadan bilermenler seljermesini bellemäge haklydyr.

11. Deslapky derňewiň dowamynda netijenama beren bilermen kazyýete çagyrylan halatynda, netijenama okalyp yglan edilenden soň, taraplar garşy bolmasa, kazyýet bilermenler seljermesini bellemezden bilermeni sorag etmek bilen çäklenip biler.

**397-nji madda. Bilermeni sorag etmek**

1. Bilermen diňe netijenama yglan edilenden soň, ony düşündirmek, takyklaşdyrmak we onuň üstüni ýetirmek üçin sorag edilip bilner.
2. Bilermeni ilki bilermenler seljermesini bellemegi haýyş eden tarap sorag edýär.
3. Eger bilermenler seljermesi taraplaryň ylalaşygy esasynda ýa-da jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň başlangyjy boýunça geçirilen bolsa, bilermeni ilki aýyplaw tarapy, soň aklaw tarapy sorag edýär.
4. Kazyýet sorag etmegiň islendik pursadynda bilermene sowal berip biler.

**398-nji madda. Goşmaça ýa-da gaýtadan bilermenler seljermesini geçirmek**

1. Bilermeniň netijenamasy ýeterlik aýdyň däl, doly däl diýlip hasap edilen ýa-da kazyýet şol netijenama bilen razylaşmadyk halatynda hem-de bilermenleriň arasynda ylalaşmazlyklar bolan halatynda, kazyýet öz başlangyjy boýunça ýa-da iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýsydyr biriniň haýyşy boýunça goşmaça ýa-da gaýtadan bilermenler seljermesini belläp biler.
2. Goşmaça ýa-da gaýtadan bilermenler seljermesi şu Kodeksiň 396-njy maddasynda bellenen düzgünler boýunça geçirilýär.

**399-njy madda. Maddy subutnamalary gözden geçirmek**

1. Derňewiň dowamynda işiň ýanyna goşulan we täze getirilen maddy subutnamalar kazyýet derňewiniň dowamynda kazyýet tarapyndan gözden geçirilmelidir we taraplara görkezilmelidir. Maddy subutnamalary gözden geçirmek taraplaryň haýyşy boýunça, şeýle-de kazyýetiň öz başlangyjy boýunça kazyýet derňewiniň islendik pursadynda geçirilýär. Maddy subutnamalar gözden geçirmek üçin şaýada, bilermene, hünärmene görkezilip bilner. Maddy subutnamalary gören adamlar, olary gözden geçirenlerinde ýüze çykarylan, iş üçin ähmiýetli ýagdaýlara kazyýetiň ünsüni çekmäge haklydyrlar.
2. Şu maddanyň birinji böleginde bellenen düzgünleri berjaý etmek bilen kazyýet subutnamalary olaryň ýerleşýän ýerinde gözden geçirip biler.

**400-nji madda. Derňew hereketleriniň teswirnamalaryny we beýleki resminamalary yglan etmek**

Gözden geçiriş, synany gözden geçirmek, öý döküş işini geçirmek, gerekli zatlary almak, emlägi gozgamasyz etmek, saklamak, tanamak üçin görkezmek, derňew synagy geçirilende we telefon gepleşikleri diňlenen wagty anyklanan ýagdaýlary we halatlary tassyklaýan derňew hereketleriniň teswirnamalary, şeýle hem iş üçin ähmiýeti bolan ýagdaýlary tassyklaýan ýa-da beýan edýän, işe goşulan ýa-da kazyýet mejlisinde berlen beýleki resminamalar doly ýa-da bölekleýin yglan edilmelidir. Kazyýet mejlisinde berlen resminamalar kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy bilen işe goşulyp bilner.

**401-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýadyň görkezmelerini, şeýle hem teswirnamalary we beýleki resminamalary yglan etmegiň tertibi**

Şu Kodeksiň 391-nji, 395-nji, 400-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda kazyýetde işi seredilýäniň, jebir çekeniň, şaýadyň görkezmeleri, şeýle hem derňew hereketleriniň teswirnamalary we beýleki resminamalar kazyýet tarapyndan yglan edilýär.

**402-nji madda. Ýeri we jaýy gözden geçirmek**

1. Kazyýet taraplaryň, zerur halatynda bolsa şaýatlaryň, bilermeniň, hünärmeniň hem gatnaşmagynda ýeri we jaýy gözden geçirýär.

2. Başlyklyk ediji gözden geçirilmeli ýere gelnenden soň, kazyýet mejlisiniň dowam etdirilýändigini yglan edýär we kazyýet gözden geçirişe girişýär. Şunda kazyýetde işi seredilýäne, jebir çekene, şaýatlara, bilermene we hünärmene gözden geçirişe dahylly sowallar berlip bilner.

3. Iş ýöredişe gatnaşyjylar, bilermenler we şaýatlar gözden geçirişiň dowamynda işiň ýagdaýlarynyň aýdyňlaşdyrylmagyna ýardam edip biljek zatlaryň ählisine kazyýetiň ünsüni çekip bilerler.

**403-nji madda. Tanamak üçin görkezmek, synany gözden geçirmek, görkezmeleri ýerinde barlamak we takyklamak, kazyýet synagyny geçirmek, bilermenler seljermesiniň barlagy üçin nusgalary almak**

1. Tanamak üçin görkezmek, synany gözden geçirmek, görkezmeleri ýerinde barlamak we takyklamak, kazyýet synagyny geçirmek, bilermenler seljermesiniň barlagy üçin nusgalary almak kazynyň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy esasynda şu Kodeksiň 265, 267, 285, 286-njy maddalarynda we 34-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünleri berjaý etmek bilen taraplaryň gatnaşmagynda kazyýet seljerişinde geçirilýär.

2. Işiň ýagdaýlary boýunça zerur bolan halatynda tanamak üçin görkezmek, synany gözden geçirmek, kazyýet synagyny geçirmek, bilermenler seljermesiniň barlagy üçin nusgalary almak kazyýetiň ýapyk mejlisinde geçirilip bilner.

3. Synasy gözden geçirilýän adam ýalaňaçlanmaly bolsa, gözden geçiriş aýratyn otagda lukman ýa-da beýleki hünärmen tarapyndan amala aşyrylýar, soň synany gözden geçiriş namasy düzülýär we oňa gol çekilýär. Synany gözden geçirişiň namasy kazyýet mejlisinde yglan edilýär we işe goşulýar.

**404-nji madda. Subutnamalaryň barlanmagyny çäklendirmek**

1. Döwlet aýyplaýjysy aýyplawyň subutnamalaryny barlamagy şeýle haýyş gozgalan pursadyna çenli seredilen subutnamalar bilen çäklendirmek hakynda haýyş bildirmäge haklydyr. Kazyýet taraplaryň pikirlerini diňläp, bu haýyşy

kanagatlandyryp biler.

2. Aklaw tarapy kazyýetde işi seredilýäniň, adwokatyň, kazyýetde işi seredilýäniň kanuny wekiliniň, raýat jogap berijisiniň we onuň wekiliniň haýyşlary boýunça getirilen we işe goşulan subutnamalary barlamakdan ýüz döndermäge haklydyr. Şeýle ýüz dönderme kazyýet üçin hökmanydyr.

### 405-nji madda. Kazyýet derňewiniň tamamlanmagy

1. Subutnamalary barlamak tamamlanandan soň başlyklyk ediji:

1) taraplara olaryň kazyýetde çykyp geplemelerinde, kazyýetiň bolsa kazyýet çözgüdini çykaranda diňe kazyýet derňewinde barlanan subutnamalara salgylanmaga haklydyklaryny, kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertibinde bolsa, anyklaýyş we deslapky derňew geçirilende alnan we degişliligine hem-de ýolbererliklidigine taraplaryň garşy çykmadyk subutnamalaryna salgylanmaga haklydyklaryny düşündirýär;

2) taraplardan olaryň kazyýet derňewiniň üstüni ýetirmek hem-de hut näme bilen ýetirmek isleýändiklerini soraýar.

2. Kazyýet derňewiniň üstüni ýetirmek hakynda haýyşlar bildirilen halatynda, kazyýet şol haýyşlary ara alyp maslahatlaşýar we çözýär.

3. Haýyşlar çözülenden soň we zerur kazyýet hereketleri ýerine ýetirilenden soň, şeýle hem kazyýet derňewiniň üstüni ýetirmek hakynda haýyşlar bildirilmedik ýa-da kazyýet tarapyndan delillendirilip, ol haýyşlary kanagatlandyrmakdan ýüz dönderilen mahalynda, başlyklyk ediji kazyýet derňewini tamamlandy diýip yglan edýär.

### 406-njy madda. Kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertibi

1. Uly bolmadyk agyr jenaýatlar hakyndaky işler boýunça kazyýet derňewini gysgaldylan tertipde geçirmek mümkindir.

2. Kazy ýa-da kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylaryň pikirlerini diňläp, aşakdaky halatlarda işlere gysgaldylan tertipde seredip biler:

1) eger kazyýetde işi seredilýän günäsini, şol sanda özüne bildirilen hak islegleri doly boýun alsa;

2) iş ýöredişe gatnaşyjylar iş boýunça toplanan subutnamalaryň degişliligine we ýolbererliklidigine garşy çykmasalar we olaryň kazyýet mejlisinde barlanmagyny talap etmeýän bolsalar;

3) iş ýöredişe gatnaşyjylaryň şu Kodeksde göz öňünde tutulan hukuklaryny goraýan düzgünleriň bozulmagyna ýol berilmedik bolsa.

3. Iş boýunça kazyýet derňewiniň gysgaldylan tertibi kazyýetde işi seredilýäni we jebir çekeni sorag etmekden ybaratdyr. Kazyýetde çykyp geplemeler we işe seretmegiň tamamlanmagy şu Kodeksde göz öňünde tutulan düzgünler boýunça amala aşyrylýar.

4. Eger kazyýetde işi seredilýäni ýa-da jebir çekeni sorag etmegiň dowamynda kazyýet mejlisinde barlanmagyny talap edýän ýagdaýlar ýüze çykarylsa, kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykaryp, şu Kodeksde göz öňünde tutulan düzgünler boýunça kazyýet derňewini doly möçberde geçirýär.

## 42-nji bap. Kazyýetde çykyp geplemeler we kazyýetde işi seredilýäniň ahyrky sözi

### 407-nji madda. Kazyýetde çykyp geplemeleriň mazmuny we tertibi

1. Kazyýet derňewi tamamlanandan soň, başlyklyk ediji kazyýetiň kazyýetde çykyp geplemeleri diňlemäge geçýändigini yglan edýär.

2. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyja onuň haýyşy boýunça kazyýetde çykyp geplemäge taýýarlanmak üçin wagt berilýär, şonuň üçin başlyklyk ediji kazyýet mejlisinde arakesme yglan edýär.

3. Kazyýetde çykyp geplemeler döwlet aýyplaýjysynyň, jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň, raýat hak isleýjisiniň we raýat jogap berijisiniň ýa-da olaryň wekilleriniň, işe döwlet aýyplaýjysy gatnaşan halatynda, adwokatyň, adwokatyň ýoklugynda kazyýetde işi seredilýäniň sözlän sözlerinden ybaratdyr. Çykyp geplemeleriň yzygiderliligi iş ýöredişe gatnaşyjylaryň teklipleri boýunça kazyýet tarapyndan bellenýär, emma ähli halatlarda ilkinji bolup döwlet aýyplaýjysy çykyp gepleýär.

4. Eger döwlet aýyplawyny birnäçe döwlet aýyplaýjylary goldaýan bolsa, işe birnäçe jebir çekenler, adwokatlar, raýat jogap berijileri we olaryň wekilleri, raýat hak isleýjileri we olaryň wekilleri, kazyýetde işi seredilýänleriň birnäçesi gatnaşýan bolsa, onda başlyklyk ediji olara çykyp geplemeleriniň yzygiderliligini özara ylalaşmak üçin wagt berýär. Zerur mahalynda onuň üçin kazyýet mejlisinde arakesme yglan edilip bilner. Eger agzalan adamlar kazyýetde çykyp geplemeleriň yzygiderliligi barada özara ylalaşyga gelmeseler, onda kazyýet olaryň pikirlerini diňläp, çykyp geplemeleriň yzygiderliligi hakynda kesgitnama çykarýar.

5. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara salgylanmaga haky ýokdur. Kazyýete täze subutnamalary getirmek zerurlygy ýüze çyksa, onda olar kazyýet derňewiniň täzeden başlanmagyny haýyş edip bilerler.

6. Kazyýet çykyp geplemeleriň dowamlylygyny belli bir wagt bilen çäklendirip bilmez, emma başlyklyk ediji seredilýän işe dahylly bolmadyk ýagdaýlara salgylanýan ýa-da kazyýet mejlisinde barlanmadyk subutnamalara esaslanyp kazyýetde çykyş edýän çykyp geplemelere gatnaşyjylary duruzmaga we bellik etmäge haklydyr.

7. Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylaryň hemmesi sözläp gutarandan soň, olaryň hersi ýene bir gezek replikalar bilen çykyş edip bilerler. Ähli halatlarda ahyrky replikany etmek hukugy kazyýetde işi seredilýäne we onuň adwokatyna degişlidir.

### 408-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň ahyrky sözi

1. Başlyklyk ediji kazyýetde çykyp geplemeler tamamlanandan soň, kazyýetde işi seredilýäne ahyrky sözüni berýär. Ahyrky sözüň dowamynda kazyýetde işi seredilýäne hiç hili sowal berilmegine ýol berilmeýär.

2. Kazyýetde işi seredilýäniň ahyrky sözüni kazyýet belli bir wagt bilen

çäklendirip bilmez. Başlyklyk ediji kazyýetde işi seredilýän işe dahyly bolmadyk ýagdaýlara salgylanan ýa-da masgaralaýjy sözler aýdan mahalynda ony duruzmaga we bellik etmäge haklydyr.

### 409-njy madda. Kazyýet derňewiniň täzeden başlanmagy

Kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşyjylar ýa-da kazyýetde işi seredilýän ahyrky sözünde iş üçin ähmiýetli täze ýagdaýlar hakynda habar berseler, kazyýet taraplaryň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça kazyýet derňewini täzeden başlaýar. Täzeden başlanan kazyýet derňewi tamamlanandan soň, kazyýet täzeden çykyp geplemeleri açýar we kazyýetde işi seredilýäne ahyrky sözüni berýär.

### 410-njy madda. Kazyýetiň maslahat otagyna gitmegi

1. Kazyýetde işi seredilýäniň ahyrky sözüni diňläp, kazy ýa-da kazyýet höküm (kesgitnama, karar) çykarmak üçin maslahat otagyna gidýär, başlyklyk ediji muny kazyýet mejlishanasyndakylara yglan edýär.
2. Hökümiň (kesgitnamanyň, kararyň) okalyp yglan ediljek wagty iş ýöredişe gatnaşyjylara kazyýetiň maslahat otagyna gitmezinden öň yglan edilip bilner.

## 43-nji bap. Höküm çykarmak

### 411-nji madda. Hökümi Türkmenistanyň adyndan çykarmak

Türkmenistanda kazyýetler hökümleri Türkmenistanyň adyndan çykarýarlar.

### 412-nji madda. Hökümiň kanunylygy, esaslylygy we adalatlylygy

1. Kazyýetiň hökümi kanuny, esasly we adalatly bolmalydyr.
2. Kanunyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen we kanuna esaslanyp çykarylan höküm kanuny höküm diýlip bilinýär.
3. Kazyýete getirilen subutnamalaryň kazyýet mejlisinde hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlanmagy esasynda çykarylan höküm esasly höküm diýlip bilinýär.
4. Eger bellenilen jeza jenaýatyň agyrlygyna we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelýän bolsa, onda höküm adalatly diýlip bilinýär.

### 413-nji madda. Kazylaryň maslahatynyň ýaşyrynlygy

1. Kazyýet hökümi maslahat otagynda çykarýar. Höküm çykarylýan wagty maslahat otagynda diňe işe seredýän kazy ýa-da şu iş boýunça kazyýetiň düzümine girýän kazy we kazyýetiň oturdaşlary bolup biler. Özge adamlaryň, şol sanda kazyýetiň ätiýaçdaky oturdaşynyň hem şol ýerde bolmagyna ýol berilmeýär.
2. Iş wagtynyň tamamlanmagy bilen, şeýle hem iş gününiň dowamynda kazyýet maslahat otagyndan çykmak bilen dynç almak üçin arakesme etmäge haklydyr.
3. Höküm (kesgitnama, karar) ara alnyp maslahatlaşylan we çykarylan wagtynda

aýdylan pikirleri aýan etmäge kazynyň we kazyýetiň oturdaşlarynyň haky ýokdur.

**414-nji madda. Höküm çykaranda kazyýetiň çözýän meseleleri**

1. Kazy ýa-da kazyýet höküm çykaranda maslahat otagynda şu aşakdaky meseleleri çözýär:

1) kazyýetde işi seredilýäne ýöňkelýän etmişiň bolandygy subut edilenmi;

2) şol etmiş jenaýatmy we ol jenaýat kanunynyň haýsy maddasynda, böleginde, bendinde göz öňünde tutulan;

3) şol etmişi kazyýetde işi seredilýäniň edendigi subut edilenmi;

4) kazyýetde işi seredilýän şol jenaýaty etmekde günäkärmi;

5) kazyýetde işi seredilýäniň jogapkärçiligini ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlar barmy we olar anyk haýsy ýagdaýlar;

6) kazyýetde işi seredilýän eden jenaýaty üçin jeza çäresi berilmäge degişlimi;

7) kazyýetde işi seredilýän barada nähili jeza çäresi bellenilmeli;

8) jezadan boşatmak bilen höküm çykarmaga esaslar barmy;

9) azatlykdan mahrum edilmäge iş kesilen düzediş ýa-da terbiýeleýiş edaralarynyň haýsy görnüşinde we haýsy düzgünlisinde jezany çekmeli;

10) raýat hak islegi kanagatlandyrylmaga degişlimi, degişli bolsa kimiň haýryna we nähili möçberde kanagatlandyrylmaly, şeýle hem raýat hak islegi bildirilmedik halatynda, emläge ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmalymy;

11) jenaýatly etmişden jebir çeken raýatlaryň ýatymlaýyn bejerilmegine harçlanan serişdeler tölenilmäge degişlimi;

12) raýat hak islegini ýa-da mümkin boljak emlägi muzdsuz almagy üpjün etmek üçin gozgamasyz edilen emlägi näme etmeli;

13) maddy subutnamalary näme etmeli;

14) iş ýörediş harajatlary kimiň üstüne we haýsy möçberde ýüklenilmäge degişli;

15) kazyýet işi seredilýäni harby, ýörite ýa-da beýleki atlardan, derejeden, diplomatik we hünär derejelerinden, döwlet sylaglaryndan mahrum etmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentine teklipnama bilen çykmalymy;

16) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 96-njy maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagy hakynda;

17) jenaýat etmäge ýardam eden sebäpleriň we şertleriň bardygy hakynda;

18) kazyýetde işi seredilýän barada ätiýaçsyzlandyryş çäresi hakyndaky mesele.

2. Kazyýetde işi seredilýän birnäçe jenaýatlary etmekde aýyplanýan bolsa, kazyýet şu maddanyň birinji böleginiň 1-7-nji bentlerinde görkezilen meseleleri her jenaýat boýunça aýratynlykda çözýär.

3. Eger birnäçe jenaýaty etmekde kazyýetde işi seredilýän aýyplanýan bolsa, onda kazyýet şu maddanyň birinji böleginde görkezilen meseleleriň hemmesini, her kimiň ýerine ýetiren işini we edilen etmişe gatnaşan derejesini kesgitläp, her bir kazyýetde işi seredilýän barada aýratynlykda çözýär.

4. Şu maddanyň birinji böleginde sanalyp geçilen meseleleri çözenden soň, kazyýet aşakdaky goşmaça meseleleri çözmäge geçýär:

1) iş kesileniň, zerur halatynda bolsa jebir çekeniň hem ata-enesiz galan kämillik

ýaşyna ýetmedik çagalaryny, şeýle hem kesekiniň seretmegine mätäç bolan idegsiz galan garry ata-enesini, eklenjindäki başga adamlary ýerleşdirmek hakynda;

2) iş kesileniň, zerur halatynda bolsa jebir çekeniň hem emlägini goramak hakynda;

3) hususy karar ýa-da kesgitnama çykarmagyň zerurlygy hakynda.

**415-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäniň akylynyň düzüwligi hakyndaky meseläni çözmek**

1. Deslapky derňewiň ýa-da kazyýet seljerişiniň dowamynda kazyýetde işi seredilýäniň akyl taýdan saglygy hakynda mesele ýüze çykan bolsa, onda kazyýet şol meseläni ýene bir gezek maslahat otagynda ara alyp maslahatlaşmaga borçludyr.

2. Kazyýetde işi seredilýän etmişi akyly düzüw däl ýagdaýda edipdir ýa-da jenaýaty edenden soň, öz hereketleriniň (hereketsizliginiň) hakyky häsiýetine we jemgyýetçilik howplulygyna akyl ýetirmek ýa-da olara erk etmek mümkinçiliginden mahrum edýän dälilik keseli bilen keselläpdir diýip ykrar edip, şu Kodeksiň 51-nji babynda görkezilen tertipde kazy ýa-da kazyýet işi seredilýän barada degişli karar ýa-da kesgitnama çykarýar.

**416-njy madda. Kazylaryň maslahat etmeginiň we işe geňeşli seredilende çözgütleri kabul etmeginiň tertibi**

1. Işe geňeşli seredilende höküm çykarylmazdan ozal kazy we kazyýetiň oturdaşlary maslahatlaşýarlar. Başlyklyk ediji kazylaryň çözmegine meseleleri şu Kodeksiň 414-nji maddasynda görkezilen yzygiderlilikde we şonda kesgitlenilişi ýaly tertipde goýýar.

2. Her bir mesele çözülen mahaly kazynyň we kazyýetiň oturdaşlarynyň hiç biriniň, şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda, ses bermekden saklanmaga haky ýokdur. Ähli meseleler sesleriň köplügi bilen çözülýär. Başlyklyk ediji öz sesini iň soňundan berýär.

3. Kazyýetde işi seredilýäniň aklanmagyna ses berip, azlyk bolup galan kazynyň (oturdaşyň) jenaýat kanunyny ulanmak meseleleri boýunça ses bermekden saklanmaga haky bardyr. Beýleki kazylaryň (oturdaşlaryň) jenaýaty maddalaşdyrmak ýa-da jeza çäresi barada pikirleri deň gelmese, aklamak üçin berlen ses, uly bolmadyk agyr jenaýaty göz öňünde tutýan kanun boýunça maddalaşdyrmak hem-de has ýeňil jezany bellemek üçin berlen sese goşulýar.

4. Azlyk bolup galan kazy (oturdaş) öz aýratyn pikirini maslahat otagynda ýazmaça beýan etmäge haklydyr. Aýratyn pikir başlyklyk edijä gowşurylýar. Aýratyn pikir bilen şu jenaýat işine degişli basgançakda seredilen mahalynda ikinji ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýet tanyşmaga haklydyr. Iş ýöredişe gatnaşyjylara kazynyň (oturdaşyň) aýratyn pikiri hakynda aýdylmaýar, ol kazyýet mejlishanasynda yglan edilmeýär, emma işiň ýanyna goşulýar. Aýratyn pikir berlen iş ikinji basgançakly kazyýetde şikaýat ýa-da teklipnama esasynda seredilmedik bolsa, höküm kanuny güýje girenden soň, şol iş aýratyn pikir bilen bilelikde ýokarky kazyýetiň başlygyna barlamak üçin iberilýär.

**417-nji madda. Hökümleriň görnüşleri**

Kazynyň ýa-da kazyýetiň hökümi aýyplaw ýa-da aklaw görnüşli bolup biler.

**418-nji madda. Aýyplaw hökümi**

1. Aýyplaw hökümi kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmekde günäli bilinmegi hakyndaky kazynyň ýa-da kazyýetiň çözgüdini öz içine alýar.

2. Aýyplaw hökümi çykarylanda:

1) iş kesileniň çekmeli jezasy bellenilýär;

2) jenaýat jezasy bellenilip, ony çekmekden boşadylýar;

3) jenaýat jezasy bellenilmeýär;

4) jenaýat jezasy şertleýin bellenilýär.

3. Aýyplaw hökümi çaklamalara esaslandyrylyp bilinmez, ol diňe kazyýet tarapyndan barlanan subutnamalaryň toplumy bilen kazyýet seljerişiniň dowamynda kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmekdäki günäsi tassyk bolan mahalynda çykarylýar.

4. Iş kesilene çekmeli jezasyny bellemek bilen aýyplaw hökümini çykaran mahalynda kazyýet jezanyň görnüşini, möçberini, düzgünini we ony çekmegiň möhletiniň hasaplanyp başlanmaly wagtyny takyk kesgitlemelidir.

5. Kazyýet hökümiň çykarylmaly pursadyna çenli:

1) adamy jenaýat jogapkärçiligine çekmegiň wagt möhleti geçen bolsa;

2) kazyýetde işi seredilýäni bellenen jezadan boşadýan günä geçme namasy kabul edilen bolsa;

3) kazyýetde işi seredilýäniň şu iş boýunça tussaglykda saklanan wagty Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 65-nji maddasynda göz öňünde tutulan deslapky tussaglykda oturan wagtynyň hasap ediş düzgünleri nazara alnyp, kazyýetiň bellän jezasyny öz içine alýan bolsa, jezany bellemek we ondan boşatmak bilen aýyplaw hökümini çykarýar.

6. Kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 67-nji maddasynda göz öňünde tutulan halatlarda jenaýat jezasyny şertleýin bellemek bilen aýyplaw hökümini çykarýar.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**419-njy madda. Aklaw hökümi**

1. Kazyýet aklaw hökümi bilen kazyýetde işi seredilýäniň jenaýat jogapkärçiligine çekilen aýyplawy boýunça onuň jenaýaty etmekde bigünädigini ykrar edýär we yglan edýär.

2. Aklaw hökümi aşakdaky halatlarda çykarylýar:

1) jenaýatyň wakasy ýok bolsa;

2) kazyýetde işi seredilýäniň etmişinde jenaýatyň düzümi ýok bolsa;

3) kazyýetde işi seredilýän jenaýaty etmäge dahylsyz bolsa.

3. Sanalyp geçilen esaslaryň islendigi boýunça aklamak kazyýetiň kazyýetde işi seredilýäniň bigünädigini ykrar etmegini aňladýar we onuň bozulan hukuklarynyň doly dikeldilmegine eltýär.

4. Eger aklaw hökümi çykarylan mahalynda jenaýaty eden adam näbelli bolup galsa, höküm kanuny güýje girenden soň, kazyýet başga adam barada jenaýat yzarlaýşynyň zerurlygy hakyndaky meseläni çözmek üçin jenaýat işini prokurora iberýär.

**420-nji madda. Kazyýet derňewini täzeden başlamak ýa-da jenaýat işini goşmaça derňew geçirmek üçin ibermek**

1. Eger kazyýet maslahat otagynda şu Kodeksiň 414-nji maddasynda görkezilen meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda, iş üçin ähmiýetli takyk ýagdaýlaryň aýdyňlaşdyrylmagyny zerur hasap etse, onda ol höküm çykarman, kazyýet derňewini täzeden başlaýar. Bu hakda kazy karar, kazyýet bolsa kesgitnama çykarýar.

2. Kazyýet derňewi tamamlanandan soň, kazyýet täzeden kazyýetde çykyp geplemeleri açýar we kazyýetde işi seredilýäniň ahyrky sözüni diňleýär.

3. Maslahatyň dowamynda kazyýet ýa-da kazy işiň goşmaça derňew geçirmek üçin iberilmegini zerur hasaplan halatynda, olar bu barada delillendirilen kesgitnama ýa-da karar çykarýar.

**421-nji madda. Hökümi düzmek**

1. Şu Kodeksiň 414-nji maddasynda göz öňünde tutulan meseleleri çözenden soň, kazy ýa-da kazyýet hökümi düzmäge geçýär.

2. Höküm kazyýet önümçiliginiň ýöredilýän dilinde beýan edilýär.

3. Höküm giriş, beýan ediş-delillendiriş we karara gelinýän böleklerden ybaratdyr.

4. Höküm, ony çykarýan kazynyň ýa-da çykarmaga gatnaşýan kazynyň ýa-da kazyýetiň oturdaşlarynyň biri tarapyndan elde ýazylyp, ýazuw esbaplary ulanylyp ýa-da kompýuter usuly bilen taýýarlanylyp bilner we oňa kazy we kazyýetiň oturdaşlary gol çekmelidirler. Aýratyn pikirde galan kazy we kazyýetiň oturdaşy hem hüküme goluny çekýär.

5. Hökümde edilen düzedişler ýazylyp bellenmelidir we şol belliklere höküm yglan edilmezden öň maslahat otagynda kazy we kazyýetiň oturdaşlary gol çekmelidirler.

6. Höküm yglan edilenden soň, oňa üýtgetmeler girizmäge ýol berilmeýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**422-nji madda. Hökümiň giriş bölegi**

Hökümiň giriş böleginde şu aşakdakylar görkezilýär:

1) hökümiň Türkmenistanyň adyndan çykarylandygy;

2) hökümiň çykarylan wagty we ýeri; kazynyň we kazyýetiň oturdaşlarynyň

maslahaty birnäçe günläp dowam eden halatynda, hökümiň yglan edilen güni onuň çykarylan wagty diýlip bilinýär;

3) hökümi çykaran kazyýetiň ady, kazyýetiň düzümi, kazyýet mejlisiniň kätibi, iş ýöredişe gatnaşyjylar, olaryň wekilleri, terjimeçi;

4) kazyýetde işi seredilýäniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, aýy, güni we ýeri, milleti, kazyýet önümçiliginiň alnyp barylýan dilini bilýändigi, raýatlygy, öň iş kesilendigi we haýsy esaslara görä jeza çekmekden boşadylandygy, ýaşaýan ýeri, jenaýat edipdir diýlen mahaly nirede we kim bolup işländigi, bilimi, maşgala ýagdaýy, harby borçlulygy, döwlet sylaglary bilen sylaglanylandygy we onuň şahsyýetine degişli iş üçin ähmiýeti bolan başga maglumatlar;

5) kazyýetde işi seredilýän haýsy jenaýaty etmekde aýyplanýan bolsa, şol jenaýaty göz öňünde tutýan jenaýat kanunynyň maddasy, bölegi, bendi.

### 423-nji madda. Aýyplaw hökümininiň beýan ediş-delillendiriş bölegi

1. Aýyplaw hökümininiň beýan ediş-delillendiriş bölegi kazyýet tarapyndan subut boldy diýlip ykrar edilen jenaýatly etmişiň suratlandyrylmasyny öz içine almalydyr, onda jenaýatyň edilen ýeri, wagty, nähili usul bilen edilendigi, günäniň görnüşi, jenaýatyň delilleri we ýetiren zyýanlary görkezilmelidir. Hökümde kazyýetiň kazyýetde işi seredilýän baradaky netijeleriniň esaslanýan subutnamalary hem-de kazyýetiň beýleki subutnamalary ret etmegine sebäp bolan deliller getirilmelidir. Jogapkärçiligi ýeňilleşdirýän ýa-da agyrlaşdyrýan ýagdaýlar, aýyplaw bölekleýin esassyz diýlip ykrar edilen ýa-da jenaýatyň maddalaşdyrylyşynyň nädogrudygy ýüze çykarylan halatynda aýyplawyň üýtgemeginiň esaslary we delilleri görkezilýär.

2. Şeýle hem hökümiň şu böleginde kazyýet jenaýat jezasynyň bellenilmegine, ondan ýa-da ony hakykat ýüzünde çekmekden boşadylmagyna, beýleki täsir ediş çäreleriniň ulanylmagyna degişli meseleleriň hemmesiniň çözgüdiniň dellilerini görkezmelidir.

3. Beýan ediş-delillendiriş böleginde şu Kodeksiň 414-nji maddasynda görkezilen başga meseleler boýunça hem kabul edilen çözgütleriň esaslandyrylyşy bolmalydyr.

### 424-nji madda. Aýyplaw hökümininiň karara gelinýän bölegi

1. Aýyplaw hökümininiň karara gelinýän böleginde şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) kazyýetde işi seredilýäniň familiýasy, ady we atasynyň ady;

2) kazyýetde işi seredilýäni jenaýaty etmekde günäli bilmek hakyndaky çözgüt;

3) kazyýetde işi seredilýäniň günäkär diýip hasap edilen jenaýat kanunynyň maddasy, bölegi, bendi;

4) subut boldy diýlip bilnen her bir jenaýaty üçin kazyýetde işi seredilýän barada bellenen jezanyň görnüşi we möçberi, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 62-nji, 63-nji maddalary esasynda çekilmeli gutarnykly jeza çäresi. Kazyýet jeza çäresi hökmünde azatlykdan mahrum etmegi bellän mahalynda, hökümde iş kesileniň jezany çekmeli düzediş edarasynyň görnüşini we düzgünini görkezýär;

5) şertleýin iş kesilen halatynda synag möhletiniň dowamlylygy we iş kesileniň üstüne ýüklenýän borçlar;

6) kazyýetde işi seredilýäni harby, ýörite ýa-da beýleki atdan, derejeden, diplomatik derejeden, hünär derejesinden, döwlet sylaglaryndan mahrum etmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentine teklipnama bilen çykmagyň çözülmegi;

7) kazyýetde işi seredilýän höküm çykarylmazyndan öň tutulyp saklanylan bolsa ýa-da ol barada tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa ýa ol lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilen bolsa, deslapky tussaglykda saklanan wagtyny hasaba almak hakyndaky çözgüt;

8) mejbury bejerişi ulanmak we iş kesileniň üstünden howandarlyk etmegi bellemegiň zerurlygy hakyndaky çözgüt;

9) höküm kanuny güýje girmezinden öň kazyýetde işi seredilýän baradaky ätiýaçsyzlandyryş çäresi hakyndaky çözgüt.

2. Eger kazyýetde işi seredilýäne jenaýat kanunynyň birnäçe maddalary (maddalaryň bölekleri, bentleri) boýunça aýyp bildirilen bolsa, onda hökümiň karara gelinýän böleginde kazyýetde işi seredilýäniň haýsy aýyplaw boýunça aklanandygy we haýsy aýyplaw boýunça günäli bilnendigi takyk görkezilmelidir.

3. Kazyýetde işi seredilýän jezany çekmekden boşadylyp, höküm çykarylan halatynda, kazyýet muny hökümiň karara gelinýän böleginde görkezýär.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

### 425-nji madda. Aklaw hökümininiň beýan ediş-delillendiriş bölegi

1. Aklaw hökümininiň beýan ediş-delillendiriş böleginde şu aşakdakylar görkezilýär:

1) bildirilen aýybyň düýp manysy;

2) işiň kazyýet tarapyndan anyklanan ýagdaýlary;

3) kazyýetde işi seredilýäniň jenaýaty etmekde günäkärdigi hakyndaky pikiriň esaslanan subutnamalaryny kazyýetiň nädogry ýa-da ýeterlik däl diýip hasaplamagynyň delilleri;

4) kazyýetde işi seredilýäni aklamak üçin esas bolan subutnamalar;

5) raýat hak islegi baradaky çözgüdiň delilleri.

2. Aklananyň bigünädigini şübhe astynda goýýan pikirleriň aklaw hökümine girizilmegine ýol berilmeýär.

### 426-njy madda. Aklaw hökümininiň karara gelinýän bölegi

Aklaw hökümininiň karara gelinýän böleginde şu aşakdakylar bolmalydyr:

1) kazyýetde işi seredilýäniň familiýasy, ady we atasynyň ady;

2) kazyýetde işi seredilýäni bigünä bilmek we ony aklamak hakynda çözgüt; aklamagyň esaslary;

3) eger ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan bolsa, ony ýatyrmak hakynda çözgüt;

4) eger emlägi muzdsuz almagy, şeýle hem ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy üpjün etmek boýunça çäreler görlen bolsa, şol çäreleri ýatyrmak hakyndaky çözgüt;

5) jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi bilen baglylykda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagynyň tertibiniň düşündirilmegi.

**427-nji madda. Hökümiň karara gelinýän böleginde çözülmäge degişli beýleki meseleler**

Aýyplaw hökümininiň hem, aklaw hökümininiň hem karara gelinýän böleginde şu Kodeksiň 424-nji we 426-njy maddalarynda sanalyp geçilen meselelerden başga-da, şu aşakdakylar bolmalydyr:

1) bildirilen raýat hak islegi boýunça çözgüt;

2) maddy subutnamalar hakyndaky meseläniň çözgüdi;

3) iş ýörediş harajatlarynyň bölünmegi hakynda çözgüt;

4) höküm barada nägilelik tertibinde şikaýat etmegiň ýa-da teklipnama getirmegiň tertibiniň we möhletiniň düşündirilmegi.

**428-nji madda. Aýyplaw hökümi çykarylan mahalynda raýat hak islegini çözmek**

1. Aýyplaw hökümi çykarylan mahalynda kazyýet raýat hak isleginiň esaslarynyň we möçberleriniň subut edilendigine baglylykda, bildirilen raýat hak islegini doly ýa-da bölekleýin kanagatlandyrýar ýa-da ony kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär.

2. Işi seljermegi gaýra goýman ýa-da goşmaça maglumatlary alman, raýat hak islegi boýunça jikme-jik hasaplaşyk geçirmek mümkin bolmadyk mahalynda, kazyýet aýyplaw hökümini çykaranda jebir çekeniň hak islegini kanagatlandyrmaga hukugynyň bardygyny ykrar edenden soň, hak isleýjä bu mesele boýunça raýat kazyýet önümçiligi tertibinde ýüz tutmaga hukugynyň bardygyny düşündirýär.

3. Eger aýyplaw hökümi çykarylan mahaly jenaýatly hereketler edilmekden ejir çeken raýatlaryň saglygyny ýatymlaýyn bejermek üçin sarp edilen serişdeleri töletmek hakynda karar kabul edilmedik bolsa, onda ol serişdeleriň töledilmegi babatynda jebir çekeniň raýat kazyýet önümçiligi tertibinde kazyýete ýüz tutmaga hukugynyň bardygy düşündirilýär.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 4, 89-njy madda).*

**429-njy madda. Aklaw hökümi çykarylan mahalynda raýat hak islegini çözmek**

Aklaw hökümi çykarylan mahalynda kazyýet:

1) eger jenaýatyň wakasy anyklanmadyk bolsa ýa-da kazyýetde işi seredilýän jenaýaty etmäge dahylsyz bolsa, onda raýat hak islegini kanagatlandyrmakdan ýüz dönderýär;

2) kazyýetde işi seredilýän jenaýatyň düzüminiň ýokdugy üçin aklanan halatynda, hak islegine seretmän galdyrýar.

### 430-njy madda. Raýat hak islegini üpjün etmek

1. Raýat hak islegi kanagatlandyrylan halatynda, kazyýet hökümiň kanuny güýje girmeginden öň, eger şol hak islegini üpjün etmek çäreleri ozal görülmedik bolsa, şol çäreleri görmek hakynda karar kabul etmäge haklydyr.
2. Eger raýat hak islegi bildirilmedik bolsa we jenaýat netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmadyk bolsa, kazyýet aýyplaw hökümi çykarylan mahalynda, hak islegini üpjün etmek çärelerini görmek hakynda karar kabul etmäge haklydyr, bu hakda kazyýet gyzyklanýan degişli adamlara ýa-da guramalara habar berýär.
3. Eger jebir çeken höküm kanuny güýje giren gününden başlap, alty aýyň içinde raýat kazyýet önümçiligi tertibinde hak islegini bildirmese, kazyýetiň raýat hak islegini üpjün etmek boýunça gören çäreleri güýjüni ýitirýär.

### 431-nji madda. Hökümi yglan etmek

1. Kazyýet hüküme gol çekilenden soň kazyýet mejlishanasyna gaýdyp gelýär we başlyklyk ediji ýa-da kazyýetiň oturdaşy hökümi yglan edýär. Kazyýet mejlishanasyndakylaryň hemmesi, şol sanda kazyýetiň düzümi hem hökümi ör turup diňleýärler.
2. Höküm iş kesileniň (aklananyň) düşünmeýän dilinde beýan edilen bolsa, höküm yglan edilmeginiň yz ýanynda hökümiň düýp manysy kazyýetde işi seredilýäniň ene dilinde ýa-da onuň düşünýän başga dilinde düşündirilmäge degişlidir.
3. Başlyklyk ediji iş kesilene (aklanana), iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylara hökümiň şikaýat edilmeginiň tertibini we möhletini, kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikleri getirmäge, şeýle hem işiň nägilelik tertibinde seredilmegine gatnaşmaga bolan hukuklaryny düşündirýär. Aklanana onuň bikanun saklanmagy, jenaýat jogapkärçilige çekilmegi, ol barada ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň bikanun ulanylmagy bilen baglylykda oňa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hukugy, şeýle hem şol hukugy amala aşyrmagyň tertibi düşündirilmelidir.
4. Taraplaryň garşylygy bolmasa, hökümiň diňe giriş we karara gelinýän bölekleri yglan edilip bilner.

### 432-nji madda. Kazyýetde işi seredilýäni tussaglykdan boşatmak

Kazyýetde işi seredilýäniň aklanmagy, onuň jezany çekmekden boşadylmagy bilen, şeýle hem oňa azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezanyň bellenmegi ýa-da azatlykdan mahrum etmäge şertli iş kesilmegi bilen aýyplaw hökümi çykarylan mahalynda ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň şu iş boýunça tussaglykda saklanan wagty kazyýetiň bellän jezasyny öz içine alýan bolsa, kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasynda haýal etmän tussaglykdan boşadylmalydyr.

### 433-nji madda. Hökümiň göçürilen nusgasyny gowşurmak

1. Höküm yglan edilenden soň bäş gije-gündizden gijä goýulman onuň göçürilen nusgasy iş kesilene, aklanana we işi kazyýete iberen prokurora gowşurylmalydyr. Adwokatdan, jebir çekenden, raýat hak isleýjisinden, raýat jogap berijisinden we olaryň wekillerinden kazyýete haýyşlar gelip gowşan bolsa, onda agzalan möhletde olara-da hökümiň göçürilen nusgasy gowşurylýar.

2. Eger höküm iş kesileniň (aklananyň) bilmeýän dilinde beýan edilen bolsa, hökümiň onuň ene diline ýa-da onuň bilýän başga bir diline ýazmaça edilen terjimesi oňa gowşurylmalydyr.

**434-nji madda. Kazyýetiň hususy kesgitnamasy (karary)**

1. Kazyýet ýeterlikli esaslar bar bolan mahalynda hususy kesgitnama (karar) çykaryp, onuň üsti bilen döwlet we beýleki edaralaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň ýa-da wezipeli adamlaryň kanunyň bozulmagynyň iş boýunça anyklanan hakyky ýagdaýlaryna, jenaýat edilmegine ýol açan hem-de degişli çäreler görülmegini talap edýän sebäplere we şertlere ünsüni çekýär.

2. Hususy kesgitnama (karar) anyklaýyş, deslapky derňew geçirilende ýa-da işe aşaky kazyýet tarapyndan seredilende raýatlaryň hukuklarynyň bozulandygy hem-de kanunyň beýleki bozulmalaryna ýol berlendigi kazyýet tarapyndan ýüze çykarylan mahalynda hem çykarylyp bilner.

3. Kazyýet özüniň hususy kesgitnamasy (karary) bilen aýry-aýry raýatlaryň önümçilikde ýa-da durmuşda özlerini nädogry alyp barýandygyna ýa-da olaryň jemgyýetçilik, raýatlyk ýa-da gulluk borjuny bozýandygyna jemgyýetçilik birleşikleriniň we zähmetkeşler toparlarynyň ünsüni çekmäge haklydyr.

4. Eger kazyýet zerur diýip hasap etse, kazyýet seljerişiniň maglumatlary boýunça başga halatlarda hem hususy kesgitnama (karar) çykarmaga haklydyr.

5. Kazyýet özüniň hususy kesgitnamasy (karary) bilen raýatyň öz jemgyýetçilik borjuny ýerine ýetiren mahalynda ýokary düşünjelilik, edermenlik görkezip, jenaýatyň öňüni almaga ýa-da üstüni açmaga ýardam edendigini degişli edaranyň, kärhananyň ýa-da guramanyň dykgatyna ýetirip biler.

6. Hususy kesgitnama (karar) boýunça bir aýdan gijä goýulman zerur çäreler görülmelidir hem-de onuň netijeleri hakynda hususy kesgitnama (karar) çykaran kazyýete habar berilmelidir.

7. Kazyýetiň hususy kesgitnamasynyň (kararynyň) seredilmän galdyrylandygy ýa-da onda görkezilen kanun bozulmalary aradan aýyrmak barada çäreler görülmändigi üçin wezipeli adamlar Türkmenistanyň administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde jogapkärçilige çekilýärler.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**435-nji madda. Hökümi çykarmak bilen birwagtda kazyýetiň çözýän meseleleri**

1. Azatlykdan mahrum etmäge iş kesileniň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary,

kesekiniň seretmegine mätäç bolan garry ata-enesi, eklenjindäki idegsiz galýan başga adamlary bar bolsa, aýyplaw hökümini çykarmak bilen birwagtda kazy ýa-da kazyýet agzalan adamlary garyndaşlarynyň ýa-da başga adamlaryň ýa edaralaryň hossarlygyna ýa-da howandarlygyna bermek, iş kesileniň gözegçiliksiz galýan emlägi ýa-da ýaşaýyş jaýy bar bolan halatynda, olary abat saklamagy üpjün etmek çärelerini görmek hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarýar.

2. Bellenen adwokat işe gatnaşan halatynda, höküm çykarmak bilen birwagtda kazy ýa-da kazyýet iş kesilene hukuk kömeginiň berlendigi üçin tölenmäge degişli hakyň möçberi hakynda karar ýa-da kesgitnama çykarýar.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen iş ýörediş çözgütleri gyzyklanýan adamlaryň arzasy boýunça höküm yglan edilenden soň hem kabul edilip bilner.

## Sekizinji bölüm
## Ikinji basgançakly kazyýetde önümçilik

### 44-nji bap. Kazyýetiň kanuny güýje girmedik çözgütlerine şikaýat etmek we teklipnama getirmek

**436-njy madda. Ikinji basgançakly kazyýete höküm barada şikaýat etmek, oňa teklipnama getirmek hukugy**

1. Şu bapda göz öňünde tutulan düzgünlere laýyklykda, kazyýetiň kanuny güýje girmedik hökümleri barada taraplar ikinji basgançakly kazyýete şikaýat edip ýa-da olara teklipnama getirip bilerler.

2. Höküm barada şikaýat etmek hukugy iş kesilene, aklanana, olaryň adwokatlaryna we kanuny wekillerine, jebir çekene we onuň wekiline degişlidir. Raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri hökümiň raýat hak islegine dahylly bölegi barada şikaýat etmäge haklydyrlar.

3. Teklipnama getirmek hukugy işiň seredilmegine gatnaşan döwlet aýyplaýjysyna ýa-da degişlilikde etrap, etrap hukukly şäher, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokuroryna we olaryň orunbasarlaryna, Türkmenistanyň Baş prokuroryna we onuň orunbasarlaryna degişlidir.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**437-nji madda. Kanuny güýje girmedik hökümlere getirilen şikaýatlara we teklipnamalara seredýän kazyýetler**

Kazynyň ýa-da kazyýetiň kanuny güýje girmedik hökümleri barada nägilelik tertibinde şikaýat edilip we teklipnama getirilip bilner:

1) etrap, etrap hukukly şäher kazyýetleriniň hökümleri barada - welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetine;

2) welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň çykaran hökümlerine - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine;

3) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň çykaran hökümlerine - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**438-nji madda. Hökümler barada şikaýat etmegiň we teklipnama getirmegiň tertibi**

1. Şikaýatlar we teklipnama hökümi çykaran kazyýetiň üsti bilen berilýär, ýöne şikaýatlaryň we teklipnamanyň bellenen möhletde gönüden-göni ikinji basgançakly kazyýete berilmegi şol şikaýata we teklipnama seretmäge päsgel bermeýär. Gönüden-göni ikinji basgançakly kazyýete gelip gowşan şikaýatlar we teklipnama şu Kodeksiň 441-nji maddasynda we 442-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan talaplary ýerine ýetirmek üçin hökümi çykaran kazyýete iberilmäge degişlidir.

2. Işe gaýtadan seredilen mahalynda çykarylan höküme umumy tertipde şikaýat edilip ýa-da teklipnama getirilip bilner.

3. Kazyýet seljerişini tamamlaýan höküm, karar ýa-da kesgitnama çykarylmazyndan öň, kazyýet mejlisinde şol iş boýunça çykarylan başga kararlar ýa-da kesgitnamalar barada şikaýat edilmegine we teklipnama getirilmegine ýol berilmeýär.

4. Iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek hakynda kazyýetiň serenjam mejlisiniň kesgitnamasy barada diňe kazyýetde işiň seljerilmegi başlanmazdan öň şikaýat edilýär we teklipnama getirilýär.

5. Nägilelik tertibinde teklipnama getiren döwlet aýyplaýjysy, degişli etrap we etrap hukukly şäher prokurory ýa-da ýokarky prokuror işe ikinji basgançakly kazyýetiň mejlisinde seredilip başlanmazyndan öň teklipnamany yzyna almaga haklydyr, nägilelik tertibinde şikaýat eden adam bolsa şikaýatyny yzyna almaga haklydyr.

**439-njy madda. Höküm barada şikaýat etmegiň, teklipnama getirmegiň möhletleri**

1. Birinji basgançakly kazyýetiň hökümi baradaky şikaýat we teklipnama hökümiň yglan edilen gününden başlap, on gije-gündiziň dowamynda berlip bilner, eger iş kesilen adam tussaglykda saklanýan bolsa, höküm barada şikaýat etmegiň möhleti oňa hökümiň göçürilen nusgasynyň gowşurylan gününden hasaplanýar.

2. Höküm barada şikaýat etmek üçin bellenen möhletiň dowamynda iş kazyýetden talap edilip alnyp bilinmez.

3. Möhleti geçirilip berlen şikaýat ýa-da teklipnama seredilmän galdyrylýar we şikaýat eden ýa-da teklipnama getiren adama gaýtarylyp berilýär.

4. Nägilelik tertibindäki goşmaça şikaýatlar we teklipnama hem-de bulara ýazmaça bildirilýän garşylyklar ikinji basgançakly kazyýete işe seretmeklik başlanmazdan öň berlip bilner.

**440-njy madda. Şikaýat etmegiň, teklipnama getirmegiň möhletini**

**dikeltmegiň tertibi**

1. Höküm barada şikaýat etmegiň ýa-da teklipnama getirmegiň möhleti esasly sebäplere görä geçirilen halatynda, nägilelik tertibinde şikaýat etmäge, teklipnama getirmäge hukukly adamlar geçirilen möhletiň dikeldilmegini höküm çykaran kazyýetden haýyş edip bilerler. Möhleti dikeltmek hakyndaky mesele höküm çykaran kazyýet tarapyndan serenjam mejlisinde çözülýär. Kazyýet haýyş bildiren adamy düşündiriş bermek üçin çagyrmaga haklydyr.

2. Geçirilen möhleti dikeltmekden ýüz döndermek hakynda kazyýetiň kesgitnamasy barada, geçirilen möhleti dikeltmäge we şikaýat, teklipnama boýunça şu Kodeksiň 441-nji maddasynda we 442-nji maddasynyň ikinji böleginde beýan edilen talaplary berjaý etmek bilen işe seretmäge hukukly ýokarky kazyýete şikaýat edilip, oňa teklipnama getirilip bilner.

**441-nji madda. Şikaýat edilendigi we teklipnama getirilendigi hakynda habar etmek**

1. Höküm çykaran kazyýet şikaýat edilendigi ýa-da teklipnama getirilendigi hakynda iş kesilene, aklanana, adwokata, döwlet aýyplaýjysyna, jebir çekene we onuň wekiline, şeýle hem raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine ýa-da olaryň wekillerine, olaryň haýsylarynyň bähbitleri aralýan bolsa, şol adamlara habar berýär. Şikaýatyň, teklipnamanyň göçürilen nusgasy agzalan adamlara ýazmaça görnüşde närazylyklaryny bermek mümkinçilikleri düşündirilip, olaryň getirilmeli möhletini görkezmek bilen iberilýär.

2. Şikaýat, teklipnama barada gelip gowşan närazylyklar işe goşulýar.

3. Şikaýatyň, teklipnamanyň ýa-da beýleki tarapyň şikaýata, teklipnama garşy beýan eden närazylygynyň esaslaryny tassyklamak üçin taraplar kazyýete täze maglumatlary getirmäge ýa-da kazyýete özleriniň görkezen şaýatlaryny we bilermenlerini çagyrmak hakynda haýyş etmäge haklydyrlar.

**442-nji madda. Şikaýat etmegiň we teklipnama getirmegiň netijeleri**

1. Şikaýat edilmegi we teklipnama getirilmegi hökümiň ýerine ýetirilmegini togtadýar.

2. Hökümi çykaran kazyýet oňa şikaýat etmek, teklipnama getirmek üçin bellenen möhlet geçenden soň üç günüň dowamynda işi gowşan şikaýatlar, teklipnamalar we närazylyklar bilen bilelikde taraplara işiň nägilelik tertibinde serediljek gününi habar bermek bilen ikinji basgançakly kazyýete iberýär.

3. Höküm barada şikaýat eden, teklipnama getiren adam, kazyýetiň mejlisi başlanmazdan öň öz şikaýatyny, teklipnamasyny üýtgetmäge ýa-da täze deliller bilen onuň üstüni ýetirmäge haklydyr. Şonuň bilen birlikde döwlet aýyplaýjysynyň teklipnamany üýtgetmek ýa-da üstüni ýetirmek hakyndaky goşmaça teklipnamasynda, şonuň ýaly-da jebir çekeniň, onuň kanuny wekiliniň şikaýat etmek we teklipnama getirmek möhleti geçenden soň getiren goşmaça şikaýatynda, ilkinji teklipnamada ýa-da şikaýatda şeýle talap bildirilmedik bolsa, iş kesileniň ýagdaýyny

ýaramazlaşdyrmak hakynda mesele goýulyp bilinmez.

**443-nji madda. Birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy we kazynyň karary barada şikaýat etmek, teklipnama getirmek**

1. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilenlerden başga ýagdaýlarda, birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyna we kazynyň kararyna şu Kodeksiň 436-njy maddasynda görkezilen adamlar tarapyndan hususy şikaýat, teklipnama getirilip bilner.

2. Kazyýet seljerişi dowamynda subutnamalary barlamagyň tertibine, iş ýöredişe gatnaşyjylaryň haýyşlaryna, ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň saýlanyp alynmagyna, üýtgedilmegine ýa-da ýatyrylmagyna, şeýle hem kazyýet mejlishanasynda düzgüniň berjaý edilmegine degişli kesgitnamalar we kararlar şu babyň düzgünleri boýunça şikaýat edilmäge, teklipnama getirilmäge degişli däldir, muňa pul tölegini almak ýa-da jerime salmak hakyndaky kesgitnama ýa-da karar girmeýär. Ýokarda görkezilen çözgütlere bildirilen närazylyklar höküm barada ikinji basgançakly kazyýete şikaýat edilen ýa-da teklipnama getirilen mahaly beýan edilip bilner.

3. Birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamalary we kazynyň kararlary barada edilen hususy teklipnama, şikaýat arz edilýän çözgüdiň çykarylan gününden başlap, on gije-gündiziň dowamynda ýokarky kazyýete berilýär we ikinji basgançakly kazyýetiň önümçilik düzgünleri boýunça seredilýär. Seretmegiň netijeleri boýunça şikaýaty, teklipnamany kanagatlandyrman galdyrmak ýa-da şikaýat edilýän çözgüdi ýatyrmak ýa-da ony üýtgetmek hakynda kesgitnama çykarylýar.

4. Höküm çykarylmagy bilen tamamlanan işiň kazyýetde seljerilýän wagtynda çykarylan kesgitnama ýa-da karar barada şikaýat edilen, teklipnama getirilen halatynda, iş höküm barada şikaýat etmek üçin bellenen möhlet diňe geçenden soň ýokarky kazyýete iberilýär. Şonuň bilen birlikde, höküm barada ikinji basgançakly kazyýete şikaýat edilen, teklipnama getirilen bolsa, hususy şikaýaty, teklipnamany barlamak işe ikinji basgançakly kazyýetiň önümçilik tertibinde seredýän kazyýet tarapyndan amala aşyrylýar.

5. Eger kesgitnamada ýa-da kararda bähbitleri aralýan bolsa, onda şu iş boýunça işe beýleki gatnaşyjylar hem kazyýetiň (kazynyň) kesgitnamasy (karary) barada şikaýat etmäge haklydyrlar.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky we 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**444-nji madda. Işe ikinji basgançakly kazyýetde seretmegiň çäkleri**

1. Işe ikinji basgançakda seredýän kazyýet, hökümiň diňe şikaýat edilen ýa-da teklipnama getirilen böleginiň hem-de şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň diňe bähbitleri aralýan iş kesilenler barada kanunylygyny, esaslylygyny, adalatlylygyny barlaýar.

2. Işe seredilen wagty bikanun hökümi çykarmaga ýardam eden, iş kesilenleriň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň bozulmalary ýüze çykarylan mahalynda, ikinji basgançakly kazyýet hökümiň şikaýat edilmedik, teklipnama getirilmedik bölegini

hem-de şikaýat, teklipnama getirilmedik adamlar barada hökümi sökmäge ýa-da üýtgetmäge haklydyr.

## 45-nji bap. Jenaýat işine ikinji basgançakly kazyýetde seretmek

### 445-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetde seredilmäge degişli närse

Kazyýet işe şikaýatlar we teklipnamalar boýunça sereden mahalynda hökümiň, kesgitnamanyň we kararyň kanunylygyny, esaslylygyny, adalatlylygyny işde bar bolan we goşmaça berlen maglumatlar esasynda barlaýar.

### 446-njy madda. Ikinji basgançakda şikaýatlar we teklipnamalar boýunça işlere seredýän kazyýetiň düzümi

Ikinji basgançakly kazyýetde şikaýatlar we teklipnamalar boýunça işlere üç sany kazydan ybarat düzümdäki kazyýet kollegiýasy tarapyndan seredilýär, şonda ol kazylaryň biri kazyýetde işiň seredilmegine başlyklyk edýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda)*.

### 447-nji madda. Işe ikinji basgançakly kazyýetde seretmegiň möhletleri

1. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleri şikaýat ýa-da teklipnama boýunça işlere onuň gowşan gününden beýläk on bäş gije-gündizden gijä goýman seretmelidirler. Iş aýratyn çylşyrymly häsiýete eýe bolanda ýa-da başga aýratyn halatlarda, degişli kazyýetiň başlygy öz karary bilen bu möhleti on gije-gündizden artyk bolmadyk möhlete uzaldyp biler.

2. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy şikaýat ýa-da teklipnama boýunça gowşan işe onuň gowşan gününden beýläk bir aýdan gijä goýman seretmelidir. Aýratyn halatlarda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy ýa-da onuň orunbasary özüniň karary bilen agzalan möhleti bir aýdan artyk bolmadyk möhlete uzaldyp biler.

3. Ikinji basgançakly kazyýetde işe seretmegiň möhleti uzaldylan mahalynda, iş ýöredişe gatnaşyjylara bu barada öz wagtynda habar berilmelidir.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2011-nji ýylyň 4-nji awgustyndaky we 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2011 ý., № 3, 56-njy madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

### 448-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýete getirilýän şikaýatlar we tekilpnamalar

1. Ikinji basgançakly kazyýete getirilýän şikaýatda ýa-da teklipnamada şu aşakdakylar bolmalydyr:

1) şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň iberilýän kazyýetiniň ady;

2) şikaýat eden ýa-da teklipnama getiren adam hakyndaky maglumatlar (onuň işe kim hökmünde gatnaşýandygy, ýaşaýan ýa-da bolýan ýeri);

3) şikaýat edilýän ýa-da teklipnama getirilýän höküm ýa-da başga çözgüt, ony çykaran kazyýetiň ady;

4) hökümiň ýa-da başga çözgüdiň nädogrudygynyň nämelerden ybaratdygy baradaky şikaýat eden ýa-da teklipnama getiren adamyň delilleri, onuň anyk haýyşy;

5) şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň ýanyna goşulýan maglumatlaryň sanawy;

6) şikaýat eden ýa-da teklipnama getiren adamyň goly.

2. Getirilen şikaýat ýa-da teklipnama şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplara laýyk gelmeýän bolsa, ol hem işiň seredilmegine päsgel berýän bolsa, şikaýat ýa-da teklipnama getirilen diýlip hasap edilýär, emma kazy olary täzeden düzmek üçin möhlet belläp yzyna gaýtarýar.

**449-njy madda. Nägilelik tertibinde işe seredilende gatnaşýan adamlar**

1. Nägilelik tertibinde işe seredýän kazyýetiň mejlisine prokuror gatnaşýar. Adwokat, şonuň ýaly-da jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi ýa-da olaryň wekilleri hem şol kazyýetiň mejlisine gatnaşmaga haklydyrlar.

2. Işiň nägilelik tertibinde kazyýet mejlisinde serediljek ýeri we wagty hakynda öz wagtynda habarly edilen adamlaryň gelmezligi işiň seredilmegine päsgel berip bilmez.

3. Işe nägilelik tertibinde seredýän kazyýet mejlisine iş kesileniň gatnaşmagy hakyndaky mesele şol kazyýet tarapyndan çözülýär. Kazyýet mejlisine gelen iş kesilen ýa-da aklanan ähli halatlarda düşündiriş bermek üçin mejlise goýberilýär.

4. Şu Kodeksiň 436-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda hööküme şikaýat etmäge hakly adamlar, şeýle hem höküm çykandan soň tabşyrygy kabul eden iş kesileniň (aklananyň) adwokaty ýa-da jebir çekeniň wekili hemme halatlarda ikinji basgançakly kazyýetiň mejlisine goýberilýärler. Haýyşlary boýunça getiren şikaýatlaryny ýa-da teklipnamany ýa şolar barada närazylyklaryny esaslandyryp çykyş etmek üçin olara söz berilýär.

**450-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň ygtyýarlygy**

1. Ikinji basgançakly kazyýete nägilelik tertibinde getirilen şikaýat ýa-da teklipnama bilen gowşan işe seredilen mahalynda taraplaryň haýyşy boýunça kazyýet (iş diňlenmäge taýýarlanylanda - kazy) şu aşakdakylarda haklydyr:

1) kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini bellemäge;

2) eger işde bar bolan maglumatlar boýunça geçirilmegi mümkin bolsa, başga bilermenler seljermesini bellemäge;

3) iş kesileniň saglyk ýagdaýy, maşgala ýagdaýy we onuň ozalky iş kesilenlik aýyplary bilen baglanyşykly resminamalary talap edip almaga.

2. Kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda şaýatlaryň (jebir çekenleriň) görkezmelerini beýan etmekde dürli teswirlemeleri bermegiň mümkinçiligini döredýän nätakyklyklar bolan mahalynda, kazyýet taraplaryň haýyşy boýunça şol şaýady (jebir çekeni) sorag etmäge haklydyr. Şeýle ýagdaýda iş kesileniň kazyýetiň

mejlisine gatnaşmagy hökmandyr. Şaýat (jebir çeken) şu Kodeksiň 393-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan tertipde görnetin ýalan görkezmeler bermegi we görkezme bermekden ýüz döndermegi üçin onuň jenaýat jogapkärçiligine çekiljekdigi hakynda duýdurylýar, onuň görkezmeleri kätibiň gatnaşmagynda mejlis teswirnamasyna ýazylýar we soň olara subutnamalar hökmünde seredilýär.

### 451-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň görkezmeleriniň hökmanylygy

1. Işe nägilelik tertibinde seredýän kazyýetiň görkezmeleri goşmaça derňew geçirilende we kazyýet işe ikinji gezek sereden mahalynda hökmanydyr.

2. Işe nägilelik tertibinde seredýän kazyýetiň hökümde anyklanmadyk ýa-da hökümde nämakul tapylan hakykat ýüzündäki wakalary anyklamaga ýa-da subut bolan diýip hasap etmäge haky ýokdur, şonuň ýaly-da aýyplawyň subut bolandygy ýa-da subut bolmandygy hakyndaky, haýsydyr bir subutnamanyň hakykydygy ýa-da hakyky däldigi hakyndaky we käbir subutnamalaryň başgalaryndan artykmaçlyklary hakyndaky, birinji basgançakly kazyýetiň haýsy-da bolsa bir jenaýat kanunyny ulanmagy hakyndaky hem-de jeza çäresi hakyndaky meseleleri öňünden çözmäge haky ýokdur.

### 452-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň işe seretmeginiň tertibi

1. Başlyklyk ediji kazyýet mejlisini açýar we kimiň nägilelik tertibindäki şikaýaty ýa-da teklipnamasy boýunça haýsy işe serediljekdigini yglan edýär. Soňra başlyklyk ediji kazyýetiň düzümini, iş boýunça taraplar bolup durýan adamlary, kazyýet mejlisine gatnaşýan iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylary yglan edýär.

2. Başlyklyk ediji işe ikinji basgançakly kazyýetde seredilen mahaly mejlise gatnaşýan adamlara olaryň hukuklaryny düşündirýär.

3. Başlyklyk ediji iş ýöredişe gatnaşyjylardan iş boýunça ynanmazlyk bildirmeleriniň we haýyşlarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny soraýar we kazyýet şolara seredilmegiň netijeleri boýunça kesgitnama çykarýar.

4. Işe seretmek beýançy kazynyň işiň düýp manysyny we nägilelik tertibindäki şikaýatyň, teklipnamanyň mazmunyny beýan etmegi bilen başlanýar.

5. Soňra kazyýet mejlisine gatnaşýan bolsalar, iş boýunça öz pikirlerini beýan etmek üçin iş kesilene ýa-da aklanana, olaryň adwokatlaryna, jebir çekene we onuň wekiline, raýat hak isleýjisine, raýat jogap berijisine ýa-da olaryň wekillerine söz berilýär. Şundan soň kazyýet hökümiň kanunylygy we esaslandyrylandygy hakynda prokuroryň pikirini diňleýär we kesgitnama çykarmak üçin maslahat otagyna gidýär.

6. Şikaýatda ýa-da teklipnamada getirilen delilleri tassyklamak ýa-da olary ýalana çykarmak üçin şu maddanyň bäşinji böleginde görkezilen adamlar işe seredilip başlanmazyndan öň ikinji basgançakly kazyýete goşmaça maglumatlary getirmäge haklydyrlar. Goşmaça maglumatlar derňew hereketlerini geçirmek arkaly alnyp bilinmez. Kazyýete goşmaça maglumatlary getirýän adam olaryň haýsy ýol bilen alnandygyny we olary getirmek zerurlygynyň näme bilen baglylykda ýüze çykandygyny görkezmäge borçludyr. Goşmaça maglumatlary kabul etmek ýa-da ret etmek hakynda taraplaryň pikirlerini diňläp, kazyýet kesgitnama çykarýar. Goşmaça

maglumatlar işiň çözülmegi üçin ähmiýetli bolsa, hökümiň sökülmegine we işiň täzeden seredilmegine ýa-da goşmaça derňewe iberilmegine esas bolup biler. Goşmaça getirilen maglumatlar esasynda hökümiň üýtgedilmegine ýa-da onuň işiň ýatyrylmagy bilen sökülmegine ýol berilmeýär, ýöne şeýle maglumatlardaky zatlar goşmaça barlag geçirmegi we birinji basgançakly kazyýetiň baha bermegini talap etmeýän halatlary muňa girmeýär.

7. Kazyýet mejlisiniň tertibi we ony bozýanlara garşy ulanylýan çäreler şu Kodeksiň 369-njy we 370-nji maddalarynyň düzgünleri boýunça kesgitlenilýär.

8. Ikinji basgançakly kazyýet şu Kodeksiň 27-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlardan başga halatlarda işlere kazyýetiň açyk mejlisinde seredýär.

Ikinji basgançakly kazyýet sanly wideoaragatnaşyk ulgamyny peýdalanmak arkaly subutnamalary barlamaga haklydyr.

9. Işiň ikinji basgançakly kazyýetde seredilmegine gatnaşan kazylaryň biriniň aýratyn pikirde galandygy we aýratyn pikiriň mazmuny hakynda kazyýetiň başlygyna mälim edilmelidir. Kazyýetiň başlygy kazyýet gözegçiligi tertibinde iş boýunça garşylyknamanyň ýa-da netijenamanyň getirilmegi hakyndaky meseläni çözýär.

*(2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda).*

**453-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň çykarýan kesgitnamalary**

Kazyýet işe nägilelik tertibinde seredilmegi netijesinde şu aşakdaky kesgitnamalaryň birini çykarýar:

1) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini üýtgetmän galdyrmak, şikaýaty ýa-da teklipnamany bolsa kanagatlandyrman galdyrmak hakynda;

2) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini sökmek we işi ýatyrmak hakynda;

3) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini üýtgetmek hakynda;

4) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini sökmek we işi degişlilikde iş boýunça kazyýet seljerişini bellemek ýa-da kazyýet seljerişi pursadyndan birinji basgançakly kazyýetiň täzeden seretmegi üçin ibermek hakynda;

5) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini sökmek we işi şu Kodeksiň 342-nji maddasynyň birinji böleginde görkezilen esaslar boýunça goşmaça derňewe ibermek hakynda.

**454-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetde hökümi sökmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar**

Ikinji basgançakly kazyýetde hökümi sökmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar şu aşakdakylardyr:

1) anyklaýşyň, deslapky derňewiň ýa-da kazyýet derňewiniň birtaraplaýyndygy ýa-da doly däldigi;

2) kazyýetiň hökümde beýan eden netijeleriniň işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlaryna laýyk gelmezligi;

3) jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmagy;
4) jenaýat kanunynyň nädogry ulanylmagy;
5) kazyýetiň bellän jezasynyň jenaýatyň agyrlyk derejesine we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelmezligi.

**455-nji madda. Anyklaýyşyň, deslapky derňewiň ýa-da kazyýet derňewiniň birtaraplaýyndygy ýa-da doly däldigi**

1. Anyklanylmagynyň höküm çykarylan mahalynda möhüm ähmiýeti bolup biljek ýagdaýlary aýdyňlaşdyrman galdyran anyklaýyş, deslapky derňew ýa-da kazyýet derňewi birtaraplaýyn ýa-da doly geçirilmedik diýlip hasap edilýär.
2. Haçanda iş boýunça:
1) berjek görkezmeleri iş üçin möhüm ähmiýeti bar bolan adamlardan sorag edilmedik halatynda ýa-da bilermenler seljermesini geçirmek kanun boýunça hökman bolup, ol geçirilmedik halatynda, şeýle hem möhüm ähmiýeti bar bolan resminamalar ýa-da maddy subutnamalar talap edilip alynmadyk halatynda;
2) işi goşmaça derňew geçirmek üçin ýa-da kazyýetiň täzeden seretmegi üçin beren kazyýet kesgitnamasynda görkezilen ýagdaýlar barlanmadyk halatynda;
3) iş kesileniň şahsyýeti baradaky maglumatlar ýeterlik derejede doly anyklanmadyk halatynda anyklaýyş, deslapky derňew we kazyýet derňewi birtaraplaýyn ýa-da doly däl diýlip hasap edilýär.
3. Eger haýsydyr bir ýagdaýy barlamagyň zerurlygy ikinji basgançakly kazyýete getirilen goşmaça maglumatlardan gelip çykýan halatynda hem höküm sökülýär.

**456-njy madda. Kazyýetiň hökümde beýan edilen netijeleriniň işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlaryna laýyk gelmezligi**

Aşakdaky halatlarda höküm işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlaryna laýyk gelmeýär diýlip hasap edilýär:
1) eger kazyýetiň netijeleri kazyýet mejlisinde seredilen subutnamalar bilen tassyklanmaýan bolsa;
2) eger işiň kazyýetiň netijelerine düýpli täsir edip biljek ýagdaýlaryny kazyýet nazarda tutmadyk bolsa;
3) eger kazyýetiň çykaran netijeleri üçin möhüm ähmiýeti bolan garşylykly subutnamalar bar mahalynda, kazyýetiň nähili esaslarda şol subutnamalaryň käbirini kabul edendigi we başgalaryny ret edendigi hökümde görkezilmedik bolsa;
4) eger kazyýetiň hökümde beýan eden netijelerinde düýpli garşylyklar bar bolup, olar iş kesileniň ýa-da aklananyň günäkärdigi ýa-da bigünädigi hakyndaky meseläniň çözülmegine, jenaýat kanunynyň dogry ulanylmagyna ýa-da jeza çäresiniň kesgitlenmegine täsir eden ýa-da täsir etmegi mümkin bolan bolsa.

**457-nji madda. Jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmagy**

1. Şu Kodeksiň ýörelgeleriniň we beýleki umumy düzgünleriniň bozulmagy iş seljerilen wagtynda iş ýöredişe gatnaşyjylary kanun boýunça kepillendirilen

hukuklaryndan mahrum etmek ýa-da olaryň şol hukuklaryny çäklendirmek arkaly, kazyýet önümçiliginiň kadalaryny berjaý etmezlik bilen ýa-da başga ýol bilen işe hemmetaraplaýyn, doly we dogry barlamaga päsgel beren bolsa we kanuny hökümiň çykarylmagyna ýaramaz täsir eden bolsa ýa-da täsir etmegi mümkin bolan bolsa, şolar jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmagy diýlip hasap edilýär.

2. Kazyýet derňewiniň birtaraplaýyndygy we doly däldigi, seljerişden gerekli subutnamalaryň ýalňyş aýrylmagy ýa-da iş üçin ähmiýeti bolup biljek subutnamalary barlamakdan esassyz ýüz dönderilmegi ýa-da hökmany barlanmaga degişli subutnamalaryň barlanmazlygy netijesinde mümkin bolan bolsa, höküm sökülmäge degişlidir.

3. Aşakdaky ýagdaýlarda höküm hemme halatlarda sökülmelidir:

1) şu Kodeksiň 33-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar mahalynda kazyýet jenaýat işini ýatyrmadyk halatynda;

2) höküm kazyýetiň bikanun düzümi tarapyndan çykarylan halatynda;

3) şu Kodeksiň 353-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulanlardan başga halatlarda, kazyýetde işi seredilýäniň bolmazlygynda işe seredilen halatynda;

4) adwokatyň gatnaşmagy kanun boýunça hökman bolan halatlarda, onuň gatnaşmazlygynda işe seredilen mahalynda;

5) kazyýetde işi seredilýän ene dilinden ýa-da öz bilýän başga dilinden hem-de terjimeçiniň hyzmatyndan peýdalanmak hukugy kazyýetde bozulan halatynda;

6) kazyýetde işi seredilýäne kazyýetde çykyp geplemelere gatnaşmaga hukugyň berilmedik halatynda;

7) kazyýetde işi seredilýäne ahyrky söz berilmedik halatynda;

8) höküm çykarylan mahalynda kazylaryň maslahatynyň ýaşyrynlygy bozulan halatynda;

9) hüküme kazylaryň kimdir biri gol çekmedik halatynda;

10) işde kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bolmadyk halatynda ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda başlyklyk edijiniň ýa-da kazyýet mejlisiniň kätibiniň goly ýok halatynda.

**458-nji madda. Jenaýat kanunynyň nädogry ulanylmagy**

Şu aşakdakylar jenaýat kanunynyň nädogry ulanylmagydyr:

1) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň umumy böleginiň talaplarynyň bozulmagy;

2) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň aýratyn böleginiň ulanylmaga degişlisinden başga maddasynyň ýa-da maddasynyň böleginiň (bendiniň) ulanylmagy;

3) Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddasynyň jeza çäresini belleýiş böleginde göz öňünde tutulandakydan has agyr jezanyň bellenilmegi;

4) kanuna nädogry düşünilip, onuň takyk manysyna garşy gelýän manynyň çykarylmagy.

**459-njy madda. Kazyýetiň bellän jezasynyň jenaýatyň agyrlyk derejesine we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelmezligi**

Jeza Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddasynyň sanksiýa beriji böleginde göz öňünde tutulan çäklerden çykmaýan bolsa hem, öz görnüşi we möçberi boýunça çendenaşa ýeňilligi zerarly-da, zabunlygy zerarly-da adalatsyz bolup duran halatynda, ol jeza jenaýatyň agyrlygyna we iş kesileniň şahsyýetine laýyk gelmeýän jeza diýlip hasap edilýär.

**460-njy madda. Aýyplaw hökümini sökmek bilen işi ýatyrmak**

Işe ikinji basgançakly kazyýetde seredilen mahaly, şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-nji we 2-nji bentlerinde, 33-nji maddasynda hem-de Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 70-nji we 72-nji maddalarynda görkezilen esaslar bar bolan mahalynda, şeýle hem birinji basgançakly kazyýet tarapyndan seredilen subutnamalar bilen kazyýetde işi seredilýäniň oňa ýöňkelýän etmişe dahylsyzlygy anyklanan bolsa we goşmaça derňew geçirmek hem-de kazyýetde täzeden seretmek üçin esaslar ýok bolan halatynda, kazyýet aýyplaw hökümini söküýär we şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde işi ýatyrýar.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**461-nji madda. Aklaw hökümini sökmek**

1. Aklaw hökümi, ikinji basgançakly kazyýetde diňe prokuroryň teklipnamasy ýa-da jebir çekeniň ýa-da onuň wekiliniň şikaýaty, şeýle hem aklanmagynyň esaslary bilen ylalaşmaýan kazyýetde aklananyň şikaýaty boýunça sökülip bilner.

2. Eger aklananyň bigünäligine şübhe döremeýän bolsa, jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulandygy hakyndaky deliller boýunça aklaw hökümi, işi ýatyrmak hakyndaky kesgitnama (karar) ýa-da kazyýetde işi seredilýäniň peýdasyna çykarylan başga çözgüt sökülip bilinmez.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**462-nji madda. Hökümi sökmek bilen işi kazyýetde täzeden seretmäge ibermek**

1. Kazyýet derňewiniň birtaraplaýyndygy ýa-da doly däldigi, kazyýetiň höküminde beýan eden netijeleriniň işiň hakykat ýüzündäki ýagdaýlaryna laýyk gelmezligi, işe kazyýetde seredilen wagtynda hökümiň kanunylygyna täsir eden ýa-da täsir etmegi mümkin bolan jenaýat iş ýörediş kanunynyň düýpli bozulmalary zerarly we has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmak ýa-da has ýeňil jeza çäresiniň bellenenligi sebäpli höküm sökülen mahaly, iş höküm çykaran kazyýete kazylaryň başga düzüminde täzeden seretmek üçin ýa-da başga kazyýete iberilýär.

2. Has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmak ýa-da has ýeňil jeza çäresiniň bellenenligi sebäpli hökümiň sökülmegi diňe prokuroryň teklipnama getiren, jebir çeken ýa-da onuň wekili şikaýat eden halatynda mümkindir.

**463-nji madda. Hökümi üýtgetmek**

1. Birinji basgançakly kazyýetiň jenaýat kanunyny nädogry ulanan halatynda, ikinji basgançakly kazyýet iş kesilen barada agyr bolmadyk jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga we edilen etmişiň maddalaşdyrylyşynyň üýtgemegine laýyklykda jezany ýeňilleşdirmäge haklydyr, emma ol has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanyp ýa-da bellenen jezany güýçlendirip bilmez.

2. Iş kesilene bellenen jezanyň çendenaşa zabunlygy sebäpli ony adalatsyz diýip hasap eden mahalynda, ikinji basgançakly kazyýet jenaýatyň maddalaşdyrylyşyny üýtgetmezden jezany kemeltmäge ýa-da ýeňilleşdirmäge haklydyr.

3. Hasap ýalňyşlyklarynyň ýa-da deslapky tussaglygyň möhletiniň hasaba alynmagynda goýberilen ýalňyşlyklaryň aradan aýrylmagy bilen baglanyşykly bolan halatynda, ikinji basgançakly kazyýet jezany ýokarlandyrmaga haklydyr.

4. Ikinji basgançakly kazyýet şu maddanyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan çözgütleri, eger şol esaslar boýunça diňe prokuror tarapyndan teklipnama getirilen, jebir çeken ýa-da onuň wekili tarapyndan şikaýat edilen halatynda, kabul edip biler.

**464-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň mazmuny**

1. Ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy giriş, beýan ediş-delillendiriş we karara gelinýän böleklerden ybaratdyr.

2. Kesgitnamanyň giriş böleginde şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) kesgitnamanyň çykarylan wagty we ýeri;

2) kesgitnamany çykaran kazyýetiň ady we kesgitnamany çykaran ikinji basgançakly kazyýetiň kazylar geňeşliginiň düzümi;

2[1]) şikaýat edilýän ýa-da teklipnama getirilýän hökümi ýa-da başga çözgüdi çykaran kazyýetiň ady;

2[2]) şikaýat edilýän ýa-da teklipnama getirilýän höküm ýa-da başga çözgüt çykarylan adamyň özi barada maglumat (familiýasy, ady, atasynyň ady, jenaýat kanunynyň haýsy maddasy bilen iş kesilen), şeýle hem iş boýunça birden köp adam geçýän bolsa, şikaýat edilmedik ýa-da teklipnama getirilmedik adamlar barada maglumat (familiýasy, ady, atasynyň ady, jenaýat kanunynyň haýsy maddasy bilen iş kesilen);

3) ikinji basgançakly kazyýete şikaýat eden ýa-da teklipnama getiren adamlar;

4) ikinji basgançakly kazyýetde işiň seredilmegine gatnaşan adamlar.

3. Kesgitnamanyň beýan ediş-delillendiriş bölegi şikaýat eden ýa-da teklipnama getiren adamyň delilleriniň, ikinji basgançakly kazyýetde işe gatnaşan başga adamlaryň närazylyklarynyň gysgaça beýanyny, şeýle hem kabul edilen çözgüdiň delillerini öz içine almalydyr. Eger şikaýat ýa-da teklipnama kanagatlandyrylman galdyrylan bolsa, onda şikaýatyň ýa-da teklipnamanyň delilleri esaslandyrylmadyk ýa-da möhüm däl diýlip hasaplanmagyna sebäp bolan esaslar görkezilýär. Höküm sökülen ýa-da üýtgedilen mahalynda, jenaýat ýa-da jenaýat iş ýörediş kanunynyň haýsy maddalarynyň talaplarynyň bozulandygy we bu bozulmalaryň nämelerden ybaratdygy, birinji basgançakly kazyýetiň bellän jezasynyň haýsy esaslar boýunça

adalatsyz hasaplanylýandygy görkezilmelidir. Iş goşmaça derňewe ýa-da kazyýetde täzeden seretmek üçin iberilen halatynda, haýsy kanun bozulmalarynyň aradan aýrylmalydygy görkezilmelidir. Şonuň bilen birlikde, aýyplawyň subut edilendigi ýa-da subut edilmändigi hakyndaky, subutnamalaryň haýsy-da bolsa biriniň hakykydygy ýa-da hakyky däldigi hakyndaky hem-de subutnamalaryň biriniň beýlekilere garanda artykmaç ähmiýete eýedigi hakyndaky, birinji basgançakly kazyýetiň ol ýa-da beýleki jenaýat kanunyny ulanmalydygy hakyndaky we jeza çäresi hakyndaky meseleleri ikinji basgançakly kazyýetiň öňünden çözmäge haky ýokdur.

4. Kesgitnamanyň karara gelinýän böleginde ikinji basgançakly kazyýetiň şikaýat ýa-da teklipnama boýunça kabul eden çözgüdi görkezilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**465-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetde kesgitnama çykarmak**

1. Ikinji basgançakly kazyýetde kesgitnama maslahat otagynda çykarylýar we oňa kazyýetiň ähli düzümi tarapyndan gol çekilýär hem-de ol kazyýet mejlishanasynda yglan edilýär.

2. Kazyýet şu maddanyň birinji böleginiň talaplaryny berjaý etmek bilen kesgitnamanyň diňe karara gelinýän bölegini çykaryp, onuň galan bölegini soňra resmileşdirip biler.

**466-njy madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň ýerine ýetirilmegi**

1. Ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy çykarylandan soň, ýedi gije-gündizden gijä goýulman iş bilen bilelikde hökümi çykaran kazyýete iberilýär.

2. Eger iş kesilen ikinji basgançakly kazyýet mejlisine gatnaşýan bolsa, iş kesileni tussaglykdan boşatmak hakyndaky kesgitnamanyň şu babatdaky bölegi haýal etmän ýerine ýetirilýär. Beýleki halatlarda ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy ýa-da ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasynyň karara gelinýän böleginiň göçürmesi iş kesileni tussaglykdan boşatmak hakyndaky çözgüdiň ýerine ýetirilmegi üçin haýal etmän tussaghananyň ýolbaşçylygyna iberilýär.

3. Ikinji basgançakly kazyýetiň hökümi sökmek we işi goşmaça derňewe ibermek hakyndaky kesgitnamasy iş bilen, şikaýat ýa-da teklipnama bilen we goşmaça getirilen maglumatlar bilen bilelikde gönüden-göni prokurora, işe kazyýetde täzeden seretmek üçin ibermek hakyndaky kesgitnama bolsa - täzeden seretmegine berlen kazyýete iberilýär. Şeýle halatlarda kesgitnamanyň göçürilen nusgasy hökümi çykaran kazyýete iberilýär.

**467-nji madda. Işe ikinji basgançakly kazyýetde gaýtadan seretmek**

1. Eger haýsydyr bir sebäplere görä bellenen möhletde käbir iş kesilenler barada ikinji basgançakly kazyýete berlen şikaýat ýa-da teklipnama, şol kazyýete beýleki iş

kesilenler barada işe seredilenden soň gelip gowşan bolsa ýa-da geçirilen möhlet şu Kodeksiň 51-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde dikeldilen bolsa, şeýle hem eger iş kesileniň, onuň adwokatynyň ýa-da kanuny wekiliniň şikaýaty, iş şol iş kesilen barada eýýäm başga iş ýöredişe gatnaşyjynyň şikaýaty ýa-da teklipnamasy boýunça seredilenden soň gelip gowşan bolsa, ikinji basgançakly kazyýet şeýle şikaýata ýa-da teklipnama seretmäge hem-de şolar boýunça kesgitnama çykarmaga borçludyr.

2. Eger täze çykarylan kesgitnama öňki çykarylan kesgitnama çapraz gelse, kazyýet iş ýöredişe gatnaşyjylara şu Kodeksiň 47-nji babynda göz öňünde tutulan tertipde olara şikaýat etmek hukugyny düşündirýär.

**468-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetde ilkibaşdaky hököm sökülenden soň işe birinji basgançakly kazyýetde seretmek**

1. Ilkibaşdaky hököm sökülenden soň, iş umumy tertipde seredilmelidir.

2. Eger prokuroryň nägilelik tertibindäki teklipnamasy boýunça ýa-da jebir çekeniň ýa onuň wekiliniň şikaýaty boýunça ilkibaşdaky hököm jeza çäresiniň ýeňildigi üçin ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň zerurdygy sebäpli sökülen bolsa, şonuň ýaly-da, eger hököm sökülenden soň, iş täzeden derňelen mahalynda aýyplanýanyň has agyr jenaýat edendigine şaýatlyk edýän ýagdaýlar anyklanylsa, diňe şonda işe birinji basgançakly kazyýet täzeden sereden mahalynda jeza çäresiniň güýçlendirilmegine ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanunyň ulanylmagyna ýol berilýär.

3. Işe täzeden seredilen mahalynda birinji basgançakly kazyýetiň şu aşakdakylara haky ýokdur:

1) iş kesileni ilkibaşdaky hököm boýunça aýyplawyň aýrylan böleginde günäli bilmäge, eger hökümiň şol bölegi aýyplaw tarapynyň şikaýaty ýa-da teklipnamasy boýunça sökülmedik bolsa;

2) jezany güýçlendirmäge, azatlykdan mahrum etmegiň möhletiniň bir bölegini türmede çekmegi bellemäge, goşmaça jezany bellemäge ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga, eger ilkibaşdaky hököm aýyplaw tarapynyň şikaýaty ýa-da teklipnamasy boýunça şolar esasynda sökülmedik halatynda.

4. Işe täzeden seredilen mahalynda birinji basgançakly kazyýetiň çykaran hökümi barada umumy tertipde şikaýat edilip ýa-da oňa teklipnama getirilip bilner. Şonuň bilen birlikde, eger ilkibaşdaky hököm iş kesileniň peýdasyna şikaýat, teklipnama boýunça sökülen bolsa, ikinji hököm jezanyň ýeňildigi sebäpli ýa-da has agyr jenaýat baradaky kanunyň ulanylmagynyň zerurlygy bilen baglylykda aýyplaw tarapynyň şikaýaty, teklipnamasy esasynda sökülen bolsa, işe üçünji gezek seredýän kazyýet, ikinji hökümde göz öňünde tutulandakydan has zabun jezany belläp ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanyp biler, emma birinji hököm bilen deňeşdirilende jezany güýçlendirip ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanyp bilmez.

**469-njy madda. Birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamalary we kazynyň kararlary baradaky hususy şikaýatlara we teklipnamalara seretmegiň tertibi**

Ikinji basgançakly kazyýet şu Kodeksiň 443-nji maddasynda görkezilen kazyýetiň kesgitnamalary we kazynyň kararlary baradaky hususy şikaýatlara hem-de teklipnamalara edil kazyýetiň hökümleri baradaky şikaýatlara we teklipnamalara seredilişi ýaly tertipde seredýär, emma kazyýetiň we adamlaryň nähili hereketleri barada şikaýat edilen bolsa we teklipnama getirilen bolsa, olaryň diňe şol hereketler dogrusyndaky bölegine seredýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda*).

**470-nji madda. Ikinji basgançakly kazyýetiň hususy kesgitnamasy**

Işe ikinji basgançakda seredýän kazyýet şu Kodeksiň 434-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolan mahalynda hususy kesgitnama çykarýar.

## 46-njy bap. Kazyýetiň çözgütlerini ýerine ýetirmek

**471-nji madda. Hökümiň kanuny güýje girmegi we onuň ýerine ýetirilmegi**

1. Eger birinji basgançakly kazyýetiň hökümi barada şikaýat edilmedik ýa-da oňa teklipnama getirilmedik bolsa, ol nägilelik tertibinde şikaýat etmek ýa-da teklipnama getirmek üçin bellenen möhlet geçenden soň kanuny güýje girýär. Nägilelik tertibinde şikaýat edilen ýa-da teklipnama getirilen halatynda, eger höküm sökülmedik we ýatyrylmadyk bolsa, onda ol işe ikinji basgançakly kazyýetde seredilenden soň kanuny güýje girýär.

2. Birinji basgançakly kazyýetiň hökümi kanuny güýje girenden ýa-da işiň nägilelik tertibinde seredilip gaýdyp gelen gününden beýläk üç gije-gündizden gijä goýulman ýerine ýetirilýär.

3. Eger aýyplaw hökümi Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 78-nji maddasynda göz öňünde tutulan möhletlerde ýerine ýetirilmedik bolsa, onda iş kesilen jezany çekmekden boşadylýar.

4. Iş kesilenler birnäçe adam bolup, eger olaryň hatda biri dogrusynda höküm barada şikaýat edilen ýa-da teklipnama getirilen bolsa, işe nägilelik tertibinde seredilýänçä höküm iş kesilenleriň hemmesi barada-da kanuny güýje girmeýär.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**472-nji madda. Kazyýetiň kararynyň ýa-da kesgitnamasynyň kanuny güýje girmegi we onuň ýerine ýetirilmegi**

1. Birinji basgançakly kazyýetiň karary ýa-da kesgitnamasy şikaýat etmek, teklipnama getirmek üçin bellenen möhlet geçenden soň kanuny güýje girýär we ýerine ýetirilýär. Şikaýat edilen ýa-da teklipnama getirilen bolsa, karar (kesgitnama) işe ýokarky kazyýetde seredilenden soň kanuny güýje girýär we ýerine ýetirilýär.

2. Kazyýetiň şikaýat etmäge ýa-da teklipnama getirmäge degişli bolmadyk

karary (kesgitnamasy) yglan edilenden soň haýal etmän güýje girýär we ýerine ýetirilýär.

3. Kazyýet mejlisini bellemek meselesi çözülen ýa-da kazyýet mejlisi mahalynda kazynyň ýa-da kazyýetiň işi ýatyrmak hakyndaky kararynyň (kesgitnamasynyň) aýyplanýany ýa-da kazyýetde işi seredilýäni tussaglykdan boşatmak hakyndaky bölegi haýal etmän ýerine ýetirilmäge degişlidir.

4. Ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy onuň yglan edilen pursadyndan başlap kanuny güýje girýär, gutarnykly bolýar we diňe şu Kodeksiň 47-nji, 48-nji baplarynda göz öňünde tutulan tertipde oňa täzeden seredilip bilner.

5. Ikinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasy şu Kodeksiň 466-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde ýerine ýetirilýär.

6. Jezadan şertleýin möhletinden öň boşatmak, jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak hem-de agyr kesellilik zerarly jezadan boşatmak hakynda kazyýetiň kesgitnamasy ol barada şikaýat edilendigine ýa-da garşylyknama getirilendigine garamazdan, yglan edilen pursadyndan haýal etmän güýje girýär we ýerine ýetirilýär.

*(2011-nji ýylyň 4-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 3, 56-njy madda).*

### 473-nji madda. Kazyýetiň hökümini, kararyny we kesgitnamasyny ýerine ýetirmegiň tertibi

1. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, karary we kesgitnamasy döwlet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, ýuridik şahslaryň, wezipeli adamlaryň, raýatlaryň hemmesi üçin hökmanydyr we Türkmenistanyň ähli çäklerinde gyşarnyksyz ýerine ýetirilmelidir. Häkimiýetiň wekili, döwlet gullukçysy, şeýle hem täjirçilik ýa-da başga guramanyň gullukçysy tarapyndan kazynyň ýa-da kazyýetiň kanuny güýje giren hökümini, kararyny ýa-da kesgitnamasyny ýerine ýetirmezligi üçin, şeýle hem olaryň ýerine ýetirilmegine garşylyk görkezilse, jenaýat jogapkärçiligine getirip biler.

2. Hökümiň, kararyň we kesgitnamanyň ýerine ýetirilmegi işe birinji basgançakda sereden kazynyň ýa-da kazyýetiň üstüne ýüklenilýär. Kazyýet bu hökümi ýerine ýetirmek hakyndaky buýrugy hökümiň göçürilen nusgasy bilen bilelikde jeza çäresini ýerine ýetiriş kanunçylygyna laýyklykda hökümi ýerine ýetirmek borjy üstüne ýüklenen edara iberýär. Birinji basgançakly kazyýetiň hökümi nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde üýtgedilen halatynda, hökümiň göçürilen nusgasynyň ýanyna ikinji ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetiň kararynyň ýa-da kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy hem goşulýar.

3. Eger hökümde iş kesileni Türkmenistanyň döwlet sylagyndan, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan berlen harby, ýörite ýa-da başga atdan, derejeden, diplomatik derejeden ýa-da hünär derejesinden mahrum etmek hakyndaky meseläniň goýulmagynyň zerurlygy görkezilen bolsa, onda Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, hökümi çykaran kazy ýa-da kazyýet iş kesileni döwlet sylagyndan, görkezilen atlardan, derejeden, diplomatik derejesinden ýa-da hünär derejesinden mahrum etmek hakyndaky teklipnamany, şeýle hem hökümiň nusgasyny we onuň

kanuny güýje girendigi hakyndaky güwänamany Türkmenistanyň Prezidentine iberýär.

4. Hökümi ýerine ýetirýän edaralar hökümi çykaran kazyýete onuň ýerine ýetirilendigi hakynda haýal etmän habar berýärler. Düzediş edarasynyň ýolbaşçylygy hökümi çykaran kazyýete iş kesileniň jezasyny çekýän ýeri we onuň boşadylandygy hakynda habar bermelidir. Hökümi çykaran kazy ýa-da kazyýet hökümiň, kesgitnamanyň we kararyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik etmäge borçludyr.

*(2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**474-nji madda. Başga ýerine ýetirilmedik hökümleriň bar mahalynda hökümi ýerine ýetirmek**

Iş kesilen barada ýerine ýetirilmedik hökümleriň birnäçesiniň bardygynyň, wagty boýunça soňky hökümi çykaran kazyýete mälim bolmadyk halatynda, şol kazyýet ýa-da hökümiň ýerine ýetirilýän ýerindäki deň derejeli kazyýet Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 62-nji we 63-nji maddalaryny goldanyp, şol hökümleriň hemmesi boýunça iş kesilen barada jezalary ulanmagyň tertibi hakynda kesgitnama çykarmalydyr.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**475-nji madda. Iş kesileni garyndaşlary bilen görüşdirmek**

Höküm ýerine ýetirilmezden öň kazyýetiň başlygy tussaglykda saklanylýan iş kesileniň ýakyn garyndaşlarynyň haýyşy boýunça olara iş kesilen bilen görüşmek we telefon arkaly gürleşmek mümkinçiligini bermäge borçludyr.

**476-njy madda. Iş kesileniň garyndaşlaryna we raýat hak isleýjisine hökümiň ýerine ýetirilendigi hakynda habar bermek**

1. Tussaglykda saklanylýan iş kesileni azatlykdan mahrum etmek hakyndaky höküm kanuny güýje girenden soň, iş kesileniň tussaglykda saklanylýan ýeri bolan tussaghananyň ýolbaşçylygy iş kesileniň jezasyny çekmek üçin nirä iberilendigini onuň maşgalasyna ýa-da ýakyn garyndaşyna mälim etmäge borçludyr.
2. Raýat hak islegi kanagatlandyrylan halatynda, hökümiň ýerine ýetirilendigi hakynda kazyýet ýerine ýetirijisi raýat hak isleýjisini habarly edýär.

**477-nji madda. Agyr kesel bilen kesellän iş kesileni jeza çekmekden boşatmak**

1. Azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adam jeza çekýän wagtynda jezanyň çekilmegine päsgel berýän mydamalyk dälilik keseli ýa-da başga agyr kesel bilen kesellän halatynda, kazyýet düzediş edarasynyň ýolbaşçylygynyň, düzediş

edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça şol adamy mundan beýläk jezany çekmekden boşatmak hakynda degişli lukmançylyk toparynyň netijenamasy esasynda kesgitnama çykarmaga haklydyr.

2. Mydamalyk dälilik keseli bilen kesellän iş kesilen şondan beýläk jezany çekmekden boşadylan mahalynda, kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmaga ýa-da şol adamy saglygy goraýyş edarasynyň howandarlygyna bermäge haklydyr.

3. Mydamalyk dälilik keseli bilen kesellänlerden başga, agyr kesel bilen kesellän adamlary şondan beýläk jezany çekmekden boşatmak hakyndaky mesele çözülende, kazyýet edilen jenaýatyň agyrlyk derejesini, iş kesileniň şahsyýetini we beýleki ýagdaýlary nazara alýar.

4. Eger azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza hököm edilen adam mydamalyk dälilik keseli ýa-da başga agyr kesel bilen kesellän bolsa, kazyýet ähli halatlarda ony şondan beýläk jezany çekmekden boşatmak hakynda kesgitnama çykarýar.

5. Eger azatlykdan mahrum etmek görnüşinde jezasyny çekýän adam kesel bejeriş edarasyna ýerleşdirilen bolsa, onuň agzalan edarada bolan wagty çekilen jezanyň wagtyna goşulyp hasaplanýar.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda).*

**478-nji madda. Jezadan möhletinden öň şertli boşatmak we jezany has ýeňil jeza bilen çalşyrmak**

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 74-nji we 75-nji maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda, jeza çekmekden möhletinden öň şertli boşatmak we jezanyň çekilmedik bölegini has ýeňil jeza bilen çalyşmak jezany ýerine ýetirmek işini alyp barýan edaranyň we düzediş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça iş kesileniň jezasyny çekýän ýerindäki kazyýet tarapyndan ulanylýar.

2. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 91-nji maddasyna laýyklykda, on sekiz ýaşa çenli jenaýat eden adamlar barada jezadan möhletinden öň şertli boşatmak we jezanyň çekilmedik bölegini has ýeňil jeza bilen çalyşmak jezany ýerine ýetirmek işini alyp barýan edaranyň we kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky toparyň we düzediş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça kazyýet tarapyndan ulanylýar.

3. Belli bir wezipede işlemek ýa-da belli bir iş bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek görnüşindäki jezadan kazyýet jemgyýetçilik birleşikleriniň, zähmetkeşler toparynyň ýa-da iş kesileniň haýyşy boýunça boşadýar.

4. Jezany çekmekden şertli-möhletinden öň boşatmakdan ýa-da jezanyň çekilmedik bölegini has ýeňil jeza bilen çalşyrmakdan kazyýet ýüz dönderen

halatynda, şol meseleler boýunça teklipnamalara gaýtadan seretmek ozalky ýüz döndermek hakyndaky kesgitnamanyň çykarylan gününden başlap alty aýdan öň geçirilip bilinmez.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**479-njy madda. Azatlykdan mahrum edilmäge iş kesilen adamlary saklamagyň şertlerini olaryň jezany çekip ýören wagtynda kazyýetiň üýtgetmegi**

1. Höküm bilen bellenilen düzediş edarasynyň görnüşini üýtgetmek jezany ýerine ýetirmek işini alyp barýan edaranyň we düzediş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça kazyýet tarapyndan geçirilýär.

2. Aýratyn düzgünli düzediş edarasyndan berk düzgünli düzediş edarasyna, türmeden düzediş edarasyna geçirmekden kazyýet ýüz dönderen halatynda, şu mesele boýunça teklipnama şol ýüz döndermek hakyndaky kesgitnamanyň çykarylan gününden beýläk azyndan alty aý geçenden soň gaýtadan seredilip bilner.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda).*

**480-nji madda. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleri çözýän kazyýetler**

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 77-nji maddasyna laýyklykda jezany çekmegi yza süýşürmek hakyndaky, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 78-nji maddasyna laýyklykda jeza çekmekden boşatmak hakyndaky, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 43-nji, 44-nji, 47-49-njy maddalarynda göz öňünde tutulan halatlarda ýetirilen zyýany düzetmek borjuny, jerimäni, hökmany işlerini, düzediş işlerini we belli bir ýerde ýaşamak borjuny başga jeza çäreleri bilen çalşyrmak hakyndaky, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 98-nji maddasyna laýyklykda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagyny uzaltmak, üýtgetmek we ýatyrmak hakyndaky, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 94-nji maddasynyň ikinji bölegine we Türkmenistanyň jeza çäresini ýerine ýetiriş kanunçylygyna laýyklykda arakhorlukdan, neşekeşlikden ýa-da toksikomaniýadan ejir çekýänler barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ulanylmagy hakyndaky meseleler, şeýle hem höküm ýerine ýetirilende ýüze çykýan her hili şübheler we aýdyň bolmadyk zatlar hökümi çykaran kazyýet tarapyndan çözülýär.

2. Eger höküm ony çykaran kazyýetiň iş çäginden daşarda ýerine ýetirilýän bolsa, onda bu meseleler deň derejeli kazyýet tarapyndan çözülýär, hökümiň ýerine ýetirilýän ýerinde deň derejeli kazyýet bolmadyk halatynda, ýokarky kazyýet tarapyndan çözülýär. Şeýle ýagdaýda kazyýetiň kesgitnamasynyň göçürilen nusgasy hökümi çykaran kazyýete iberilýär.

3. Iş kesileniň agyr keselliligi zerarly ony jezadan boşatmak, kesel bejeriş

edarasyna ýerleşdirmek, jezadan şertleýin möhletinden öň boşatmak, jeza möhletiniň doldurylmadyk bölegini onuň ýeňilräk görnüşi bilen çalşyrmak, terbiýeleýiş edarasyndan düzediş edarasyna, düzediş edarasynyň bir görnüşinden beýleki görnüşli düzgündäki başga bir düzediş edarasyna geçirmek, düzediş edarasyndan türmä we türmeden düzediş edarasyna geçirmek, zähmet çekmäge bolan ukybyny ýitirendigi ýa-da pensiýa ýaşyna ýetendigi üçin düzediş işleri görnüşindäki jezadan boşatmak hakyndaky meseleler hökümiň haýsy kazyýet tarapyndan çykarylandygyna garamazdan, iş kesileniň jezasyny çekýän ýerindäki etrap, etrap hukukly şäher kazyýeti tarapyndan çözülýär.

4. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 67-nji, 68-nji maddalaryna laýyklykda, şertleýin iş kesilen baradaky bellenilen borçnamalary ýatyrmak ýa-da üstüni ýetirmek, synag möhleti gutarmanka şertleýin iş kesilmegi ýatyrmak, synag möhletini uzaltmak ýa-da şertleýin iş kesilmegi ýatyryp, iş kesileniň jeza çekmek üçin iberilmegi hakyndaky, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 77-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar boýunça jeza çekmegi yza süýşürilen iş kesileni jezadan boşatmak, şeýle hem jezany çekmegiň şeýle yza süýşürilmegini ýatyrmak we iş kesileni azatlykdan mahrum etmek jezasyny çekmek üçin ibermek hakyndaky meseleler iş kesileniň ýaşaýan ýerindäki kazyýet tarapyndan çözülýär.

*(2011-nji ýylyň 4-nji awgustyndaky, 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 3, 56-njy madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**481-nji madda. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleri çözmegiň tertibi**

1. Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meselelere jezany ýerine ýetirmek işini alyp barýan we kämillik ýaşyna ýetmedigiň düzelmegini üpjün edýän degişli edaranyň ýa-da düzediş edarasynyň ýerleşýän ýerindäki etrap ýa-da etrap hukukly şäher häkimlikleriniň ýanyndaky jenaýat jezasynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän toparyň bilelikdäki teklipnamasy boýunça kazyýet tarapyndan seredilýär. Kazyýet mejlisine iş boýunça teklipnama beren edaralaryň we guramalaryň wekilleri çagyrylýar.

2. Hökümiň ýerine ýetirilmegi gaýra goýulan, agyr kesellilik zerarly jezadan boşadylan, aýyplaw höküminiň wagt möhletiniň geçmegi sebäpli jeza möhletini doldurmakdan boşadylan, başga ýerine ýetirilmedik hökümleriň barlygynda höküm ýerine ýetirilen, gaýdymlaýyn güýji bolan jenaýat kanunynyň çykandygy, günä geçme ýa-da rehim etme namasynyň ulanylmagy sebäpli jezadan boşadylan ýa-da jeza ýeňilleşdirilen, höküm ýerine ýetirilende ýüze çykýan her hili şübheler we aýdyň bolmadyk zatlar düşündirilen halatynda, iş kesileniň haýyşy meseläniň kazyýet tarapyndan seredilmegine esas bolup biler.

3. Kazyýet jezadan möhletinden öň şertli boşatmak hakyndaky, jezanyň çekilmedik bölegini has ýeňil jeza bilen çalşyrmak hakyndaky, iş kesileni düzediş edarasynyň ýa-da terbiýeleýiş edarasynyň birinden beýleki görnüşindäki düzgünli başga bir düzediş edarasyna, düzediş edarasyndan türmä we türmeden düzediş

edarasyna geçirmek hakyndaky meselelere seredende, jezany ýerine ýetirmek işini alyp barýan edaranyň wekili çagyrylýar.

4. Şu Kodeksiň 480-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda, kazyýet mejlisine iş kesileniň gatnaşmagy hökmandyr. Iş kesilen kazyýete getirilen maglumatlar bilen tanyşmaga, olaryň seredilmegine gatnaşmaga, haýyşlar we ynanmazlyklar bildirmäge, düşündirişler bermäge, subutnamalar getirmäge haklydyr.

5. Iş kesilen öz hukuklaryny adwokatyň kömegi bilen amala aşyryp biler. Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedikler baradaky, şeýle hem özüni goramak hukugyny özbaşdak amala aşyrmak mümkinçiliginden mahrum edýän beden we akyl taýdan ýetmezçiliklerden ejir çekýänler baradaky, şeýle hem iş boýunça önümçiligiň alnyp barylýan diline düşünmeýänler we sowatsyzlar baradaky meselelere sereden mahalynda adwokatyň gatnaşmagy hökmandyr.

6. Kazyýet iş kesileni agyr kesellidigi zerarly jezadan boşatmak ýa-da ony kesel bejeriş edarasyna ýerleşdirmek baradaky meselä sereden mahalynda, netijenama beren lukmanlar toparynyň wekiliniň gatnaşmagy hökmandyr.

7. Eger mesele hökümiň raýat hak islegi baradaky böleginiň ýerine ýetirilmegine dahylly bolsa, kazyýet mejlisine raýat hak isleýjisi ýa-da onuň wekili çagyrylýar. Görkezilen adamlaryň kazyýet mejlisine gelmezligi işe seretmäge päsgel bermeýär.

8. Kazyýet mejlisine prokuror gatnaşýar.

9. Işe seretmek, iş boýunça teklip bilen ýüzlenen edaranyň wekiliniň çykyş etmegi ýa-da arz edijiniň düşündiriş bermegi bilen başlanýar. Soňra getirilen maglumatlar barlanýar, kazyýet mejlisine gelen adamlaryň düşündirişleri, prokuroryň netijenamasy diňlenýär. Şondan soň kazyýet kesgitnama çykarmak üçin maslahat otagyna gidýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda*).

**482-nji madda. Iş kesilenlik aýybynyň aýrylmagy hakyndaky haýyşlara seretmek**

1. Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 80-nji maddasynyň bäşinji bölegine laýyklykda, iş kesilenlik aýybyny aýyrmak hakyndaky meselä, eger iş kesilen adam jeza çekmek möhletini dolduranyndan soň özüni birkemsiz alyp baran bolsa, onda onuň haýyş etmegi boýunça iş kesilenlik aýybynyň öz-özünden aýrylýan möhleti gutarýança, ýöne bu möhletiň ýarysy dolandan soň, iş kesileniň ýaşaýan ýerindäki kazyýet tarapyndan seredilýär.

2. Kazyýet mejlisine özi baradaky iş kesilenlik aýybyny aýyrmak hakyndaky mesele seredilen mahalynda jezany çeken adamyň gatnaşmagy hökmandyr.

3. Haýyşa seretmek haýyş bilen ýüzlenen adamyň düşündirişini diňlemekden başlanýar, şondan soň getirilen maglumatlar barlanýar we çagyrylan adamlar diňlenýär.

4. Iş kesilenlik aýybynyň aýrylmagyny nämakul tapmak hakynda kesgitnama çykarylan gününden azyndan bir ýyl geçenden soň, iş kesilenlik aýybyny aýyrmak hakynda gaýtadan haýyş bildirilip bilner.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**483-nji madda** - *2011-nji ýylyň 4-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda güýjüni ýitiren - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 3, 56-njy madda.*

**484-nji madda. Kazyýetiň kesgitnamasyna şikaýat etmek ýa-da oňa teklipnama getirmek**

Hökümi ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleler çözülen mahalynda çykarylan kazynyň ýa-da kazyýetiň kararlary ýa-da kesgitnamalary şu Kodeksiň 44-nji babynda göz öňünde tutulan düzgünler boýunça ikinji basgançakly kazyýete şikaýat edilip ýa-da şolara teklipnama getirilip bilner.

## Dokuzynjy bölüm
## Kazyýetiň kanuny güýje giren çözgütlerine gaýtadan seretmek

### 47-nji bap. Gözegçilik basgançakly kazyýetde önümçilik

**485-nji madda. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, kesgitnamasy we karary barada garşylyknama getirmek, netijenama we teklipnama bermek, şikaýat etmek**

1. Kazynyň ýa-da kazyýetiň kanuny güýje giren höküminiň, kesgitnamasynyň we kararynyň kanunylygyny hem-de esaslylygyny barlamak maksady bilen olar barada gözegçilik tertibinde garşylyknama getirilip, şonuň ýaly-da netijenama we teklipnama berilip, şikaýat edilip bilner.

2. Kazynyň ýa-da kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, kesgitnamasy we karary barada gözegçilik tertibinde garşylyknama getirmäge şu aşakdakylar haklydyrlar:

1) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy we Türkmenistanyň Baş prokurory - Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň hökümleri, kesgitnamalary we kararlary, şol sanda Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Plenumynyň kararlary barada;

2) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygynyň we Türkmenistanyň Baş prokurorynyň orunbasarlary - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Plenumynyň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň hökümleri, kesgitnamalary we kararlary barada.

Gözegçilik tertibinde garşylyknama Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň hem-de welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň degişli kazyýet basgançagyna getirlip bilner.

3. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurorlary teklipnamany, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň başlyklary netijenamany iş kesilenler we olaryň adwokatlary bolsa şikaýaty - etrap,

etrap hukukly şäher kazysynyň we kazyýetleriň hökümleri kesgitnamalary we kararlary welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kesgitnamasy barada bermäge haklydyr.

4. Gözegçilik tertibinde garşylyknama getiren, netijenama we teklipnama beren, şikaýat eden adam gözegçilik basgançakly kazyýet mejlisinde seredilip başlanmazdan öň ony yzyna almaga haklydyr. Şeýle hem Türkmenistanyň Baş prokurory we Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy tarapyndan özleriniň orunbasarlary tarapyndan getirilen garşylyknamany yzyna alyp bilerler.

5. Şu maddanyň üçünji böleginde görkezilmedik adamlaryň gözegçilik tertibindäki şikaýatlary teklipnama we netijenama getirmäge ygtyýarly adamlar tarapyndan seredilip bilner.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**486-njy madda. Jenaýat işini talap edip almak**

Şu Kodeksiň 485-nji maddasynda görkezilen prokuraturanyň we kazyýetiň wezipeli adamlary öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde kazynyň ýa-da kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, kesgitnamasy ýa-da karary barada garşylyknama getirmek, şonuň ýaly-da netijenama we teklipnama bermek hakyndaky meseläni çözmek üçin her bir jenaýat işini talap edip almaga haklydyr.

**487-nji madda. Kazyýetiň hökümlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna gözegçilik tertibinde gaýtadan seretmegiň möhletleri**

Jezanyň ýeňildigi üçin, iş kesilen adam barada has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň zerurdygy sebäpli, şeýle hem iş kesileniň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirýän başga esaslar boýunça kazynyň ýa-da kazyýetiň aýyplaw hökümine, kesgitnamasyna we kararyna, şeýle hem kazynyň ýa-da kazyýetiň aklaw hökümine ýa-da işi ýatyrmak hakyndaky kararyna ýa-da kesgitnamasyna gözegçilik tertibinde gaýtadan seretmäge şol hökümler, kesgitnamalar we kararlar kanuny güýje girenden soňra diňe bir ýylyň dowamynda ýol berilýär.

**488-nji madda. Talap edilip alnan iş boýunça çözgütler we hökümiň ýerine ýetirilmegini togtatmak**

1. Gözegçilik tertibinde garşylyknama getiren adam ony iş bilen bilelikde degişli kazyýete seretmek üçin iberýär.

2. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy we Türkmenistanyň Baş prokurory Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň garşylyknama getirilen höküminiň, kesgitnamasynyň we kararynyň, olaryň orunbasarlary bolsa Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Plenumynyň kararlaryndan başga, Türkmenistanyň islendik kazysynyň ýa-da kazyýetiniň garşylyknama getirilen

höküminiň, kesgitnamasynyň we kararynyň ýerine ýetirilmegini iş gözegçilik tertibinde çözülýänçä togtatmaga haklydyr.

3. Iş öz önümçiliginde bolan kazyýet hökümiň ýa-da kesgitnamanyň ýerine ýetirilmegini togtatmak hakynda görkezme alandan soň olary ýerine ýetirmek üçin taýýarlap ibermeýär. Eger höküm ýa-da kesgitnama eýýäm ýerine ýetirilmäge taýýarlanylyp iberilen bolsa, kazyýet ýerine ýetirmegi togtatmak hakyndaky kararyň göçürilen nusgasyny hökümi ýa-da kesgitnamany ýerine ýetirýän edaralara iberýär. Şol edara gözegçilik tertibinde iş boýunça önümçilik tä tamamlanýança hökümi ýa-da kesgitnamany ýerine ýetirmegini haýal etmän togtatmalydyr.

4. Işi talap edip alyp öwrenen, ýöne iş boýunça garşylyknama getirmek üçin esas tapmadyk adam gözegçilik tertibinde iş boýunça önümçiligi delillendirilen karar bilen ýatyrýar we bu hakda kimiň şikaýaty ýa-da arzasy boýunça barlamak üçin iş talap edilip alnan bolsa şol adama, edara, kärhana ýa-da gurama habar berýär, garşylyknama getirmekden ýüz dönderilmeginiň delillerini görkezýär we iş haýsy kazyýetden talap edilip alnan bolsa, ony şol kazyýete gaýtaryp berýär.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**489-njy madda. Gözegçilik tertibindäki garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça işe seredýän kazyýetler**

1. Işlere gözegçilik tertibindäki garşylyknamalar, teklipnamalar, netijenamalar we şikaýatlar boýunça şu aşakdaky tertipde seredýärler:

1) etrap, etrap hukukly şäher kazylarynyň we kazyýetleriniň hökümlerine, kesgitnamalaryna we kararlaryna, şeýle hem welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň nägilelik tertibindäki kesgitnamalaryna, şol kazyýetleriň kazylarynyň kazyýetiň başlygynyň tassyklan karary esasynda gözegçilik önümçiligini gozgamaga esas bolan teklipnamalaryna we şikaýatlaryna, şeýle-de welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň başlyklarynyň netijenamalaryna – welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumy;

2) welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazylarynyň ýa-da kazyýetleriniň hökümlerine we kararlaryna ýa-da kesgitnamalaryna şol kazyýetleriň prezidiumynyň kararlaryna hem-de welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň kazylarynyň kararlaryna – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy;

3) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň hökümlerine we kesgitnamalaryna hem-de Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazylarynyň kararlaryna – Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy;

4) Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň we Plenumynyň kararlaryna - Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy.

2. Işe birinji, ikinji basgançakly ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetde seretmäge gatnaşan kazy kazyýetiň prezidiumynyň düzüminde bolup, şol işiň seredilmegine gatnaşyp bilmez. Eger şol işiň birinji we ikinji basgançakly kazyýetde

seredilmegine welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumynyň agzalarynyň köpüsi gatnaşan bolsa etrap, etrap hukukly şäher kazylarynyň ýa-da kazyýetleriniň hökümleri we kesgitnamalary hem-de şol kazyýetleriň kazylarynyň kararlary, şeýle hem welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň nägilelik tertibindäki kesgitnamalary şol kazyýetleriň kazylarynyň kazyýetiň başlygynyň tassyklan karary esasynda gözegçilik önümçiligini gozgamaga esas bolan teklipnamalary we şikaýatlary, şeýle-de kazyýetiň başlygynyň netijenamasy şol kazyýetleriň başlyklary tarapyndan Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň seretmegine iberilýär. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy işiň gözegçilik tertibinde seredilmegini esaslandyrýan şol resminamalary deň derejeli kazyýete ýa-da Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna seretmek üçin berýär.

3. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazysynyň işe birinji basgançakly, nägilelik ýa-da gözegçilik tertibinde seredilmegine gatnaşmagy, ony Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynda bu işe seredilmeginde gatnaşmak hukugyndan mahrum etmeýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2022-nji ýylyň 8-nji maýyndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 2, 28-nji madda; Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**490-njy madda. Işe garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça seretmegiň tertibi**

1. Kanuny güýje giren höküm, kesgitnama ýa-da karar baradaky teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça işe welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumy, şonuň ýaly-da garşylyknama boýunça Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy tarapyndan – degişli resminamalar bilen işiň gowşan gününden on bäş gije-gündizden gijä goýulman; Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy tarapyndan – bir aýdan gijä goýulman; Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy tarapyndan bolsa üç aýdan gijä goýulman seredilýär.

2. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumynyň mejlisine degişlilikde welaýatyň, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory ýa-da onuň orunbasary, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynyň mejlisine Türkmenistanyň Baş prokurory ýa-da onuň orunbasary, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň mejlisine bolsa Türkmenistanyň Baş prokurorynyň ygtyýarlandyran prokurory gatnaşýarlar. Türkmenistanyň Baş prokurory Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň mejlisine gatnaşmaga borçludyr.

3. Kazy zerur bolan halatlarda iş kesileni, aklanany, olaryň adwokatlaryny, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekillerini, jebir çekeni we onuň wekilini, raýat hak isleýjisini, raýat jogap berijisini we olaryň wekillerini düşündiriş bermek

üçin işe kazyýet gözegçiligi tertibinde seredýän kazyýetiň mejlisine çagyrmaga haklydyr. Kazyýet mejlisine çagyrylýan adamlar üçin garşylyknama ýa-da teklipnama, netijenama we şikaýat bilen tanyşmak mümkinçiligi üpjün edilýär.

4. Iş boýunça toplanan maglumatlar hakynda kazyýetiň başlygy ýa-da onuň tabşyrmagy boýunça prezidiumyň agzasy ýa-da kazy beýan edýär. Beýançy kazy işiň ýagdaýlaryny, hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň mazmunyny, garşylyknamanyň, teklipnamanyň, netijenamanyň we şikaýatyň mazmunyny hem-de iş boýunça öz pikirini beýan edýär. Beýançy kaza sowal berlip bilner. Eger kazyýet mejlisine iş kesilen, aklanan, olaryň adwokatlary, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň kanuny wekilleri, jebir çeken we onuň wekili, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi we olaryň wekilleri gatnaşýan bolsa, onda olar kazynyň beýanyndan soň öz düşündirişlerini bermäge haklydyrlar.

5. Soňra garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça pikirini aýtmak üçin prokurora söz berilýär, şundan soň kazyýetiň prezidiumy ýa-da Plenumy degişlilikde garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça karar, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy bolsa garşylyknama boýunça kesgitnama çykarýar, bu karar we kesgitnama sesleriň köplügi bilen kabul edilýär.

6. Jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kesgitnamasy maslahat otagynda düzülýär. Prezidiumda, Plenumda we kazyýet kollegiýasynda ses berlen mahalynda kazyýetiň düzümine girýän adamlaryň hiç biriniň ses bermekden saklanmaga haky ýokdur.

7. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumynda seredilen garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumynda we Plenumynda seredilen garşylyknama boýunça, sesler deň bolan mahalynda nämakul görlen diýip hasap edilýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

### 491-nji madda. Gözegçilik basgançakly kazyýetiň hukuklarynyň çäkleri

1. Işe gözegçilik tertibinde seredilen mahalynda işe seredýän kazyýet garşylyknamanyň, teklipnamanyň, netijenamanyň we şikaýatyň delilleri bilen bagly däldir we iş boýunça önümçiligi doly möçberde bütinleý barlamaga borçludyr. Eger iş boýunça birnäçe adama iş kesilen bolsa, emma iş kesilenleriň diňe biri ýa-da birnäçesi barada garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat getirilen bolsa, kazyýet iş kesilenleriň hemmesi barada işi barlamaga borçludyr.

2. Kazyýet işe gözegçilik tertibinde sereden mahalynda iş kesilen adam barada bellenen jezany ýeňilleşdirip ýa-da has ýeňil jenaýat hakyndaky kanuny ulanyp biler, emma onuň bu jezany güýçlendirmäge, şonuň ýaly-da has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmaga haky ýokdur.

3. Bir jenaýat işi boýunça kazyýetde işi seredilýän birnäçe adama iş kesilen ýa-

da olar aklanan halatynda, eger hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň sökülmegi özleri barada garşylyknama getirilmedik aklanan ýa-da iş kesilen adamlaryň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan bolsa, kazyýetiň bular barada hökümi, kesgitnamany ýa-da karary sökmäge haky ýokdur.

4. Işe gözegçilik tertibinde sereden kazyýetiň görkezmelerini ýerine ýetirmek işi goşmaça derňeýän edara we işe ikinji gezek seredýän kazyýet üçin hökmandyr.

5. Işe kazyýet gözegçiligi tertibinde seredýän kazyýetiň hökümde anyklanmadyk ýa-da hökümde nämakul tapylan hakyky ýagdaýlary anyklamaga ýa-da subut edilen diýip hasap etmäge haky ýokdur, şeýle hem aýyplawyň subut bolandygy ýa-da subut bolmandygy hakyndaky, haýsydyr bir subutnamanyň hakykydygy ýa-da hakyky däldigi hakyndaky we haýsydyr bir subutnamalaryň başga subutnamalardan artykmaçlyklary hakyndaky, birinji basgançakly kazyýetiň haýsydyr bir jenaýat kanunyny ulanmagy hakyndaky hem-de jeza çäresi hakyndaky meseleleri öňünden çözmäge haky ýokdur.

6. Şeýle hem işe gözegçilik tertibinde seredýän kazyýetiň nägilelik tertibindäki kesgitnamasyny söküp, işe ikinji gezek seredilen mahalynda ikinji basgançakly kazyýetiň çykaryp biljek netijelerini öňünden çözmäge haky ýokdur.

**492-nji madda. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümini, kesgitnamasyny we kararyny sökmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar**

1. Işe gözegçilik tertibinde seredilýän mahalynda hökümi sökmek ýa-da üýtgetmek üçin esaslar şu Kodeksiň 454-nji maddasynda görkezilen ýagdaýlardyr.

2. Eger garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat boýunça degişlilikde işe seredýän kazyýet birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyny, kazynyň kararyny, ikinji ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetiň kesgitnamasyny we kararyny gözden geçirende birinji basgançakly kazyýet bikanun ýa-da esassyz çözgüt çykarypdyr, iş boýunça öňki kesgitnama, karar ýa-da höküm ýokarky kazyýet tarapyndan esassyz üýtgedilmän galdyrylypdyr, sökülipdir ýa-da üýtgedilipdir diýip hasap edýän bolsa, şonuň ýaly-da işe ýokarky kazyýet sereden mahalynda kanunyň bozulmagyna ýol berip, munuň özi şol kazyýetiň çykaran kesgitnamasynyň ýa-da kararynyň dogrudygyna täsir eden ýa-da täsir etmegi mümkin bolan bolsa, birinji basgançakly kazyýetiň kesgitnamalary, kazynyň kararlary, ikinji ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetiň kesgitnamalary we kararlary sökülmelidir ýa-da üýtgedilmelidir.

**493-nji madda. Garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýata seredýän kazyýetiň kesgitnamalary we kararlary**

Işe gözegçilik tertibinde seretmek netijesinde kazyýet:

1) garşylyknamany, teklipnamany, netijenamany we şikaýaty kanagatlandyrman galdyryp biler;

2) hökümi ýa-da şikaýat edilýän beýleki kazyýet çözgüdini we kazyýetiň soňraky kesgitnamalarynyň hem-de kararlarynyň hemmesini söküp we şu Kodeksde bellenen tertipde iş boýunça önümçiligi ýatyryp ýa-da ony goşmaça derňewe ýa-da

kazyýetiň täzeden seretmegine iberip biler;

3) eger nägilelik kesgitnamasy hem-de kazyýetiň soňraky kesgitnamalary we kararlary çykarylan bolsa, onda olary söküp we işi nägilelik tertibinde täzeden seretmäge iberip biler;

4) gözegçilik tertibinde çykarylan kesgitnamalary we kararlary söküp hem-de kazyýetiň hökümini we nägilelik tertibindäki kesgitnamasyny üýtgetmän galdyryp ýa-da üýtgedip biler;

5) kazyýetiň hökümine, kesgitnamasyna ýa-da kararyna üýtgetmeler girizip biler.

**494-nji madda. Kesgitnamanyň ýa-da kararyň mazmuny**

1. Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy we Prezidiumy, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumy işe gözegçilik tertibinde sereden mahalynda çykarylan karar ýa-da Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň kesgitnamasy şu Kodeksiň 464-nji maddasynyň talaplaryna laýyk gelmelidir.

2. Kesgitnama kazyýetiň bütin düzümi, kazyýet prezidiumynyň kararyna prezidiumyň mejlisinde başlyklyk ediji, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň kararyna bolsa Plenumyň başlygy we kätibi gol çekýär.

3. Kazyýetiň kesgitnamasy ýa-da karary garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat bilen bilelikde işiň ýanyna goşulýar.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**495-nji madda. Ilkibaşdaky höküm gözegçilik tertibinde sökülenden soň işe birinji basgançakly kazyýetiň seretmegi**

1. Ilkibaşdaky höküm sökülenden soň işe umumy tertipde seredilmelidir.

2. Eger ilkibaşdaky höküm jezanyň ýeňildigi üçin ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň zerurdygy sebäpli gözegçilik tertibinde sökülen bolsa, diňe şonda birinji basgançakly kazyýet işe täzeden sereden mahalynda jezanyň güýçlendirilmegine ýa-da has agyr jenaýat hakyndaky kanunyň ulanylmagyna ýol berilýär.

3. Eger höküm sökülenden soň iş kazyýet seljerişinde täzeden seredilen mahalynda aýyplanýanyň öňki hökümde görkezilen jenaýatdan has agyr jenaýat edendigine şaýatlyk edýän ýagdaýlar anyklansa, onda oňa şol agyr jenaýat boýunça aýyp bildirmek üçin jenaýat işi goşmaça derňewe gaýtarylmalydyr.

**496-njy madda. Kazyýetiň hökümine, kesgitnamasyna we kararyna gaýtadan şikaýat etmek, garşylyknama getirmek**

Ilkibaşdaky hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň ikinji ýa-da gözegçilik

basgançakly kazyýetde sökülmegi sebäpli ikinji gezek çykarylan hüküme, kesgitnama ýa-da karara kazyýetiň ilkibaşdaky höküminiň, kesgitnamasynyň ýa-da kararynyň sökülmeginiň delillerine bagly bolmazdan, umumy tertipde garşylyknama, teklipnama, netijenama getirilip we şikaýat edilip bilner.

**497-nji madda. Gözegçilik basgançakly kazyýetiň hususy kesgitnamasy we karary**

Işe gözegçilik tertibinde seredýän kazyýet şu Kodeksiň 434-nji maddasynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolan mahalynda hususy kesgitnama ýa-da karar çykarýar.

**48-nji bap. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işleriň önümçiligini dikeltmek** *(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**498-nji madda. Işleriň önümçiligini dikeltmegiň esaslary**

1. Kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi, kesgitnamasy we karary täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça sökülip we işiň önümçiligi dikeldilip bilner.
2. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça jenaýat işiniň önümçiligini dikeltmek üçin esaslar şu aşakdakylardyr:
1) jebir çekeniň ýa-da şaýadyň beren görkezmeleriniň, bilermeniň netijenamasynyň görnetin ýalandygynyň, şonuň ýaly-da maddy subutnamalaryň, derňew we kazyýet hereketleriniň teswirnamalarynyň we beýleki resminamalaryň galpdygynyň ýa-da terjimäniň görnetin nädogrydygynyň we bularyň bikanun ýa-da esassyz hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň çykarylmagyna getirendiginiň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça anyklanmagy;
2) anyklaýjynyň, sülçüniň ýa-da prokuroryň jenaýatly hereketleriniň bikanun ýa-da esassyz hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň çykarylmagyna getirendiginiň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça anyklanmagy;
3) kazylar şu işe sereden mahalynda olaryň jenaýatly hereketleriniň kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça anyklanmagy;
4) hüküm ýa-da kesgitnama çykarylan mahalynda kazyýete mälim bolmadyk başga ýagdaýlar, ýagny öz-özünden ýa-da ozal anyklanan ýagdaýlar bilen birlikde iş kesileniň bigünädigini ýa-da onuň iş kesilmegine sebäp bolan jenaýatyň has ýeňil ýa-da has agyr jenaýaty edendigini subut edýän, şonuň ýaly-da aklananyň ýa-da özi barada iş ýatyrylan adamyň günälidigini subut edýän ýagdaýlar.
3. Wagt möhletleriniň geçendigi, günä geçme ýa-da aýry-aýry adamlar barada rehim etme namasynyň ulanylandygy sebäpli, şeýle hem aýyplanýanyň aradan çykandygy ýa-da jenaýat jogapkärçiligine çekilmäge degişli ýaşynyň ýetmeýändigi sebäpli hüküm çykarmak mümkin bolmadyk mahalynda, şu maddanyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen täze ýüze çykan ýagdaýlar şu Kodeksiň 501-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde geçirilýän derňew bilen anyklanýar.
*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**499-njy madda. Täze ýüze çykan ýagdaýlar sebäpli täzeden seredilmäge degişli jenaýat işleri boýunça kazyýetiň çözgütleri**

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça şu aşakdakylara täzeden seredilip bilner:

1) aýyplaw hökümi;

2) aklaw hökümi;

3) döwlet aýyplaýjysynyň, jebir çekeniň ýa-da onuň kanuny wekiliniň degişli haýyşy bolmasa-da, kazyýetiň işi ýatyrmak hakyndaky çözgüdi.

**500-nji madda. Işiň önümçiligini dikeltmegiň möhletleri**

1. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça aýyplaw hökümine iş kesileniň peýdasy üçin täzeden seretmek hiç hili möhlet bilen çäklendirilmeýär.

2. Iş kesileniň aradan çykmagy onuň bozulan hukuklaryny dikeltmek maksady bilen ol hakdaky işiň täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça önümçiliginiň dikeldilmegine päsgel bermeýär.

3. Kazyýetiň aklaw hökümine, işi ýatyrmak hakyndaky kesgitnamasyna we kararyna, şeýle hem jezanyň ýeňildigi ýa-da iş kesilen barada has agyr jenaýat hakyndaky kanuny ulanmagyň zerurlygy sebäpli, kazyýetiň aýyplaw hökümine, kesgitnamasyna we kararyna gaýtadan seredilmegine diňe Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 73-nji maddasynda bellenilen jenaýat jogapkärçiligine çekilmeli wagt möhletiniň dowamynda ýol berilýär, ýöne, gaýtadan seretmek täze ýagdaýlaryň ýüze çykan gününden başlap bir ýyldan gijä goýulmaly däldir.

4. Täze ýagdaýlaryň ýüze çykan güni diýlip aşakdakylar hasap edilýär:

1) şu Kodeksiň 498-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde göz öňünde tutulan halatlarda, görnetin ýalan görkezme bermekde, ýalan subutnama getirmekde, nädogry terjime etmekde, derňewiň ýa-da işe seretmegiň dowamynda jenaýatly hereketleri etmekde günäkärler baradaky hökümiň, kesgitnamanyň ýa-da kararyň kanuny güýje giren güni;

2) şu Kodeksiň 498-nji maddasynyň ikinji böleginiň 4-nji bendinde göz öňünde tutulan halatynda, täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň önümçiligini dikeltmegiň zerurlygy hakyndaky netijenama prokuroryň gol çeken güni.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**501-nji madda. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi gozgamak**

1. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi gozgamak hukugy prokurora degişlidir.

2. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň gozgalmagyna raýatlaryň arzalary, edaralaryň, guramalaryň ýa-da wezipeli adamlaryň habarlary, şeýle hem başga jenaýat işleriniň derňelmeginiň we seredilmeginiň dowamynda alnan maglumatlar deliller bolup durýarlar.

3. Eger gowşan arzada ýa-da habarda, şu Kodeksiň 498-nji maddasynyň ikinji böleginiň 1-3-nji bentlerinde görkezilen ýagdaýlar bilen baglylykda kazyýetiň çykaran hökümininiň bardygyna salgylanylan bolsa, prokuror öz karary bilen täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işi gozgaýar, degişli derňewi geçirýär, hökümiň göçürilen nusgasyny we onuň kanuny güýje girendigi hakyndaky kazyýetiň güwänamasyny talap edip alýar.

**502-nji madda. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça barlag ýa-da derňew tamamlanandan soň prokuroryň hereketleri**

1. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça barlag ýa-da derňew tamamlanandan soň, jenaýat işiniň önümçiliginiň dikeldilmegine esaslar bar bolan mahalynda, etrap ýa-da etrap hukukly şäher prokurory işi barlagyň, derňewiň materiallary bilen bilelikde welaýat prokuroryna, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokuroryna ýa-da Türkmenistanyň Baş prokuroryna iberýär.

2. Welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory ýa-da Türkmenistanyň Baş prokurory, eger işe birinji basgançakda etrap, etrap hukukly şäher kazyýeti tarapyndan seredilen bolsa, işi barlagyň, derňewiň maglumatlary we öz netijenamasy bilen bilelikde, degişlilikde welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetiniň prezidiumyna ýa-da Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna iberýär.

3. Birinji basgançak boýunça welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýeti tarapyndan seredilen işler barada Türkmenistanyň Baş prokurory işi derňewiň materiallary we öz netijenamasy bilen bilelikde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasyna iberýär.

4. Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti tarapyndan seredilen işler boýunça Türkmenistanyň Baş prokurory işi barlagyň, derňewiň materiallary we öz netijenamasy bilen bilelikde Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumyna ýa-da Plenumyna iberýär.

5. Işiň önümçiliginiň dikeldilmegine esas bolmadyk mahalynda welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory ýa-da Türkmenistanyň Baş prokurory delillendirilen karary bilen täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça özüniň gozgan işini şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda ýatyrýar. Prokuroryň şu karary gyzyklanýan degişli adamlaryň, edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň dykgatyna ýetirilmelidir, olara şol karar barada ýokarky prokurora şikaýat etmek hukugy düşündirilýär.

*(2010-njy ýylyň 1-nji iýulyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 3, 42-nji madda;, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**503-nji madda. Işiň önümçiligini dikeltmek hakyndaky meseläni kazyýetiň çözmegi**

1. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütlerine täzeden seretmek welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetleriniň prezidiumlary

tarapyndan amala aşyrylýar, eger degişli iş boýunça gözegçilik tertibinde Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti kesgitnama ýa-da karar çykaran halatynda bolsa, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Prezidiumy ýa-da Plenumy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Işiň öň hem ikinji ýa-da gözegçilik basgançakly kazyýetde seredilmegi, täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň önümçiligini dikeltmek tertibinde onuň şol kazyýetde seredilmegine päsgel bermeýär.

3. Prokuroryň täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň önümçiligini dikeltmek hakyndaky netijenamasyna şu Kodeksiň 490-njy maddasynda bellenen düzgünler boýunça kazyýet mejlisinde seredilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda; 2023 ý., № 2, 33-nji madda; 2025 ý., № 4, ___-nji madda).*

**504-nji madda. Prokuroryň netijenamasyna seredýän kazyýetiň kesgitnamasy we karary**

Kazyýet täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň önümçiligini dikeltmek hakyndaky prokuroryň netijenamasyna seredip, şu aşakdakylar hakynda kesgitnama ýa-da karar çykarýar:

1) kazyýetiň hökümini, kesgitnamasyny ýa-da kararyny sökmek we işi goşmaça derňew ýa-da täze kazyýet seljerişini geçirmek üçin bermek hakynda;

2) kazyýetiň hökümini, kesgitnamasyny ýa-da kararyny sökmegiň we iş boýunça gutarnykly çözgüt çykarmagyň işi täzeden derňemegi ýa-da täze kazyýet seljerişini talap etmeýän halatynda bolsa, işi ýatyrmak hakynda;

3) prokuroryň netijenamasyny ret etmek hakynda.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**505-nji madda. Kazyýet çözgütleri sökülenden soň önümçilik**

1. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça kazyýet çözgütleriniň sökülmegi sebäpli işiň önümçiligi dikeldilenden soň, derňew we kazyýet seljerişi hem-de täzeden çykarylan kazyýet çözgütleri barada şikaýat etmek, teklipnama getirmek, şeýle-de olara garşylyknama, teklipnama, netijenama we şikaýat getirmek umumy tertipde geçirilýär.

2. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça haýsy jenaýat işi boýunça höküm sökülen bolsa, şol jenaýat işi kazyýetde seljerilen wagtynda, birinji basgançakly kazyýet sökülen höküm boýunça bellenen jezanyň möçberleri bilen bagly däldir.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

**506-njy madda. Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça işiň önümçiligi dikeldilende raýat hak islegi**

Täze ýüze çykan ýagdaýlar boýunça höküm sökülen halatynda, işe ilkinji gezek seredilen mahalynda gozgalan raýat hak islegine täzeden umumy esaslarda seredilýär. Işiň diňe raýat hak islegi baradaky böleginiň diňe raýat kazyýet önümçiligi tertibinde önümçiliginiň dikeldilmegine ýol berilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2018 ý., № 2, 33-nji madda).*

## Onunjy bölüm
## Jenaýat işleriniň aýry-aýry görnüşleri boýunça önümçiligiň aýratynlyklary

### 49-njy bap. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça önümçilik

**507-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça önümçiligiň tertibi**

1. Şu bapda göz öňünde tutulan düzgünler jenaýat eden pursadyna çenli kämillik ýaşyna, ýagny on sekiz ýaşyna ýetmedik adamlaryň işleri boýunça ulanylýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça önümçiligiň tertibi şu Kodeksde bellenen umumy düzgünler hem-de şu babyň maddalary esasynda kesgitlenýär.

2. Şeýle önümçiligiň tertibi şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanylmaýar:

1) kämillik ýaşyna ýetmedik adam birnäçe jenaýat eden bolsa we olaryň bir bölegi on sekiz ýaşyna ýetenden soň edilen hem-de olar boýunça işler bir önümçilige birleşdirilen bolsa;

2) aýyplanýan kazyýetde işiniň seredilýän mahalynda kämillik ýaşyna ýeten bolsa.

**508-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça anyklanylmaga degişli ýagdaýlar**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat işleri boýunça şu Kodeksiň 126-njy maddasynda göz öňünde tutulanlardan başga, deslapky derňew geçirilýän mahalynda we kazyýet seljerişinde şu aşakdaky ýagdaýlary aýdyňlaşdyrmaga aýratyn üns bermek zerurdyr:

1) kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýaşy (doglan güni, aýy, ýyly);

2) kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýaşaýyş, durmuş we terbiýeleniş şertleri;

3) kämillik ýaşyna ýetmedigiň jenaýat etmegine ýol açan sebäpler we şertler;

4) onuň akyl ýetiriş ukybynyň, erkiniň we akyl taýdan ösüşiniň derejeleri, häsiýetiniň we hyjuwynyň aýratynlyklary, islegleri we gyzyklanýan ugurlary;

5) kämillik ýaşyna ýetmedik adama öz deň-duşlarynyň, uly ýaşly adamlaryň, meçew berijileriň ýetirýän täsiri.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň akyl üýtgedýän kesel bilen baglanyşyksyz akyly goýalmak taýdan yza galandygy hakynda maglumatlar bar bolsa, onuň öz hereketleriniň ähmiýetine doly düşünip biljekdigi ýa-da bilmejekdigi hem

aýdyňlaşdyrylmalydyr. Şu ýagdaýlary anyklamak üçin kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň ata-enesinden, onuň mugallymlaryndan we terbiýeçilerinden hem-de bu barada gerekli maglumatlary berip biljek başga adamlardan sorag edilmelidir, şonuň ýaly-da zerur bolan resminamalar talap edilip alynmalydyr we başga derňew hem-de kazyýet hereketleri geçirilmelidir.

**509-njy madda. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça aýanlygy çäklendirmek**

Jenaýat iş ýöredişiň bütin dowamynda kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäniň, aýyplanýanyň, kazyýetde işi seredilýäniň iş boýunça äşgär edilmesizligi saklamak baradaky hukugy berjaý edilmelidir.

**510-njy madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik hakyndaky işi özbaşdak önümçilige bölüp aýyrmak**

1. Uly ýaşlylar bilen bilelikde jenaýat etmäge gatnaşan kämillik ýaşyna ýetmedik adam barada jenaýat işi şu Kodeksiň 45-nji maddasynyň birinji böleginiň 3-nji bendine laýyklykda deslapky derňew döwründe özbaşdak önümçilige bölünip aýrylyp bilner.

2. Eger şeýle bölüp aýyrmak jenaýat işi boýunça ýüze çykýan ýagdaýlary doly we hemmetaraplaýyn öwrenmäge düýpli päsgel berýän bolsa, onda bir jenaýat işi boýunça kämillik ýaşyna ýetenler bilen bilelikde şol ýaşa ýetmedik aýyplanýan babatda şu babyň düzgünleri ulanylýar.

**511-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäni, aýyplanýany, kazyýetde işi seredilýäni çagyrmagyň tertibi**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän sülçiniň ýanyna ýa-da kazyýete onuň ata-enesiniň ýa-da başga kanuny wekiliniň, olar bolmadyk halatynda hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň üsti bilen çagyrylýar.

2. Çagalar edaralarynda ýa-da tussaglykda saklanylýan kämillik ýaşyna ýetmedikler, olaryň bolýan ýeriniň ýolbaşçylarynyň üsti bilen çagyrylýar.

**512-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýänden, aýyplanýandan, kazyýetde işi seredilýänden sorag etmegiň tertibi**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça kämillik ýaşyna ýetmedik adam ilkinji gezek güman edilýän ýa-da aýyplanýan hökmünde sorag edilýän pursadyndan, eger ol aýyp bildirilmezinden öň tutulyp saklanylan ýa-da tussag edilen bolsa, tutulyp saklanylan ýa-da tussag edilen pursadyndan başlap adwokat gatnaşdyrylýar. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýän, aýyplanýan, kazyýetde işi seredilýän ýa-da onuň kanuny wekilleri adwokat bilen ylalaşyk baglaşmasalar, onda sülçi, prokuror, kazyýet işde adwokatyň gatnaşmagyny üpjün

etmelidir.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäniň, aýyplanýanyň ata-enesi ýa-da başga kanuny wekilleri bar bolsa, onda olaryň işe gatnaşdyrylmagy hökmandyr. Olar ýok halatynda hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň wekilleri gatnaşdyrylmalydyr. Olar ilkinji sorag edilýän pursadyndan başlap sülçiniň karary esasynda işe gatnaşdyrylýar. Deslapky derňewiň tamamlanmagy bilen, sülçiniň karary esasynda, kämillik ýaşyna ýetmedik adama ýaramaz täsir ýetirjek iş boýunça toplanan materiallar bilen ony tanyşdyrmazdan, onuň kanuny wekili tanyşdyrylyp bilner. Eger kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekiliniň hereketleri onuň bähbitlerine zyýan ýetirýändigi barada ýa-da işiň dogry derňelmegine päsgel berýändigi barada ýeterlik esaslar bar bolsa, sülçiniň delillendirilen karary esasynda ol jenaýat işine gatnaşmakdan çetleşdirilip we kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň başga bir kanuny wekili işe gatnaşdyrylyp bilner.

3. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýän, aýyplanýan we kazyýetde işi seredilýän her günde arakesmesiz iki sagatdan köp bolmadyk, jemi bilelikde dört sagatdan köp bolmadyk wagtyň dowamynda gündizine sorag edilip bilner. Ony sorag etmek adwokatyň, kanuny wekiliň, zerur bolan halatlarynda mugallymyň gatnaşmagynda geçirilýär.

**513-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik şaýatdan, jebir çekenden sorag etmek**

Kämillik ýaşyna ýetmedik şaýatdan, jebir çekenden sorag etmek şu Kodeksiň 394-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde amala aşyrylýar.

**514-nji madda. Mugallymyň we psihologyň gatnaşmagy**

On alty ýaşyna ýetmedik ýa-da on alty ýaşyna ýeten, ýöne akyl taýdan ösüşiniň yza galandygy barada alamatlary bar bolan güman edilýän, aýyplanýan ýa-da kazyýetde işi seredilýän adamyň gatnaşýan iş ýörediş hereketlerinde mugallymyň, psihologyň gatnaşdyrylmagy hökmandyr. Başga halatlarda bolsa mugallym, psiholog anyklaýjynyň, sülçiniň, prokuroryň, kazyýetiň garaýşyna baglylykda ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigiň adwokatynyň, kanuny wekiliniň haýyşy boýunça gatnaşdyrylyp bilner.

**515-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekiliniň, mugallymyň we psihologyň hukuklary**

1. Kanuny wekiliň aşakdaky hukuklary bardyr:

1) kämillik ýaşyna ýetmedigiň näme barada güman edilýändigini ýa-da aýyplanýandygyny bilmäge;

2) oňa aýyp bildirilende ýa-da sorag edilende gatnaşmaga;

3) sülçiniň ygtyýar bermegi bilen güman edilýän, aýyplanýan kämillik ýaşyna ýetmedigiň we onuň adwokatynyň gatnaşýan beýleki derňew hereketlerine gatnaşmaga;

4) özüniň gatnaşan derňew hereketleri baradaky teswirnamalar bilen tanyşmaga we olardaky ýazgylaryň dogrudygy hem doludygy barada bellikler etmäge;

5) haýyşlar we ynanmazlyklar bildirmäge, sülçiniň ýa-da prokuroryň geçirýän hereketleri we kararlary barada şikaýat etmäge;

6) subutnamalar getirmäge;

7) jenaýat işiniň derňewi tamamlanandan soň onuň bilen doly tanyşmaga we ondan islendik möçberde maglumatlary göçürip almaga.

2. Mugallymyň ýa-da psihologyň hukuklary aşakdakylardan ybaratdyr:

1) sülçiniň, kazyýetiň ygtyýar bermegi bilen kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýäne, aýyplanýana sowal bermek;

2) iş ýörediş hereketleri tamamlanandan soň özüniň gatnaşan derňew hereketleriniň ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamalary bilen tanşyp, olaryň dogrudygy we doludygy barada öz belliklerini etmek;

3) sülçiniň, kazyýetiň garaýşyna baglylykda kämillik ýaşyna ýetmedige häsiýetnama beriji maglumatlar bilen tanyşmak.

3. Kanuny wekiliň, mugallymyň ýa-da psihologyň şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen hukuklary hakynda sülçi, prokuror, kazyýet iş ýörediş hereketlerine başlamazdan öň olara düşündirýär we bu barada derňew hereketleriniň ýa-da kazyýet mejlisiniň teswirnamasynda bellik edýär.

**516-njy madda. Kämillik ýaşyna ýetmedige ätiýaçsyzlandyryş çäreleriniň ulanylmagy**

1. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýänlere, aýyplanýanlara şu Kodeksiň 147-nji maddasynyň birinji we ikinji böleklerinde göz öňünde tutulan ätiýaçsyzlandyryş çäreleri ulanylyp bilner.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik güman edilýänler, aýyplanýanlar barada ätiýaçsyzlandyryş çäresini saýlap almak hakyndaky mesele çözülende şu Kodeksiň 147-nji maddasynda göz öňünde tutulan seretmäge bermek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ähli halatlarda nazarda tutulmalydyr. Diňe aýratyn ýagdaýlarda, agyr we aýratyn agyr jenaýat eden mahalynda, şu Kodeksiň 146-njy we 154-nji maddalarynda göz öňünde tutulan esaslar bar bolan halatynda kämillik ýaşyna ýetmedige tutup saklamak ýa-da ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde tussag etmek ulanylyp bilner.

3. Şu Kodeksiň 158-nji maddasynda göz öňünde tutulan deslapky derňew döwründe kämillik ýaşyna ýetmedigi tussaglykda saklamak alty aýa çenli möhletden uzak möhlete uzaldylyp bilinmez. Kämillik ýaşyna ýetmedikler uly ýaşlylardan aýratynlykda saklanylýar.

4. Tutulyp saklanandygy, tussag edilendigi ýa-da tussaglykda saklamagyň möhletiniň uzaldylandygy barada haýal etmän kämillik ýaşyna ýetmedigiň ata-enesi ýa-da başga kanuny wekili, olar bolmadyk halatynda, onuň ýakyn garyndaşlary habarly edilýär.

**517-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekiliniň kazyýet seljerişine gatnaşmagy**

1. Kazyýet mejlisine kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýetde işi seredilýänleriň we jebir çekenleriň ata-eneleri ýa-da başga kanuny wekilleri çagyrylmalydyr. Olar kazyýet seljerişinde subutnamalary barlamaga, görkezmeler bermäge, haýyşlary we ynanmazlyklary bildirmäge, kazyýetiň hereketleri, çözgütleri barada şikaýat etmäge, nägilelik tertibinde işlere seredýän kazyýetiň mejlisine gatnaşmaga, öz şikaýatlaryna düşündiriş bermäge haklydyrlar. Görkezilen hukuklar barada olara kazyýet seljerişiniň taýýarlyk bölüminiň öňüsyrasy düşündirilýär. Kanuny wekiller kazyýet seljerişiniň bütin dowamynda kazyýet mejlishanasynda bolýarlar we olaryň razylygy bilen kazyýetde şaýat hökmünde sorag edilip bilner.

2. Eger kazyýet seljerişinde kanuny wekiliň gatnaşmagy we onuň hereketleriniň kazyýetde işi seredilýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň bähbitlerine zyýan ýetirýändigi ýa-da işiň hemmetaraplaýyn we dogry çözülmegine päsgel bermäge gönükdirilendigi barada netijä gelmäge anyk esas bar bolsa, onda kazyýetiň delillendirilen kesgitnamasy bilen ol kazyýet seljerişine gatnaşmakdan çetleşdirilip bilner. Şeýle ýagdaýda işe gatnaşmaga kämillik ýaşyna ýetmedigiň başga bir kanuny wekili goýberilýär.

3. Eger kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekiliniň kazyýet seljerişine gatnaşmagyny hökman hasap etmeýän bolsa, onda onuň kazyýet mejlisine gelmezligi sebäpli işe seretmek togtadylmaýar.

4. Eger kazyýetde işi seredilýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň kanuny wekili işe gatnaşmaga adwokat ýa-da raýat jogap berijisi hökmünde çekilen bolsa, onda ol şol iş ýöredişe gatnaşyjylaryň hukuklaryndan peýdalanýar we olaryň borçlaryny ýerine ýetirýär.

**518-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça kazyýet seljerişine edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagy**

1. Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar hakyndaky işiň seredilýän wagty we ýeri barada kämillik ýaşyna ýetmedigiň okan mekdebine ýa-da işlän edarasyna, kärhanasyna we guramasyna, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri baradaky topara we içeri işler edarasynyň degişli bölümine, zerur bolan mahalynda bolsa beýleki guramalara hem habar berýär. Kazyýet zerur bolan halatynda şol guramalaryň wekillerini, şeýle hem kazyýetde işi seredilýäniň ata-enesiniň, hossarynyň ýa-da howandarynyň işleýän ýerindäki jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini kazyýet mejlisine çagyrmaga haklydyr.

2. Ýokarda görkezilen guramalaryň wekilleri kazyýetiň ygtyýar bermegi bilen subutnamalary barlamaga gatnaşyp bilerler. Zerur halatlarda olardan şaýatlar hökmünde sorag edilip bilner. Kazyýet, eger bu wekilleriň kazyýet seljerişine gatnaşmagyny zerur diýip tapmasa, onda olaryň gelmezligi işiň diňlenmegine päsgel bermeýär.

**519-njy madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik işi seredilýäni kazyýet mejlishanasyndan çykarmak**

1. Şu Kodeksiň 394-nji maddasynyň üçünji we dördünji böleklerine laýyklykda adwokatyň ýa-da kanuny wekiliň haýyşy boýunça, şeýle hem öz başlangyjy boýunça, taraplaryň pikirini nazara almak bilen, kazyýet öz kesgitnamasy bilen kazyýetde kämillik ýaşyna ýetmedik işi seredilýäni oňa ýaramaz täsir etjek ýagdaýlar barlanylyp gutarýança, kazyýet mejlishanasyndan çykarmaga haklydyr.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýetde işi seredilýän kazyýet mejlishanasyna gaýtarylyp getirilenden soň, kazyýet mejlisine başlyklyk ediji oňa kazyýet mejlishanasyndan çykarylan wagty seljeriş geçirilen ýagdaýlar barada zerur bolan möçberde we görnüşde habar berýär we oňa özi gatnaşmadyk wagty sorag edilen adamlara sowallar bermek mümkinçiligini döredýär.

**520-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik adam barada jenaýat işi boýunça höküm çykarylanda kazyýetiň çözmeli meseleleri**

1. Kazyýet kämillik ýaşyna ýetmedikler barada jenaýat işi boýunça höküm çykaranda şu Kodeksiň 414-nji maddasynda göz öňünde tutulan meselelerden başga-da şertleýin iş kesmek, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jezany bellemek, şeýle hem Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar bilen baglylykda jezadan boşatmak hakyndaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga borçludyr.

2. Şertleýin iş kesilen, azatlykdan mahrum etmek bilen bagly bolmadyk jeza çäresi bellenen, terbiýeçilik ýa-da bejeriş-terbiýeçilik edarasyna ýerleşdirilen ýa-da terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmak bellenen mahalynda, kazyýet bu barada ýöriteleşdirilen döwlet edarasyna habar berýär we iş kesileniň tertibine gözegçilik etmäge ony borçly edýär.

**521-nji madda. Kämillik ýaşyna ýetmedik barada jenaýat işini ýatyrmak we terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleri ulanmak arkaly jeza çekmekden boşatmak**

1. Kazyýet, eger iş boýunça kazyýet seljerişiniň netijesinde uly bolmadyk agyr jenaýaty ilkinji gezek on sekiz ýaşyna ýetmänkä eden kämillik ýaşyna ýetmedik adamy jeza çäresini ulanmazdan düzetmek mümkin diýen netijä gelse, onda şu Kodeksde göz öňünde tutulan tertipde jenaýat işi ýatyrylýar we kämillik ýaşyna ýetmedige Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 89-njy maddasynda göz öňünde tutulan terbiýeçilik täsirli mejbury çäreler ulanylyp bilner.

2. Eger kazyýet iş boýunça kazyýet seljerişiniň netijesinde uly bolmadyk agyr ýa-da ortaça agyr jenaýaty ilkinji gezek eden kämillik ýaşyna ýetmedik adamyň eden etmişiniň häsiýetini, netijelerini, onuň şahsyýeti baradaky maglumatlary we işiň beýleki ýagdaýlaryny göz öňünde tutmak bilen, jeza çäresini ulanmazdan düzetmek mümkin diýen netijä gelse, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 88-nji maddasy esasynda kazyýet öz kesgitnamasy bilen ony jeza çäresinden boşadýar we oňa terbiýeleýjilik häsiýetli mejbury çäreleri ulanyp ýa-da ony kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin ýörite terbiýeleýiş ýa-da bejeriş-terbiýeleýiş edarasyna ýerleşdirip biler.

3. Terbiýeçilik edaralarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, zähmetkeşler toparlarynyň ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigi zamunlyga ýa-da gözegçilige alan adamlaryň haýyşy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýaşaýan ýerindäki etrap, etrap hukukly şäher kazyýetleri terbiýeçilik täsirli mejbury çäreleriň ulanylmagyny ýatyryp biler.

## 50-nji bap. Jenaýat yzarlaýyşyndan ýeňilliklere we ýörite goraglylyk hukugyna eýe bolan adamlaryň işleri boýunça önümçiligiň aýratynlyklary

### 522-nji madda. Jenaýat yzarlaýyşyndan ýörite goraglylyk hukugy bolan adamlar

Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda, jenaýat yzarlaýyşyndan ýörite goraglylyk hukugyndan şu aşakdaky adamlar peýdalanýarlar:

1) daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň baştutanlary, şol wekilhanalaryň diplomatik işgärleri we olaryň özleri bilen bile ýaşaýan hem-de Türkmenistanyň raýaty bolmadyk maşgala agzalary;

2) özara ylalaşyk esasynda, diplomatik wekilhanalaryň Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan we onuň raýatlygynda durmaýan dolandyryş-tehniki işgärleri we olar bilen bilelikde ýaşaýan maşgala agzalary;

3) özara ylalaşyk esasynda, diplomatik wekilhanalaryň Türkmenistanda hemişelik ýaşamaýan we onuň raýaty bolmadyk hyzmat ediji işgärleri;

4) konsullyklaryň baştutanlary we beýleki wezipeli adamlary;

5) diplomatik çaparlar;

6) daşary ýurt döwletleriniň baştutanlary we wekilleri, parlament we hökümet wekilçilik toparynyň agzalary, özara ylalaşyk esasynda bolsa, Türkmenistana halkara gepleşiklerini, halkara ylmy maslahatlaryny we ýygnaklaryny geçirmäge gatnaşmak üçin ýa-da resmi tabşyryk bilen gelen ýa-da şol maksatlar bilen ýurduň çäklerinden üstaşyr geçip barýan daşary ýurt döwletleriniň wekiller toparynyň işgärleri hem-de olar bilen bilelikde barýan, Türkmenistanyň raýaty bolmadyk maşgala agzalary;

7) halkara şertnamalary we umumy ykrar edilen adatlary esasynda Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýän halkara guramalaryndaky daşary ýurt döwletleriniň wekilhanalarynyň baştutanlary, agzalary we işgärleri;

8) Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçip barýan, üçünji bir döwletde ýerleşen diplomatik wekilhanalaryň baştutanlary, diplomatik toparynyň agzalary, olary ugradyp barýan ýa-da olaryň ýanyna özbaşdak barýan ýa-da öz ýurduna gaýdyp barýan maşgala agzalary;

9) Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan kadalara laýyklykda beýleki adamlar.

### 523-nji madda. Şahsy eldegrilmesizlik

1. Şu Kodeksiň 522-nji maddasynyň 1-nji, 5-8-nji bentlerinde we Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan adamlar şahsy

eldegrilmesizlik hukugyndan peýdalanýarlar. Olar özleri barada çykarylan kanuny güýje giren hökümi ýerine ýetirmek üçin zerur bolan ýagdaýlardan başga halatlarda tutulyp saklanyp ýa-da tussag edilip bilinmez.

2. Şu Kodeksiň 522-nji maddasynyň 2-4-nji bentlerinde görkezilen adamlar, eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda diňe kazyýetiň kanuny güýje giren hökümini ýerine ýetirmek üçin, agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýaty edendigi üçin tutulyp saklanyp ýa-da tussag edilip bilner.

3. Şu maddanyň birinji we ikinji böleklerinde görkezilen adamlary tutup saklan ýa-da tussag eden deslapky derňew edarasy, prokuror ýa-da kazyýet telefon, tizhabarnama ýa-da aragatnaşygyň başga gyssagly görnüşi arkaly bu barada Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen gaýragoýmazdan degişli döwletiň daşary işler ministrligine habar bermelidir.

## 524-nji madda. Görkezme bermekden ýörite goraglylyk hukugy

1. Şu Kodeksiň 522-nji maddasynyň 1-3, 5-8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan adamlar şaýat, jebir çeken hökmünde görkezme bermezlige haklydyrlar, eger şeýle görkezme bermäge razylyk berseler, onda olaryň sülçiniň, prokuroryň ýanyna ýa-da kazyýete barmagy hökman däldir.

2. Eger bu adamlar deslapky derňew döwründe jebir çeken ýa-da şaýat hökmünde görkezme beren bolsalar, soňra bolsa kazyýet mejlisine gelmeseler, onda kazyýet olaryň görkezmelerini yglan edip biler.

3. Konsullyklaryň baştutanlary we olaryň beýleki wezipeli adamlary öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meselelerden başga soraglar boýunça şaýat we jebir çeken hökmünde görkezme bermekden ýüz dönderip bilmezler. Konsullyklaryň wezipeli adamlary şaýat hökmünde görkezme bermekden ýüz dönderen halatynda, olar barada iş ýörediş taýdan mejbur ediş çäreleri ulanylmaýar, eger şeýle görkezmeleriň jenaýat işi boýunça iňňän zerur bolan mahalynda, bu mesele diplomatik ýol bilen çözülip bilner.

4. Şu maddanyň birinji böleginde agzalan razylyk alnan halatynda, degişli adamlara berlen çakylyknamada çagyrylýan edara gelmedik ýagdaýynda, olara mejbury täsir ediş çäreleriniň ulanyljakdygy barada haýbat atma bolmaly däldir.

5. Ýörite goraglylyk hukugyndan peýdalanýan adamlar derňew edaralaryna, prokurora, kazyýete öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmäge degişli hatlary we beýleki resminamalary bermäge borçly däldirler.

## 525-nji madda. Resminamalaryň we jaýlaryň eldegrilmesizligi

1. Diplomatik wekilhananyň baştutanynyň rezidensiýasy, diplomatik wekilhananyň ýerleşýän jaýlary, diplomatik toparyň agzalarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýan jaýlary, olaryň emlägi we ulag serişdeleri eldegrilmesizdir.

2. Özara ylalaşyk esasynda, şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan ýörite goraglylyk hukugy diplomatik wekilhanalaryň Türkmenistanyň raýatlygynda durmaýan hyzmat ediji düzüminiň işgärleriniň we olar bilen bile ýaşaýan maşgala agzalarynyň ýaşaýyş jaýlaryna-da degişlidir.

3. Özara ylalaşyk esasynda, konsullygyň baştutanynyň rezidensiýasy, konsullygyň ýerleşýän jaýy hem eldegrilmesizdir. Bu jaýlara girmek, gözden geçiriş işlerini geçirmek, öý dökmek, jenaýat işi üçin ähmiýeti hem-de zerurlygy bolan zatlary almak, emlägi gozgamasyz etmek diňe degişli daşary ýurt döwletiniň diplomatik wekilhanasynyň ýa-da konsullygynyň baştutanynyň haýyşy ýa-da razylygy boýunça şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda mümkin bolup biler.

4. Diplomatik wekilhanalaryň we konsullyklaryň arhiwleri, resmi hat alşygy hem-de beýleki resminamalary eldegrilmesizdir. Diplomatik wekilhananyň ýa-da konsullygyň baştutanynyň razylygy bolmasa, olar gözden geçirmek we iş üçin ähmiýeti bolan zatlary almak görnüşindäki iş ýörediş hereketlerine sezewar edilmeýär. Diplomatik hat aragatnaşygy saklanylmaga we açylmaga degişli däldir. Şu maddanyň birinji, ikinji we üçünji böleklerinde göz öňünde tutulan jaýlara girmäge razylyk, olarda döküş işini geçirmek we olardan iş üçin ähmiýeti bolan zatlary almak, şeýle hem beýleki resminamalary gözden geçirmek we almak görnüşindäki iş ýörediş hereketlerini geçirmäge razylyk prokuror tarapyndan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen alynýar.

5. Şu görkezilen halatlarda iş üçin ähmiýeti bolan zatlary almak, gözden geçirmek prokuroryň hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň wekiliniň gatnaşmagynda geçirilýär.

## On birinji bölüm
## Aýratyn önümçilikler

### 51-nji bap. Akyly ýerinde dällere lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky işler boýunça önümçilik

#### 526-njy madda. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin esaslar

1. Eger jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan we jemgyýet üçin howply bolan etmişleri akyly ýerinde däl ýagdaýynda eden ýa-da jenaýat edenden soň, öz hereketlerine düşünmäge ýa-da şol hereketlere erk etmäge mümkinçilik bermeýän dälilik keseli bilen kesellän adamlar özleriniň eden etmişiniň häsiýeti we özleriniň kesellilik ýagdaýy boýunça jemgyýet üçin howply bolup durýan bolsalar, kazyýet şol adamlar barada Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 96-njy maddasynda göz öňünde tutulan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanýar.

2. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreler diňe adamyň akylyndan azaşma keseli onuň özi ýa-da töweregindäkiler üçin howplulygy bilen ýa-da başga bir görnüşli düýpli zyýan ýetirmek mümkinçiligi bilen baglanyşykly bolan halatynda bellenilýär.

3. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak boýunça önümçiligiň tertibi şu Kodeksiň umumy düzgünleri bilen we mundan başga-da şu aşakdaky maddalar bilen kesgitlenýär.

#### 527-nji madda. Deslapky derňewiň tertibi we subut etmäge degişli ýagdaýlar

1. Şu Kodeksiň 526-njy maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan adamlaryň jenaýatlary hakyndaky işler boýunça deslapky derňew geçirmek hökmandyr.

2. Deslapky derňew geçirilýän mahalynda şu aşakdaky ýagdaýlar aýdyňlaşdyrylmalydyr:

1) jemgyýet üçin howply etmişiň edilen wagty, ýeri, nähili usul bilen ýerine ýetirilendigi we başga ýagdaýlary;

2) hakykatdan hem şol adam tarapyndan jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişiň edilendigi;

3) etmiş netijesinde ýetirilen zyýanyň häsiýeti we möçberi;

4) jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden adamyň ony edeninden öň we soň özüni alyp barşy;

5) şol adamyň akyldan azaşma keseliniň ozal bardygy ýa-da ýokdugy, jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden pursadynda ýa-da işiň derňelýän wagtynda akyldan azaşma keseliniň derejesi we häsiýeti.

3. Jenaýat işini gozgamaga we derňewiň geçirilmegine sebäp bolan, jemgyýet üçin howply, jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi diňe hut şol adamyň edendigini görkezýän ýeterlik anyk maglumatlar bar bolan mahalynda, şol adamyň kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesine iberilmegine ýol berilýär.

4. Eger jemgyýet üçin howply etmişi eden adamyň gatnaşmagy bilen derňew hereketlerini geçirmek şol adamyň dälilik ýagdaýy zerarly mümkin däl bolsa, sülçi bu hakda teswirnama düzýär.

5. Akyly ýerinde däl adamlar we jenaýat edenden soň akyldan azaşma keseli bilen kesellän adamlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňew şu Kodeksiň 535-nji maddasynda göz öňünde tutulan tertipde tamamlanylýar.

**528-nji madda. Howpsuzlyk çäreleri**

1. Jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden akyldan azaşma keselinden ejir çekýän adam barada ätiýaçsyzlandyryş çäreleri ulanylyp bilinmez.

2. Zerurlyk ýüze çykan mahalynda bu adamlar barada şu aşakdaky howpsuzlyk çäreleri ulanylýar:

1) degişli saglygy goraýyş edarasyna habar bermek bilen kesellini onuň garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge bermek;

2) akyldan azaşma kesellerinden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edaralaryna ýerleşdirmek.

**529-njy madda. Garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge bermek**

1. Jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden, ýöne töweregindäkilere howp salmaýan adam akyldan azaşma keseli bilen keselländigi anyklanan badyna öz garyndaşlaryna, howandarlaryna seretmäge berlip bilner, ol barada degişli saglygy goraýyş edarasyna habar berilmelidir.

2. Sülçi ýa-da kazyýet bu çäräni ulanandygy hakynda degişlilikde delillendirilen

karar, kesgitnama çykarýar.

**530-njy madda. Ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirmek**

1. Öň tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresi ulanylan adamyň akyl taýdan kesellidigi anyklanan mahalynda, prokuroryň karary bilen ol şeýle kesellileri berk düzgünli üzňelikde saklaýan, akyldan azaşma kesellerinden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirilýär.

2. Tussaglykda saklanmaýan adamy akyldan azaşma kesellerinden bejeriş kömegini berýän ýöriteleşdirilen lukmançylyk edarasyna ýerleşdirmek şu Kodeksiň 294-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda geçirilýär.

**531-nji madda. Akyly ýerinde dällik ýagdaýynda jenaýat kanunynda gadagan edilen etmişi eden ýa-da jenaýat edeninden soň akylyndan azaşan adam barada işi aýratyn önümçilige bölüp aýyrmak**

Eger jenaýat işi derňelýän döwürde jenaýata gatnaşanlaryň haýsydyr biriniň şol etmişi akyly ýerinde dällik, häli-şindi gozgap durýan akyldan azaşma keseli sebäpli, öz edýän hereketine erk edip bilmezlik ýagdaýynda edendigi ýa-da jenaýat edeninden soň akylyndan azaşandygy anyklanylan bolsa, onda ol baradaky iş aýratyn önümçilige bölünip aýrylyp bilner.

**532-nji madda. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adamyň hukuklary**

Özi barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda iş alnyp barylýan adam aýyplanýanyň ähli hukuklaryndan peýdalanýar. Keseliniň derejesi we häsiýeti boýunça ol şu aşakdakylara haklydyr:

1) jemgyýet üçin howply haýsy etmişi etmekde günäli hasap edilýändigini bilmäge;

2) adwokat tutunmaga;

3) düşündirişler bermäge;

4) subutnamalar getirmäge;

5) sülçiniň ygtyýar bermegi bilen derňew hereketlerine gatnaşmaga;

6) öz gatnaşan derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanyşmaga we olardaky ýazgylaryň dogrudygy hem-de doludygy barada olara bellikler girizmäge;

7) haýyşlar we ynanmazlyklar bildirmäge;

8) iş boýunça önümçilik tamamlanandan soň onuň ähli materiallary bilen tanyşmaga we olardan göçürmeler etmäge;

9) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin işi kazyýete ibermek hakyndaky kararyň göçürilen nusgasyny almaga;

10) kazyýet seljerişine we onda subutnamalaryň barlanylyşyna gatnaşmaga;

11) kazyýet mejlisiniň teswirnamasy bilen tanyşmaga we oňa bellikler bermäge.

**533-nji madda. Kanuny wekiliň gatnaşmagy**

1. Sülçiniň, prokuroryň karary ýa-da kazyýetiň kesgitnamasy boýunça lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakynda önümçilik alnyp barylýan adamyň ýakyn garyndaşy onuň kanuny wekili hasap edilýär we işe gatnaşmaga çekilýär.

2. Kanuny wekil şu aşakdakylara haklydyr:

1) öz wekilçilik edýän adamynyň jenaýat kanunynda gadagan edilen haýsy etmiş boýunça aýyplanýandygyny bilmäge;

2) haýyşlar we ynanmazlyklar bildirmäge;

3) subutnamalar getirmäge;

4) sülçiniň ygtyýar bermegi bilen özüniň ýa-da adwokatyň haýyşy boýunça geçirilýän derňew hereketlerine gatnaşmaga;

5) öz gatnaşan derňew hereketleriniň teswirnamalary bilen tanşyp, olardaky maglumatlaryň dogrudygy we doludygy barada bellikler etmäge;

6) deslapky derňew tamamlanandan soň işdäki materiallaryň ählisi bilen tanyşmaga we olardan göçürmeler etmäge;

7) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin işiň kazyýete iberilýändigi ýa-da işiň ýatyrylýandygy hakyndaky kararyň (kesgitnamanyň) göçürilen nusgasyny almaga;

8) kazyýet seljerişine gatnaşmaga;

9) sülçiniň, prokuroryň we kazyýetiň hereketleri we çözgütleri barada şikaýat etmäge;

10) kazyýetiň kesgitnamasy barada şikaýat etmäge we şikaýat edilýän çözgütleriň göçürilen nusgalaryny almaga;

11) iş boýunça getirilen şikaýatlar we garşylyknamalar barada bilmäge hem-de olara närazylyk bildirmäge;

12) getirilen şikaýatlaryň we teklipnamalaryň kazyýetde seredilmegine gatnaşmaga.

3. Kanuny wekile onuň hukuklarynyň düşündirilendigi hakynda degişli teswirnama düzülýär.

**534-nji madda. Adwokatyň gatnaşmagy**

1. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky işler boýunça önümçilik alnyp barylýan adamyň akyly ýerinde dälligi ýa-da akylyndan azaşandygy anyklanan wagtyndan başlap, eger öň beýleki esaslar boýunça işe girizilmedik bolsa, adwokatyň gatnaşmagy hökmandyr.

2. Eger adwokatyň goraýan adamsynyň saglyk ýagdaýy päsgel bermeýän bolsa, işe girişen wagtyndan başlap adwokat onuň bilen ýekelikde görüşmäge haklydyr. Mundan başga-da adwokat agzalan iş boýunça şu Kodeksiň 84-nji maddasynda göz öňünde tutulan ähli hukuklardan peýdalanýar.

**535-nji madda. Deslapky derňewiň tamamlanmagy**

1. Sülçi akyly ýerinde däl we jenaýat edeninden soň akyldan azaşma keseli bilen

kesellän adamlar hakyndaky işler boýunça deslapky derňewiň tamamlanmagy bilen karar çykarýar:

1) şu Kodeksiň 31-nji maddasynda hem-de 313-nji maddasynyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda, bulardan başga-da, eger şol adamyň akyldan azaşma keseli özi hem-de töweregindäkiler üçin howplulyk ýa-da başga bir uly zyýan ýetirmek bilen baglanyşykly bolmasa, jenaýat işi boýunça önümçiligiň ýatyrylýandygy hakynda;

2) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin esaslar anyklanan mahalynda - işiň kazyýete iberilmegi hakynda.

2. Işiň ýatyrylýandygy ýa-da kazyýete iberilýändigi barada sülçi, akylynyň ýagdaýy boýunça derňew hereketlerine gatnaşmaga mümkinçiligi bolan, özi barada iş alnyp barylýan adama, onuň kanuny wekiline, adwokatyna hem-de jebir çekene habar bermelidir. Sülçi işdäki materiallarlar bilen tanyşmaga olaryň hukugynyň bardygyny düşündirip, olara bu hukuga nirede we haçan amal edip bolýandygy barada habar bermelidir. Iş bilen tanyşmagyň, deslapky derňewiň üstüniň doldurylmagy hakyndaky haýyşlary bildirmegiň we çözmegiň tertibi şu Kodeksiň 319-njy we 320-nji maddalary bilen kesgitlenýär.

3. Işiň ýatyrylýandygy hakynda karar şu Kodeksiň 314-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda çykarylýar. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin işi kazyýete ibermek hakyndaky kararda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) şu Kodeksiň 527-nji maddasynda göz öňünde tutulan we iş boýunça anyklanylan ýagdaýlar;

2) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak üçin esaslar;

3) eger şol esaslar boýunça adwokat ýa-da başga adamlar närazylyklar bildiren bolsalar, onda olaryň bu baradaky delilleri.

4. Işiň kazyýete iberilmegi hakyndaky karara goşundylar şu Kodeksiň 323-nji maddasynyň talaplaryna görä düzülýär.

5. Sülçi kazyýete ibermek hakyndaky karar bilen bilelikde işi prokurora geçirýär. Prokuror işi öwrenip, şu aşakdaky netijeleriň birini çykarýar:

1) işi kazyýete iberýär;

2) goşmaça derňew geçirmek üçin işi sülçä gaýtarýar;

3) şu maddanyň birinji böleginiň 1-nji bendinde görkezilenler esasynda işi ýatyrýar.

6. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky kararyň göçürilen nusgasy kanuny wekile gowşurylýar.

7. Jemgyýet üçin howply etmişiň häsiýeti boýunça we şol etmişi eden adamyň akyldan azaşma keseliniň ýagdaýy boýunça ol jemgyýet üçin howply däl, emma akyly ýerinde däl adam bolan mahalynda iş ýatyrylanda sülçi ýa-da prokuror şol adam hakynda ýerli saglygy goraýyş edaralaryna habar berýär.

**536-njy madda. Kazyýetde önümçilik**

1. Kazy ýa-da kazyýetiň başlygy prokurordan işi alandan soň, iş boýunça kazyýet seljerişini belläp, bu hakda prokurora, adwokata we işine seredilýän adamyň kanuny wekillerine habar berýär hem-de jebir çekeni, şaýatlary, zerur bolan

halatlarda bilermenleri hem çagyrmak hakynda buýruk berýär.

2. Eger işine seredilýän adamyň keseliniň häsiýeti onuň çagyrylmagyna päsgel bermeýän bolsa, kazy ýa-da kazyýetiň başlygy kazyýet mejlisine şol adamyň çagyrylmagy hakynda buýruk bermäge haklydyr.

3. Kazy ýa-da kazyýetiň başlygy lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak boýunça önümçiligi ýatyrmak üçin esaslar ýa-da goşmaça derňew geçirmek üçin işi yzyna gaýtarmak üçin esaslar bar diýip hasap eden mahalynda, ol işi kazyýetiň serenjam mejlisiniň seretmegine berýär.

4. Şu Kodeksiň 535-nji maddasynda bellenen tertipde kazyýete gowşan iş boýunça kazyýet seljerişi döwlet aýyplaýjysynyň we adwokatyň hökmany gatnaşmagy bilen, şu Kodeksiň 39-njy we 42-nji baplarynyň düzgünleri boýunça kazyýet mejlisinde geçirilýär.

5. Kazyýet mejlisinde şol adamyň jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan we jemgyýet üçin howply etmişi edendigini takyklaýan ýa-da ýalana çykarýan subutnamalar barlanmalydyr, aýyplanýanyň akylynyň ýagdaýy hakynda bilermenleriň netijenamasy diňlenmelidir we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleri ulanmak hakyndaky meseläni çözmek üçin düýpli ähmiýeti bar bolan başga ýagdaýlar barlanyp görülmelidir.

6. Kazyýet derňewi tamamlanandan soň kazyýet döwlet aýyplaýjysynyň we adwokatyň pikirini diňleýär.

**537-nji madda. Iş boýunça kazyýetiň çözýän meseleleri**

1. Iş boýunça kazyýet seljerişi geçirilýän wagtynda şu aşakdaky meseleler barlanylmalydyr we çözülmelidir:

1) jemgyýet üçin howply etmiş diýlip jenaýat kanunynda göz öňünde tutulan etmiş edilipmi;

2) şol etmişi işine seredilýän adam edipmi;

3) şol adam jemgyýet üçin howply etmişi akyly ýerinde däl ýagdaýynda edipmi;

4) jenaýat edenden soň şol adam öz hereketlerine düşünmäge ýa-da olara erk etmäge özüne mümkinçilik bermeýän akyldan azaşma keseli bilen keselläpmi we şol kesel iş önümçiliginiň diňe togtadylmagyny talap edýän wagtlaýyn ýeldirgemek dälmi;

5) şol adamyň akyldan azaşma keseli onuň özüne we başgalara howp salýarmy hem-de olara başga düýpli zyýan ýetirmek mümkinçiligi barmy;

6) lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylmaga degişlimi, eger degişli bolsa, haýsy görnüşi.

2. Bulardan başga-da, kazyýet şu Kodeksiň 414-nji maddasynyň birinji böleginiň 13-nji we 14-nji bentlerinde göz öňünde tutulan meseleleri hem çözmelidir.

3. Kazyýet işi özüniň kesgitnamasy bilen çözýär, bu kesgitnama bolsa maslahat otagynda çykarylýar.

**538-nji madda. Kazyýetiň kesgitnamasy ýa-da kazynyň karary**

1. Jenaýat kanunynda gadagan edilen we jemgyýet üçin howply etmişi şol

adamyň akyly ýerinde däl ýagdaýynda edendigi ýa-da onuň jenaýat edeninden soň öz hereketlerine düşünmäge ýa-da olara erk etmäge özüne mümkinçilik bermeýän birsyhly dowamly dälilik keseli bilen keselländigi subut boldy diýip ykrar edenden soň, kazyýet bu adamy degişli tertipde jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşatmak hakynda hem-de oňa lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräniň, has takygy bu mejbury çäräniň haýsy görnüşiniň ulanylýandygyny görkezmek bilen, şol adam barada lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak hakynda ýa-da şol adam özüniň eden etmişiniň häsiýeti we özüniň kesellilik ýagdaýy boýunça jemgyýet üçin howply däl we keseliniň mejbury bejerilmegine mätäç däl bolan mahalynda işi ýatyrmak hakynda we şeýle çäreleri ulanmazlyk hakynda Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 20-nji maddasynyň ikinji böleginiň, 76-njy maddasynyň talaplaryna laýyklykda kesgitnama, kazy bolsa karar çykarýar. Şeýle halatlarda kazyýet keselli hakynda saglygy goraýyş edaralaryna mälim edýär.

2. Işine seredilýän adamyň akyly ýerinde däldigi tassyklanmandyr ýa-da jenaýat eden adamyň keseli şol adam barada jeza çäresiniň ulanylmagyny aradan aýyrmaýar diýip hasap edende, kazyýet özüniň kesgitnamasy, kazy bolsa karary bilen işi goşmaça derňew geçirmek we işi şondan beýläk umumy tertipde ibermek üçin yzyna gaýtarýar.

3. Eger kazyýet şol adamyň jenaýatly etmişi etmäge dahylsyzlygyny anyklasa, şeýle hem şu Kodeksiň 31-nji maddasynyň birinji böleginiň 1-10-njy bentlerinde göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykarylan halatynda, onda kazyýet şol adamyň akyldan azaşma keseliniň bardygyna we onuň häsiýetine seretmezden, özüniň ýüze çykaryp takyklan esasy boýunça işi ýatyrmak hakynda kesgitnama, kazy bolsa karar çykaryp, bu hakda saglygy goraýyş edaralaryna mälim edýär.

4. Kazyýetiň kesgitnamasynda şu Kodeksiň 427-nji maddasynyň talaplary öz çözgüdini tapmalydyr.

*(2022-nji ýylyň 20-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Maglumatlary, 2022 ý., № 4, 112-nji madda).*

**539-njy madda. Kazyýetiň kesgitnamasy barada teklipnama bermek we şikaýat etmek**

Kazyýetiň kesgitnamasy, kazynyň bolsa karary barada on gije-gündiziň dowamynda işi seredilýän adamyň adwokaty, kanuny wekili, ýakyn garyndaşy hem-de jebir çeken we onuň wekili şikaýat edip bilerler, bulardan başga-da prokuror nägilelik tertibinde, şu Kodeksiň 44-nji babynyň talaplaryna laýyklykda oňa teklipnama berip biler.

**540-njy madda. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ýatyrmak, üýtgetmek we möhletini uzaltmak**

1. Eger akyly ýerinde däl diýlip ykrar edilen adamyň sagalmagy ýa-da onuň saglyk ýagdaýynyň üýtgemegi zerarly ozal ulanylan lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni şondan beýläk ulanmagyň zerurlygy aradan aýrylýan bolsa, onda kazyýet şol adamy saklaýan saglygy goraýyş edarasynyň baş psihiatrynyň, hünärmen-lukmanlar

toparynyň netijenamasy esasynda ýazyp bermegi boýunça lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ýatyrmak, üýtgetmek we möhletini uzaltmak hakyndaky meselä Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 98-nji maddasynyň talaplaryna laýyklykda şol çäräni ulanmak hakynda kesgitnama çykaran ýa-da şol çäräniň ulanylýan ýerinde ýerleşen kazyýetde prokuroryň hökman gatnaşmagy bilen seredýär.

2. Akyly ýerinde däl diýlip ykrar edilen adamyň ýakyn garyndaşlary we başga gyzyklanýan adamlar lukmançylyk häsiýetli mejbury çäreleriň ýatyrylmagy ýa-da üýtgedilmegi hakynda haýyşnama bilen ol barada kesgitnama çykaran ýa-da şol çäräniň ulanylan ýerindäki kazyýete ýüz tutup bilerler. Şeýle halatlarda kazyýet, kim hakynda haýyşnama gelen bolsa, şol adamyň saglyk ýagdaýy barada degişli saglygy goraýyş edaralaryndan hat üsti bilen soraýar.

3. Işiň seredilmäge bellenilmegi barada kazyýet lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylan adamyň kanuny wekiline, mejbury bejeriş geçirýän edaranyň ýolbaşçylygyna, adwokata we prokurora habar berýär. Kazyýet mejlisine adwokat bilen prokuroryň gatnaşmagy hökmandyr, beýleki adamlaryň gelmezligi işe seretmäge päsgelçilik döretmeýär.

4. Kazyýet mejlisinde mejbury bejeriş geçirýän edaranyň, akyldan azaşma keselleri boýunça hünärmen-lukmanlar toparynyň netijenamalary barlanylýar, mejlise gatnaşyjylaryň pikirleri diňlenilýär. Eger hünärmen-lukmanlar toparynyň netijenamasy şübhe döredýän bolsa, kazyýet mejlise gatnaşýanlaryň haýyşy ýa-da öz başlangyjy boýunça kazyýet-psihiatriýa bilermenler seljermesini belläp, goşmaça resminamalary talap edip biler hem-de saglyk ýagdaýy mümkinçilik berýän bolsa lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylan adamy sorag edip biler.

5. Eger şol adamyň saglyk ýagdaýy boýunça ozal bellenilen lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagy dowam etmek hökman bolmasa ýa-da başga görnüşli lukmançylyk çäresini ulanmaga zerurlyk ýüze çykan halatynda, kazyýet mejbury çäräni ýatyrýar ýa-da üýtgedýär. Bu çäräni ýatyrmaga ýa-da üýtgetmäge esas bolmasa, kazyýet mejbury bejerişiň möhletini uzaldýar.

6. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagyň ýatyrylandygy, üýtgedilendigi ýa-da uzaldylandygy, şol sanda hem ýatyrmakdan ýüz dönderilendigi hakynda kazyýet maslahat otagynda kesgitnama, kazy bolsa karar çykarýar we ony kazyýet mejlisinde yglan edýär.

**541-nji madda. Lukmançylyk häsiýetli mejbury çäre ulanylan adam barada jenaýat işini täzeden başlamak**

1. Jenaýat edeninden soň akyldan azaşma keseli bilen kesellän we lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmak bellenilen adam barada hünärmen-lukmanlar topary ony sagalan hasap eden halatynda, kazyýet mejbury bejeriş geçirýän lukmançylyk edarasynyň netijenamasy esasynda, şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda lukmançylyk häsiýetli mejbury çäräni ulanmagy ýatyrmak hakynda kesgitnama çykarýar we işi anyklaýyş ýa-da deslapky derňew geçirmek, şol adamy aýyplanýan hökmünde jogapkärçilige çekmek we işi umumy tertipde kazyýete ibermek hakyndaky meseläni çözýär.

2. Lukmançylyk edarasynda geçirilen wagt jeza çekmegiň möhletine goşulyp

hasaplanylýar.

## 52-nji bap. Jenaýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek

### 542-nji madda. Hukuk kömegini bermegiň çäklerindäki iş ýörediş we beýleki hereketler

1. Türkmenistan bilen hukuk kömegini bermek hakynda halkara şertnamasyny baglaşan daşary ýurt döwletleriniň derňew edaralaryna we kazyýetlerine hukuk kömegini bermek tertibinde ýa-da özara ylalaşyk esasynda şu Kodeksde göz öňünde tutulan iş ýörediş hereketleri, şeýle hem Türkmenistanyň başga kanunlarynda we halkara şertnamalarynda görkezilen beýleki hereketler geçirilip bilner.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda hukuk kömegini bermek bilen baglanyşykly çykdaýjylary degişli döwletiň çägindäki hukuk kömegi soralýan edara çekýär.

### 543-nji madda. Iş ýörediş resminamalarynyň hakykylygy

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Kodeksiň 542-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan döwletleriň çäklerinde düzülen iş ýörediş resminamalary şol döwletleriň çäklerinde hereket edýän kanunçylyga laýyklykda we şol döwletleriň tugraly möhüri bilen berkidilen görnüşinde hakyky iş ýörediş resminamalary hökmünde hiç hili çäklendirmesiz kabul edilýär.

### 544-nji madda. Hukuk kömegini bermek boýunça gatnaşyklaryň tertibi

1. Derňew hereketini geçirmek hakyndaky tabşyryk Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan, kazyýet hereketlerini geçirmek hakynda tabşyryk bolsa Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Başlygy tarapyndan Türkmenistanyň Adalat ministriniň üsti bilen degişli döwletlere iberilýär.

2. Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, tabşyryk ýazylanda onuň iberilýän daşary ýurdunyň döwlet dili ýa-da iňlis dili ulanylýar.

3. Anyklaýjy, sülçi, prokuror, kazyýet başga döwletiň çäklerinde iş ýörediş we beýleki hereketleri geçirmek boýunça hukuk kömegini bermek hakynda tabşyrygy degişli resmikagyzda ýazmaça görnüşinde taýýarlaýar, goluny çekýär we jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edaranyň tugraly möhüri bilen tassyklaýar.

4. Hukuk kömegini bermek hakyndaky tabşyryk degişli prokuroryň, kazyýetiň delillendirilen haýyşnamasy bilen, degişlilikde Türkmenistanyň Baş prokuroryna, Ýokary kazyýetiniň Başlygyna, Adalat ministrine iberilýär. Türkmenistanyň Baş prokurory, Ýokary kazyýetiniň Başlygy ýa-da Adalat ministri daşary ýurt döwletiniň degişli edarasyna hukuk kömegini bermek hakyndaky tabşyrygy ibermek barada meseläni çözýärler.

5. Jenaýat yzarlaýyşy we jenaýatçyny bermek hakyndaky meselelerde hukuk

kömeginiň berlişiniň tertibi şu Kodeksiň 557-559-njy maddalary bilen kesgitlenilýär.

**545-nji madda. Iş ýörediş hereketlerini geçirmek hakynda tabşyrygyň mazmuny**

1. Derňew we kazyýet hereketlerini geçirmek hakyndaky tabşyryk şu aşakdakylary öz içine almalydyr:

1) tabşyryk berýän edaranyň ady;

2) tabşyryk iberilýän edaranyň ady we ýerleşýän ýeri;

3) işiň ady we tabşyrygyň häsiýeti;

4) özleri barada tabşyryk berilýän adamlar hakynda maglumatlar, olaryň doglan senesi we ýeri, raýatlygy, edýän käri, ýaşaýan ýa-da bolýan ýeri, ýuridik şahs üçin - onuň ady we ýerleşýän ýeri;

5) anyklamaga degişli ýagdaýlaryň beýany hem-de soralýan resminamalaryň, maddy we başga subutnamalaryň sanawy;

6) edilen jenaýatyň anyk ýagdaýlary we onuň maddalaşdyrylyşy, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň degişli maddasy, zerur bolan halatlarda, etmiş sebäpli ýetirilen zyýanyň möçberi;

7) tabşyrygy ýerine ýetirmek üçin zerur bolan başga maglumatlar.

2. Jenaýat yzarlaýyşyny gozgamak we jenaýatçyny bermek hakyndaky talapnamalaryň mazmuny şu Kodeksiň 550-nji maddasy we halkara hukugynyň kadalary bilen kesgitlenilýär.

*(2025-nji ýylyň 12-nji aprelindäki Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2025 ý., № 1, 4-nji madda).*

**546-njy madda. Hukuk kömegini bermek hakyndaky tabşyrygy ýerine ýetirmek**

1. Anyklaýyş edarasy, sülçi, prokuror, kazyýet bellenilen tertipde özlerine berlen daşary ýurt döwletleriniň degişli edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň derňew ýa-da kazyýet hereketlerini geçirmek hakyndaky tabşyrygyny şu Kodeksiň düzgünlerine laýyklykda ýerine ýetirýär.

2. Eger Türkmenistanyň tabşyryk beriji döwlet bilen halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, tabşyryk berijiniň haýyşnamasy boýunça tabşyryk ýerine ýetirilende şol daşary ýurt döwletiniň iş ýörediş kadalary hem ulanylyp bilner. Şeýle ýagdaýlarda resminamalar Türkmenistanyň döwlet dilinde, zerur halatlarda bolsa iňlis ýa-da rus dillerinde, ýa-da halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan dilde ýazylyp bilner.

3. Şu Kodeksiň 544-nji maddasynyň birinji böleginde göz öňünde tutulan wezipeli adamlaryň ygtyýar bermegi bilen, Türkmenistanyň halkara şertnamasynda görkezilen halatlarda, tabşyryk ýerine ýetirilende degişli döwletiň ygtyýarly edarasynyň wekili gatnaşyp biler.

4. Eger tabşyrygy ýerine ýetirmek ony alan edaranyň ygtyýarlylygyna degişli däl bolsa, onda tabşyryk degişliligi boýunça iberilýär we bu barada tabşyrygy beren gurama habar berilýär.

5. Eger tabşyryk ýerine ýetirilip bilinmejek bolsa, kabul edilip alnan resminamalar ony ýerine ýetirmäge päsgel berýän sebäpleri görkezmek bilen, ony alan edaranyň üsti bilen ýa-da diplomatik ýollar boýunça tabşyryk beriji daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edarasyna yzyna gaýtarylyp iberilýär. Tabşyryk, eger Türkmenistanyň kanunçylygyna garşy gelýän bolsa ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi Türkmenistanyň özygtyýarlylygyna, garaşsyzlygyna, hemişelik bitaraplyk syýasatyna we ýörelgelerine hem-de howpsuzlygyna zyýan ýetirmegi mümkin bolsa, ol ýerine ýetirilmezden yzyna gaýtarylýar.

**547-nji madda. Şaýady, jebir çekeni, raýat hak isleýjisini, raýat jogap berijisini, olaryň wekillerini, bilermeni çagyrmak we sorag etmek**

1. Eger şaýat, jebir çeken, raýat hak isleýjisi, raýat jogap berijisi, olaryň wekilleri we bilermen daşary ýurt döwletiniň raýatlary bolsalar, onda olaryň öz razylygy bilen, Türkmenistanyň çäklerinde derňew ýa-da kazyýet hereketlerini geçirmek üçin jenaýat işini alyp barýan degişli wezipeli adam tarapyndan çagyrylyp bilner. Çagyrylýan adamyň gelmegi hakyndaky haýyşnama şu Kodeksiň 544-nji maddasynda görkezilen tertipde iberilýär.

2. Şaýadyň, jebir çekeniň, şu maddanyň birinji böleginde görkezilen iş ýöredişe beýleki gatnaşyjylaryň derňew we kazyýet hereketlerine gatnaşmagy şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda geçirilýär, emma olara şu aşakdakylar degişli däldir, ýagny: mejbury getirmek, pul temmisi, şeýle hem görkezme bermekden ýüz döndermek, görnetin ýalan görkezme bermek we görnetin ýalan netijenama bermek üçin jenaýata çekmek ulanylmaýar. Olar Türkmenistanyň Döwlet araçäginden geçmezden ozal eden etmişi üçin Türkmenistanyň çäklerinde jenaýat we administratiw jogapkärçiligine çekilip, tussag edilip, jeza çäresine sezewar edilip bilinmez. Şeýle hem olar jenaýat işi bilen baglanyşykly şaýatlyk görkezmelerini ýa-da bilermen hökmünde netijenama berendikleri üçin jeza çäresine sezewar edilip, jogapkärçilige çekilip ýa-da tussag edilip bilinmezler.

3. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen çagyrylmaly adam hukuk kömegi soralýan döwletiň çäklerinde başga jenaýat edendigi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilen ýa-da iş kesilen bolsa, haýsy döwletiň raýatydygyna garamazdan, wagtlaýyn berlip bilner.

4. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen adamlar jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara tarapyndan mundan aňryk jenaýat işi boýunça olaryň gerek bolmajagyny duýdurandan on bäş gije-gündiz geçmänkä Türkmenistanyň çäginden çykyp gitmeseler, şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan hukuk kepillendirmesini ýitirýärler. Bu möhlete şol adamlaryň öz günäsi bolmazdan Türkmenistanyň çäklerinden çykyp gidip bilmändigi üçin ýitiren wagty girmeýär.

*(2017-nji ýylyň 26-njy awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda - Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 110-njy madda).*

**548-nji madda. Jenaýat yzarlaýyşyny dowam etmek üçin jenaýat işini ibermek**

Daşary ýurt raýaty ýa-da raýatlygy bolmadyk adam Türkmenistanyň çäginde jenaýat edip, soňundan onuň çäginden çykyp giden halatynda we Türkmenistanyň çäginde iş ýörediş hereketlerini onuň gatnaşmagynda geçirmek mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, jenaýat yzarlaýyşyny dowam etmek üçin, jenaýat işini başga döwlete ibermek hakynda haýyşnama bilen bilelikde jenaýat işi Türkmenistanyň Baş prokuraturasyna berilýär, ol bolsa Türkmenistanyň halkara şertnamasy esasynda ony daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edaralaryna ibermek hakyndaky meseläni çözýär.

*(2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 1, 7-nji madda).*

**549-njy madda. Jenaýat işini gozgamak ýa-da jenaýat yzarlaýyşyny dowam etmek hakynda haýyşnamany ýerine ýetirmek**

1. Daşary ýurt döwletiniň çäklerinde jenaýat edip, Türkmenistana gaýdyp gelen Türkmenistanyň raýaty baradaky jenaýat işiniň derňewiniň dowam edilmegi üçin bermek hakynda daşary ýurt döwletiniň degişli edarasynyň ýüztutmasy Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan seredilýär. Deslapky derňew we kazyýet seljerişi şeýle halatlarda şu Kodeksiň talaplaryna laýyklykda geçirilýär.

2. Ygtyýarlandyrylan edaranyň ýa-da wezipeli adamyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde degişli tertipde jenaýat işi derňelýän mahalynda daşary ýurt döwletiniň çäklerinde alan subutnamalarynyň Türkmenistanda derňewiň dowam edilýän halatynda şol işdäki beýleki subutnamalar bilen deň derejede hukuk taýdan güýji bardyr.

3. Daşary ýurt döwletiniň çäklerinde jenaýat edip, jenaýat işi gozgalmazdan ozal Türkmenistana gaýdyp gelen Türkmenistanyň raýaty barada daşary ýurt döwletiniň degişli edarasynyň Türkmenistanyň Baş prokuroryna beren materiallary hem-de resminamalary esasynda onuň garşysyna şu Kodekse laýyklykda Türkmenistanyň deslapky derňew edaralary tarapyndan jenaýat işi gozgalyp bilner. Jenaýat iş ýöredişi alyp barýan edara iş boýunça kabul edilen gutarnykly çözgüt hakynda Türkmenistanyň Baş prokuroryny habarly edip, şol çözgüdiň göçürilen nusgasyny oňa ibermelidir.

**550-nji madda. Jenaýat jogapkärçiligine çekmek ýa-da hökümi ýerine ýetirmek üçin adamy gaýdyp bermek hakyndaky talapnamany ibermek**

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda we halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda we tertipde, Türkmenistanyň Baş prokuraturasy Türkmenistanyň raýatlygynda durýan ýa-da ýüz tutulýan döwletiň raýatlygynda durmaýan jenaýat eden adamy, eger ol barada aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda karar ýa-da aýyplaw hökümi çykarylan bolsa, onda ony Türkmenistana gaýdyp bermek hakynda talapnama bilen daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edarasyna ýüzlenýär. Daşary ýurt döwletiniň degişli ygtyýarly edarasyna şol döwletiň çäginde bolýan adamy gaýdyp bermek hakynda talapnama ibermek meselesini çözmek üçin ähli zerur materiallar haýyşnama bilen bilelikde Türkmenistanyň Baş prokuraturasyna berilýär.

2. Gaýdyp bermek hakyndaky talapnama şu aşakdakylary öz içine almalydyr:

1) ýüz tutýan edaranyň ady we salgysy;

2) gaýdyp bermek hakynda talapnama iberilýän adamyň familiýasy, ady we atasynyň ady, doglan senesi we ýeri, raýatlygy, ýaşaýan ýa-da wagtlaýyn bolýan ýeri we onuň şahsyýeti hakyndaky beýleki maglumatlar, şeýle hem mümkin boldugyça, onuň daş keşbiniň görnüşiniň beýany, suraty we şahsyýetiniň birmeňzeşligini anyklamaga ýardam edip biljek başga materiallar;

3) ýetiren zyýanynyň möçberi hakyndaky maglumatlary, eden etmişi üçin jogapkärçiligi göz öňünde tutýan kanunyň doly mazmunyny jeza çäreleriniň hökmany görkezilmegi bilen goşup, gaýdyp bermek hakynda talapnama iberilýän adamyň eden etmişiniň anyk ýagdaýlarynyň we oňa hukuk taýdan baha berilmeginiň beýany;

4) kanuny güýje giren hökümiň çykarylan ýeri we wagty barada maglumatlar ýa-da degişli resminamalaryň tassyklanylan nusgalarynyň goşulmagy bilen aýyplanýan hökmünde jenaýat jogapkärçiligine çekmek hakynda karar.

3. Jenaýat yzarlaýyşy üçin gaýdyp bermek hakyndaky talapnama tussag etmek görnüşindäki ätiýaçsyzlandyryş çäresiniň ulanylandygy hakyndaky kararyň tassyklanylan nusgasy goşulmalydyr. Hökümi ýerine ýetirmek üçin gaýdyp bermek hakyndaky ýüztutma kanuny güýje giren hökümiň tassyklanylan nusgasy we jezanyň doldurylmadyk möhleti barada güwänama goşulmalydyr. Bulardan başga-da, bu ýagdaýlarda gaýdyp berilmäge degişli adamyň raýatlygyny tassyklaýan resminama goşulmalydyr.

**551-nji madda. Gaýdyp berlen adamyň jenaýat jogapkärçiliginiň çäkleri**

1. Adamy gaýdyp beren daşary ýurt döwletiniň razylygy bolmasa, berilmek bilen bagly bolmadyk başga jenaýat boýunça ol adam jenaýat jogapkärçiligine çekilip, jeza sezewar edilip, şeýle hem üçünji bir döwlete berlip bilinmez.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň düzgünleri şol adamyň gaýdyp berlenden soň jenaýat eden halatlaryna degişli däldir.

**552-nji madda. Daşary ýurt döwletiniň raýatyny gaýdyp bermek hakyndaky talapnamany ýerine ýetirmek**

1. Jenaýat etmekde aýyplanýan ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde iş kesilen daşary ýurt döwletiniň raýatynyň gaýdyp berilmegi hakyndaky talapnama Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan seredilýär, ol şol talapnama boýunça çözgüt kabul edýär. Eger şol bir adamy gaýdyp bermek hakynda birnäçe döwlet talapnama iberen bolsa, onda ony haýsy döwlete gaýdyp bermelidigi hakyndaky meseläni Türkmenistanyň Baş prokurory çözýär.

2. Gaýdyp bermegiň tertibi we şertleri şu Kodeks we Türkmenistanyň degişli daşary ýurt döwleti bilen şertnamasy tarapyndan kesgitlenilýär.

3. Eger gaýdyp bermek hakynda talapnama gelen daşary ýurt döwletiniň raýaty Türkmenistanyň çäklerinde başga bir jenaýat edendigi sebäpli jezasyny çekýän bolsa, onda onuň jezasyny çekip gutarýança, günä geçme ýa-da rehim etme namalary

çykarylýança ýa-da başga islendik kanuny esasda jezadan boşadylýança gaýdyp bermek gaýra goýulýar. Daşary ýurt döwletiniň raýaty jenaýat jogapkärçiligine çekilen halatynda, onuň şol ýurda gaýdyp berilmegi höküm çykýança, jeza çekmegi gutarýança ýa-da islendik esasda jenaýat jogapkärçiliginden ýa-da jezadan boşadylýança gaýra goýulýar. Eger şeýle gaýra goýulmalar jenaýat yzarlaýyşynyň möhletiniň geçmegine eltýän bolsa ýa-da jenaýatyň derňelmegine zyýan ýetirýän bolsa, onda gaýdyp berilmegi hakynda talapnama gelen adam iki tarapyň ylalaşygy bilen wagtlaýyn berlip bilner.

4. Wagtlaýyn berlen adam, jenaýat işi boýunça onuň gatnaşmagynda geçirilmegi zerur bolan iş ýörediş hereketleri geçirilip bolnandan soň, ýöne berlen gününden üç aýdan giç bolmadyk möhletde yzyna gaýtarylyp berilmelidir. Ikitaraplaýyn ylalaşyk esasynda bu möhlet uzaldylyp bilner, ýöne welin, şol adamyň iş kesilen jeza möhletinden köp bolmadyk möhlete ýa-da Türkmenistanyň çäklerinde eden jenaýaty üçin kanuna laýyklykda berlip bilinjek jeza möhletinden köp bolmadyk möhlete uzaldylyp bilner.

5. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň gaýdyp bermek hakynda görkezmesini alandan soň, şol adamyň tussaglykda saklanylýan edarasy otuz gije-gündiziň dowamynda ony gorag astynda äkitmelidir we gaýdyp berilmeli döwletiň degişli edarasyna bermelidir hem-de görkezmäniň ýerine ýetirilendigi hakynda Türkmenistanyň Baş prokuroryna habar bermelidir.

**553-nji madda. Gaýdyp bermekden ýüz döndermek**

1. Şu aşakdaky halatlarda başga döwlete gaýdyp bermek ulanylmaýar ýa-da gaýdyp bermekden ýüz dönderilýär:

1) daşary ýurt döwletinden gaýdyp bermek hakynda ýüztutma iberilen adam Türkmenistanyň raýaty bolsa;

2) soralýan adama Türkmenistan tarapyndan gaçybatalga hukugy berlen bolsa;

3) gaýdyp bermäge talapnama bildirmäge esas bolan edilen etmişe Türkmenistanyň kanunlarynda jenaýat hökmünde garalmaýan bolsa;

4) şol bir jenaýat üçin şol adama eýýäm höküm çykarylyp, ol güýje giren ýa-da iş boýunça önümçilik ýatyrylan bolsa;

5) wagt möhletiniň geçendigi ýa-da beýleki kanuny esaslar sebäpli, Türkmenistanyň kanunçylygy boýunça jenaýat işi gozgalyp ýa-da höküm ýerine ýetirilip bilinmejek bolsa;

6) jezany çekýän adam ýetirilen zyýanyň öwezini doly möçberde dolmadyk bolsa.

2. Gaýdyp bermek hakynda talapnama bildirmäge esas bolan jenaýat Türkmenistanyň çäklerinde ýa-da onuň daşynda edilen, ýöne Türkmenistanyň bähbitlerine garşy gönükdirilen bolsa, gaýdyp bermekden ýüz dönderilip bilner.

*(2016-njy ýylyň 12-nji ýanwaryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2016 ý., № 1, 7-nji madda).*

**554-nji madda. Raýatlygy bolmadyk adamlar, üçünji ýurduň raýatlary barada jenaýat yzarlaýyşyny dowam etmek we olary gaýdyp bermek**

1. Jenaýat işini dowam etmek üçin materiallary, resminamalary ibermegiň we jenaýat yzarlaýyşynyň dowam etdirilmegi ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlaryň, üçünji ýurduň raýatlarynyň garşysyna jenaýat işiniň gozgalmagy hakynda haýyşnamany ýerine ýetirmegiň tertibi şu Kodeksiň 548-549-njy maddalarynyň düzgünleri bilen kesgitlenýär.

2. Raýatlygy bolmadyk adamlary, üçünji ýurduň raýatlaryny gaýdyp bermegiň tertibi şu Kodeksiň 550-553-nji maddalarynyň düzgünleri bilen kesgitlenilýär.

**555-nji madda. Ekstradisiýa tussag etmesi (jenaýatkärleri bermek üçin saklamak we tussag etmek)**

1. Daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edarasyndan ähli kadalar berjaý edilip ýazylan talapnama alnan mahalynda, eger gaýdyp bermäge kanuny esas bar bolsa, onda şu Kodeksde bellenen tertipde soralýan adam saklanyp bilner we oňa ätiýaçsyzlandyryş çäresi hökmünde ekstradisiýa tussag etmesi ulanylýar. Ýüz tutýan döwletiň haýyşnamasy boýunça gaýdyp bermek hakynda talapnama alynmazyndan öň hem şol adam tussag edilip bilner. Haýyşnamada tussag etmek hakyndaky karara ýa-da kanuny güýje giren hüküme salgylanma we gaýdyp bermek hakynda talapnamanyň goşmaça iberiljekdigi görkezilmelidir. Gaýdyp bermek hakynda talapnama iberilmezinden öň, tussag etmek hakynda haýyşnama aragatnaşygyň poçta, telegramma, teleks, faks ýa-da elektron görnüşleri arkaly iberilip bilner. Iberilen materiallar öwrenilenden soňra, eger tutulyp saklanylan adamy gözleg yglan edilen adam diýip hasap etmäge ýeterlik esaslar bar bolsa we şu Kodeksiň 553-nji maddasynda görkezilen esaslar ýok bolsa, prokuror ekstradisiýa tussag etmesi hakynda karar çykaryp, bu hakda oňa kararda gol çekdirmek arkaly mälim edýär. Prokuror edilen ekstradisiýa tussag etmesi hakynda haýal etmän Türkmenistanyň Baş prokuroryna habar iberýär. Habarda tussag edileniň raýatlygynda duran döwletiniň ady we gözleg yglan eden edaranyň ady görkezilýär.

2. Eger soňra gaýdyp bermek hakyndaky meseläni ýüze çykaryp biljek jenaýaty şol adam başga döwletiň çäklerinde edendir diýip çaklamaga kanuny esas bar bolsa, onda ol şu maddanyň birinji böleginde görkezilen haýyşnama bolmasa-da, üç gije-gündize çenli tutulyp saklanyp bilner. Şol adamyň tussag edilendigi barada daşary ýurt döwletiniň gaýdyp bermek hakynda haýyşnama iberen ýa-da ibermegi mümkin bolan degişli edarasyna gaýdyp bermegiň wagty we ýeri hakynda teklipler bilen haýal etmän habar berilýär.

3. Otuz gije-gündiziň dowamynda gaýdyp bermek amala aşyrylmasa, prokuroryň karary bilen tussag edilen adam boşadylmaga degişlidir. Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan möhletde şol adamy gaýdyp bermek hakynda talapnama gelmese, şu maddanyň ikinji bölegi esasynda tutulyp saklanan adam boşadylmalydyr. Täzeden tussag etmek diňe şu maddanyň birinji bölegine laýyklykda gaýdyp bermek hakynda täze gelen talapnama seredilenden soň mümkindir.

4. Tutulyp saklananyň ekstradisiýa tussag etmesi şu Kodeksiň 552-nji maddasyna laýyklykda prokuror tarapyndan bir aýa çenli möhlet bilen geçirilýär. Gözleg yglan eden döwletiň ygtyýarly edarasyndan şu möhlete çenli gaýdyp bermek

hakynda haýyşnama gelmese, ýöne olardan tussag etmek hakynda haýyşnama we soňra gaýdyp bermek hakynda haýyşnama iberjekdiklerine kepiller bar bolsa, ekstradisiýa tussag etmekligi amala aşyran prokuroryň haýyşnamasy boýunça bu tussaglyk möhleti Türkmenistanyň Baş prokuroryna habar bermek bilen welaýat prokurory ýa-da welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurory tarapyndan iki aýa çenli uzaldylyp bilner. Şu maddanyň ikinji böleginde görkezilen şertler bar mahalynda, diňe aýratyn halatlarda, welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher prokurorynyň haýyşnamasy esasynda Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan üç aýa çenli uzaldylyp bilner.

5. Tussag edileniň saklanylýan ýeriniň ýolbaşçylary tussaglyk möhletiniň geçmezinden ýedi gije-gündiz öň bu barada ekstradisiýa tussag etmesini amala aşyran prokurora habar bermelidir.

6. Gaýdyp bermek üçin tussag edileni boşatmak ekstradisiýa tussag etmesini amala aşyran prokuroryň karary esasynda ýerine ýetirilýär, şol sanda şu maddada görkezilen möhletlerde gaýdyp bermek amala aşyrylmasa we möhletler geçen halatynda hem ol boşadylýar, bu barada Türkmenistanyň Baş prokuroryna habar berilýär.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**556-njy madda. Üstaşyr geçirmek**

1. Üçünji döwletden gaýdyp berlen adamy Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçirmek barada daşary ýurt döwletiniň degişli edarasynyň haýyşnamasyna gaýdyp bermek hakyndaky talapnama bilen birmeňzeş tertipde seredilýär.

2. Üstaşyr geçirmegiň usuly degişli pudaklar bilen ylalaşylmak arkaly Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan kesgitlenýär.

**557-nji madda. Zatlary bermek**

1. Adam daşary ýurt döwletiniň edarasyna gaýdyp berlende jenaýat etmegiň guraly bolup hyzmat eden ýa-da jenaýatyň yzlaryny saklap galan zatlar, şeýle hem jenaýatly ýol bilen gazanylan zatlar hem olara berilýär. Bu zatlar şol adamyň ölümi ýa-da başga sebäplere görä berlip bilinmejek halatlarynda hem olar haýyş boýunça berilýär.

2. Eger şu maddanyň birinji böleginde görkezilen zatlar başga jenaýat işi boýunça önümçilik üçin zerur bolsa, onda olar wagtlaýyn berilmän saklanylyp bilner.

3. Üçünji bir adamlaryň kanuny hukuklaryny goramak üçin şu maddanyň birinji böleginde görkezilen zatlaryň berilmegi diňe iş boýunça önümçilik tamamlanandan soň zatlaryň gaýtarylyp berilmegi barada daşary ýurt döwletiniň degişli edarasynyň kepili bar bolanda amala aşyrylýar.

**558-nji madda. Azatlykdan mahrum etmek hakynda höküm çykarylan adamy jezasyny çekmek üçin raýatlygynda durýan döwletine bermäge esaslar**

Azatlykdan mahrum etmek hakynda Türkmenistanyň kazysy ýa-da kazyýeti tarapyndan höküm çykarylan adamy jezasyny çekmek üçin raýatlygynda durýan döwletine bermäge, şeýle hem daşary ýurt döwletiniň kazyýeti tarapyndan azatlykdan mahrum etmek hakynda höküm çykarylan Türkmenistanyň raýatyny jeza çäresini çekmek üçin Türkmenistana gaýdyp bermäge esas degişli daşary ýurt döwleti bilen Türkmenistanyň halkara şertnamasydyr ýa-da Türkmenistanyň Baş prokurorynyň daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edarasy ýa-da wezipeli adamy bilen ikitaraplaýyn özara ýazmaça ylalaşygydyr.

**559-njy madda. Iş kesileni raýatlygynda durýan döwletine jezasyny çekmek üçin gaýdyp bermegiň şertleri we tertibi**

1. Türkmenistanda iş kesilen adamy raýatlygynda durýan döwletine jezasyny çekmek üçin gaýdyp bermek, ol azatlykdan mahrum etmek görnüşindäki jezasyny çekip gutarýança, iş kesileniň, onuň kanuny wekiliniň ýa-da ýakyn garyndaşynyň haýyşy, şeýle hem iş kesileniň razylygy bilen degişli döwletiň ygtyýarly edarasynyň haýyşnamasy boýunça amala aşyrylyp bilner.

2. Şu maddanyň birinji böleginde görkezilen şol adamy gaýdyp bermek diňe höküm kanuny güýje girenden soň Türkmenistanyň Baş prokurorynyň çözgüdi boýunça amala aşyrylyp bilner. Türkmenistanyň Baş prokurory tarapyndan ygtyýarlandyrylan prokuror şol adamyň raýatlygynda durýan ýurduna gaýdyp berlendigi hakynda ol barada höküm çykaran kazyýete habar berýär.

**560-njy madda. Azatlykdan mahrum etmäge iş kesileni jezasyny çekmek üçin daşary ýurt döwletine gaýdyp bermekden ýüz döndermek**

Türkmenistanyň kazysy ýa-da kazyýeti tarapyndan azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen adamy onuň raýatlygynda durýan döwletine jezasyny çekmek üçin gaýdyp bermekden şu aşakdaky halatlarda ýüz dönderilip bilner:

1) Türkmenistanda iş kesilmegine sebäp bolan etmişleriniň hiç biri-de adamyň raýatlygynda durýan döwletiniň kanunçylygynda jenaýat hasap edilmeýän bolsa;

2) wagt möhletiniň geçmegi ýa-da daşary ýurt döwletiniň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga sebäplere görä jeza ol döwletde ýerine ýetirilip bilinmejek bolsa;

3) hökümiň raýat hak islegi hakyndaky böleginiň ýerine ýetiriljekdigine iş kesilenden ýa-da daşary ýurt döwletinden kepiller alynmadyk bolsa;

4) halkara şertnamasynda göz öňünde tutulan şertlerde iş kesileni gaýdyp bermek hakynda ylalaşyga gelinmedik bolsa;

5) iş kesileniň Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýeri bar bolsa.

**561-nji madda. Jeza çäresini çekmek üçin kabul etmek hakynda Türkmenistanyň raýatynyň haýyşyna seretmek**

1. Daşary ýurt döwletiniň kazyýeti tarapyndan azatlykdan mahrum etmäge iş kesilen Türkmenistanyň raýaty, onuň kanuny wekili ýa-da ýakyn garyndaşy, şeýle

hem iş kesileniň razylygy bilen daşary ýurt döwletiniň ygtyýarly edarasy Türkmenistanyň Baş prokuroryna iş kesileniň jeza çäresiniň möhletini Türkmenistanda geçmegi hakynda haýyşnama bilen ýüz tutup bilerler.

2. Haýyşnama kanagatlandyrylan halatynda Türkmenistanyň Baş prokurory daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň hökümini ýerine ýetirmek barada şol adamyň Türkmenistandan çykyp gitmezden öň hemişelik ýaşan ýerindäki welaýat, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäher kazyýetine teklipnama girizýär. Iş kesileniň Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýeri ýok bolsa, teklipnama Türkmenistanyň Ýokary kazyýetine berilýär.

*(2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda – Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2023 ý., № 2, 33-nji madda).*

**562-nji madda. Daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň hökümini ýerine ýetirmek bilen bagly meseleleriň kazyýet tarapyndan çözülişiniň tertibi**

1. Türkmenistanyň Baş prokurorynyň teklipnamasy şu Kodeksde bellenilen möhletlerde we tertipde, kazyýetde iş kesileniň bolmazlygynda, hökümiň ýerine ýetirilmegi bilen baglylykdaky meseleleri çözmek üçin kazy tarapyndan kazyýet mejlisinde seredilýär.

2. Daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň höküminiň ýerine ýetirilmegi hakyndaky kazynyň kararynda şu aşakdakylar görkezilmelidir:

1) daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň ady, hökümiň çykarylan ýeri we wagty;

2) iş kesileniň Türkmenistanda soňky ýaşan ýeri, kazyýetde işi seredilmezinden ozalky işlän ýeri we käri;

3) onuň işi haýsy jenaýat kanuny esasynda kazyýetde seredilen we amala aşyrmakda aýyplanýan jenaýatynyň maddalaşdyrylyşy;

4) iş kesileniň eden jenaýatyna jogapkärçiligi göz öňünde tutýan Türkmenistanyň jenaýat kanuny;

5) iş kesileniň Türkmenistanda çekmeli jezasynyň başlanýan we tamamlanýan möhleti, esasy we goşmaça jezasynyň görnüşi we möhleti; düzediş edarasynyň görnüşi, raýat hak islegi boýunça ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagynyň tertibi.

3. Eger Türkmenistanyň kanuny boýunça edilen jenaýat üçin azatlykdan mahrum etmek möhleti daşary ýurt döwletiniň kazyýet höküminde bellenilen möhletden az bolsa, şol eden etmişi üçin kazy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde görkezilen azatlykdan mahrum etmegiň iň ýokary möhletini belleýär. Eger jeza hökmünde azatlykdan mahrum etmek görkezilmedik bolsa, kazy şol jenaýat üçin Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde görkezilen jezanyň çäklerinde we daşary ýurt döwletiniň kazyýet höküminde bellenilen möhlete has ýakyn görnüşde jezany belleýär.

4. Eger höküm iki we birnäçe etmişe degişli bolsa hem-de Türkmenistanda olaryň käbiri jenaýat hasap edilmeýän bolsa, onda kazy daşary ýurt döwletiniň kazyýet höküminde bellenilen jezanyň haýsy böleginiň jenaýat bolup durýan etmişe ulanylýandygyny çözýär.

5. Kazynyň karary onuň çykarylan pursadyndan başlap güýje girýär we ýerine ýetirilmegini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Baş prokuroryna iberilýär.

6. Daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň hökümi sökülen ýa-da üýtgedilen halatynda ýa-da daşary ýurt döwletinde çap edilen günä geçme ýa-da rehim etme namasy ulanylan bolsa, Türkmenistanda jeza çekýän adam barada gaýtadan seredilen hökümiň ýerine ýetirilişi, günä geçme ýa-da rehim etme namasynyň ulanylmagy hakyndaky meseleler şu maddanyň düzgünlerine laýyklykda çözülýär.